II

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
Aman Kekilow adyndaky Mugallymçylyk mekdebi

# Taryh

Goşmaça berilýän hünär dersine taýýarlyk

## MUGALLYMÇYLYK MEKDEPLERI ÜÇIN OKUW GOLLANMASY

TAÝÝARLAN: TARYH MUGALLYMY D. PALTAÝEWA

AŞGABAT | 2019ý.

**Aman Kekilow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň mugallymçylyk geňeşinde tassyklandy**

# TARYH
## (Goşmaça berilýan hünär dersine taýýarlyk) dersinden mugallymçylyk mekdepler üçin okuw gollanmasy

**Taýýarlan: taryh mugallymy D. Paltaýewa**

**Aşgabat2019ý.**

## Giriş

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda dabaralanýan durmuşy-pelsepewi özgertmeleri türkmen milletiniň täzeden galkynmagyna aýdyň ýol açýar. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Hormatly Prezidentimiziň möhüm taryhy Kararlary, Permanlary bilim-ylym ulgamyny dünýä ülňülerine laýyk kämilleşdirmegiň hem-de döwrebaplaşdyrmagyň gözbaşy bolup durýar.

Goşmaça berilýän hünär derslerinden taýýarlyk dersi ählumumy taryhyň bir bölegi bolup, ol öz içine müňýyllyklary alýar. Ol gojaman taryhda adamzat siwilizasiýasynyň taryhy ösüş döwürlerini talyp ýaşlara öwretmekde bilim ulgamynda uly intellektual ähmiýete eýedir. Bu ders Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň edýän ýokary talaplaryna laýyk okadylmalydyr. Gollanmadaky temalaryň mazmuny başlangyç synp mugallymlaryna taryhy bilimleri, adamzadyň döreýşiniň we ösüşiniň umumy görnüşini, dürli taryhy eýýamlarda taryhy, medeni gülläp ösüşleri özleşdirmäge giň mümkinçilikler bermelidir.

Gollanmanyň I bölümi iň gadymy adamlaryň emele gelmeginden başlap, olaryň ýaşan ýerlerinde ilkinji döwletleriň döremegine çenli döwri öz içine alýar. Onda emele gelen gadymy medeniýetler görkezilýär. II bölümde Gadymy Müsüriň, Derýaaralygynyň üç müňýyllyk taryhy beýan edilýär. III-V bölümlerde Türkmenistanyň adamzat siwilizasiýasynyň iň gadymy ojagydygy, Demirgazyk Afrikada, Alynky Aziýada, Merkezi Aziýada, Günorta-Gündogar Aziýada gadymy döwletleriň gülläp ösmegi we olaryň dünýä siwilizasiýasynyň taryhyndaky orny beýan edilýär. VI bölümde gadymy Gresiýanyň tebigatyndan başlap, onuň adamzat ösüşine eden uly goşantlary görkezilýär. VII bölüm gadymy Italiýanyň tebigaty, Rim respublikasy, Rim imperiýasy, onuň pese düşmegi we synmagy bilen baglanyşykly maglumatlary öz içine alýar.

Goşmaça berilýän hünär derslerinden taýýarlyk dersi talyplar adamzat siwilizasiýasynyň ojaklarynyň döreýşi, Türkmenistanyň ýerlerinde gadymy Marguş siwilizasiýasynyň gülläp ösmegi, gadymy Merwiň, Köneürgenjiň, Nusaýyň ýadygärlikleriniň Bütindünýä mirasynyň sanawyna goşulmagy, gadymy Gündogaryň, Gresiýanyň, Rimiň, Hindistanyň, Hytaýyň ylymda, bilimde iň ýokary gazananlarynyň häzirki durmuşda möhüm orun eýeleýändigine göz ýetirmelidirler.

Talyplar hökmany ýagdaýda gadymy dünýä taryhynyň döwrüniň çäklerini, gadymy döwletleri, möhüm taryhy wakalary, görnükli taryhy şahsyýetleri, döwlet dolandyryşyň taryhy tejribesini, halklaryň däp-dessurlaryny, esasy taryhy oýlap tapyşlaryny, ylmy açyşlary bilmelidirler.

Gollanmada hödürlenýän temalar okuw meýilnamasy boýunça temalar dürli görnüşli sapaklaryň, işjeň, interaktiw usullaryň üsti bilen döredijilikli özleşdirilmelidir. Bu işde multimediýa enjamlaryndan sowatly peýdalanylmalydyr. Nazary okuwlar durmuş bilen berk baglanyşdyrylyp, dersara baglanyşyga uly ähmiýet berilmelidir. Mugallym talyplaryň özbaşdak okan gollanmalarynyň sanawyny ýöretmelidir. Taryhy ýadygärliklere gezelençleri, dürli çekişmeleri guramak, test barlaglaryny geçirmek ýaly usullar pedagogik zerurlykdyr.

Dünýä taryhynyň döwürleri Türkmenistanyň taryhy eýýamlary bilen gabat gelýär. Bu bolsa sapakda taryhy maglumatlaryň özara baglanyşygyny, taryhy hadysalary we wakalary seljermegi hem-de deňeşdirme işlerini amal etmäge mugallymlara mümkinçilik berýär.

## 1. Gresiýa Gomer zamanasynda(b.e. öň XIIX asyrlar.)

**«Gomer meselesi».** Kritmiken siwilizasýasy ýykylandan soň grek jemgyýeti uzak wagtlap pese gaçmaklygy başyndan geçirýär. Indi ösen ykdysadyýetli merkezleşdirilen döwletiň ornuny özözüni dolandyrýan oba jemagaty we natural hojalyk eýeleýär. Döwrüň ahyrlarynda täze taryhy ýagdaýlarda kritmiken hem-de öz döwrüniň gündogar medeniýetlerinden tapawutlylykda düýbünden täze antiki medeniýet ýüze çykýar.

Gresiýanyň taryhynyň ikinji döwrüni alymlar Gomer döwri diýip atlandyrdylar. Çünki Gomeriňki hasap edilýän meşhur «Iliada» we «Odisseýa» poemalary şu döwrüň taryhyny öwrenmekde esasy çeşme bolup hyzmat edýär. Emma «Iliada» we «Odisseýa» poemalarynyň gelip çykyşy baradaky XVIII asyrda ýüze çykan we ylymda «Gomer meselesi» adyny alan ylmy jedel häzire çenli doly çözülmedik meseleleriň biridir, şeýlede bolsa 2 asyrdan hem gowrak dowam eden bu ylmy jedel netijesiz bolmady. Häzir poemalaryň b.e. öňki VIII asyrda Kiçi Aziýanyň grek diliniň Ion şahasynda gürlän böleginiň ýaşan sebitlerinde ýüze çykandygy, «Iliada» poemasynyň «Odisseýadan» birneme irräk düzülendigi anyklanyldy. Poemalar boş ýerden döremändir. Ol belli Troýa urşy baradaky grekleriň gahrymançylykly aýdymlaiynyň esasynda döredilipdir. Ol aýdymlary ir döwürde toýda  baýramçylykda halkyň üýşen ýerinde «Aedler» diýlip atlandyrylýan aýdyjy bagşylar ýerine ýeliripdirler. Gomer şol Aedleriň biri bolup, köpsanly aýdymlary ýygnap, taraşlap, bitewi bir eser görnüşine getiren zehinli aýdymçy hem şahyr bolupdyr diýlip hasap edilýär. Hakykat ýüzünde poemalaryň aglaba wakalary Gresiýanyň taryhynyň XI-IX asyryny öz içine alýar.

**Poemalar boýunça ilatyň durmuş ykdysady ýagdaýynyň beýan edilişi.** Gomeriň poemalary da, arheologiýa maglumallaryda jemgyýetiň durmuş ykdysady ýagdaýynyň Miken döwri bilen deňeşdireniňde mazaly pese düşendigine şaýatlyk edýär. Grekler indi daşdan ymarat gurmak sungatyny unudypdyrlar. Ýaşaýyş jaýlary agaçdan

ýada palçykdan gurlupdyr. Garamaýak ilatyň jaýlary bir otagly ýönekeýje külbelerden ybarat bolupdyr. Poemada suratlandyrylýan Itakanyň hökümdary Odisseýiň jaýynyň ýeketäk goragy agaç haýal bolupdyr. Jaý palçykdan gurlupdyr. Içinde hiç hili amatlylyklar ýok. Otaglaryň poly palçyk bilen suwalypdyr. Jaýyň ortasyndaky ojakda ýakylýan oduň tüssesinden ýaňa otagyň diwarlary garalyp gidipdir. Şol bir otagda hem nahar taýýarlanylýar hem begler meýlis edýärler. Soýlan mallaryň kelleaýagy we derileri çaşyp ýatyr. Şeýle ýagdaý Miken döwrüniň köşklerindäki durmuş bilen deňeşdireniňde jemgyýetiň has pese gaçandygyndan habar berýär. Hünärmentçilik we söwda hem pese düşüpdir. Miken döwrüniň nepis ýasalan we dürli reňkler bilen çekilen ösümlikleriň we haýwanlaryň owadan suratlary bilen bezelen küýze gaplaryň ýerine ýönekeý gaplar peýda bolýar. Miken döwründäki ýaly içi gymmatbaha ýaraglardan hem altyn, kümüş gaplardan doldurylan hökümdarlaryň guburhanalaryda indi gurulmandyr. Söwda alyşçalyş häsiýetine eýe bolupdyr. Başga ýurtlardan Ellada gymmat bahaly zatlar getirilipdir, olaram juda seýrek bolup, diňe az sanly urug begleri üçin niýetlenipdir. .

Emma taryhda doly yzagaýdyşlyk bolmaýar. Bu döwürde Gresiýanyň hojalygynda umumy pese düşüşlik bolsada, soňra möhüm ähmiýete eýe bolan birnäçe täzelikler hem ýüze çykypdyr. Olaryň iň ähmiýetlisi grekleriň demri eretmek we işläp bejermek usullaryny özleşdirmegidir. Munuň özi hakyky uly tehniki öwrülişik bolupdyr. Şeýlelik bilen, grekler demir asyryna aýak basypdyrlar. Gomer döwründede ekerançylyk we maldarçylyk hojalygyň esasy pudaklary bolupdyr. Ýer işläp bejermekde kätmen giňden ulanylypdyr. Sürüm işleri öküzlere tirkelýän kündeler bilen amala aşyrylypdyr. Grekler, esasan, arpa, bugdaý we gök önümleri ösdürip ýetişdiripdirler. Ekin meýdanlaryny dersläpdirler, çalgy bilen orup, öküz bilen döwek döwüpdirler, dänäni el degirmeninde üwäpdirler. Ekerançylyk bilen birlikde Gomer eýýamynda maldarçylyga uly üns berlipdir. Iş mallary

bilen birlikde süýt berýän mallary hem köpeldipdirler. Hojalyklarda ulag hökmünde at, eşek, gatyr ulanylypdyr, geçi, goýun ýaly mallary köpeldipdirler. Hünärmentçilikde küýzegärçilik, ýaragýasamak, agaç işläp bejermek, deri eýlemek, bürünçdemir ussalary, dokmaçylar, altynkümüş bilen meşgullanýan zergärler agzalýar. Bu pudaklar aýratyn ähmiýete eýe bolsada, olaryň köpüsi entek öý hünärmentçiligi ýagdaýyny saklapdyr. Demir ýaňy özleşdirilip başlanypdyr, poemada agzalýan ýaraglar, esasan, bürünçden ýasalypdyr.

**Poemalarda Gresiýanyň jemgyýetçilik gurluşynyň häsiýetlendirilişi.** Gomeriň poemalarynyň maglumatlaryna görä, Miken patyşalyklary ýykylandan soň olaryň ornuna kiçiräk ýeri eýeleýän ýönekeý oba jemagatlary döräpdir. Grekçe oňa demo diýipdirler. Onuň syýasy we ykdysady merkezi polis bolupdyr. Polis bir wagtyň özünde şäher hem oba bolupdyr. Çünki onuň ilatynyň oba hojalygy bilen meşgullanmagy ony oba meňzedipdir. Emma polisiň daşynyň gala bilen gurşalmagy we ilatyň gür ýaşamagy ony şähere meňzedipdir. Polisiň töweregini ilatsyz boş meýdan ýada daglar gurşap alypdyr. Dag gerşi ýada deňiz suwy polisleriň araçägi bolup hyzmat edipdir. Şeýlelikde, bütin Gresiýa uly bolmadyk dagynyk jemagatlardanobşinalardan düzülipdir. Olar, köplenç halatda, biri-biri bilen duşmançylykly ýagdaýda ýasapdyrlar. Araçäk çaknyşyklary ýada goňşy polisiň örüdäki malyny sürüp alyp gaýtmak adaty ýagdaý bolupdyr. Munuň özi soňra uzak wagtlap Gresiýanyň dagynyk ýagdaýda ýaşamagyna sebäp bolupdyr.

Grek polislerinde urugtaýpa gatnaşyklarynyň täsiri güýçli bolupdyr. Greklerde taýpa gurluşy üç basgançakdan düzülipdir. Iň uly birlige pila (taýpa) diýipdirler. Her pila, adatça, iki pratriýa (uruga) bölünipdir. Uruglar bolsa birnäçe obalardan (tirelerden) düzülipdir. Halk ýygnagyndada pilalar we pratriýalar özbaşdak topar bolup çykyş edipdir. Pilalaryň uly bolmadyk ýerleri bolupdyr, ol ýerlerde ekin, üzüm ekilipdir, şeýlede olaryň «polisi»şäheri bolup, şäher olara gala bolup hyzmat edipdir. Wagtalwagtal kabir pilalar harby hereketler wagtynda birleşmäge

mejbur bolupdyrlar. Pilalaryň arasynda berk baglanyşyk bolmandyr. Olary halas edýän ýeketäk çykalga, ol hem bir polisiň çäginde ýaşamak we bilelikde goranmak bolupdyr. Şeýlelik bilen Gomeriň zamanynda urug, birnäçe pilä, öz gezeginde pila hem birnäçe pratriýatirä bölünipdir. Tireler patriarhal maşgalalardan düzülipdir. Maşgala hojalygyna oýkos diýipdirler. Esasy baýlyk bolan ýer jemagat eýeçiliginde bolupdyr. Her bir jemagat agzasynyň ondan öz paýyny almaga ygtyýary bolupdyr. Ilkibaşda jemagatyň ýeri maşgalalaryň sanyna laýyk böleklere bölünipdir. Soňra ony paýlaşmak bije arkaly amala aşyrylypdyr. Şoňa görä-de maşgalalaryň ýer paýlaryna kler  bije diýipdirler. Bu ýagdaý jemgyýetiň içinde açyk deňsizligiň ýüze çykýanlygyndan habar berýär.

Gomeriň poemalarynda klersizler we köp klerliler agzalýar. Munuň özi adamlaryň bir böleginiň ýer paýyny ýitirendigini we ýerleriň aýryaýry adamlaryň elinde jemlenip başlanandygyny görkezýär. Durmuşy deňsizlik ýüze çykyp başlapdyr. Şeýlelik bilen, jemagatyň garamaýak adamlary kem-kemden ýersiz galyp başlapdyrlar. Gomeriň poemalarynda olara klersizler diýlip aýdylýar. Olar ýer paýyndan kesilen adamlar bolup, baý adamlaryň ýerlerinde hakyna tutma işgär bolup işlemäge mejbur bolupdyrlar. Şolar ýaly ýer paýy bolmadyklara fetler diýipdirler. Olar obaoba aýlanyp. günlükçilik edip, gün görmeli bolupdyrlar. Eger gullar we fetler jemgyýetdäki iň aşaky gatlak bolan bolsa. onuň ýokary gatlagyny urug begleri düzüpdir. Gomer olary «agata» (rehimdar) ýada «aristo»aristokrat (saýlama adamlar) diýip atlandyrýar. Şahyryň düşünjesine görä, asylzada begler ýönekeý garamaýakdan akyllylygy, ahlak sypaty, gelşikliligi, güýçlüligi hem edermenligi bilen mazaly saýlanýar. Olar jemgyýetdede agalyk ediji ýagdaýy eýeleýärler. Tanymal begleriň artykmaçlygy olaryň hudaýlar neberesi bilen garyndaşlygyndanmyş. Emma hakykat ýüzünde olaryň artykmaçlygy hudaýlar neberesinden bolmagy däl-de, olaryň baýlygynda bolupdyr.

Gomeriň düşünjesine görä, baý adam hökman tanymaldyr, tanymal adam bolsa baý bolmaly. Beg adamlaryň baýlygynyň esasy

çeşmesi olaryň ýer paýlarynyň artykmaç bolmagydyr. Jemgyýetiň ýerleri paýlanmaka ýeriň uly bölegini urugtaýpa begleri basileýler alypdyrlar. Gomer indi olary «temenos» diýip atlandyrýar. «Temenosyň» ýeriniň möçberi adaty klerden birnäçe esse kän bolupdyr. Temenosyň ýere bolan eýeçiligi klerleriň jemagat ýerinden bölünip berlenden tapawutlylykda ýere hususy eýeçilik derejesine ýakynlapdyr. Urug begleriniň jemgyýetde esasy ony eýelemegine olaryň söweş nyzamynda öňde durmagy we söweşde esasy güýç bolmagy sebäp bolupdyr. Çünki diňe beg adamlaryň gymmatbaha at, ýarag, esbap edinmäge mümkinçiligi bolupdyr. Oňat ýaraglanan we söweş tälimlerine ökde urug begleri söweş nyzamynyň öňünde durupdyrlar. Köplenç halatda söweşiň ykbalynyda olar çözüpdir. Şoňa görä-de söweşde esasy orun tutýan tanymal begler jemgyýetçilik durmuşyndada agalyk ediji ýagdaýa eýe bolupdyrlar.

**Jemgyýetiň syýasy guramalary.** «Iliada» we «Odisseýa» poemalary Gresiýanyň Gomer döwrüniň syýasy guramalarynyň gurluşy baradaky maglumatlary hem özünde jemleýär. Gomer döwründe urug taýpaçylyk döwründäki ýaly jemgyýeti dolandyrmagyň üç basgançagy: halk ýygnagy, ýaşulular geňeşi, serdaryň häkimiýeti saklanypdyr. Emma bu guramalar jemgyýetiň ösmegi bilen ilki başky görnüşinden mazaly özgeripdir.

Halk ýygnagy ýaşamagyny dowam edýär. Ol iň ýokary kanun çykaryjy gurama hasap edilsede, emeldar begleriň täsirine düşüpdir we köplenç, olaryň islegine görä hereket edipdir. Eger ýygnakda halk öz teklibini öňe süren halatynda, teklipler hem begleriň bähbidine ters gelse, ýygnak dargadylypdyr. Mysal üçin, grekler Troýany gabamagyny dowam edýärler. Uruş uzaga çekýär. Onuň soňunyň näme bilen gutarjagy belli däl. Urşy dowam etdirmelimi ýada yza dolanmalymy diýen sorag ýüze çykýar. Meseläni çözmek üçin halk ýygnagy (esgerleriň ýygnagy) çagyrylýar. Ýygnakda ýönekeý urşujy, garamaýaklaryň wekili Trisel çykyş edip, urşuň diňe beglere bähbitlidigini, olaryň olja alyp baýamak isleýändiklerini, onuň ýönekeý urşujylara hiç hili peýdasynyň ýokdugyny

aýdyp, gabawy bes etmegi we yza gaýtmagy teklip edýär. Emma serkerdeleriň biri ony gorkak hem ýaňra diýip aýyplaýar, hatda hasasy bilen onuň ýagyrnysyna urup goýberýär. Netijede ýygnak begleriň islegine laýyk karar çykarýar.

Halk ýygnagynyň ikinji bir beýany Odisseýiň ýurdy Itaka adasyndaky wakalar bilen baglanyşdyrylýar. Itakanyň patyşasy Odisseýiň urşa gidenine 20 ýyl bolupdyr. Onuň ykbalynyň nahili bolandygy belli däl. Itakaly begler Odisseýiň aýalyna öýlenip, onuň mülküne eýe bolmak isleýärler. Olar Odisseýiň malyny iýip, maşgalasyna ezýet berýärler. Şeýdip onuň aýalyny beglerden birine durmuşa çykmaga mejbur etjek bolýarlar. Şeýle ýagdaýda Odisseýiň ýaş ogly haraý gözläp, halk ýygnagyna ýüz tulýar. Halk ýygnagy çagyrylýar. Ýygnakda begleriň bu hereketini ýazgarýarlar. Olary bet niýetlerinden el çekdirjek bolýarlar. Emma begler öz isleglerine ters hereket edýän ýygnagy gorkuzmak bilen dargadýarlar.

Şeýlelikde, Gomer döwrüniň jemgyýetiniň syýasy guramasynyň hakyky demokratiýadan örän özgerendigini görmek bolýar, Hakyky häkimiýet iň täsirli urug begleriniň elinde jemlenipdir. Olary Gomer basileýler diýip atlandyrýar. Giçkiräk awtorlaryň işlerinde basileý sözi adaly patyşany aňladýar. Gomeriň basileýleride daşyndan seredeniňde patyşa meňzeýär. Basileý patyşanyň geýminde ile çykýar. Elinde patyşalyk hasasyny göterýär. Kanunlary goramak hem düşündirmek diňe basileýleriň elinde. Uly baýramçylyklarda basileý hudaýlara sadaka bermek däbini amala aşyrýar. Halk basileýe hormat goýýar. Oňa iň oňal jemagat ýerinden uly paý ýeri berilýär.

Emma basileý hakykat ýüzünde taýpanyň serdary bolupdyr. Bir polisde birnäçe adamynyň basileý adyny götermegide şonuň bilen düşündirilýär. Öz taýpasynyň çäginde basileý, esasan, ruhanynyň wezipesini ýerine ýetiripdir. Ähli basileýler birleşip, geňeş agzalaryny düzüpdirler we gündelik dolandyryş işlerini bilelikde alyp barypdyrlar. Halk ýygnagynda goýuljak meseleleri taýýarlapdyrlar.

Wagtalwagtal jemagatyň ähli basileýleri polisiň merkezi meýdançasyna ýygnanyp, halk köpçüliginiň gatnaşmagynda kazyýet işlerini çözüpdirler. Uruş döwründe basileýleriň biri halk ýygnagy tarapyndan baş serkerde saýlanyp, goşuna ýolbaşçylyk edipdir. Uruş wagtynda oňa hökümdar hem baş serkerde hökmünde hukuk berlipdir. Emma uruş gutarandan soň ol öz wezipesini tabşyrmaly bolupdyr. Kähalatlarda, has tanymal we abraýly basileýiň uruşdan soň hem öz häkimligini saklaýan pursatlary bolupdyr. Beýleki basileýleriň arasynda Odisseý, Agamemnon şeýle häkimler bolupdyrlar. Emma baş basileýiň häkimiýetini nesildennesle geçirmek olaryň käbirine başardypdyr. Adatça, oňa beýleki basileýleriň bäsdeşligi we duşmançylygy hem päsgel beripdir. Olar kimdir biriniň häkimiýetiniň çäksiz güýçlenmegini islemändirler. Şeýlelikde, bu döwürde berk hem durnukly patyşalyk häkimiýeti entek ýüze çykmandyr.

Gresiýanyň taryhynda Gomer döwri aýratyn orun tutýar, bu döwür grekleriň täzeden çalt ýokary göterilmegi üçin güýç toplaýan döwri bolupdyr. Bu döwürde urugtaýpaçylyk gurluşynyň adaty düzgünleriniň dargap, onuň jümmüşinden siwilizasiýanyň emele geliş pursatlary bolup geçýär. Gresiýanyň soňraky ösüşine uly täsir eden köpsanly tehniki üstünlikler, esasan hem demriň önümçilige ornaşdyrylmagy uly ähmiýete eýe bolýar. Ol bolsa öz gezeginde IIIIV asyryň içinde Gresiýa medeni we durmuşy ösüşde ýokary derejä ýetmäge mümkinçilik beripdir.

## 2. Gresiýa b.e. öňki VIIIVI asyrlarda. Grek şäher döwletleriniň döremegi.

**Attikanyň geografiki ýerleşişi we gadymy ilaty.** Arhaiki döwrüň başynda Afiny köp babatda Ioniý şäherlerinden we Peloponnesden yza galypdyr, emma döwrüň ahyrlarynda ol grek polisleriniň arasynda hojalyk, syýasy we medeni ösüşi boýunça iň ýokary derejä ýeten uly we güýçli döwletleriň birine öwrülýär. Afinynyň ýokary galmagyna uly ýardam eden, beýik özgerdijiler bolan Solon we Klisfen tarapyndan amala aşyrylan demokratik ögerişleriň netijesinde mümkin bolýar. Şoňa görä-de onuň taryhyny öwrenmek her bir jemgyýet üçin zerurdyr hem gyzyklydyr.

Attika üç tarapyny suw gurşap alan daglyk ýarymada bolup, ol üçburçluk şekilinde Egeý deňzine süsňäp girip, günbataryny Saroniý aýlagynyň suwy gurşap alýar. Ewrip bogazy bolsa ony Ewbeý adasyndan bölüp aýyrýar. Onuň merkezi bölegi dag gerişleri bilen örtülendir. Onuň günortagünbatar kenarynda Fales, Munihiý, Pireý gämi duralgalary ýerleşipdir. Dag ulgamlary Attikany Marafon, Elewsin, Mesogeý jülgelerine bölýär. Daglarda gurşun, kümüş, demir we beýleki metallaryň ýataklary ýerleşýär. Ýeriň daşlyk we az hasyllylygy, tebigy baýlyklar we amatly deňiz duralgalary Attikada hünärmentçiligiň we söwdanyň ir ösmegine ýardam edipdir. Ekerançylyk üçin amatly bolan düzlük: Afiny şäheriniň daşyny gurşap alan Pedion, Afinydan demirgazykgünbatarda ýerleşýän Mesogeýa, Ewripiň kenarynda ýerleşýän Marafon düzlükleri bolupdyr. Bu düzlüklerde, esasan, bugdaý ekipdirler, ýöne gallaçylykda has giň ýaýran arpa ekini bolupdyr.

Attikanyň we onuň baş şäheri Afinyda birnäçe jemagat ýerleri kem-kemden birleşipdirler. Şeýle birleşikler Gresiýada sinoýkizm adyny alypdyr. Rowaýatlarda Teseý patyşa bolansoň ähli şäherleriň geňeşlerini we wezipeli adamlaryň ýerlerini ýatyrypdyr we sinoýkizmi geçirmek bilen hemmesini bir şäheriň daşyna birleşdiripdir. Täzelikleriň biride taýpalarda ýöredilýän işleriň bir bölegi Afinyda täze döredilen merkezi

dolandyryş edarasynyň umumy geňeşine berilmegidir. Netijede ýönekeý özara gatnaşykda bolan Attikanyň taýpalary birleşip, bir bütewi halka öwrülýär we umumy Afiny raýat hukugy emele gelýär. Şeýlelik bilen, Afinyda urug gatnaşyklarynyň dargamagy tizleşýär we geljekde Attikanyň başga taýpalarynyň Afiny raýatlygyna kabul edilmekleri üçin ilkinji ädim ädilýär.

B.e. öňki VIII-VII asyrlarda Attikanyň birleşdirilmegi öndüriji güýçleriň çalt öçmegine ýardam edipdir. Urugtaýpa gatnaşyklary çalt dargapdyr. Ilat käri boýunça geomorlar (ekerançylar) demiurglar (hünärmentler) toparlaryna bölünipdir. Urug begleri ewpatritler olardan saýlanypdyr.

**Döwletiň edara edilişi.** Afinyda köne urug dolandyryş ulgamy täze jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy bilen dolandyryşda düýpli özgerişler geçirmeli bolupdyr. Gadymy döwürlerde Attikada ýokary häkimlik basileýlere degişli bolupdyr. B.e. öň VIII asyryň içinde Afinyda patyşa häkimligi ýatyrylýar.

Patyşa häkimligi ýatyrylandan soň Afinyny ewpatritlerden saýlanan arhontlar dolandyrypdyr. Şeýlelik bilen, ýerine ýetiriji häkimiýet arhontlaryň elinde bolupdyr. Ilki başlarda arhontlyk wezipesi ömürlik bolup, olaryň 12si b.e. öňki 753-nji ýyla çenli dolandyrypdyrlar. Şol ýyldan başlap arhontlar b.e. öň 683-nji ýyla çenli, onýyllyk saýlanypdyrlar. B.e. öňki 683-nji ýyldan başlap arhontlar birýyllyk saýlanypdyrlar. Arhontlaryň birýyllyk saýlanmagy köneden gelýän dolandyryş ulgamyna gutarnykly zarba urupdyr. Şol wagtdan hem Afiny döwletinde respublikan gurluş girizilipdir diýip, hasap etse bolar.

Afinyda ilki başlarda bir arhont saýlanypdyr, soňra bolsa 9 adamdan ybarat arhontlar toparyny döredipdirler, esasy häkimiýet birinji arhontyň elinde bolupdyr: 1) baş arhonteponim (ýyla at berýän), şol arhontlaryň ady bilen ýyl ýazgylary alnyp barlypdyr; 2) arhont basileý bolsa, esasan, ruhanylyk hem-de kazyýetçilik wezipelerini ýerine ýetripdir; 3) arhontpolemarh Afiny halk ýygymyna serkerdelik edipdir; 4) galan

arhontlarfesmofetler bolsa kanunlary goraýjy bolup, dürli iş toparlaryna, ýagny köpsanly kazyýet işleri boýunça toparlara ýolbaşçylyk edipdirler. Arhontlyk wezipesi hormatly wezipe bolup, ol diňe arhontyň özi üçin bolman, eýsem, oňa degişli urugyň, filanyň, pratriýanyň abraýy hasaplanypdyr. Gulluk möhletini tamamlan arhontlar areopaga agza bolup giripdirler. Afinyda ekklesiýahalk ýygnagy iň ýokary dolandyryş guramasy hasap edilipdir. Emma onuň hukuklary kem-kemden çäklendirilipdir. Ýaşulularyň geňeşi areopag uly ähmiýete eýe bolupdyr. Areopag iň ýokary gözegçilik we kazyýet guramasy hasaplanyp, ähli häkimiýet onuň elinde jemlenipdir. Emma soň ol urug begleriniň (ewpatritleriň) guramasyna öwrülipdir. Areopag uruş hudaýynaAreýa bagyşlanan baýryň üstünde öz geňeşini geçiripdir. Soňdan hem geňeşiň ady areopag bolup galypdyr. Areopagyň agzalygyna we arhont wezipelerine diňe Afinynyň has täsirli ewpatrilerinden alypdyrlar. B.e. öňki VIII-VI asyrlarda Attikada halk ýygnagy bolan ekklesiýa çagyrylypdyr. Eger-de öňki halk ýygnaklarynda jemgyýetiň hemme erkek göbeklisi gatnaşan bolsa, indiki ýygnaklara diňe arhontlaryň çagyran adamlary gatnaşyp bilipdirler. Şeýlelik bilen, bu döwürde Attikada häkimlik diňe urug beglerine degişli bolupdyr.

**Sosial garşylyklaryň ýitileşmegi. Kilonyň dildüwşügi.** Harytpul gatnaşyklarynyň ösmegi bilen Afiny polisiniň daşary syýasaty hem güýçlenip başlapdyr. Harby gämileri edinmek zerurlygy ýüze çykýar. Harby gämileri ýasamak üçin pul serişdesini toplamak zerur bolansoň, Attikanyň ähli ýeri 48 sany etraplara bölünipdir. Her etrap bir harby gämini ýasadyp, ony doly ýaraglandyrmaly hem esgerler bilen üpjün etmeli edilipdir. Bu döwürde deňze çykmaga mümkinçilik bolmansoň, Salamin adasy üçin Afiny Megara bilen uruş alyp barypdyr. Attikanyň içki syýasy durmuşynda bolsa demos bilen ewpatritleriň arasynda güýçli göreş gidip, ol b.e. öň VII asyryň 30-njy ýyllarynda Kilonyň ýolbaşçylygynda topalaň turmagyna getirýär. Kilonyň tarapdarlary döwlet agdarylyşygyny geçirmek maksady bilen Akrapoly basyp

alypdyrlar, emma halk köpçüligi olary goldamandyr. Ewpatritler bolsa tiz jebisleşip, Akrapoly gabaýarlar. Kilon gaçyp özüni halas edipdir, onuň tarapdarlary bolsa jezalandyrylypdyr. Kilonyň çykyşy sosial gapmagarşylyklary ýitileşdiripdir. Kilon ýurtdan kowlandan soň hem syýasy göreş dowam edipdir. Ewpatritleriň demosa ilkinji eglişigi Drakontyň kanunlarynyň ýazga geçirilmeli bolupdyr. Şoňa çenli ýazgy kanunlary bolmandyr. Kazyýet işi adat kanunlary esasynda alnyp barlypdyr. Kanunlaryň ýazgysy bolmansoň ewpatritlerden bolan kazylar adat kanunlaryny özleriçe, adalatsyz çözüpdirler. Bu ýagdaý sebäpli demos gatlagy ulanylýan adat kanunlarynyň ýazylmagyny talap edipdirler.

**Drakontyň kanunlary.** B.e. öňki 621-nji ýylda Drakontyň ýolbaşçylygynda dowam edýän kanunlaryň ýazga geçirilmegi ewpatritleriň agalygyna garşy urlan uly zarba bolupdyr. Drakont diňe bir köneden dowam edýän kanunlary ýazmak bilen çäklenmän, döwre mahsus täze kanunlaryň hem birnäçesini goşupdyr. Mysal üçin, Drakontyň kanunynda öldürilen adamyň aryny almak üçin dowam eden gan almak däbi ýatyrylypdyr. Sud etmegiň täze düzgünleri girizilipdir. Bilkastlaýyn adam öldüren bilen atdanlykda, bilgeşleýin däl ýagdaýda adam öldüreniň arasynda tapawut goýlupdyr. Kanunlarda hususy eýeçiligi goramaga aýratyn orun berlipdir. Kesekiniň emlägine el uran adam gazaply jeza ölüme höküm edilipdir. Hatda kesekiniň bakjasyndan gök önüm ogurlan adamada ölüm jezasy höküm edilipdir. Emma muňa garamazdan, Drakontyň kanunynyň taryhy ähmiýeti uly bolupdyr. Drakonlyň kanunlary ewpatrilleriň edenetdiliginden kösenýän garamaýak ilatyň uly ýeňşi bolýar. Şeýlede kanunlaryň ýazylmagy ewpatritleriň elinde bolan kazylaryň edenetdiligini çäklendiripdir. Emma ilatyň esasy köpçüliginiň ýagdaýy öňküsi ýaly agyrlygyna galýardy. Çünki esasy eklenç çeşmesi bolan ýer ewpatritleriň elindedi. Bu ýagdaý halk köpçüliginiň çuňňur närazylygyny döredýärdi.

**Solonyň özgertmeleri we Afiny demokratiýasynyň düýbüniň tutulmagy.** Kanunlaryň ýazga geçirilmegi demosyň afiny daýhanlaryny we söwdasenetçilik gatlagyny kanagatlandyrmandyr. B.e. öň VIIVI asyrlarda oba hojalygynyň ýagdaýy maddy hem-de hukuk taýdan juda agyrlaşypdyr. Bu döwürde ýerler urug eýeçiliginde bolansoň, ony satyp bolmandyr, birine bergi üçin ýada wesýet edip galdyryp hem bolmandyr. Takmynan, Drakontdan 25 ýyldan soň, b.e. öňki 594-nji ýylda syýasy meýdana Solon çykýar. Görnükli syýasy işgär, akyldar we şahyr Solon emele gelen çylşyrymly ýagdaýa oňat düşünipdir. Solon köp syýahatçylyk edip, Gresiýanyň we Kiçi Aziýanyň köp ýerlerinde bolupdyr, söwda bilen köp meşgullanypdyr. Plutarhyň sözlerine görä, ol baý bolmaga çalşypdyr. «Meniň baý bolasym gelýär, emma haram gazanylan baýlykdan ýognasym gelenok» diýer eken. Solon Salamin adasyny Megaradan almak üçin harby herekete ýolbaşçylyk edip, afinylylara ýeňiş getiripdir. Soňdan soň ol Afinyda iň meşhur adamlaryň biri hökmünde tanalypdyr.

Giň hukuklary almak bilen. b.e. öňki 594-nji ýylda birinji arhont saýlanandan soň Solon Afiny jemgyýetini kämilleşdirmäge gönükdirilen maksatnamalary amala aşyrýar. Onuň ykdysadyýet babatdaky çäreleri Afinynyň hojalygyny girdejili etmäge gönükdirilýär. Zeýtun agaçlarynyň meýdanyny giňeltmek bilen zeýtun ýagyny daşary ýurda satmaga ygtyýar berilýär. Şol bir wagtda daşary ýurda galla çykarmak gadagan edilýär. Bu çäreler soňra zeýtun ýagyny öndürmek pudagynyň gülläp ösmegine, onuň köp girdeji getirmegine ýardam edipdir. Solon hünärmentçiligiň ösmegine itergi berjek çäreleride geçiripdir. Ol eger atasy ogluna öz hünärini öwretmese, garransoň ogly ony eklemekden ýüz döndermäge ygtyýar berýän kanun çykarypdyr. Solon karz göterimini hem çäklendirip şöhrat gazanypdyr. Bu çäreler Afinynyň ilatynyň esasy köplügini düzen daýhanlaryň ykdysady ýagdaýyny berkitmäge gönükdirilipdir. Solon emlägi, ýeri erkin wesýet etmäge ygtyýar berýän, mülküň möçberini çäklendirýän kanunlary girizipdir. Öňler merhumyň ogly bolmasa onuň

emlägi we öý hojalygy öz urugynyň ygtyýarynda galdyrylypdyr; indi kanunlar islendik adama, emlägini kime bereýin diýse bermäge hukuk beripdir. Şeýlelik bilen, Attikada urug ýer eýeçiligi hususy eýeçilik bilen çalşylýar. Solonyň özgertmeleriniň ahyrky netijesi Attikada syýasy özgertmeleriň geçirilmegine getirmegidir. Ol Afiny halk ýygnagynyň işjeňleşmegine alyp barypdyr. Halk ýygnagynda möhüm döwlet meseleleri çözülipdir, beglere garşy gönükdirilen kanunlar kabul edilipdir. Solonyň kanunlarynyň köpüsi demoshalk ýygnaklarynda kabul edilipdir. Bu çäreler urug gurluşyna urlan uly urgy bolupdyr. Halk ýygnagynyň işini oňat guramak maksady bilen Solon emläk baýlygy esasynda bütin Attikanyň raýat ilatyny dört sany topara bölüp, 400leriň geňeşini döredýär. Oňa Attikanyň ilatynyň 4 taýpasynyň her birinden 100 adam saýlanypdyr. Birinji topara öz ýerlerinden, bagyndan, bakçasyndan 500 medimn (galla, çakyr, ýag) girdeji alýan adamlar goşulypdyr. Ikinji topara 300 medimn alýan hojalyklar, ýagny söweş atyny edinip bilýänler goşulypdyr. Üçünji topara zewgitler (goşa öküziň eýesi) 200 medimn girdeji alýan ortagürp daýhanlar goşulypdyr. 200 medimnden az alýan we girdejisi bolmadyk ähli galan raýatlarfetler dördü-nji topara goşulypdyr. Döwletiň raýallarynyň hukuklary we borçlary olaryň ýer eýeçiliginiň möçberine görä kesgitlenipdir. Her toparyň adamlarynyň özlerine degişli hukuklary we borçlary kesgitlenipdir. Birinji we ikinji toparyň adamlary atly goşunda gulluk edipdirler. Ýokary wezipelere saýlanypdyrlar. Zewgitler agyr ýaraglanan pyýada goşunda gulluk edipdirler. Käbir wezipelere saýlanypdyrlar. Fetler ýeňil ýaraglanan kömekçi pyýada goşuny düzüpdirler. Olara diňe halk ýygnagynda ses bermäge ygtyýar berlipdir.

Solonyň döreden 400-leriň geňeşi halk ýygnagynda garaljak meseleleri taýýarlapdyr. Halk ýygnagyna Afinynyň uly ýaşly raýatlarynyň hemmesi gatnaşyp bilipdir. Ekklesiýa döwletiň ähli wezipeli adamlaryny saýlapdyr, emma döwletiň ýokary guramasy bolan arhontlar, diňe birinji toparyň raýat adamlaryndan saýlanypdyrlar. Netijede, 400-

leriň geňeşiniň döredilmegi begleriň häkimiýet guramasy bolan areopagyň häkimligini çäklendirip bilmändir. Areopag döwletiň ähli guramalarynyň üstünden gözegçilik edipdir. Emma emläk esasynda geçirilen özgertmeler döwleti dolandyrmaga baý we gurply adamlaryň aslyna, gelip çykyşlaryna garamazdan, köpçülikleýin gatnaşmaklaryna mümkinçilik döredipdir. Kabul edilen kanunlara nägileligiň ýüze çykmagy Solonyň öz wezipesini taşlap, Afinydan gitmegine sebäp bolupdyr. «Men edil möjek kimin it sürüsiniň içinde pyrlanmaly boldum» diýip, biri-biri bilen duşmançylykly Afinydaky toparlaryň içinde öz düşen ýagdaýyny häsiýetlendiripdir diýip, Aristotel «Afiny politiýasynda» Solonyň düşen ýagdaýyny ýazypdyr. Solon öz çykaran kanunlaryny üýtgetmek islemändir. Soňuň üçin ol 10 ýyllap dolanmajagyny aýdyp, Müsüre syýahatçylyk etmäge gidipdir.

B.e. öňki VI asyryň 80-nji ýyllarynda Afinyda içerki göreş ýene-de güýçlenýär. Syýasy tertipsizlikler sebäpli aýryaýry ýyllarda arhontlary saýlamak hem başa barmandyr. Şoňa görä-de ol ýyllar Afinynyň taryhynda anarhiýa (jemgyýetiň syýasy krizise düşmegi) ýyllary hökmünde bellenipdir. Afinyda dürli syýasy topar emele gelip, olaryň arasynda syýasy göreş başlanypdyr. Ownuk ýer eýeleri, şäher garyplary (fetler) Pisistralyň ýolbaşçylygynda ýer we syýasy hukuklaryň berilmegini talap edipdirler.

B.e. öňki VI asyrda Afiny uly hem köp ilatly şähere öwrülýär. Olaryň bir bölegini beýleki şäherlerden göçüp gelenler petekler düzüpdir. Olara mülk edinmek, halk ýygnagyna gatnaşmak gadagan edilipdir. Emma Klisfen melekleriň hem uly toparyny Afiny raýatlarynyň sanawyna goşupdyr.

Afiny şäheriniň syýasy gurluşynda geçirilen demokratik özgerişler başynda urug aristokratlary duran köp sanly grek şäherleriniň närazylygyny döredipdir. Afiny şäherine garşy Spartadan, Fiwydan, Halkidadan we Eginden ybarat bolan bileleşik emele gelýär. Özüne ýaran gözlän afinylylar parslardan kömek soramaga mejbur bolýarlar. Parslar

bolsa eger-de Afiny pars patyşasynyň ýokary häkimligini ykrar etse, kömek bermäge razydyklaryny aýdypdyrlar. Afiny ilçilerine baş bolan Alkmeonidlerden bolan wekiller olaryň teklibini kabul edipdirler. Emma bu ylalaşyk halk ýygnagy tarapyndan kabul edilmändir. Netijede afinylylaryň ýeke özleri Spartanyň ýolbaşçylygyndaky birleşen topara garşy uruşmaly bolupdyr.

B.e. öňki 506-njy ýylda ýaran bolan tarapyň goşunlary Attika çozup girýärler. Emma spartalylardan bolan bileleşiginiň ýolbaşçylary oňuşman başlapdyrlar, netijede bu birleşik tiz dargaýar. Afinylylar bolsa halkidalylara we fiwylylara berk zarba urýar we olaryň goşunlaryny derbidagyn edýär. Netijede Afiny diňe bir bileleşige girenleriň çozuşyny yza serpikdirmän, eýsem öz döwletiniň ýerini hem giňeldýär. Umuman, Afiny şäheriniň içeri we halkara ýagdaýy bellibir derejede Klisfeniň özgertmeleri netijesinde berkäpdir. Klisfeniň döwründe hem Afinyda ýer ýetmezçiligi dowam edipdir. Bu meseläni kesekileriň hasabyna çözmek başlanýar. B.e. öňki 506-njy ýylda Afiny şäherine çozuş eden halkidalylary afinylylar ýeňlişe sezewar edýär we olaryň ýeriniň bir bölegi alnyp, Afinynyň ýersiz raýatlaryň 4 müňüsine ýer paýy bölünip berilýär. Bu syýasat bir tarapdan ýer meselesini çözmäge ýardam etse, ikinji tarapdan Afinynyň orta daýhanlar gatlagyny berkidipdir. Klisfeniň we onuň tarapdarlarynyň kanunlary Afiny jemgyýetiniň taryhynda ähmiýeti juda uly bolupdyr. Ol Solon tarapyndan başlanan özgertmeleri tamamlapdyr. Grekleriň özleri Klisfeni grek demokratiýasyny esaslandyryjy hasaplapdyrlar. Aristolel «Afiny politiýa» işinde «Afiny döwleti Klisfenden soň Solonyň döwründäkä garanda epesli derejede demokratiýalaşdy» diýip ýazýar. Ol Attikada demokratik polis görnüşindäki döwleliň we jemgyýetiň gutarnykly kemala gelmegine alyp barypdyr. Şeýlelik bilen, b.e. öňki VI asyrda emeldar toparlaryň ýolbaşçylaryndaky häkimlik demosyň häkimligi bilen çalşylýar. Gresiýada ilkinji gezek gutarnykly gul eýeçilik döwleti kemala gelýär.

## 3. Peloponnes b.e. öň. VIII-VI asyrlarda.

**Peloponnesiň geografiki ýerleşişi.** Grek dünýäsiniň Balkan Gresiýasynda esasy merkezler bolup, Sparta bilen Afiny öňe saýlanypdyr. Grek döwletleriniň içinde Afiny bilen Sparta ähli babatlarda diýen ýaly biri-birine gapmagarşy durýan döwletler bolupdyrlar. Nusgawy Gresiýanyň taryhynda bu döwletler öňdebaryjy döwletler bolup, taryhy çeşmelerde has aýdyň. Soňuň üçin Gadymy Gresiýanyň taryhy dersinde Afiny bilen Spartanyň taryhyna beýleki ellin döwletleriň taryhyna görä aýratyn orun berilýär we öwrenilýär.

Sparta Lakonika welaýatynda ýerleşýär. Lakonika diýlip, gadymy görkezilipdir wagtda Peloponnesiň günorta bölegine aýdylypdyr. Lakonikany Messeniýa welaýatyndan beýikligi üç müň metr beýik dag gerişleri kesip bolýar. Demirgazygyny bolsa Merkezi Peloponnesiň beýik daglary kesipdir. Onuň gündogar tarapy hem dag gerişleri bilen bölünipdir. Şeýlelik bilen Lakonika gury ýer bilen barmak juda agyr hem geçip bolmajak beýiklikler bilen çäklenipdir. Lakonikanyň tebigy baýlyklaryndan demir ýataklary bolupdyr, ol ýerde demir ir wagtdan alnyp işlenipdir.

B.e. öňki II müňýyllykda Lakonika, Argolida we Messeniýa welaýatlary aheýler tarapyndan eýelenipdir. B.e. öňki XII-XI asyrlarda Lakonika doriý taýpalarynyň çozuşlaryna duçar bolýar. Doriýleriň çozup gelmegi bilen Peloponnesiň ýerli ilaty bolan aheý grekleriniň bir bölegi Kiçi Aziýa, Kipre göçüpdirler, ýene bir bölegi içerki daglyk sebitlere (Arkadiýa welaýatyna) gysylyp gabalypdyr. Öz ýerlerinde galan bölegi gelmişekler tarapyndan boýun egdirilipdir we salgyt tölemäge mejbur edilipdir. Doriýler Peloponnesiň has amatly ýerlerinde Argolida, Korinf geçelgesiniň töwereginde Lakonikada hem-de Messeniýada ornaşypdyrlar. Doriýler ýeňlen ýerli ilaty ýere berkidilen garaşly adamlara öwrüp, öz eýeçiligi hasap edipdirler. Bu Spartadaky soňraky ilotçylyk gatnaşygynyň başyny başlapdyr. Doriýler ähli eýelenen ýerleri

gyradeň (klerlere) maşgalalaryna görä bölüpdirler. Klerler 10 müňe barabar bolup, her haýsysy 20 gektara golaý bölünipdir. Doriýler laze ýerde harby merkez bolan Spartany esaslandyrypdyrlar. Esaslandyrylan Sparta doriýleriň ilkinji oturymly ýeri bolup, olar özlerini spartiatlar diýip atlandyrypdyrlar. Sparta bäs sany daşy galasyz obalaryň birleşmegi netijesinde döräp, özlerinden birnäçe artyk bolan ilatyň üstünden agalyk edipdirler. Bu harby merkez soňra Sparta şäherine öwrülipdir. Sparta şäheri arheologiki tapyndylara görä, IX asyrdan ir döremändir ilatyň bir bölegi bolsa doriýlere garyşypgoşulyşyp gidipdirler. Taryhy rowaýatlar bilen oňat tanyşlygy bolan Gerodot Sparta patyşasy Kleomondan «kimlerden bolarsyň» diýen soraga, özümi doriý diýip hasap edemok. men aheýlerdendirin diýen jogabyny öz beýanlarynda getirýär. Bu getirilýän mysal, öňki aheý taýpa begleriniň gelmişek doriýler taýpasynyň agalyk ediji gatlagyna goşulandygyny görkezýär.

**Korinfiň hünärmeiitçiliksöwda merkezine öwrülmegi.** Arhaiki döwrüň taryhynda Istm ýada Korinf geçelgesiniň töwereginde ýerleşen şäherler aýratyn orun tutýarlar. Ylaýtada Korinf, Sikion, Megara tapawutlanypdyr. Bu sebitiň tebigygeografiki şertleri deňizde ýüzmäge we söwdanyň ösmegine amatly ýagdaý döredipdir. Istmiň üstünden Orta Gresiýany Peloponnes bilen birikdirýän ýeketäk gury ýer ýoly geçipdir. Egeý deňzini loniý we Adriatik deňizler bilen birleşdirýän möhüm deňiz ýoly hem şu ýerden geçipdir.

Korinf we Megara koloniýalaşdyryş hereketinede işjeň gatnaşypdyrlar. Korinfliler b.e. öňki 734-nji ýylda Sisiliýa adasynda Sirakuzy şäherini we ýene-de birnäçe koloniýany esaslandyrypdyrlar. Megara Egeý deňzi bilen Gara deňzi birikdirýän aýlaglaryň boýunda birnäçe koloniýa esaslandyrýar. Olardan Halkedon, Wizantiýa soňra uly şäherlere öwrülipdir. Suwda we deňizde ýüzmek, koloniýatary esaslandyrmak hereketine gatnaşylmagy. Istm sebitindüki şäherlerde hünärmentçiligiň çalt ösmegine itergi beripdir. Korinf küýzegärçilik önümçiliginiň iň uly merkezine öwrülýär. Korinfde ýasalan dürli

görnüşdäki küýze gaplam, bürünçden ýasalan önümlere günbatardaky koloniýatarda uly isleg bildirilipdir. B.e. öň. VII asyryň ahyrynda Korinfde zikgelenen pullar peýda bolupdyr. Gresiýanyň ähli ýerlerinde bolşy ýaly, Demirgazyk Peloponnesdäki şäherlerde hem pulharyt gatnaşyklarynyň ösmegi. durmuşy toparlaryň arasyndaky garşylyklaryň üzülkesil ýitilişmegine alyp barypdyr. B.e. öňki VII-VI asyrlarda Korinfde, Sikionda, Megarada gazaply çaknyşyklar bolup geçýär. Demirgazyk Peloponnesdäki polisleriň içinde iň güýçlüsi Argos bolupdyr. Ol Miken döwrüniň oturymly ýeriniň golaýynda takmynan b.e. öň asyrda peýda bolýar. B.e. öňki III-I asyrlarda Argos çalt ösüpdir. Ylaýtada b.e. öňki VII asyrda Fidonyň dolandyran döwründe gülläp ösüpdir. Fidon özüni gadymy aheý patyşalarynyň nesilleri hasap edip, «Iliadada» görkezilen gadymy «Agamemnonyň beýik döwletini» doretmegi maksat edinýär. Ilkibaşda Fidon şowly hereket edýär. Ol Argolidanyň uly bölegini, şol sanda gadymy Mikenyň we Tirinfiň ýerlerini özüne tabyn edýär. Günortada Fidon Spartanyň Argolida aýlagynyň golaýyndaky ýerleri almak üçin eden synanyşyklarynyň öňüni alýar. Gresiýanyň eleginde b.e. öňki 669-njy ýylda bolan söweşde Spartanyň goşuny doly ýok edilýär, Yeňişden peýdalanyp. Fidon Lakonikanyň lutuş gündogar kenarýaka zolagyny Spartanyň elinden alyp, Spartany Egeý deňzine çykmakdan mahrum edýär. Günbatar tarapda bolsa Fidon Zewsiň Olimpiýadaky buthanasyny öz garamagyna alýar. Ol ýerde ähli grekleriň gatnaşmagynda her 4 ýyldan bir gezek geçirilýän Olimpiýa ýaryşlaryna ähli grek dünýäsinden jankoýerler gatnaşypdyrlar. Fidon Özüni Olimpiýa oýunlaryny esaslandyran gahryman Geraklyň neberesinden diýip yglan etmek bilen, Olimpiýa obasyna öz goşunlaryny girizipdir we Olimpiýa oýunlaryna özi ýolbaşçylyk edipdir. Fidon öz golaslyna birleşdiren welaýatlarynda Wawilon ölçeglerine esaslanýan ýeketäk agram birligini girizipdir. Agram birligi hökmünde «obol» diýlip atlandyrylýan demir myhjagazlar ulanylypdyr. Demir myhjagazlar bütin Argosda alyşçalyş serişdesi bolup hyzmat edipdir. Soňra «Fidon ölçegi»

diýlip atlandyrylan agram we ölçeg birligi Gresiýanyň beýleki döwletlerine hem ýaýrapdyr. Fidon özüniň içerki syýasatynda monarhiýa häkimligini gurmaga çalşypdyr. Soňuň üçin grek taryhçylary Gerodot, Aristotel Fidony «tiran» hökmünde suratlandyrmaga çalşypdyrlar. Hakykatda beýleki tiranlardan tapawutlylykda, ol tiranlyk zorluklaryny etmändir. Ol Argosda kanuny taýdan patyşalyk hükimliginden peýdalanypdyr. Korinfi eýelemäge ymtylmak bilen, takmynan, b.e. öňki 657-nji ýylda Fidon onuň içerki işlerine gatyşýar we ýaragly çaknyşyklaryň birinde ol heläk bolýar. Fidon ölenden soň Argos gowşap başlaýar. Fidonyň döwleti onuň oruntutarlary döwründe dargaýar we b.e. öň VII asyryň ahyrlarynda olar tagtdan çetleşdirilýär. Soňdan oň Argosda patyşalary halk ýygnaklarynda magistratlar hökmünde saýlapdyrlar. Patyşanyň hukugy çäklendirilipdir. Hakyky häkimiýet demiurglaryň, ýagny begzada uruglaryň wekillerinden saýlanan geňeşiň eline geçýär. Şol döwürden, ýagny VII asyryň ikinji ýarymyndan başlap, Peloponnesde Sparta güýçli döwlete öwrülip başlaýar. Aýratyn hem Messeni ýerleri basylyp alnandan soň güýçlenýär.

**Spartanyň hojalygy.** B.e. öňki VII-VI asyrlarda Peloponnesiň dürli sebilleriniň durmuşykdysady ösüşi gyradeň bolmandyr. Onuň esasy sebäbi welaýatlaryň tebigygeografiki şertleriniň deňsizligielir. Mysal üein, daglyk Arkadiýada b.e. öňki VI-V asyrlara çenli ykdysadyýetiň esasyny yzagalak ekerançylyk düzüpdir. Hatda şol döwre çenli bu ýerde ýekeje şäher hem emele gelmändir.

Peloponnesiň günortagünbatar welaýatlary; Lakoniýa, Messeniýa, Elida we Ahaýýa hem ösüşden mazaly yza galypdyr. Bu ýerlerde söwda hem hünärmentçilik juda giç ösüp başlapdyr. Peloponnesiň diňe Egeý deňzine we Ioniýa adalaryna golaý ýerleşen demirgazykgündogar böleklerinde pulharyt gatnaşyklary çalt ösýär we Günorta Gresiýada şäher medeniýetiniň ilkinji ojaklary peýda bolýar. Doriý taýpalarynyň urug begleri köp ilatly welaýatlary basyp almaklary bilen, olara ýerli ilaty hemişe howp astynda saklamak zerur bolupdyr. Soňuň üçin bu ýerde

döwlet ir ýüze çykýar. Şol sebäpli Spartanyň döwlet gurluşynda urugtaýpa gurluşynyň galyndylary uzak wagtlap saklanyp gelipdir.

**Messen uruşlary. Periekler we ilotlar.** Messeniýa garşy ikinji uruş b.e. öňki VIII asyryň ikinji ýarymynda b.e. öňki (743-724 ý.) bolup geçýär. 20 ýyla çeken gazaply uruşlardan soň messeniýalylar boýun egdirilýär we hasylyň ýarysyna barabar bolan agyr salgyt tölemäge mejbur edilýär. Agyr ezişe sezewar edilen messeniýalylar b.e. öňki VII asyryň birinji ýarymynda Spartanyň garşysyna gozgalaň edipdirler. Oňa ikinji Messen urşy (b.e. öňki 685 668 ý.) diýilýär. Spartalylara uly güýç sarp edip, gozgalaňy basyp ýatyrmak başardýar. Soňdan soň, Messeniýanyň ähli ilaty ilotlara öwrülýär. Olaryň ýerleri bolsa Sparta döwletiniň emlägine öwrülýär. Messen ýerleriniň eýelenmegi Spartada ýer ýetmezçiligini aradan aýrypdyr. Ikinji Messen urşy tamamlanandan soň Spartada ýer paýlaşygy geçirilipdir. Lakoniýanyň we Messeniýanyň iň hasylly ýerleri 9000 töweregi birmeňzeş paýlara bölünipdir we her bir spartaly maşgala bir paý berlipdir. Soňra döwlet şol paýlaryň ululygynyň üýtgedilmän saklanmagyna gözegçilik edipdir. Paýlaryň bölünmegine ýada goşulmagyna ýol berilmändir. Olary satmak, sowgat bermek gadagan edilipdir. Ýer bilen bir hatarda ilotlar hem paýlanypdyr. Her bir ýer paýyna birnäçe ilot maşgalasy berkidilipdir. Ilotlar her ýylda ýer eýesine galla, un, çakyr we ş. m. önüm görnüşinde salgyt töläpdirler. Salgydyň möçberi alynýan hasylyň ýarysyna barabar bolupdyr. Hasylyň galan bölegini ilot özüne galdyrypdyr. Gullardan tapawutlylykda ilotlar hojalyk ýöretmekde erkin bolupdyrlar. Olar maşgalaly ýasapdyrlar. Spartalynyň iloty öldürmäge ýada satmaga ygtyýary bolmandyr. Çünki ýer paýy ýaly, ilot hem döwietiň emlägi hasap edilipdir. Spartada ýere hususy eýeçilik bolmandyr, hemme ýerler jemagatyňky bolup, doly hukukly spartalylar kler ýerlerine eýelik edipdirler. Sparta maşgalalary tarapyndan alnan ýerleri bölübem, ownadybam bolmandyr, ol ýerleri diňe ulanmaly bolupdyr. Hemme ýerler döwlet eýeçiliginde saklanypdyr.

Spartalylara meýletin boýun egen çetki daglyk etraplaryň ýaşaýjylary döwletiň düzümine hukugy çäklendirilen ilat hökmünde goşulypdyr. Olara periekler (töwerekde ýaşaýanlar) diýipdirler. Ilotlardan tapawutlylykda periekler şahsy taýdan erkin hasaplanypdyr we öz ýaşaýan etrabynda raýat hukuklaryndan hem peýdalanypdyrlar. Emma Spartada olara pes derejeli adamlar hökmünde garalypdyr we döwlet işlerine gatnaşdyrylmandyr. Şeýlelikde, Lakoniýany basyp alýan döwründe Spartanyň jemgyýetçilik we ykdysady gurluşynyň esasy taraplary kemala gelipdir we esasy üç durmuşy topar: spartalylar doly hukukly raýatlar, elgarama edilen ilotlar we erkin, emma hukugy çäklendirilen periekler emele gelipdir.

## 4. Gadymy Gresiýanyň medeniýeti. (b.e. öň VIII-VI asyrlarda).

**«Iliada» we «Odisseýa» poemalary.** Gadymy grek şahyrlary, aýdymçylary rowaýallardaky ýaly gahrymanlaryň biçak edermenlikleri we başlaryndan geçiren täsin wakalary barada köp aýdymlar düzüpdirler. Olar bu aýdymlary meýlislerde saza goşup aýdypdyrlar. Ylaýtada Troýa şäherine geçirilen ýöriş hakynda rowaýatlar köp eken.

Troýa urşunyň soňky onu-njy ýylyndaky rowaýatlar hem dünýä belli grek poemasy «Iliadanyň» esasyny düzüpdir. Onuň ady hem Ilion adyndan gelip çykyp, ol Troýanyň ikinji ady bolupdyr. Halk içinde poemany beýik şahyr hem bagşy Gomer döredipdir diýilýär.

Gadymy grekler Gomere uly hormat goýupdyrlar, onuň döreden “Idliada” we «Odisseýa» poemalaryndan müňlerçe setirleri ýatdan bilipdirler. Emma Gomeriň ýaşaýyş durmuşyndan grekleriň özlerem hiç zat bilmändirler, onuň haçan we nirede doglany, öleni hem bilinmän galypdyr. Taryh ylmy Gomeriň «Iliada» we «Odisseýa» poemalarynyň awtorydygyny subut edip bilenok. Bu mesele barada: 1) poemalar dürli döwre we dürli awtorlara degişli; 2) poemalar halk döredijiligine

Gomeriň heýkel şekili degişli; 3) Gomer gysgaldylan görnüşiniň awtory we olar soň başgalar tarapyndan üsti doldurylypdyr diýen ýaly dürli pikirler bar.

Häzirki döwürde alymlaryň hasap etmeklerine görä, poemalar b.e. öňki VIII asyrda döredilipdir, VI asyrda bolsa ýazga geçirilipdir. Poemalar diňe bir ýörişler hakynda däl-de, eýsem ýüzlerçe ýyllaryň dowamynda grekleriň ýaşaýşynyň, olaryň däpdessurlarynyň, dini ynançlarynyň aýdyň pursatlary barada hem gürrüň berýärler. «Iliada» poemasyndan Ahilles bilen Gektoryň başabaş söweşi Ahilles ilkinji bolup Gektora naýza zyňanmyş, emma ol dessine ýere ýapyrylyp ýalypdyr welin, naýza onuň üstünden geçip gidipdir. Gektor hem naýza zyňypdyr welin, onuň naýzasy Ahillesiň galkanyna baryp degipdir. Gefesl tarapyndan berk taplanan galkan urgyny saklanmyş. Şol wagt Anna Ahillesiň eline naýza berenmiş. Gektor kömek sorap, öz doganyny biderek ýere çagyranmyş, oňa täze naýza berere adam tapylmanmyş. Soňda ol eline gylyç alyp, Ahillesiň üstüne topulanmyş.

**Poemalaryň mazmuny.** Gomeriň «Iliada» we «Odisseýa» poemalarynyň watanyny Kiçi Aziýanyň kenarynda ýaşaýan ioniý taýpalarynyň dilinde ýazylmagy hem subut edýär, onuň mazmuny Troýa rowaýatlaryndan alnypdyr. Rowaýatlarda Troýa patyşasynyň ogly Priama, Paris (onuň ikinji ady Aleksandr), Zewsiň görkezmesi bilen «gözelleriň gözeli» ýazgy ýazylan almany üç hudaýyň birine Gera, Afrodita ýada Afina gowşurmaly bolupdyr. Öz peýdasyna jedeli çözmek üçin hudaýlaryň her biri Parisi öz tarapyna çekmek üçin oňa wada beripdirler. Gera Parisa häkimligi we baýlygy bermegi wada edipdir, Afina akyllylygy we şöhraty wada beripdir, Afrodita bolsa dünýäniň iň owadan aýalyny bermegi wada berýär. Paris şondan soň almany Afrodita berýär, ol bolsa Parisa sparta patysasy Menelaýyň aýaly Ýelenany alyp gaçmaga kömek berýär. Bu alyp gaçmak hem Troýa urşunyň başlanmagyna bahana bolýar. Gahargazaba münen Menelaý we onuň dogany, miken patysasy Agamemnon grek taýpalaryny kömege çagyryp, Troýa (ýada Ilion) garşy

harby ýöriş gurapdyrlar. Agamemnonyň ýolbaşçylygynda grekler dokuz ýyl Troýany gabapdyrlar we diňe onu-njy ýylda hile we ýeserlik bilen Troýany basyp alypdyrlar we ony weýran edipdirler.

Gomeriň ikinji poemasy «Odisseýa» hem 24 sany aýdymdan düzülipdir. Troýa ýykylandan soň Itakaly esgerleriň hemmesi 12 sany gämä münüp, ýumrulan ýurtdan öz watanyna gaýdypdyrlar. Emma olar howply ýagdaýlaryň ençemesini başdan geçirmeli bolupdyrlar. Demirgazyk ýeliň şemalynyň hudaýy deňizde tupan turzanmyş, şol tupan mahalynda grekler öz ýolundan azaşypdyrlar. Odisseýiň hemme gämileri we ýoldaşlary heläk bolupdyrlar. Özi bolsa iki gün bir agaçdan ýapyşyp, deňizde galypdyr.

«Odisseýa» «Iliadanyň» dowamy bolmasada, olaryň ikisi hem biri-biri bilen baglanyşykly. Hekaýa Odisseýiň Ogigi adasynda çeken horluklary bilen başlanýar. Soňra bolsa onuň başyndan geçenleri Odisseýiň öz adyndan beýan edilýär. Şu yzygiderli beýan bilen, Odisseýiň 20 ýyl sergezdanlykda bolan döwründe Itaka adasynda bolup geçen ýagdaýlar, Odisseýiň ogly Telemahyň syýahaty we beýleki hekaýalar berilýär. Ahyrsoňunda uzakdan ýer görnüpdir. Ol zordan kenara çykyp, agaç ýapraklaryna gömlüp, ýatyp galypdyr. Odisseý bir ada gelenini, bu ýerde garadan gaýtmaz deňizçi laýpasynyň ýaşaýandygyny hem bilmändir. Olaryň örän akyldar Alkinoý diýen patysasy bar eken. Odisseýiň ýatan ýeriniň ýanyndan bir derýajyk akýan eken. Bu ýere öz hyzmatkärleri bilen patyşanyň gyzy Nawsikaýa kir ýuwmaga gelipdirler. Öz işlerini gutaran gyzlar top oýnamaga başlapdyrlar. Gyzlaryň topa gyzyşyp oýnamagy Odisseýi oýarypdyr. Ol deňizde garalyp, daş sypaty görer ýaly däl eken. Odisseýi gören hyzmatkär gyzlar gorkup gaçypdyrlar. Emma Nawsikaýa bu ýatanyň deňziň bir ýyrtyjy haýwany däl-de, deňizde heläk bolan, gämiden galan syýahatşy adamdygyna göz ýetiripdir. Ol Odisseýi kakasynyň ýanyna eltipdir. Alkinoý ony oňat garşylap, onuň hormatyna meýlis gurapdyr. Meýlisde kör Demodok diýen bilgiç dutarynyň kirşine kakyp, Ahillesiň gahrymançylygy, agaç at barada

we Troýanyň ýykylyşy hakynda aýdym aýdypdyr. Odisseý öz heläk bolan ýoldaşlaryny ýatlap aglapdyr. Soňra ol patyşa Alkinoýa özüniň kimdigini we köp ýyllap sergezdanlykda bolandygyny aýdyp beripdir. Poemanyň ahyrynda bolsa, Odisseýiň Itaka dolanyp gelşi we ýene-de Itakany dolandyryşy beýan edilýär.

**Grekleriň hudaýlary.** Grekler hem gadymy dünýäniň beýleki halklary ýaly tebigatyň gazaply güýelerinden gorkupdyrlar we olara düşünmändirler. Soňuň üçinem grekler tebigaty köp sanly hudaýlar dolandyrýandyr diýip düşünipdirler. Grekler her zadyň bir hudaýy bar diýip düşünipdirler. Bulut sürüjiniň emri bilen ýere ýagyş ýagýar ýada gurakçylyk bolýar, kuwwatly Zews öz altyn peýkamlary bilen ýyldyrym çakdyryp, adamlary urýar, ýere ýagşyň ýagjakdygy ýada ýagmajakdygy oňa bagly diýen pikirlere ynanypdyrlar. Grekler «ýer sarsdyryjy» deňiz hudaýy Poseýdondan hem edil gazaply Zewsden gorkuşlary ýaly gorkupdyrlar. Poseýdon öz äpet çarşagy bilen ýeri silkeleýär, deňizde tupan turuzýar we gämileri gark edýär diýip düşünipdirler. Gün hudaýy Gelios ak atlary goşulan altyn kolesnisasyna münüp, asmana çykanda gün dogýarmyş. Apollon ýagtylyk we sungat hudaýy hasaplanypdyr. Ösümlikleriň güýzde solup, ýapragyny düşürmegi we bahar tebigatyň janlanmagy bol hasylyň medetkäri hudaý aýal Demetra bagly diýip hasaplapdyrlar. Adam ölenden soň onuň ruhy merhumlaryň ýerasty patyşalygyna barýarmyş, ol ýeri ýerasty patyşalygynyň häkimi gazaply Aid dolandyrýarmyş. Onuň aýagynyň ýanynda 3 kelleli köpek oturyp, ol ýerasty patyşalygyna girmäge hemmeleri goýberip, şol ýerden hiç kimi çykarmaýarmyş diýip ynanypdyrlar. Hojalygyň her bir pudagynyň ekerançylygyn, maldarçylygyň we aw awlamaklygyň, dokma dokamaklygyň we beýleki senetçiligiň öz hemaýat beriji hudaýy bar diýip hasaplanypdyr. Dionis ekerançylygyň we şerap ýasamagyň hudaýy hasaplanypdyr. Grekler üzüm baglarynda iş başlanmazynyň öňüsyrasynda baharda we täze şerabyň ýetişýän wagty dekabr aýynda Dionise bagyşlap baýramçylyk edipdirler. Şol baýramçylyk günlerinde

ekerançylar obadan oba, şäheriň köçelerinde aýdym aýdyp we tans edip gezipdirler. Grekler metal işläp bejermäge başlanlaryndan soň demirçi ussalaryň we oduň medetkäri hudaý Gefest hakynda rowaýatlar döräpdir. Gefestiň özi ýerasty demir ussahanasynda işleýänmiş. Ot we tüsse çogduryp çykarýan wulkanlar onuň ýerasty ussahanasynyň çykalgalarymyş.

**Prometeý hakyndaky rowaýat.** Hudaýlar adamlardan oduň syryny gizlänmiş. Emma asylly gahryman Prometeý içi boş gargy gamyşa ot salyp, Olimpiýa dagyndan adamlara getirip berenmiş, Zews her gün onuň üstüne bürgüt iberenmiş, ol hem Prometeýiň bagryny çokjalaýarmyş. Namysjaň we mert Prometeý agyr jebirlere garamazdan, Zews bilen ýaraşanmyş we özüne jebir berijini näletlänmiş. Grekler Zews we beýleki baş hudaýlar maşgala bolup, Gresiýanyň Olimpiýa dagynda ýaşaýarlar diýip ynanypdyrlar, olary Olimpiýa hudaýlary diýip atlandyrypdyrlar: Zews baş hudaý, gögüň we ýyldyrymyň hudaýy. Poseýdon Zewsiň dogany we deňiz hudaýy. Aid Zewsiň dogany we ýerasty hudaýy. Gera Zewsifi aýaly, aýallaryň hudaýy. Gelios gün hudaýy. Apollon ýagtylygyň we sungalyň hudaýy. Artemida awuň hudaýy. Ares uruş hudaýy. Afina akyl-paýhasyň, bilimiň we hünürmentçiligiň hudaýy. Afrodita söýgi, gözellik hudaýy. Gefest ot we demir ussalaryň hudaýy. Germes - söwda hudaýy. Dionis - ekerançylygyň hudaýy. Demetra hasyllylygyň, ýeriň hudaýy. Hudaýlar adamlaryň käbirlerini baý hem beg, beýleki lerini garyp, ýene birlerini hem gul edip ýaradanmyşlar. Grekler hudaýlar tarapyndan girizilen düzgünlere garşy çykanyň başyna hudaýlaryň gazaby we rehimsiz jezasy inýärmiş diýen düşünjä ynanypdyrlar.

**Rowaýatlar.** Gadymy rowaýatlar we aýdymlar Gresiýanyň uzak geçmişi hakyndaky möhüm taryhy çeşmelerdir. Gresiýanyň taryhyny öwrenmekde olaryň ähmiýeti uly hasap edilýär. Rowaýatlarda beýan edilýän wakalar, äpet gahrymanlar taslama bolup durýar. Emma gadymy rowaýatlary öwrenmek bilen biz grekleriň kärleri, zähmet gurallary we

adatlary barada maglumat alyp, olaryň haýsy hudaýlara ynanandyklaryna, haýsy ýurtlar bilen gatnaşykda bolandyklaryna göz ýetirýäris. .

Asly begzadalar maşgalasyndan bolan serdar ýigit Yasoň şol baýlygy ele salmagy ýüregine düwüpdir. Onuň çagyryşy boýunça uzak we howply syýahata gitmek üçin bütin Gresiýadan edermen ýigitler gelipdir. Argo diýen ökde ussa olara ýelken hem kürek bilen ýüzýän gämi ýasap beripdir. Ussanyň ady bilen gämä «Argo», syýahatçylara bolsa «Argonawtlar» diýip at beripdirler. Argonawtlar uzak wagt lap ýüzüp, birentek horluklary başlaryndan geçirenlerinden soň Kawkaza baryp ýetipdirler. Eger Ýasoň öz öňünde goýlan şerti ýerine ýetirse, oňa altyn runony bermegi patyşa wada berenmiş. Patyşanyn jadygöýi Medeýa atly gyz Ýasoňa jadyly ýag beripdir. Ýasoň şol ýagy endamyna çalypdyr we oňa adatdan daşary güýç gelipdir. Soňdan soň onuň aýaklary edil misden ýasalan pürs ýaly bolup. elleri alagzy ýaly berkänmiş. Patyşanyň buýrugy boýunça agzyndan ot çykýan mis aýakly iki sany ägirt uly öküzi goýberenmişler. Öküzler Ýasoňyň üstüne topulypdyrlar, emma olar Ýasoňy duran ýerinden sarsdyryp hem bilmändirler. Ýasoň öküzleri tutup, azala goşup, ýer sürüp, şol ýere aždarhanyň dişlerini ekipdir. Bu ekişden soň ýerden mis ýaragly goşun ösüp çykyp, Yasoňyň üstüne hüjüm edipdirler. Ýasoň urşujylaryň hatarlaryna daş zyňypdyr, olaryň arasynda garpyşyk başlanypdyr. Yasoň soňdan peýdalanyp, olary öz gylyjyndan geçirenmiş. Ýasoň öňünde goýlan şerte hötde gelende bolsa, patyşa ony aldapdyr we runony bermändir. Ýasoň gije usullyk bilen baryp, altyn runony saklaýan aždarhany ukladypdyr. Argonawtlar runony alypdyrlarda, çaltlyk bilen ýüzüp, kenardan daşlaşypdyrlar. Patyşa öz goşunlary bilen argonawtlaryň yzyndan kowupdyrlar. Argonawtlar kowgudan zordan gutulypdyrlar we Gresiýa gaýdyp gelipdirler.

## 5. Gadymy Attika b.e. öňki VIIVI asyrlarda.

**Grek şäherleriniň kemala gelmegi.** Arhaiki döwürde Gresiýada siwilizasiýanyň kemala gelendigini görkezýän möhüm alamatlaryň biride şäherleriň ýüze çykmagydyr. Şu döwürde şäher obadan gutarnykly bölünip aýrylýar we ony özüne tabyn edýär. Ol hünärmençiligiň oba hojalygyndan bölünip aýrylmagy, pulharyt gatnaşygynyň ösmegi bilen baglanyşykly bolupdyr.

Grek şäherleriniň köpüsi b.e. öňki VII-VI asyrlarda, polis adyny saklasada ozalkylardan tutýan meýdany, ilatynyň köplügi, özünde hünärmentçiligiň we söwdanyň jemlenmegi bilen tapawutlanypdyrlar. Galybersede arhaiki döwrüň polisleriniň köpüsi kiçijik döwletiň paýtagtyna öwrülipdir. B.e. öňki VIII-VI asyrlarda has köp ilatly şäherlerden gündogarda Milet, günbatarda Korinf hasaplanypdyr. Şäher durmuşy ilki bilen Kiçi Aziýa polislerinde ösüp başlapdyr. Bu ýerdäki şäherleriň gülläp Ösmegine ilki bilen taryhy we geografiki ýerleştşi bilen düşündirip bolar. Kiçi Aziýa şäherleri materik Gresiýasy bilen gündogar ýurtlaryň çatrygynda ýerleşipdir. Olar gämi gatnaýan derýalaryň boýunda ýerleşip, tebigy gämi duralgalary hem ýetik bolupdyr. Kiçi Aziýa şäherleriniň bu amatly ýagdaýy söwda gatnaşyklarynda dellallyk etmäge, gündogaryň medeniýetini Günbatara, günbataryň medeniýetini bolsa Gündogara ýaýramagyna ýardam eden ilkinji şäherler bolupdyrlar. Emma b.e. öňki VII asyrda olar Lidiýa patyşalygynyň golastyna düşüpdirler, ýöne lidiýalylar grek şäherlerine artykmaç agram salman, olardan ýagdaýlaryna görä töleg we önüm görnüşinde salgyt alypdyrlar, Olaryň söwda işlerine päsgel bermändirler. Materik Gresiýasynda şäher durmuşynyň merkezi agora diýlip atlandyrylýan meýdança bolupdyr. Agorada halk ýygnagy geçirilipdir. Ol bazar meýdançasy bolup hem hyzmat edipdir. Döwlet edaralary şäher geňeşiniň jaýy, kazyýetiň jaýy we ş. m. edaralar agoranyň töwereginde ýerleşipdir. Hökümetiň täze kanunlary we kararlaryda şol ýerde ýörite taglalarda ýazylyp goýlupdyr.

Şäherde hudaýlaryň öýi hasaplanýan buthanalar kaşaňlygy we owadanlygy bilen beýleki jaýlardan tapawutlanypdyr. Onuň içinde hudaýyň daşdan ýonulyp ýasalan ýada bürünçden guýlan şekili ýerleşdirilipdir. Şäheriň medetkär hudaýynyň buthanasy şäheriň belent ýerinde  Akrapolda ýerleşipdir. Ol şäheriň iň berkidilen bölegi bolup, döwlet gaznasyda şol ýerde saklanypdyr. Grek şäherleriniň durmuşynda sport ýaryşlary uly ähmiýete eýe bolupdyr. Her şäherde türgenleşik geçirilýän meýdançalar bolup, olara gimnaziýa diýlipdir. Ol ýerde ir ertirden giç agşama çenli naýza we disk zyňmak, ylgamak, bökmek, göreşmek we ýumruklaşmak boýunça yhlas bilen türgenleşipdirler. Sport ýaryşlary grekleriň aýdyşy ýaly agorada ýerleşip, ol her bir baýramçylygyň aýrylmaz bölegine öwrülipdir, birnäçesi halkara häsiýetine eýe bolupdyr. Ylaýtada lstimde geçirilýän we Olimpiýada geçirilýän oýunlar giň meşhurlyga eýe bolupdyr. Olimpiýa oýunlarynda ýeňmek her bir polisiň abraýy hasap edilipdir. Olimpiýadanyň ýeňijilerine ýurtdaşlary uly hormat goýupdyrlar, ýeňillik beripdirler, döwlet wezipelerine saýlapdyrlar, şäher meýdançasynda heýkelini oturdypdyrlar. Şäherler öňdebaryjy medeniýetiň ojaklary bolupdyrlar. Hatýazuwy giňden ýaýrapdyr. 24 harpdan ybarat grek elipbiýiniň döredilmegi sowat öwrenmegi ýeňilleşdiripdir. Sowatlylyk medeniýetiň mundan beýläk ösmegine ýardam edipdir. Şäherde urugtaýpa gatnaşyklarynyň galyndylaryda oba seredeniňde çalt dargapdyr.

**Söwdahünärmentçilik gatlagynyň döremegi.** Söwdahünärmentçilik gatlagy söwda hem hiinärmentçilik bilen meşgullanmagyň, ilki bilen bu gatlagyň özüniň baýlaşmagy üçin, şeýlede polisiň ösüşi üçin bähbitlidigine düşünipdirler. Bu gatlagyň bir böleginiň epesli ýer paýlary bolsada, hünärmentçilik ussahanasyny saklamagy we söwda etmegi has amatly hasaplap, şäherlerde ýasapdyrlar. Öz zähmetiniň hasabyna ýaşaýan hünärmenler, ownuk söwdagärler, matroslar, ýükçüler, gurluşykçylar hem bu gatlaga goşulypdyr. Düzüminiň örän dürli-dürli bolmagyna garamazdan, söwda-

hünärmentçilik gatlagy hünärmentçilik önümçiliginiň giňeldilmeginiň, söwdanyň we pul dolanyşygynyň ösdürilmeginiň, şeýlede gulçulygyň ýaýramagynyň tarapdary bolupdyrlar. Has dogrusy, Gresiýanyň ykdysadyýetiniň we medeniýetiniň çalt ösmegine ýardam edýän ugruň tarapdary bolupdyrlar.

**Koloniýalaşdyryş hereketiniň başlanmagynyň sebäpleri.** Gresiýada koloniýalaşdyryş hereketi b.e. öň VIIIVI asyrlarda bolup geçýär. Bu döwürde grek jemgyýetiniň maddy durmuşynyň esasy ugurlarynda uly öňegidişlikler bolup geçýär. Magdan gazyp almak has giňelýär, demriň we misiň alnyşy artýar. Metal işlemek hem, olardan ýasalýan zähmet gurallary hem kämilleşýär. Ekerançylykda hem öňegidişlikler ýüze çykýar, senetçiligiň dürli ugurlarynda, gurluşyk işlerinde, aýratyn hem gämi gurluşygynda uly öňegidişlikler bolup geçýär. Ykdysadyýetiň çalt ösmegi grek jemgyýetinde sosialemläk deňsizliginiň mundan beýläk çaltlaşmagyna we Gadymy Gresiýada synpy jemgyýetiň we polis görnüşli şäher döwletleriniň döremegine we gul eýeçilik gatnaşyklarynyň ösmegine alyp barýar. Emma bu hadysa Gresiýanyň ilatynyň dürli geografiki sebitlerde ýaşamagy olaryň ösüş derejeleriniň dürlidürli bolmagynda galypdyr. Grek taýpalarynyň içinde aýratyn hem Kiçi Aziýada ýaşaýan ioniýler özleriniň ösen şäherleri bilen tapawutlanypdyrlar. Bu ýerlerde beýleki ýerlere garanyňda urug gurluşynyň galyndylary we urug begleriniň agalygy has ir ýitip gidipdir. Kem-kemden bu ýagdaýa beýleki ellin şäherleri hem çekilýär. Emma greklerde başlanan koloniýalaşdyryş hereketi urugtaýpa gatnaşyklarynyň dargamagyny tizleşdiripdir.

Keseki ýerlerde öz oturymly ýerlerini esaslandyrmak gadymy döwletleriň köpüsine mahsus bolupdyr. Emma ol hereket käbir döwletlerde başlangyç ýagdaýynda saklanypdyr. Finikiýada we Gresiýada bolsa has giň gerime eýe bolupdyr. Keseki ýerlerde esaslandyrylan oturymly ýerlere (oba, şähere) koloniýa (latynça täze özleşdirilen ýer) diýlipdir, oňa göçüp gidenleriň ata watanyna grekler

metropoliýa ene şäher diýipdirler. B.e. öňki VIIIVI asyrlary grek polisleriniň hem kemala gelýän döwri bolýar. Bu döwre Beýik grek koloniýalaşdyryş döwri diýilýär. Koloniýalaşdyryş hereketiniň esasy sebäpleriniň biride grek polislerinde ilalyň köpelmegi we bellibir derejede artykmaç ilatyň peýda bolmagydyr. Ol hem öndüriji güýçleriň ösüşiniň umumy derejesine baglylykda ýüze çykypdyr. Ilatyň köpelmegi bilen emläk deňsizligi hem ýüze çykýar. Oba hojalyk gurallarynyň ýönekeý bolmagy, ýeri işläp bejermegiň ýönekeý usullary, Gresiýanyň köp ýerinde topragyň pes hasyllylygy, ýeriň azlygy, bularyň hemmesi ilatyň diňe çäkli bölegini eklemäge mümkinçilik beripdir. Urug taýpa gatnaşyklarynyň dargaýan döwründe, ýeriň uly böleginiň begleriň elinde jemlenmegi, ýersiz galan daýhanlar ýaha beglere elgarama bolmaga ýada başga ýerlere göçüp gitmäge mejbur bolupdyrlar. Söwda gatnaşyklarynyň ösmegi, aýratyn hem söwdagärleriň deňiz söwda ýollarynyň amatly ýerlerinde ornaşmaga ymtylmaklary koloniýalaşdyryş hereketiniň ýene bir sebäbi bolupdyr. Çünki söwdagärler diňe öz watandaşlary tarapyndan esaslandyrylan şäherlerde arkaýyn söwda edipdirler. Koloniýanyň ilatyda öňi bilen öz metropoliýasyndan getirilen harytlary satyn alypdyr. Koloniýalaşdyryş hereketiniň başlanmagynyň ýene bir sebäbi, grek polislerinde syýasy göreşiň güýçlenmegi bolupdyr. Polisiň kemala gelýän döwründe bu göreş görülmedik derejede ýitileşipdir. Ýeňlen toparyň adamlary gazaply jeza çärelerine sezewar edilipdir. Şeýle ýagdaýda ýeňlen topar üçin halas bolmagyň ýeketäk ýoly, ýurdy taşlap, koloniýalara göçüp gitmek bolupdyr. Goňşy polisler bilen uruşda ýeňlen şäherleriň ilatynyň hem göçüp gidýän halaty bolupdyr. Beýik koloniýalaşdyryş hereketine Gresiýanyň hemme sebitleri, ýagny günbatar hem gündogar welaýatlarynyň şäherleri, bütin grek dünýäsi gatnaşypdyr. Ony ilki bilen Kiçi Aziýanyň ösen şäherleri, Balkan şäherleri başlapdyrlar. Aýratyn hem Kiçi Aziýadaky Milet, Ewbeýa adasyndaky Eretriýa, Halkida, Gresiýanyň köp sanly şäherleri, şol sanda Afiny, Megara, Korinf ýaly şäherler başlapdyrlar. Koloniýalaşdyryş hereketiniň

başlamagy, onuň esasy ugurlary. Grekleriň koloniýalaşdyryş hereketi, esasan, üç ugra gönükdirilipdir. Günbatar ugurda Sisiliýa, Ilaliýanyň günortasynda we Pireneý ýarymadasynyň günorta böleginde, DemirgazykGündogar ugurda Egeý deňziniň demirgazyk adalarynda we kenar ýakalarynda, Egeý deňzinden Gara deňzine geçilýän bogazlarda, Gara deňziň kenarlarynyň günortagündogarynda we demirgazyk kenarlarynda, Kiçi Aziýanyň günbatar kenarlarynda we Afrikanyň demirgazyk kenarýaka sebitlerinde, umuman şu sebitiň hemme deňiz kenarlarynda koloniýalar esaslandyrylypdyr. Siseronyň belleýşi ýaly, grek koloniýalary ägirt uly matanyň gyrasyna jähek çekilen kimin düzülipdir. Günbatar ugurda ylaýtada köp koloniýalar esaslandyrylýar. Koloniýalaşdyryş hereketini ilki bilen Ewbeý adasynda ýerleşen Eretriýa we Halkida şäherleri başlapdyr. B.e. öňki 774-nji ýylda Italiýanyň günbataryndaky Pitekussa adasynda ilkinji koloniýa esaslandyrylypdyr. VIII asyryň ortalarynda ewbeýaly adamlar Italiýanyň Kompaniýa welaýatynda Kima (grekçe Kumy) şäheriniň düýbüni tutýarlar. Soňra kimalylar Neapol şäherini esaslandyryp, şondan günortadaky kenarlar koloniýalaşdyrylyp çykylýar. Sisiliýany özleşdirmekde b.e. öňki 736-njy ýylda halkidikililer Naksosy, b.e. öňki 735-nji ýýlda Korinfliler tarapyndan Sisiliýada Sirakuzy, Italiýanyň demirgazyk günbatarynda ýerleşýän Kerkir esaslandyrylýar. Sirakuzy şäheri örän gysga wagtyň içinde bu sebitde iň möhüm grek şäherine öwrülýär. Sisiliýanyň günbatar kenarlaryny koloniýalaşdyrmak Finikiýanyň Afrikadaky koloniýasy bolan Karfageniň garşylygyna duçar bolýar. Karfagen Sisiliýanyň günbatar böleginde ornaşmaga ymtylypdyr. Sisiliýanyň ýerini eýelemek ugrundaky uruşlar grekler bilen Karfageniň, soňra karfagenliler bilen rimlileriň arasynda uzaga çekip, ol ada tutuşlygyna Rimiň eline geçýär. Şeýlelik bilen örän gysga wagtyň içinde Günorta Italiýanyň we Sisiliýanyň kenarlary koloniýalaşdyrylýar. Şoňa görä-de şol sebil Beýik Gresiýa diýlip atlandyrylypdyr.

B.e. öňki 706-njy ýylda spartalylar Italiýanyň günorta sebitinde ýeketäk Tarent şäherini esaslandyrýarlar. Bu ýerler iň amatly, hasylly ýerler bolup, tiz wagtyň içinde gülläp ösen polisleriniň birine öwrülipdir, Günorta ltafiýa şäherlerinde grekler ornaşyp, metropoliýa bilen ysnyşykly gatnaşykda bolup, medeni taýdan gülläp ösüp, «Beýik Grosiýa» adyna eýe bolupdyr. Italiýanyň günorta sebitlerinde we Sisiliýadan Gresiýa galla, zeýtun ýagy, çakyr, ýüň, Öý mallarynyň derilerini we beýleki önümleri iberipdirler. B.e. öňki VIIVI asyrlaryň sepgidinde grekler Ortaýer deňziniň günbatar sebitlerine aralaşyp, Massaliý (häzirki Marsel) şäherini esaslandyrýarlar. Fokidalylar Italiýanyň we günorla Galliýanyň kenary bilen ýüzüp Ispaniýa aralaşýarlar. Grekleriň günbatarda iň çetki koloniýasy Atlantik okeanyň kenarynda esaslandyrylan Menesfeý şäheri bolupdyr. Ortaýer deňziniň günorta kenarlaryny koloniýalaşdyrmak grekler üçin has amatly bolupdyr. Bu sebitiň iň oňat ýerleri finikiýalylar tarapyndan koloniýalaşdyrylypdyr. Grekler diňe Niliň deltasynda Müsür faraonlary tarapyndan bölünip berlen ýerde Nawkaratis (b.e. öňki 610 ý.), Müsürden günbatarda Kiren (b.e. öňki 632 ý.) şäheri esaslandyrýarlar. Koloniýalaşdyryş hereketiniň ýene bir ugry Demirgazykgündogar ugurda amala aşyrylypdyr. B.e. öňki VIII asyryň ahyrlarynda VII asyryň başlarynda Egeý deňziniň demirgazygynda ýerleşýän Halkida ýarymadasy Ewbeý adasyndaky halkidikililer larapyndan koloniýalaşdyrylýar. Olar bu ýerde 30dan gowrak oturymly ýerleri esaslandyrypdyrlar. Şol sebäpli oňa Holkidika diýip at beripdirler. Ýüz ýyl geçenden soň bu ýerlere beýleki şäherleriň adamlary hem aralaşypdyrlar. Aýratyn hem korinfliler tarapyndan esaslandyrylan Potideýa soňra uly ähmiýetli şäherleriň biri bolýar. Holkidikadan Frakiýanyň kenarlary bilen Gresiýa metal äkidilipdir.

B.e. öň VII asyrda miletli grekler Gellesponlyň, Propontidanyň we Pontyň kenarlaryny ilatlaşdyrypdyrlar. Bu ýerlerde birnäçe koloniýalar esaslandyrylýar. GellespontdaAbidos, Propontidada Kizik (b.e. öňki 756 ý.) esaslandyrylýar. Grekler soňra has demirgazyga aralaşyp, Mermer

deňziniň günbatar kenarynda Wizantiýa (b.e. öňki 668ý.) şäherini esaslandyrýarlar. Bu ugurdaky koloniýalary, esasan, Samos, Hios, Milet, Megara ýaly şäherler esaslandyrypdyr. Ylaýtada Milet işjeň hereket edipdir. Onuň esaslandyran koloniýalarynyň sany 100e ýetipdir. B.e. öň VI asyrda Gara deňziň demirgazyk we gündogar kenarlaryny koloniýalaşdyrmak miletliler tarapyndan geçirilipdir. Bu sebitde b.e. öň VIIVI asyrlaryň sepgidinde Olwiýa, Pantikapeý (häzirki Kerç), Fanagoriýa, Feodosiya (häzirki Feodosiya), Demirgazyk Gara deňiz kenarynda Hersoňes ýaly şäherleriň düýbi tutulýar.

Şeýlelik bilen, b.e. öňki VI asyrda Gara deňiz kenarlarynda esaslandyrylan grek koloniýalary söwda ulgamynda uly ähmiýetli sebite öwrülýär. Grekler bu ýerlerden galla, mal, balyk, zeýtun ýagyny we beýleki çyg önümleri äkidipdirler. Grek şäherleriniň köpüsi bu sebitiň çöregine mätäç bolupdyrlar. Grekleriň senetçilik önümlerinede ýerli taýpalar isleg bildiripdirler. Bu söwda gatnaşyklary ýerli halkyň arasyna grek medeniýetiniň ýaýramagyna getiripdir. Soňra, b.e. öň V asyrda Kerç aýlagynyň boýundaky grek koloniýalary birleşip, Bospor patyşalygyny döredipdirler.

Grekleriň koloniýalaşdyryş hereketine erjel gatnaşýan käbir şäherlerde ýörite wezipeler döredilip, oňa oýkustler diýlipdir. Oýkust koloniýa gitjeklere ýolbaşçylyk edipdir. Koloniýa esaslandyryljak ýerler öňürti oňat öwrenilipdir. Grek koloniýalary ýaşamak üçin amatly, deňize golaý, mes toprakly ýeriň, içmek üçin ýaramly suwuň, gämi duralgasy üçin amatly kenaryň we tebigy taýdan goragy bolan ýerlerde esaslandyrylypdyr. Oýkust şäher esaslandyrmak bilen baglanyşykly dini däpleri ýerine ýeliripdir, agoranyň, buthanalaryň, ýaşaýyş jaýlarynyň ýerlerini anyklapdyr. Täze koloniýanyň ýeri anyklanan badyna metropoliýadan göçüp gitmäge isleg bildirýänleriň sanawy düzülipdir. Olaryň hataryna metropoliýanyň raýatlaryda, başga şäherlerden gelenlerde ýazylyp bilipdir.

Koloniýalaryň syýasy gurluşy hem, esasan, metropoliýanyň gurluşy ýaly bolupdyr. Koloniýalar esaslandyrylandan soň materik Gresiýasyndaky ýaly özbaşdak şäherpolis döwletleri bolupdyrlar. Olar metropoliýa garaşly bolmasada onuň bilen berk baglanyşyk saklapdyrlar. Metropoliýanyň we koloniýanyň ilaty özlerini garyndaş hasap edipdirler. Zerur bolan halatynda birekbirege kömek edipdirler. Koloniýa giden adam metropoliýa gaýdyp gelse öz raýatlyk hukuklaryny dikeldip bilipdir.

Koloniýalar grek jemgyýetiniň umumy ösüşine oňaýly täsir edipdir. Polis gurluşynyň berkemegine, gul eýeçilik gatnaşyklarynyň ösen görnüşiniň kemala gelmegine ýardam edipdir. Iki ýarym asyr çemesi waglyň içinde grekler Ortaýer deňziniň kenarlarynyň uly bölegini, Egeý deňziniň gündogar we demirgazyk kenarlaryny, Gara we Azow deňizleriniň kenarlarynyň uly bölegini özleşdiripdirler. Grekleriň täsiri ýerli ilatyň ykdysady, durmuş, medeni ösüşine itergi beripdir. Ýerli halk hem greklere öz täsirini ýetiripdir. Ylaýtada ol koloniýalaryň medeniýetinde äşgär yz galdyrypdyr.

Koloniýalaşdyryş hereketi metropoliýa uly täsir edipdir. Gresiýanyň söwdasy hakyky halkara häsiýetine eýe bolupdyr. Afinyda, Korinfde, Miletde öndürilen harytlar Ortaýer deňzi sebitiniň dürli künjeklerine ýaýrapdyr. Gresiýa altyn, kümüş, galaýy, azyk önümleri, gullar getirilipdir. Ol grek polisleriniň durmuş ykdysady we syýasy ösüşini çaltlaşdyrypdyr. Galybersede, keseki ýurtlar bilen tanyşmak grekleriň dünýägaraýşyny giňeldipdir, bilesigelijiligini artdyrypdyr, biri-birinden uzakda ýerleşen üzňe sebitleriň bir bütewi ulgama birleşmegine alyp barypdyr.

## 6. Grekpars uruşlary.

**Urşuň öňüsyrasyndaky ýagdaý.** B.e. öň VI-Vasyrlarda gadymy Gresiýada gul eýeçilik gurluşy ýokary ösüş derejesine ýetipdir. Köp sanly gullaryň we garyplaryň zähmet çekmegi netijesinde Afiny we Sparta döwletleri ösüp, iň kuwwatly döwletlere öwrülipdirler.

Uly Pars patyşalygy b.e. öňki VI asyryň ortalarynda häzirki Eýranyň ýerinde döräp, V asyryň başlaryna çenli bütin Günbatar Aziýany tä Hind derýasyna çenli, şeýlede Müsüri basyp alypdyr. Pars patyşalygynyň kuwwaty goşuna bagly bolupdyr. Goşunyň özenini parslar hem midiýalylar düzüpdir. Olar 20 ýaşdan başlap harby gulluga çekilipdir. Pars patyşalarynyň alyp baran uruşlarynda Orta Aziýanyň sak taýpalary ahemenileri hemişelik hereket edýän sap atly peýkamçylar bilen üpjün edipdirler. Emma ýokary harby wezipeleri diňe parslar eýeläpdirler. Goşun atly hem pyýada esgerlerden düzülipdir. Atly goşunda tanymal adamlar gulluk edipdirler. Pyýada goşun daýhanlardan hem hünärment adamlardan düzülipdir. Pars goşunlarynyň esasy ýaragy peýkam bolupdyr. Atly esgeriň demirden naýzasy, bürünçden galkany we iki sany demirden ýasalan peýkamy bolupdyr.

**Kiçi Aziýanyň grek şäherleriniň parslar tarapyndan basylyp alynmagy.** Grekpars uruşlarynyň başlanmagyna birnäçe ýagdaýlar sebäp bolýar. Ahemeniler döwletini esaslandyran Kir II döwründe grekpars uruşlary şineläp başlaýar. B.e. öňki 546-njy ýylda Kir II tarapyndan Lidiýa patyşalygy basylyp alynýar. Soňuň bilen birlikde ozal Lidiýa patyşalygyna degişli bolan Kiçi Aziýada ýerleşýän grek şäherleri parslaryň golastyna düşýär. Kiçi Aziýanyň günbatarynda ýerleşýän grekşäherleri özleriniň, Lidiýa hökümdarlarynyň döwründäki şertler üpjün edilse Kir II agalygyna tabyn bolýandyklaryny duýdurýarlar. Emma Kir II Miletden başga şähere eglişik etmek islemeýär. Tiz wagtda Miletde hem parslaryň dikmesi oturdylýar. Parslar tabyn edilen grek şäherlerini dürli tarapdan gysyp başlaýar.

• Grek şäherlerinden alynýan salgyt öňküsi (Lidiýa patyşanyňky) bilen deň bolupdyr. Ýöne şol pullar öňki ýaly dolanyşyga goýberilmän pars hökümdarynyň hazynasynda öli baýlyga öwrülipdir. Bu bolsa Grek şäherleriniň söwda işini gaty çäklendiripdir.

• Tabyn edilen şäherleriň ilaty gurluşyk işlerinde işledilipdir, kähalatlarda Suzy we Persepola hem iberilipdir. Harby ýörişlere hem gatnaşmaly bolupdyrlar. Şäherleriň hökümdarlary pars dikmeleri bilen çalşyrylypdyr. Dariý I döwründe yzygiderli alnyp barlan uruşlaryň netijesinde parslaryň uly döwleliniň serhetleri gündogarda Hind derýasyndan başlap, günbatarda Egeý deňzine, demirgazykda Ermeni ýurdundan başlap, günortada Nil derýasynyň birinji bosagasyna çenli uzalyp gidipdir, Netijede Ahemenileriň döwleti b.e. öň VI asyryň ahyrlaryna çenli dünýäniň iň uly döwletine öwrülip, onlarça halklary bir döwletiň düzümine birikdiripdir.

**Grekpars uruşlarynyň sebäpleri.** Wakalaryň mundan beýläk Ösmegine Dariý I b.e. öňki 514-513-nji ýyllardaky Frakiýanyň üsti bilen Günbatar we Demirgazyk Gara deňzineskiflere garşy ýörişi ýardam edipdir. Pars patyşasy Frakiýanyň we galla baý Gara deňiz kenarlaryny eýelemäge ymtylypdyr. Bu ýörişe dürli taýpalardan ybarat gury ýer goşuny gatnaşýar. Samosly grek, arhitektor Mandrakol Bosfordan ýewropa tarapyna pars goşuny geçer ýaly köpri gurup berýär. Skif ýerlerine çozup giren pars goşuny uzak ýörişe taýar däldi, skifleriň atly goşuny parslary ýurduň içindäki çöllüklere çekip, olara rahatlyk bermändirler. Gerodotyň ýazmagyna görä, ýöriş iki aýa çekipdir. Skifleriň bu uruş usuly pars goşunyny agyr ýagdaýa salýar, goşuny çörek bilen üpjün etmek kynlaşyp, açlyk başlanýar. Netijede Dariý I skif ýörişi doly şowsuz tamamlanýar. Emma Frakiýada galdyrylan goşun, ol ýerdäki taýpalary özlerine tabyn edipdir. Parslaryň agalygyny olaryň goňşy Makedoniýa patyşasy Aminta I hem ykrar elmeli bolupdyr. Indi Balkan Gresiýasyny basyp almak üçin parslara ýol açylypdyr. Grekpars

uruşlarynyň aýgytly döwrüniň (500-478-nji ý.) wakalary Gerodotyň «Taryh» atly işinde beýan edilýär. Gerodot uruşdan soňky döwürde ýaşan hem bolsa, onuň urşa gatnaşan adamlar bilen gürrüňdeş bolmaga mümkinçiligi bolupdyr. Gerodot söweşiň bolan ýerlerini baryp görüpdir, dilden maglumat ýygnapdyr, käbir resminamalar bilen tanşypdyr. B.e. öňki V asyryň ortalarynda uruş hereketleriniň gidişi barada Fukididiň işlerinde hem maglumatlar berilýär. Şeýle hem Eshiliň «Parslar» atly tragediýasynda, Aristoteliň «Aliny politiýasy» eserinde maglumatlar berilýär. Köp sanly harby we syýasy işgärleriň terjimehalyny ýazan Plutarhyň işinde grekpars urşunyň gahrymanlary Femistokl, Arislid, Kimon barada maglumatlar berlipdir. Dariý I skiflere garşy ýörişde uly şowsuzlyga uçraýar, ýöne miletli tiran Gistiý we onuň tarapdarlarynyň kömegi bilen halas bolýar. Şeýlede bolsa parslar Bosfor we Gellispont geçelgelerini eýeleýärler, Gresiýa suw ýoly bilen galla we agaç gelmesi kesilýär. Parslar üçin Balkan Gresiýasyna ýol açylýar. Uruş howpy açyk duýlup başlanýar. Bu döwürde Gresiýada ýagdaý çylşyrymlaşypdy. Grek polisleriniň köpüsi parslar bilen urşa döwtalap däldiler. Şu meselede birnäçe toparlar peýda bolýar. Polisleriň birentegi parslardan gorkup, onuň bilen uruşmazlygyň tarapdarydy. Ikinji bir topar (esasan, ekerançylyk bilen meşgullanýan polisler) uruşmazlygyň tarapdarydy. Üçünji bir topar, öz içki uruşlarynda parslardan kömek isleýärdi. Ykdysadyýetinde gündogar bilen deňiz söwdasyny alyp barýan polisler hem urşa garşydylar. Diňe urşuň tarapdarlarynyň esasy daýa-njy Sparta we Afiny polisleridi. Şu döwürde hem Kiçi Aziýadaky grek şäherlerinde parslara garşy gozgalaň başlanýar. Mileti wagtlaýyn dolandyrýan Aristagor parslaryň ynamyna girmek üçin Egeý deňzindäki Naksos adasyna ýöriş edýär. Onuň ýolbaşçylygynda pars gämileri şowsuzlyga uçraýar. Özüne jeza berilmeginden gorkan Aristagor grek şäherlerini gozgalaňa çagyrýar. Miletlileriň kömek sorap ýüz tutmasyna, Balkan Gresiýasyndan diňe Afiny we Eretriýa seslenýär. Milete kömek üçin Afiny 20 gämi triýer, Eretriýa bolsa 5 triýer iberýär. Gozgalaňçylar

kömek gelmegi bilen işjeň herekete başlaýar. Olar b.e. öňki 499-njy ýylyň tomsunda öňki Lidiýa patyşalygynyň paýtagty Sardy şäherine ýöriş edýärler. Şäherde ýangyn bolup ýerli ilatyň mukaddes hasaplaýan ýeri Kibelýa ybadathanasy ýanýar. Bu bolsa ýerli ilatyň greklere garşy aýaga galmagyna sebäp bolýar. Grekler Sardydan çykyp gidýärler, afinylylar öýlerine gaýdýar. Efesiň eteginde bolan söweşde grekleriň ýeňilmegine serelmezden gozgalaň güýjeýär. Gozgalaňa Wizanliýa bilen Kipr adasy hem goşulýar. Grekleriň arasynda agzybirlik bolmandyr. Bu bolsa parslara grek şäherlerini ýekeýekeden eýelemäge mümkinçilik beripdir. Ilki Kiprde, soňra Propontidada we Gellesponlda gozgalaň basylyp ýatyrylýar. Göreşi Milet Erjel dowam etdirýär. Aristagor ýeňşe ynamyny ýitirip Frakiýa gidýär, tiz wagtda şol ýerde hem ölýär. Gozgalaňçylaryň arasynda agzalalyk güýçlenýär. B.e. öňki 497-nji ýylda Lada adasynyň ýanynda bolan deňiz söweşinde samosly we lesbosly gämiler söweşi taşlap gidýär. Netijede söweş pars gämileriniň doly ýeňşi bilen tamamlanýar. Şunuň bilen Miletiň hem ykbaly çözülýär, b.e. öňki 495-nji ýylda parslar diwaryň düýbüni köwüp, şähere girýärler. Şäher tozdurylýar, köp adam gyrylýar, müňlerçe aýallar we çagalar gul edilip satylýar. Lesbos, Hios, Tenedos adalarynyň we beýleki grek şäherleriniň hem ilaty gulçulyga satylýar. Soňdan soň parslar bilen çaknyşyk indi gönüdengöni açyk urşa ösüp geçýär. **Marafon söweşi.** Kiçi Aziýadaky gozgalaňy basyp ýatyrandan soň, parslar Balkan Gresiýasyna ýörişe taýýarlanyp başlaýar. B.e. öňki 493-nji ýylda Dariý 1 ýegeni we giýewsi Mardoniý uly gury ýer goşuny we deňiz gämileri bilen ýörişe ugraýar. Mardoniý Gellespont geçelgesinden geçip, Frakiýanyň kenarlary bilen günbatara hereket edýär. Ýolda daýanç ýerleri döredilýär, olarda ätiýäçlyk üçin azyk we otiým jemlenilýär. Käbir frakiýa taýpalary garşylyk hem görkezýärler. Makedoniýanyň patysasy Aleksandr parslary dostlukly garşylap, olara tabyn bolýar. Emma pars gämileri Halkidikanyň günorta kenarynda Afon burnunyň ýanyna ýelende deňizde güýçli tupan başlap pars gämileri weýran bolýar, 300-den gowrak gämi heläk bolýar.

Pyýada goşuna hem frakiýalylar uly zyýan ýetirýärler. Netijede ýöriş şowsuz bolup, Mardoniý yzyna dolanmaga mejbur bolýar. B.e. öňki 492-nji ýylda Dariý I özüniň tabynlygyndaky ähli kenarýaka şäherlere gämi gurup, Kiçi Aziýanyň kenarlaryna ugratmagy buýurýar. Gresiýanyň dürli şäherlerine «ýer we suw» bermegini talap edip, pars ilçilerini iberýär. Emma Spartada pars ilçileri öldürilýär. Bu bolsa olaryň garaşsyzlyk üçin göreşjekdiklerini aňladýar. Saronik aýlagynda ýerleşýän, güýçli gämileri bolan Egina pars agalygyna tabyn bolýar. Ol Afina golaýdy we onuň duşmanydy. Soňuň üçin Afiny Spartanyň kömek bermegi bilen Eginadan göz tussag almagy başarýar we Eginany bitaraplaşdyrýar. Pars ilçilerini guýa taşlap öldüren spartalylar günäsini ýeňletmek üçin, ölümini boýnuna alan birnäçe tanymal adamlary Dariý Iiň ýanyna iberilýär, emma olar kabul edilmeýär. B.e. öňki 490-njy ýylda täze ýöriş başlanýar. Ähli goşun gämilere ýüklenýär, atlary äkitmek üçin ýörite gämiler gurulýar. Bu gezek goşuna baştutan edilip Datis we Sardyň satrapynyň ogly Aria fern bellenilýär. Olar bilen ýörişe birwagtky afinyly tiran Gippiý hem ugraýar. Gämiler Kiçi Aziýadan Egeý deňziniň adalarynyň üsti bilen Ewbeýa tarap ugraýar. Naksos adasy eýelenip, ilaty gulçulyga satylýar. Köp şäherler söweşsiz parslara tabyn bolýar. Ewbeýa adasy eýelenýär. Adada Eretriýa şäheri ugrunda söweş bolýar. Emma şäheriň goraýjylarynyň arasynda agzalalyk ýüze çykyp, dört müň afinyly kleruhlar şäherden çykyp gidýär. Parslar hüjüm edip şäheri eýeleýär. Şäher tozdurylýar, ilaty gulçulyga satylýar. Ewbeýadan Attika ugran pars gämileri Gippiniň maslahaty bilen demirgazyga Marafon düzlügine baryp düşýär. Afinylylar derrew ýörişe çykýar we Sparta çapar iberýär. Çaparyň 200 km ýoly iki günde geçeni biderek bolýar, Spartalylar gadymy dinidäbe görä, 10 günden soň ýörişe çykyp biljegini aýdýarlar. Şeýlelikde, parslaryň garşysyna afinylylaryň özleri söweşmeli bolýar. Diňe Plateýa şäherinden 1000 adam kömege gelýär. B.e. öňki 490-njy ýylyň 13-nji sentýabrynda Afinydan 40 km uzaklykdaky Marafon jülgesinde grekler bilen parslaryň ilkinji uly çaknyşygy bolup geçýär. Afiny goşuny 10000 afinyly we 1000

plateýalydan jemlenip, olara serkerde edilip Miltiad bellenilýär. Onuň uzak wagt parslar bilen bile bolanlygy üçin, olaryň uruş tilsimlerinden habary bardy. 13-nji sentýabr güni spartalylar ýörişe çykýar, parslar bolsa entek kömek gelip ýetmänkä, esasy zarba urmak maksady bilen atly goşuny gämilere ýükläp, Afiny tarapa ugradýar. Bu ýagdaý bir ýol bilen Miltiada mälim bolýar. Ol amatly pursatdan ýerlikli peýdalanýar. Atly pars goşunynyň ýoklugy grekler üçin uly ýeňillikdi. Parslaryň san taýdan agdyklygyny nazarda tutup, Miltiad goşunynyň merkezini gowşak goýup, iki gapdal goşuny güýçlendirýär. Urşujylaryna hüjüm başlan badyna aralygy ylgap geçmegi tabşyrýar, şeýdilse parslaryň atýan peýkam oklaryndan az zyýan ýetjekdi. Söweş grekleriň hüjümi bilen başlanýar. Parslar grekleriň orta toparyny bowüsýär, ýöne iki gapdaldaky esgerler parslary ýeňip. böwsüp geçen parslaryň daşyna aýlanýarlar. Şeýlelikde, parslar ysgyndan gaçyp, olaryň köpüsine gämilere münüp gaçmak başardýar, 7 sany gämi ele düşýär. Şol söweşde parslardan 6400 adam, greklerden 192 adam, şol sanda bir strateg we arhontpolemarh ölýär. Bu maglumatlarda plaleýalylar hem-de gullar hasaba alynmandyr. Gämi bilen Afiny tarapa giden goşun şähere golaýlanda Milliad hem esgerleri bilen gelip ýetişipdir. Pars gämileri Afiny şäherine hüjüm edip bilmän, yzyna dolanmaly bolupdyrlar.

Marafon söweşinden soň parslar on ýyllap Gresiýa garşy ýöriş etmeýär. Ahemeniler döwletinde içki tolgunyşyklar güýçlenýär. Müsürde, Wawilonda gozgalaňlar turýar, üstesinede b.e. öň 485-nji ýylda Dariý I aradan çykýar. Onuň ýerine tagta çykan ogly Kserkse (b.e. öňki 485-465 ý.) tolgunyşyklary ýatyrmäk üçin birnäçe ýyl gerek bolýar. Ýurdy doly eline alandan we berkleşenden soň Kserks ýene-de Gresiýa garşy ýörişe taýýarlanyp başlaýar.

**Fermopil söweşi.** Marafon söweşinden soň afinylylar parslara kömek beren grek şäherlerini jezalandyrypdyrlar. Marafon söweşiniň gahrymany Miltiad Paros adasyna garşy söweşde şowsuzlyga uçraýar we kazyýete berilýär. Kazyýet onuň hyzmatyny nazarda tutup aklaýar, ýöne

50 talant möçberde jerime tölemeli edýär. Söweşde ýaraly bolan Miltiad tiz wagtdan ölüpdir, jerimäni onuň ogly Kimon töläpdir. Bu döwürde Afinyda iň ukyply we öňdengörüji döwlet işgärleriniň biri bolan Femistokl öňe çykýar. Ol her bir işden örän gowy baş alyp çykypdyr, aýratynam öňdengörüjiligi bilen tapawutlanypdyr. Onuň başarjaňlygyna, ukybyna öz döwründe taryhçy Fukidid örän ýokary baha beripdir. Femistokl Parslar bilen geljekde urşuň boljakdygyna doly göz ýetiripdir. Femistokl Pireý portunyň düýbüni tutupdyr. Bu portuň gurulmagynyň ähmiýeti aýratyn hem Peloponnes urşy (b.e. öňki 431-404 ý.) döwründe aýdyň bolýar. Femistokl halk maslahatynyň üsti bilen altyn känlerinden gelýän girdejini gämi gurluşygy üçin sarp etmäge rugsat alýar. Netijede b.e. öň 480-nji ýylda Afinyda kuwwatly deňiz gämileri peýda bolýar. Bu döwre çenli gowy taýýarlyk gören Kserks täze ýörişiň ugryna çykýar. Ol ýörişe ugramazdan Öň güýçli diplomatik işleri ýola goýýar. Köp grek şäherleriniň söweşsiz tabyn bolmagyny gazanýar. Afinynyň özünde hem parslara tabyn bolmak meýilleri güýçlenýär. Ýokary emeldarlaryň döwlet agdarylyşygyny geçirip, parslara boýun egmek isleýän toparynyň dildüwşiginiň üsti açylýar. Şeýle ýagdaýda köp sanly grek şäherleri söweşe taýýarlanyp başlaýar. Bu gezek howpuň uludygyna göz ýeliren Sparta hem söweşe taýýarlyk görýär. B.e. öňki 481-nji ýylda merkezi Korinfde Spartanyň baştutanlygynda umumy ellin bileleşigi döredilýär. Bileleşigiň harby geňeşi döredilýär. Afinynyň kuwwatly harby gämileriniň bolmagyna garamazdan, deňizde we gury ýerde söweşe serkerdelik etmek Sparta tabşyrylýar. Haçanda Gresiýa Kserksiň ummasyz goşun bilen ýörişe ugrandygy barada habargelende, grekler ilki 10000 esgeri Fessaliýanyň serhetlerine ugradýar. Ýöne Fessaliýada we Makedoniýada grekler üçin howply ýagdaý döreýär. Şonuň üçin, Femistokl parslary demirgazyk we Orta Gresiýanyň serhedinde garşylamagy ýüregine düwýär. Grekler Fermopil geçelgesini goramagy karar edýärler. Bu ýerde dag gerişleri deňze gaty ýakyn gelýärdi we parslaryň atly goşuny üçin hereket etmäge mümkinçilik azdy. Şeýle hem

bu ýerde fokidalylar bir wagt fessaliýalylara garşy söweşde goranyş diwarlaryny gurupdy. Sparta patyşasy Leonidiň baştutanlygynda 300 spartaly, 1000 periek we bileleşigiň goşun toparlaryndan ybarat bolan 4000 adamy Fermopile iberilýär. Leonide ýolda hem urşujylar goşulyp, onuň goşuny 7200 adama ýetýär. Şeýlelikde, Leonid Fermopilde goranyş guraýar. Şol bir wagtda 271 triýerden ybarat grek floty hem Ewbeý adasynyň demirgazyk kenaryna gelýär. Afiny gämileriniň serkerdesi Femistokl agzybirligi saklamak üçin ýolbaşçylygy Ewribiada berýär. Deňizde başlanan söweşlerde parslara üstünlik gazanmak başartmaýar. Gury ýer söweşine Kserksiň özi ýolbaşçylyk edýär. Onuň az sanly grek goşunyny haýbat bilen boýun egdirjek bolmagy peýda bermeýär. Leonid beýleki dag ýodalaryny 1000 adamly Fokida esgerleri bilen bekläp, söweşe taýýar bolup durýar. Söweş başlaýar, Leonid esgerleri tiztizden çalşyp durýar we yzlyyzyna edilýän hüjümleri serpikdirýär. Ikinji günüň ahyrynda fessaliýaly bir adam parslara dag ýodalaryny görkezmegi we olary grekleriň arkasyna geçirmegi boýun alýar. Kserks gije goşunyň bir bölegini grekleriň arkasyna iberýär. Dag geçelgesini goraýan fokidalylar üstüni duýdansyz basdyrýar we çar tarapa gaçýar. Leonid bu işden bihabar galýar. Haçanda ol bu habary eşidende ýanynda spartaly, fiwyly esgerleri we meýletin galanlary alyp galyp, beýlekileri goýberýär. Şeýlelikde, grekler deň bolmadyk söweşe girýär. Leonid söweşiň başynda ölýär. San taýdan gaty az bolmagyna garamazdan, prekler gazaply garşylyk görkezýärler.

**Afiny (Delos) deňiz bileleşiginiň b.e. öňki 478-nji ýylda döredilmegi we grekpars uruşlarynyň tamamlanmagy.** Urşuň ahyrky döwürlerinde Gresiýada uly özgerişlikler bolup geçýär. Öňki urşuň gahrymanlarynyň biri Femistokl b.e. öňki 471-nji ýylda galplyk bilen gurlan ostrakizmiň netijesinde ýurtdan gaçyp gitmäge mejbur bolýar. Ol ömrüniň ahyryna çenli (465ý.) Kiçi Aziýada Kserksiň gullugynda bolýar. Kserks oňa üç şäheri dolandyrmaga beripdir. Spartaly Pawsaniniň ykbaly hem şeýleräk bolýar. Parslara garşy uruş dowam edýär. Grekler ähli

ýerden parslary kowup başlaýar. Kiçi Aziýadaky grek şäherleri azat edilýär. Olar ellin soýuzyna birigýärler. Ýöne spartalylar olary dürli ýollar bilen kemsidipdir. Ahyry soýuzdaşlaryň talap etmegi bilen goşuna ýolbaşçylyk etmek Afinyň eline geçýär. Spartaly goşunlar uruşdan çykýar. Pars agalygyndan azat bolan adalaryň we Kiçi Aziýa grek şäherleriniň birleşmeginde Delos deňiz bileleşigi emele gelýär. Bileleşikde esasy orun Afiny şäherine degişli bolupdyr. Oňa girýän döwletler 100 triýer, 10000 pyýada we 1000 ally esger saklamagy karar edýärler. Kiçiräk şäherler diňe pul töläpdir. Töleg (foros) ýygnamak işi Aristide ynanylýar. Köp grek şäherleri bileleşige zor bilen girizilipdir. B.e. öň 454-nji ýylda parslar howp salýar diýen bahana bilen bileleşigiň gaznasy Delosdan Afiny şäherine geçirilýär. Soňda gaznanyň bellibir bölegi diňe Afinynyň bähbidi üçin sarp edilip başlanýar. Oňa 1-nji Afiny deňiz bileleşigi diýlip at berilýär. Spartalylar uruşdan çykandan soň Afiny goşunyna Miltiadyň ogly Kimon ýolbaşçylyk edýär. Kimon Frakiýadan parslary kowup çykarýar. Egeý deňzinden köp adany birleşdirýär. Wizantiýany eýeleýär. Wizantiýanyň eýelenmegi bilen ioniýler ýene-de parslara garşy gozgalaňa başlaýar. Greklere jogap hökmünde parslar täze goşun ýollaýar. Parslaryň garşysyna ugran Kimon b.e. öň 469-njy ýylda Ewrimedontyň ýanynda pars gämilerini ýeňlişe sezewar edýär. Şundan soň söweş hereketleri biraz wagtlap kesilýär. Tiz wagtda Kimon hem ostrakizm kazyýetiň karary netijesinde ýurtdan kowulýar.

B.e. öňki 60-njy ýyllaryň ahyrlarynda pars agalygyna garşy baş göteren müsürlilere kömek bermek üçin Afiny öz gämilerini iberýär. Şol bir wagtda Kipr adasyndaky grek şäherlerini hem azat etmäge synanyşylýar. Müsürde gozgalaň ýeňilýär, Afiny köp gämi we adam ýitirýär. 50-nji ýyllarda Afiny şäherine dolanyp gelen Kimonyň baştulanlygynda ýene-de Kipri azat etmäge synanyşyk edilýär. Şol bir wagtda entek Nil derýasynyň deltasynda saklanýan gozgalaňçy müsürlilere kömek bermek üçin flot iberilýär. Kiprdäki Kitiý şäherine hüjüm edilende Kimon ölüm howply ýaralanýar. Yza gaýdanlarynda

Niliň boýunda Afiny floty doly ýeňilýär. Ýöne parslar ýeňşi peýdalanyp bilmeýär. Soňky söweş b.e. öňki 449-njy ýylda Kipriň Salamin şäheriniň golaýynda bolýar. Parslar ýeňilýärler. Pars patysasy Artakserks I Afiny şäherine ýaraşyk teklip edýär. Afiny bu teklibi kabul edýär we Kalliniň ýolbaşçylygyndaky topar Suzy şäherine ugraýar. Yaraşyk baglanyşylýar. Onuň şertine görä Parslar Gellesponta we Propontida
Öz gämilerini ibermezlige, Kiçi Aziýadaky grek şäherlerine pyýada üç günlük ýoldan golaýda goşun saklamazlyga borçlanýar. Afiny Kiprden el çekmäge Müsüre kömek bermezlige borçlanýar we Kiçi Aziýa şäherlerinden goşunlaryny çykarýar. Kalliý ýaraşygy Afiny Şäherine uly hormat getirmeýär. Kalliý öz hukugyny giňeldeni üçin inline tölemeli edilýär. Şeýlelik bilen, b.e. öňki 500-449-njy ýyllar aralygynda dowam eden grekpars uruşlary grekleriň doly ýeňiş gazanmagy bilen tamamlanýar.

## 7. Afiny döwletiniň ýokary göterilmegi.

**Afiny demokratiýasynyň gülläp ösmegi**. Salamin we Plateý ýeňşinden soň grekler parslar tarapyndan basylyp alnan Egeý deňzindäki adalary we Kiçi Aziýadaky şäherleri azat edip başlapdyrlar. Parslar bilen uruş alyp barmak üçin afinylylar tarapyndan döredilen deňizýaka şäher döwletleriniň harby bileleşigi **Afiny deňiz bileleşigi** adyny alypdyr. Parslara garşy uruşdan soň hem Afiny deňiz bileleşigi saklanyp galypdyr. Parsalaryň harby gämilerine Egeý deňzinde ýüzmek gadagan edilipdi. Parslardan azat bolan polislerde demokratiýa dolandyrylyşy girizilip, hä-kimlik demosyňhalkyň eline geçipdir. Demokratiýanyň iň gülläp ösen ýeri Afiny bolupdyr. Bileleşigiň agzalarynyň her ýylky töleglerinden ybarat bolan gazna hem Afinyda saklanypdyr. Harby gämä, goşuna we bileleşigiň gaznasyna hojaýynlyk eden afinylylar deňizde agalyk edipdirler. Afinylylary «deňiz hojaýynlary» diýip atlandyrypdyrlar.

Afinylylar Pireý gämi duralgasyny Afinydan 6 kilometr uzaklykda, çuň we asuda aýlagda gurupdyrlar. Ol ýerde söwda gämileriniň ýükt düşürilýän we ýüklenýän eken. Täjirler bu ýere getirilen harytlar üçin söwda gümriik salgytlaryny toläpdirler. Arheologlar halda Gresiýadan uzakda ýerleşen ýurtlardan hem b.e. öňki V asyrdaky afinyly ussalaryň öndüren önümlerini tapýarlar. Afinynyň toýun gapgaçlary has ýygy-ýygydan duş gelýär. Gresiýada bolan iň uly gul bazarlarynyň biri hem Afinyda ýerleşipdir. Gullaryň magdan çykarylýan ýerlerde işledilmegi Afiny gaznasyna köp girdeji beripdir. Afinylylar öz şäheriniň daşyna daşdan berk gala salypdyrlar we Afinydan Pireýe barýan ýoluň iki tarapyndan uruş ýagdaýy üçin gorag diwarlary salypdyrlar. Olary Uzyn diwar diýip allandyrypdyrlar. Şäheriň daşy gabalanda Uzyn diwar onuň deňiz bilen aragatnaşygyny üpjün edipdir. Pireýde iki sany harby, bir söwda gämi duralgalary bolupdyr. B.e. öňki V asyryň ortasynda Afinynyň bu suw gämi duralgalarynda ýerleşdirilen 400 triýeri ony Elladanyfl iň kuwwatly şäherine öwrüpdir. Harby gämilerde diňe Afinynyň raýatlary gulluk edipdirler. Afiny raýaty bolmak üçin hossarlaryň ikisem, ýagny alasy we enesi Afiny raýaty bolmaly eken. Afinynyň baýlygy diňe bir gala diwarlaryny gurmaga däl, eýsem ajaýyp ybadathanalary we beýleki jemgyýetçilik jaýlaryny hem-de äpet heýkelleri bina etmäge mümkinçilik beripdir. Gurluşyk daş goparylýan ýerleriň eýelerini, gurluşykçylary, daş gyrdaýjylary. daşaýjylary, senetçileri hemişelik gazanç bilen üpjün edipdir. Güýçli harby gämileriň saklanmagy gämi gurujylary, deňizçileri hem-de kürekleýjileri ýaşaýyş üçin zerur serişdeler bilen üpjün edipdir.

**Afinyda halk ýygnagy.** B.e. öňki V asyrda garyp raýatlar döwletde ähli wezipelerde diýen ýaly işlemek hukugyny gazanypdyrlar. Şol wezipeleriň ýerine ýetirilmegi üçin töleg bellenipdir. Garyplaryň birentegi şeýle tölenýän hakyň hasabyna ýaşapdyr. Afiny gul eýeçilik döwletiniň raýatlary bolmak hem hormatly, hem peýdaly bolupdyr. Afinyda ýokary häkimiýet halk ýygnagyna degişli bolupdyr. Halk ýygnagy aýda 34 gezek çagyrylýan eken. Ýygnaga, adatça, Afiny

raýatlarynyň 20 ýaşa ýeten erkek adamlarynyň birnäçe müňüsi gatnaşyp, ol açyk meýdanda geçirilipdir. Ýygnak Afinynyň we bütin deňiz soýuzynyň gaznasyna hojaýynlyk edipdir, demosyň köplügi üçin peýdaly kanunlary tassyklapdyr. Ýygnak ýokary wezipelere demosyň bähbitlerini goraýan raýatlary saýlapdyr, bir ýyllyk möhlete 10 strateg, olaryň birini el galdyryp baş strateg edip saýlapdyr, ol goşuna we harby deňiz güýçlerine ýolbasçylyk edipdir, uruş we ýaraşyk hakyndaky meseleleri çözüpdir. Bäş ýüz adamdan ybarat geňeş halk ýygnagynyň işleýşine we ähli beýleki işlere gözegçilik edipdir. Ýygnakda dilewarlar (oratorlar) çykyp gepläpdirler. Olar ara alnyp maslahatlaşylýan mesele boýunça öz tekliplerini hödürläpdirler we ýygnaga gatnaşýanlary ynandyrmaga çalşypdyrlar. Karar sesleriň köplügi esasynda kabul edilipdir. Afinylylar bije arkaly 6 müňden ybarat kazylary saýlapdyrlar. olardan işlere gözegçilik edýän 500 kazydan ybarat ybarat toparlary düzüpdirler. Kazylar gözegçilik edýän demokratiýany goraýjylar bolup çykyş edipdirler.

**Perikl.** Afinyda häkimlik demosa degişli bolupdyr. Afiny demosynyň başynda bolsa Perikl durupdyr. B.e. öňki V asyryň orta-larynda asly afinyly begzada maşgaladan bolan Perikliň Afinyda täsiri gaty uly bolupdyr. Perikl talantly, bilimli adam bolupdyr we dilewarlygy bilen şöhrat gazanypdyr. Ol söz sözlände özüni parahat we salyhatly alyp barypdyr.

B.e. öňki 443-nji ýyldan başlap halk ýygnagy Perikli 14 ýylyň dowamynda iň ýokary wezipe bolan strateglige saýlapdyr we ol öz ömrüniň ahyryna çenli Afiny döwletini dolandyrypdyr. Perikl bütin Gresiýany Afinynyň häkimiýetiniň astyna birleşdirmäge çalşypdyr. Ol käbir şäher döwletleriniň bileleşikden çykmak üçin eden synanyşyklaryny ýarag güýji bilen basyp ýatyrypdyr, bileleşigiň ýerlerinde holsa ýersiz afinylylar üçin koloniýalary esaslandyrypdyr. Perikl Afinyda jemgyýetçilik jaýlaryny gurmak hakyndaky teklibi halk ýygnagyna hödürläpdir. Ol Elladanyň iň oňat binagärlerini we

heýkeltaraşlaryny gurluşyga çekipdir. Hutonufi teklibi boýunça garyp raýatlara teatrlara gitmek üçin pul bermeklik girizilipdir. Perikliň döwründede, ondan öňem Afinyda döwlet işgärleri bije almak bilen saýlanýan eken. Iş haky tölenmänsoň garyp raýatlar hormatly iş bolsada, bije atmaklykdan ýüz öwrüpdirler. Şonuň üçin, Perikl her günki iş üçin gaznadan hak tölemekligi teklip edipdir we taryhda ilkinji gezek ony kanunlaşdyrypdyr. Perikliň dolandyran ýyllarynda Afiny Elladanyň iň bir güýçli döwleti bolup, onuň medeni merkezine öwrülipdir. Grekler Afinyda döwlet dolandyrylyşyny demokratiýa diýip atlandyrypdyrlar, bu bolsa «demosyň häkimiýeti» diýmegi aňladýar. Perikliň dolandyran ýyllarynda demokratiýa doly derejede ösüpdir. (grekleriň şäher döwletleriniň birenteginde Afiny nusgasy boýunça demokratiýa ýola goýlupdyr. Beýleki şäherlerden Afiny şäherine göçüp gelen grekler raýatlyk hukugyndan mahrum edilip, döwlete salgyt töläpdirler. Afinyly aýalgyzlaryň halk ýygnagyna gatnaşmaga hukugy bolmandyr, olar öz öýlerinden hem setandaseýranda çykypdyrlar. Gadymy grek demokratiýasy gullaryň üstünden gul eýeleriniň häkimligini, ol ýere göçüp gelenleriň üstünden Afinynyň agalygyny üpjün edipdir. Ol gul eýeçilik demokratiýasy bolupdyr. Şeýlede bolsa. gadymy dünýäniň beýleki ýurtlaryna garanda. Gresiýada erkin adamlar döwleti dolandyrmaklyga gatnaşypdyrlar. Afinyda iň köp mähelle ýygnanýan şagalaňly ýer Agora meýdany bolupdyr. lrden ol ýerde söwda dükanlaryny eltip goýýan ekenler, agşamara bolsa olary aýyrýan ekenler. Agoranyň bir tarapynda ýüzüne Afiny döwletiniň kanunlary oýulyp ýazylan daş plitalar durupdyr, halk ýygnagy hakyndaky we kazyýetde serediljek işler hakyndaky habarlar hem asylyp goýlupdyr. Afinylylar Agorada täzelikler bilen tanyşýan ekenler. Bu ýerde konsert üçin niýetlenilen uly jaýda Gresiýanyň iň gowy sazandalarydyr aýdymçylary ýaryşypdyrlar. Ýaryşlara ýygnanan köp sanly saz söýüjiler ýeňijileri kesgitläpdirler. On müňlerçe tomaşaçylar üçin her ýylda birnäçe gezek

teatr sahnalary görkezilýän eken. **Perikliň öz raýatlarynyň öňünde sözlan sözünden** (Gadymy grek taryhçysy Fukididiň kitabyndan):

*Biziň şäherimizi aýratyn adamlar dolandyrman, eýsem halk köpçüligi tarapyndan dolandyrylýar.*

*Hormatly wezipäni eýelän adamyň garyplygam. jemgyýetdäki pes derejesem zyýan etmez, eger-de şol adamyň döwlete peýda getirmäge ukyby bar bolsa.*

*Garyplyk hiç bir adam üçin peslik däldir, emma adam garyplykdan öz zähmeti bilen çykmaga ymtylmaýan bolsa, şol baryp ýatan peslikdir.*

*Goňşyň özüne ýaranyny etse, biz goňşa nägile bolup, olara gahar etmeýäris. Biz geçirimli bolýarys.*

*Biz hemmelere biziň şäherimize gelmäge, ony görmäge ygtyýar berýäris.*

*Biziň şäherimiz bütin Ellada üçin mekdepdir, biziň her birimiz durmuşyň her hili ýagdaýlaryndada özümiziň kimdigimizi ýeňillik bilen görkezip bileris.*

**Afinyda gulçulyk.** Grekpars uruşlary gutarandan soň Gresiýada gullaryň sany has hem köpelipdir. B.e. öňki V asyrda grek şäherleriniň hemmesinde gul satylýan bazarlar bolupdyr. Ol ýerlerde erkekleri, aýallary, ýetginjekleri we ýaş çagalary salypdyrlar. Guluň boýnundan ony häsiýetlendirýän ýazgy tagtajygyny asýan ekenler. Şol tagtajykda bolsa guluň ýaşy we hünäri ýazylypdyr.

Gulçulygyň ýüze çykmagynyň esasy çeşmesi uruşlar bolupdyr. Ýesir düşen esgerleri, aýallary we çagalary gyrnagagula öwrüp, bazarlarda satypdyrlar. Gulçulygyň ikinji bir çeşmesi ol hem bergidarçylyk gulçulygy bolupdyr. Karz alan adam wagtynda alan zadyny yzyna gaýtaryp bermese, onuň özüni maşgalasy bilen gulçulyga öwrer ekenler. Emma Afinyda VI asyryň başynda Solonyň özgertmeleri netijesinde bergidarçylyk gulçulygy ýatyrylypdyr. Soňdan soň erkin Afinylylary gula öwürmek gadagan edilipdir. Afinynyň kanunyna görä guly öldürmek

bolmaýan eken, emma olaryň adam hukuklary hem ykrar edilmändir. Erkinligini ýitiren gul öz adyny hem ýadyndan çykarýan eken, olara haýsy ýurtdan bolsa, şol ýurduň adyny lakam beripdirler. Mysal üçin, gul skiflerden bolsa Skif, pars bolsa Pars diýip ady tutulýar eken. Gullara maşgala edinmek gadagan eken, olar öz hünäri boýunça islän ýerinde işläp bilmändirler. Gullaryň iň agyr işledilýän ýeri magdan çykarylýan we daş goparylýan ýerler bolupdyr. Ol ýerlerde grekleriň iň garyby hem erkin bolsa işledilmändir. Magdan känlerinde işiň agyrlygyna garamazdan ýaşajyk gullaram işledilipdir. Gullar gijegündiz zähmet çekipdirler, şol zähmetleri üçin olary sähelçe zat bilen naharlaýan ekenler. Grekler gullaryň arzan zähmetini ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynda hünärmentçilikde, magdan gazyp alynýan känlerde, gurluşykda, öý hojalygynda ulanypdyrlar. Gullar diňe mülk eýeleriniň ýerlerinde däl, eýsem, daýhanlaryň melleklerinde hem işläpdirler. Sebäbi Gresiýada daýhanlar hem öz baýlyklaryna görä biriki sany gul edinipdirler. Agyr durmuş gullaryň närazylygyny döredipdir. Olar hojaýynlarynyň gurallaryny döwüpdirler, mallaryny maýyp edipdirler. Kate bolsa gozgalaň turzupdyrlar.

B.e. öňki V asyryň ortalarynda güýçli ýer titreme Sparta şäherini weýran edipdir. Spartanyň ilotlary şu ýagdaýdan peýdalanyp, gul eýeleriniň garşysyna gozgalaň turzupdyrlar. Spartalylar gullaryň gozgalaňyny öz güýçleri bilen ýatyryp bilmändirler. Gresiýanyň şäherdöwletleriniň käbirleri gullaryň gozgalaňynyň beýleki ýerlere ýaýramagyndan gorkup, spartalylara kömek edipdirler we gozgalaňy güýç bilen basyp ýatyrypdyrlar. Muňa garamazdan, ilotlaryň bir bölegi Spartany taşlap gidipdir we öz erkinligini gazanypdyr.

**Peloponnes urşunyň sebäpleri.** Afiny bilen Spartanyň arasyndaky uruş taryhda Peloponnes urşy ady bilen bellidir. Bu urşuň taryhy boýunça esasy çeşmeler gadymy grek taryhçylary Fukididiň, Ksenofontyň, Aristoteliň, Diodoryň we beýlekileriň işlerinde beýan edilipdir. Urşuň başlanmagyna alyp baran düýpli ykdysady, syýasy, sosial

sebäpleriň birnäçesi ýüze çykypdyr. Ykdysady babatda hünärmentçilik, söwda, haryt hojalygynyň ösdürilmegindäki garşylyklardan daşgary, Afiny bilen Spartanyň arasyndaky syýasy garşylyk has hem ýiti bolupdyr. Afiny Gresiýada demokratiýanyň daýa-njy hasap edilýärdi. Sparta tersine, aristokratiýa düzgünini goldaýardy. Urşuň esasy sebäbem şol dolandyryşlary bütin Gresiýada ornaşdyrmakdan ybaratdy.

B.e. öňki V asyryň 30-njy ýyllarynda Sparta bilen Afinynyň arasynda garşylyk örän ýitileşýär we urşuň başlanmagy üçin sähelçe bahana ýeterlikdi. Şeýle bahanalaryň biride afinylylaryň Megaranyň garşysyna geçiren çäresidi. Megara Spartanyň meçew bermegi bilen Afiny bileleşiginden çykýar. Afiny bolsa megaraly söwdagarlere Afinyda we onuň ýaran ýurtlarynda söwda etmegi gadagan edýän karar çykarýar. Sparta Peloponnes bileleşigini döredýär. Netijede döwletleriň ikisi hem urşa açyk taýýarlanyp başlaýar. Afinylylar şäheri Pireý porty bilen birleşdirýän ýoluň iki tarapyna uzyn diwarlary gurup gutarýarlar. Harby gämileriň gurluşy güýçlendirilýär. Uruş alyp barmak üçin ätiýaçlyk serişdeleri hem ýygnalýar.

**Urşuň başlanmagy we onuň alnyp barlyşy.** Uruş b.e. öňki 431-nji ýylda başlanýar. Peloponnes urşy iki döwre bölünýär: birinji döwri b.e. öňki 431-421-nji ýyllary, ikinji döwri b.e. öňki 415-404-nji ýyllary öz içine alýar. Araky ally ýyl ylalaşyk ýyllary hasap edilýär. Spartanyň esasy güýji pyýada goşundan ybarat bolupdyr, Afiny bolsa bar ünsüni deňiz gämileri artdyrmaklyga beripdir. Urşy Sparta başlapdyr. Sparta patysasy Arhidam II 60 müň goşun bilen Attika çozýar. Emma Perikliň maslahaty boýunça attikalylar şäher galasynda gizlenipdirler. Goşun söweşe çykmandyr. Soňdan soň Arhidam söweş elmän, yzyna gaýtmaly bolupdyr.

B.e. öňki 425-nji ýyla çenli uruş hereketlerinde Afiny üstün çykýar. Sparta ýaraşyk sorap Afina ýüz tutýar. Emma gutarnykly ýeňşe umyt baglan Afiny ony kabul etmändir. Soňdan soň uruş ýene-de üç ýyl dowam edýär, netijede Sparta kuwwatlanyp, Afinydan üstün çykypdyr.

B.e. öňki 421-nji ýylda iki tarap hem uruşdan halys ýadap, 50 ýyllyk parahatlygy saklamak üçin ylalaşyk gazanýarlar. Şertnama laýyklykda taraplar eýelän şäherlerini yzyna bermegi, ýesirleri gaýdyp bermegi, gaçgak gullary kabul etmezligi borç edinýärler.

## 8. Grekleriň nusgawy döwrüniň medeniýeti.

**Grek medeniýetiniň kemala gelmeginiň aýratynlyklary. Hatyňýazuwyň ýüze çykmagy.** Hudaýlary we gahrymanlary gelşikli, gujurly hem gözel adamlar görnüşinde göz öňüne getirmek heýkeltaraşlyk sungatyna nusgalyk bolupdyr. Hudaýlar täsin jaýlarda ýaşaýandyrlar diýen düşünje bolsa örän ajaýyp ymaratlaryň gurulmagyna ýardam edipdir. Grek ymaratçylary öz ähli başarjaňlygyny hudaýlaryň öýi hasaplanýan buthanalary kämil derejä ýetirmäge gönükdiripdirler.

B.e. öňki VI-V asyrlarda dinidäpleriň iň esasy polisiň baş hudaýynyň hormatyna geçirilýän baýramçylyklar bolupdyr. Ol Hudaýyň şekilini götermek bilen gurulýan dabaraly ýörişden başlanypdyr. Dabaraly ýöriş baş hudaýyň ybadathanasynyň işiginde sadaka niýetlenen haýwanlary gurban bermek bilen tamamlanypdyr. Soňra baýramçylyk nahary (sadaka berlen haýwanlaryň etinden taýýarlanylan) berlipdir. Ýaş sportismenleriň ýaryşlary guralypdyr. Hudaýlaryň durmuşy bilen bagly rowaýatlar esasynda sahnalar görkezilipdir. Bu çärelere raýatlaryň köpüsiniň gatnaşygy olara ählihalk häsiýetini beripdir.

B.e. öňki V asyrda polisleriň köpüsinde baş hudaýyň hormatyna geçirilýän baýramçylyga polisiň kuwwatynyň, baýlygyň we üstünlikleriniň gözden geçirilişi hökmünde garalypdyr. Olaryň dini häsiýeti birneme gowşap, jemgyýetçilik syýasy we aňyýet tarapy güýçlenipdir. Baýramçylyklarda sport ýaryşlarynyň we medeni çäreleriň orny giňelipdir. Olara ilatyň hemmesiniň taýýarlanmagy medeni döredijilige uly itergi beripdir. Afinyda onuň penakär hudaýy Afinanyň

hormatyna, ösümlikleriň we çakyryň hudaýy Dionisiň hormatyna, Zewsiň hormatyna Olimpiýa diýen ýerde geçirilýän Olimpiýa baýramçylygy, Apollonyň hormatyna Delfde geçirilýän Pifiýa baýramçylygy, Poseýdonyň hormatyna Korinfde geçirilýän Istm baýramçylygy umumygrek baýramçylygy häsiýetine eýe bolupdyr.

B.e. öňki VIV asyrlarda Grek medeniýeti Gadymy dünýäniň iň ösen medeniýetleriň birine öwrülýär. Onuň esasy aýratynlyklary dolulygy, köp görnüşliligi hem gutarnykly bolmagydyr. Grek medeniýeti şol döwrüň öňdebaryjy önümçilik usulynyň esasynda döredilipdir. Gresiýanyň gul eýeçilik ykdysadyýeti medeniýetiň ösmegi üçin zerur maddy şertleri döredipdir. Gresiýadaky mülkdarlar, kärhana eýeleri önümçiligi guramaga gösgöni gatnaşypdyrlar. Solar sebäplide umumy medeniýetiň ösmegine gyzyklanypdyrlar. Polisiň esasy ilaty orta gatlaklardan düzülipdir. Durmuşsyýasy taýdan işjeň gatlagy düzen bu topar medeni gymmatlyklary döretmäge we oňa düşünmäge oňaýly ýagdaýy döredipdir.

Medeni ösüşi boýunça Gresiýanyň hemme polisleri deň bolmandyr. Demokratik polislerde sowatlylyk giň ýaýrapdyr. Çünki demokratiýa gurluşy raýatlardan syýasy işjeňligi, düşünjeliligi, sowatlylygy, özbaşdak pikir edip bilmegi talap edipdir, bu döwlet resminamalaryna düşünmek üçin zerur bolupdyr. Resminamalary okap bilmek, oňa akyl ýetirmek we olaryň üstünde oýlanmak grek akyldarlarynyň döredijiligine möhüm itergi beripdir. Grek medeniýetiniň kemala gelmeginiň möhüm şertleriniň biride ýurduň tebigygeografiki şertleriniň aýratynlyklarydyr. Gresiýanyň tebigaty aňsat ýasamagy üpjün etmän, tersine zähmetsöýerlige iteripdir, ýaşaýşa zerur zatlary öndürmek üçin köp zähmet çekmegi, başarjaňlygy we oýlanyşykly hereket etmegi talap edipdir. Grekler keseki ýurtlarda mekan tutunan hem bolsalar, olaryň hemmesi özlerini bitewi halk diýip hasap edipdirler. Olar özlerini ellinler, öz watanyny bolsa Ellada diýip atlandyrypdyrlar. Ellinleriň umumy dili, adatlary, gadymy rowaýatlary, dini, bitewi hatýazuwy

bolupdyr. Halk ýygnaklarynda, kazyýet işlerinde yzygiderli çykyş edip durmak, syýasy we kazyýet jedellerine gatnaşmak raýatlaryň syýasy düşünjesini artdyrypdyr, dilewarlyk ussatlylygyny ösdüripdir. Kleon, Perikl, Demosfen ýaly görnükli dilewarlaryň b.e. öň VI-V asyrlarda Gresiýada öňe çykmagy ýöne ýerden däldir. Grekler b.e. öňki II müňýyllygyň aýagynda ýüze çykan gadymy hatynyýazuwyny gadymy Krit we Mikeny siwilizasiýalary ýykylandan soň ýatdan çykarypdyrlar. Olar diňe b.e. öňki IX-VIII asyrlarda rinikiýalylaryň ýazuwy bilen tanşypdyrlar, onuň esasynda hem 24 harpdan ybarat öz elipbiýini işläp taýýarlapdyrlar. Ellinler rowaýatlary we poemalary, taryhy eserleri, ylmy işleri papirus ýapraklaryndan taýýarlanan kitaplara ýazypdyrlar. Olar kitaplaryň gymmatyna düşünip, olary göçüripdirler we aýawly saklapdyrlar.

**Ylym we mekdep.** B.e. öňki VII-VI asyrlarda Egeý deňiziniň gündogar kenarlarynda ýerleşen Ioniýa welaýatynyň Milet, Galikarhas we beýleki şäherleri grek ylmynyň merkezleri bolupdyrlar. B.e. öňki grek medeniýeti gadymy dünýäniň iň ösen medeniýetleriniň birine öwrülipdir. Grekler dünýä medeniýetine uly goşant goşan halk bolupdyr. Medeni ösüşi boýunça Gresiýanyň hemme polisleri deň bolmandyr. Demokratiýa gurluşly dolandyryşy bolan polisler has oňe gidipdirler. Çünki demokratiýa gurluşly raýatlardan sowatlylygy, özbaşdak pikirlenmegi talap edipdir. Halk ýygnaklarynda çykyş edip durmak raýatlaryň syýasy düşünjesini artdyrypdyr, dilewarlyk ussatlygyny ösdüripdir. B.e. öň VIV asyrlarynda Gresiýada Perikl, Demosfen ýaly görnükli dilewarlar öňe çykypdyr. Gresiýadaky iň gowy mekdepler Afinyda bolupdyr. Öz hukuklaryny amala aşyrmak we borçlaryny berjaý etmek üçin raýatlara sowat gerek bolupdyr. Erkin grekleriň ogullary ýedi ýaşyndan başlap pedagogyň eline berlipdir (pedagok grekçeden terjime edilende çagany mekdebe äkidiji bolýar). Pedagog her gün çagany mekdebe äkidip, onuň ýazuw esbaplaryny we saz guralyny götermeli eken. Senetçileriň we daýhanlaryň çagalaryna diňe okamagy we ýazmagy öwredipdirler. Olar

ýaş wagtyndan başlap öz eneatalaryna kömek bermeli bolupdyrlar. Baý adamlaryň çagalary 18 ýaşyna çenli gimnaziýada okamagyny dowam etdiripdirler. Gimnaziýa oglanlar 12 ýaşdan berlip. ol ýerde fiziki maşklary, 15-18 ýaş aralykda bolsa harby tärleri öwrenipdirler. Mekdep söweşijileri taýýarlaýar eken, okuwçylar ylgamak, göreşmek, bökmek, disk we naýza zyňmak bilen köp meşgullanypdyrlar. Grek mekdeplerinde okuwçylar Gomeriň on müňlerçe setirden bolan «Iliada» we «Odisseýa» poemalaryny ýatdan bilýän ekenler. Okuwçylar, köplenç, ýüzüne ýukajyk mum çalnan tagtajyklara ýazypdyrlar. Ujy ýiti metal taýajyk bilen mumuň ýüzünede harplary ýazypdyrlar. Taýajygyň beýleki tarapy kütek eken, onuň bilen ýazanlaryny öçürýän ekenler. Ýaş ýigitler tans etmegi, aýdym aýlmagy, saz çalmagy öwrenipdirler. Grekler tans edip, aýdym aýdyp bilmeýän adamy bilimli hasaplamandyrlar. Mekdepde çagalara uly ýaşululary görenlerinde olar bilen hoşamaý bolmagy we köçede olara ýol bermegi okuwçylardan berk talap edipdirler. Ýalta we gulak asmaýan okuwçylara gaýyş we gamçy bilen temmi berlipdir. Gresiýada gyzlar okadylmandyr. Olara diňe öýde el işini we hojalygy ýöretmegi öwredipdirler.

Grek medeniýetiniň we sungatynyň kemala gelmegine Gresiýanyň tebigygeografik şertleri uly täsir edipdir. Ekin meýdanlarynyň azlyk etmegi köp ýerleri özleşdirmegi talap edipdir. Ýerler daşlardan arassalanypdyr, batgalyk ýerler guradylyp, ekin ýerleri açylypdyr. Gresiýanyň tebigaty deňiz bilen baglanyşyklydyr. Deňiz iýmit çeşmesi hem-de beýleki ýurtlar bilen birleşdirýän ýol bolup hyzmat edipdir. Deňizde ýüzmek batyrlygy, başarjaňlygy, ýörite bilimleri talap edipdir, Amatly gämileriň gurulmagyny çaltlandyrypdyr. Grek medeniýetiniň we sungatynyň kemala gelmegindäki şu aýratynlyklar onuň ägirt uly üstünliklere eýe bolmagyna we dünýä medeniýetine täsir etmegine ýardam edipdir.

**Gadymy grek akyldarlary.** Gadymy grek ýazyjylarynyň: Gomeriň, Gerodotyň, Demokritiň we beýlekileriň eserleri häzirki zaman

dilleriniň ählisine diýen ýaly terjime edilipdir. Grek sözleriniň köpüsi häzirki zaman dillerine giripdir, meselem: «arifmetika», «teatr», “hon”, «tragediýa», «komediýa», «taryh» we ş. m. Afinyda ýaşan beýik akyldarlaryň biride Demokrit bolupdyr. Ol tebigaty çuňňur öwrenipdir, beýleki halklaryň ylmy bilen tanşypdyr. Demokrit ilkinji bolup dünýäniň iňňän kiçijik bölejiklerden  atomlardan durýandygy hakyndaky ajaýyp pikiri öňe sürüpdir. Ol adamyň ölümi bilen ruhunyň hem ölýändigini tekrarlapdyr. Alymlaryň käbirleri bütin tebigatyň başlangyjy suw diýip hasap etseler, beýlekileri  howa, ýene birleri  ot diýip hasap edipdirler. Lukman Gippokrat Demokritiň zamanadaşy we onuň işini dowam etdiriji bolupdyr. Gippokratyň we onuň şägirtleriniň berhiz tutmak, dermanlar we kesel bejerilişi hakynda ýazan işleri lukmançylygyň ösmegine uly goşant bolupdyr.

B.e. öňki IV asyrda ýaşan alym Aristotel özüniň bilim derejesiniň giňligi bilen tapawutlanypdyr. Ol her bir ylmy aýratyn ulgama birikdirip: botanika  «ösümlik» diýen, fizika  «tebigat» diýen, syýasata »döwlet» diýen ylmy at beripdir. Olar grek sözünden gelip çykypdyr. Aristotel b.e. öň IV asyryň öňdebaryjy beýleki alymlary ýaly, Ýer şar görnüşinde bolup, dünýäniň merkezinde ýerleşýär, Gün hem-de ýyldyzlar bolsa Ýerin daşyndan aýlanýarlar diýip düşünipdir.

B.e. öňki V asyrda taryh ylmynyň düýbi tutulyp başlanypdyr. Ellinleriň kuwwatly parslardan üstün çykyp, gazanan ýeňişleriniň ýadygärligini nesillere ýetirmek üçin Gerodot grekpars uruşlarynyň taryhyny ýazypdyr. Ol diňe bir uruş hereketleri hakynda däl-de, eýsem olara gatnaşan halklaryň taryhy hakynda hem gürrüň beripdir. Gerodot öz kttabyny: «Ellinleriň we beýleki halklaryň bitiren beýik işleri mälim bolman galmasyn diýen maksat bilen şu maglumatlary ýygnady hem-de ýazdy» diýen sözler bilen başlapdyr. Gerodot öz işine maglumat ýygnamak üçin ençeme ýurtlara aýlanypdyr. Ol bolan wakalar hakynda öz görüp eşidenlerini hem-de ýerli ilatyň beren gürrüňlerini ýazypdyr. Gerodotyň «Taryhy» Gresiýada, Alynky Aziýada, Müsürde we

Türkmenistanyň ýerlerinde, ondan günortada ýaşan halklaryň gadymy taryhy baradaky möhüm çeşmeleriň biridir. Gerodotyň ylmy işlerine baryp gadymy zamanda örän ýokary baha berlenligi sebäpli oňa «Taryhyň atasy» diýip at beripdirler.

**Grek teatry we edebiýaty.** Gresiýada teatr iki ýarym müň ýyl mundan ozal döräpdir. Olar baýryň eteginde çadyr dikipdirler, oňa grek dilinde «skene» diýipdirler. Aktýorlar onuň içinde geýimlerini çalşyrýan ekenler, Soňsoňlar çadyra derek kiçeňräk jaý guryp başlapdyrlar. Oýun görkezilende oňa dekorasiýa asypdyrlar. Kendir matanyň ýüzüne çekilen biriki sany sütün ybadathanany, iki sany agaç bolsa tokaýy aňladypdyr. Tomaşaçylaryň oturýan ýerine teatron (seretmek sözünden) diýipdirler. Artistler etekdäki tegelek meýdançada oýnapdyrlar. Oýun oýnalýan ýerine orhestro diýipdirler. Onuň öňünde meýdança gurupdyrlar, oňa “orkestr” diýlipdir. Onuň üstünde aktýorlar we hor ( köpçülik bolup aýdym aýtmak) topary çykyş edýän eken. Baýryň ýapgydynda tomaşaçylar üçin agaçdan oturgyçlar edipdirler, soňsoňlar olar daşdan edilipdir.

B.e. öňki VIV asyrlaryň aýagynda teatr oýunlary açyk meýdanlarda görkezilipdir. Teatrlar ähli grek şäherlerinde diýen ýaly gur-lupdyr. Teatr grek sözünden “tomaşa görkezilýän ýer” diýmekligi aňladypdyr. Oýun bir artist bilen horuň arasyndaky gepleşik (dialog) görnüşine eýe bolupdyr. B.e. öňki V asyrda ýene-de 2 artist goşulypdyr. Indi artistleriň orny arlypdyr, horuň orny kemelipdir. Artistler ýerine ýetirýän keşbine laýyk her hili nykaplar(maska) geýipdirler. Bir artist nykabyny çalyşmak bilen biroýnuň dowamynda birnäçe keşbi ýerine ýetiripdir. Hudaýlary hem gahrymanlary oýnanlarynda artistler beýik ökjeli aýakgap geýipdirler. Grek teatry polisiň ähli raýatlaryna niýetlenipdir we olarda onlarça müň ýer bolupdyr. Afinydaky Akropolyň ýanyndaky Dionisiň teatryna 17 müň tomaşaçy ýerleşipdir. Efesdäki teatr has äpet bolup, onda 60 müň tomaşaça ýer bolupdyr. Teatr gündelik durmuşyň adaty bölegine öwrülipdir. Afinyda ýörite teatr gaznasy

döredilip, ondan döwlet ilatyň garyp gatlagyna teatra girmek üçin töleg puluny beripdir. Gadymy grek teatrlarynda oýunlar ýylda baryýogy 23 gezek görkezilip, üç günläp dowam edýän eken. Adamlar teatrda uzak gününi geçirmeli bolupdyrlar. Teatrda şahyrlar, aktýorlar we hor öz aralarynda ussatlyklary boýunça ýaryşypdyrlar. Baýramçylyk gutarandan soň tomaşaçylar tarapyndan saýlanan eminler olaryň ýeňijilerini yglan edýän ekenler. Erkek adamlar aýalgyzlaryň roluny hem ýerine ýetiripdirler. Aktýorlar her hili nykaplary geýip, öz ýerine ýetirýän keşbi laýyk gelýän: aýaly, erkegi, gahargazaby, ýalbarmagy, şadyýanlygy hem sustupesligi aňladyp bilipdirler.

**Tragediýa.** Tragediýa diýilýän söz «geçileriň aýdymy» diýmegi aňladypdyr. Ilkiilkiler ekerançylar Dionisiň hormatyna geçirilýän baýramçylyk günleri obalaryň we şäherleriň köçelerinde dabaralar gurapdyrlar. Olar Dionis hakyndaky rowaýatlary aýdym edip aýdypdyrlar, rowaýatlardan tutuş sahnalary oýnap görkezipdirler. Dionisiň hemralary bolan satirleri şekillendirip görkezmek üçin olar geçi derilerini geýipdirler. Ýygy-ýygydan şadyýan degişmeler arkaly şäheriň ýada obanyň raýatyny (graždanyny) gülkünç ýagdaýda şekillendiripdirler. Adatça, tragediýalarda hereket edýänler rowaýatlaryň gahrymanlary bolupdyrlar.

## 9. Afinyda binagärçiligiň we heýkeltaraşlyk sungatynyň ösmegi. Olimpiýa oýunlary.

**Afinyda binagärçilik we heýkeltaraşlyk sungatynyň ösmegi.** B.e. öň VI-V asyrlar Grek ymaratçylygynyň we heýkeltaraşlygynyň ýokary derejä ýeten döwri bolýar. Grek medeniýeti ol döwürde dünýä medeniýetini baýlaşdyran iň ajaýyp eserleri döredipdir. Ymaratçylygynyň ösüşi şäher gurluşynyň nazaryýeti we tejribesi bilen bagly bolupdyr. Grek şäher gurluşygy sungatynyň iň ýokary üstünligi, öňünden meýilleşdirilýän biçüwdeşäher gurmak sungaty bilen baglanyşykly bolupdyr.

Şäherleri yzygiderli ösdürmegiň esasy düzgünleri Miletli Gippodam tarapyndan işlenip düzülipdir. Gippodamyň şäherinde jaýlar biri-biri bilen gönüburç esasynda kesişýän göni köçeleriň ugrunda ýerleşipdir. Onda aýratyn şäher merkezi göz öňünde tutulyp, ol ýerde hökümet jaýlary, bazar meýdany, gezelenç etmek üçin bassyrmaly meýdança ýerleşipdir. Teatr, stadion, gimnaziýa şäheriň hökmany alamatlary bolupdyr. Şäher deňze ýakyn bolsa abadanlaşdyrylan deňiz duralgasy göz öňünde tutulypdyr. Suw geçirijiler we hapa suwy akdyryjylar gurlupdyr. Şäheriň dini we dabara merkezi Akropol bolupdyr. Ol ýerde şäheriň esasy buthanasy ýerleşipdir. Baýramçylyklarda oňa dabaraly ýöriş guralypdyr. Sadaka aýdylan mallar gurban berlipdir.

Grek ymaratçylygynyň ösüşiniň esasy görkezijisi ybadathana bolupdyr. Hudaýyň öýi hasaplanýan ybadathana iň ajaýyp desga bolupdyr. Onuň dürli-dürli görnüşlerini gurupdyrlar. Ybadathanalar sütünleriniň sanyna laýyklykda birnäçe görnüşe bölünipdir. Işik tarapy sütünli eýwanly, dört tarapy sütünli eýwanly ýada töweregi sütünli eýwan bilen gurşalan tegelek görnüşli ybadathanalary gurmak giňden ýaýrapdyr. Uly ybadathanalaryň içki gurluşy iki bölekden düzülipdir. Esasy uly otagda hudaýyň heýkeli ýerleşdirilipdir. Onuň arkasyndaky otagda buthana emlägi, käte döwlet gaznasynyň baýlygy saklanypdyr. Sütünleriň

ýokarsyndaky sütünleriň üstünde kese ýatýan naw hem-de diwarlaryň Ýokarky bölegi heýkeller bilen bezelipdir. Seýle tertipde gurlan Afinydaky Parfenon, Olimpiýadaky Zewsiň ybadathanasy grek hem dünýä ymaratçylygynyň ge-nji hazynasyna öwrülipdir. Grek ymaratçylygynyň kämil derejä ýetendiginiň ýene bir görkezijisi örän sazlaşykly ymaratlar toplumlarynyň gurulmagydyr. Olaryň içinde Afiny Akropoly, Dellidäki ybadathanalar toplumy özüniň ajaýyplygy bilen tapawutlanypdyr.

Grekler heýkeltaraşlyk sungatyndada uly üstünliklere eýe bolýar. Olar dürli ymaratlary, ylaýtada ybadathanalary dürli heýkeller bilen bezäpdirler. Ybadathananyň esasy otagyndaşäherleriň medetkäri hasaplanýan hudaýyň heýkeli ýerleşdirilipdir. Diwarlaryň ýokary böleginiň iç hem daş tarapy oýma şekiller bilen bezelipdir. Ybadathananyň girelge tarapynyň Ýokarky bölegi toparlaýyn heýkellerden doldurylypdyr. Heýkeller dürli maksatlara (dini, aňyýet, bezeg) niýetlenipdir. Heýkelleriň iň köp ýaýran görnüşi parahat oturan kuwwatly hem gelşikli hudaýyň şekili bolupdyr. B.e. öňki VIV asyr grek ussalary daşdan, agaçdan, şirmaýydan, metaldan dürli görnüşli heýkelleri ýasapdyrlar.

B.e. öňki VI-V asyrlarda ellin sungaty ýokary derejede gülläp ösüpdir. B.e. öňki V asyrda ellin sungatynyň esasy merkezi Afinyda ýerleşipdir. Grekler öz ýaşaýyş jaýlarynyň ýönekeýligine garamazdan, jaýlaryny wazalar we toýundan bişirilip ýasalan kiçeňräk heýkeljikler bilen bezemegi gowy görüpdirler. Attikada ýasalan wazalar Gresiýada iň gowy wazalar hasap edilipdir. Afinyly suratçylar wazalaryň ýüzüne öz zamanynyň ýaşaýşyndan, rowaýatlardan, Gomeriň poemalaryndan, Tragediýalardan we komediýalardan sahnalary çekipdirler. B.e. öňki V asyrda şekilleri gyzgylt toýnuň ýüzüne gara lak bilen çekipdirler. Mundan başgada şekiliň düşegini gara lak bilen reňkläp, onuň özüni tebigy reňkde taýýarlapdyrlar, olara gyzyl şekilli wazalar diýlip at berlipdir. Döwrüniň in beýik heýkeltaraşy Fidiý Afiny Akropolynyň gurluşygyna ýolbaşçylyk

edipdir. Gurulmaly Akropolyň taslamasy halk ýygnagy tarapyndan tassyklanypdyr. Akropolda gurlan binalar we heýkeller b.e. öňki V asyrda grek sungatynyň täji hasap edilýär. Grekler Afinyny öz ýurdunyň iň gözel şäheri hasaplapdyrlar. Gadymy ýazyjylaryň biri: «Eger sen Afinyny görmedik bolsaň, onda sen tentek, eger görübem oňa haýran galmadyk bolsaň, onda sen eşek, eger sen meýletinlik bilen ol ýerden giden bolsaň, onda göhert!» diýip, Afinyny wasp edipdir. Gadymy taryhçylaryň biri: "Afinyda heýkeller adamdan köp" diýipdir. Grek şäherleriniň diňe bir ybadathanalarynda däl, eýsem köçelerinde we meýdançalarynda hem heýkeller oturdylypdyr. Greklerde mermerden ýasalan heýkeller adam bedenine meňzeş reňk bilen reňklenipdir, bürünç heýkellere bolsa reňkli daşlardan göz ýasapdyrlar. Käbir agaç heýkelleriň daşyna adam bedeniniň reňkine meňzeş pil süňkünden ýasalan plastinkalar ýelmenipdir. Afiny heýkeltaraşy Mironyň döreden «Disk zyňyjy» heýkelini synlanyňda edil häziriň özünde ol dikelip, onuň çiginlek goly bat alyp, diski tizaga zyňaýjak ýaly bolup görünýär. Ellin heýkeltaraşlary hudaýlary, gahrymanlary, Öz zamandaşlaryny görmegeý adamlar keşbinde şekillendiripdirler. Heýkeltaraşlar adamyň diňe bir gözelligini däl, eýsem merdanalygyny, edermenlige taýýardygyny görkezmäge çalşypdyrlar. Gomeriň söweşýän gahrymanlaryny şekillendirmek bilen, olar Watanyň garaşsyzlygyny goran öz zamandaşlaryny şöhratlandyrypdyrlar. Ellinler öz Watanyny şöhratlandyran raýatlaryň: serkerdeleriň, şahyrlaryň, ýaryşlarda üstün çykanlaryň heýkellerini şäheriň has hormatly ýerlerinde goýupdyrlar. Daşyna daş diwarlar salnan Akropol şäheriň üstüne abanyp dur. Akropolyň girelgesiniň garşysynda aýal hudaý Afinanyň ägirt uly heýkeli oturdylypdyr. Ony Fidiý bürünçden guýupdyr. Bu heýkel Marafon söweşinde olja alnan serişdeleriň hasabyna bina edilen eken. Onuň gapdalynda aýal hudaý Afinanyň hormatyna bina edilen ägirt uly Parfenon ybadathanasy bar. Parfenonyň içinde beýikligi 12 metre barabar Afina hudaýynyň heýkeli oturdylypdyr. Ony hem heýkeltaraş Fidiý ýasapdyr. Heýkeliň ýüzi, elleriniň we aýaklarynyň daşy

pil süňkünden ýasalan plastinalar bilen örtülipdir. Aýal hudaýyň lybasy zerden taýýarlanylan eken. Baýramçylyk günleri Paifenonyň ýanynda janly öldürilip, sadaka beripdirler.

**Olimpiýa oýunlary.** Gresiýada geçirilýän baýramçylyklaryň arasynda Olimpiýa baýramçylygy ylaýtada uly meşhurlyga eýe bolupdyr. Irki döwürde ol hem esasan dini häsiýetli baýramçylyk bolupdyr. Emma VI asyrdan başlap dini dessurlar onuň açylyş däbine öwrülipdir. Onuň esasy bölegini sport ýaryşlary düzüpdir. Peloponnesiň gözel jülgesinde ýerleşen Olimpiýa meýdançasynda geçirilýän oýunlar hasda meşhur eken. Olimpiýa oýunlary Zewsiň hormatyna dört ýylda bir gezek tomus pasly geçirilip, 5 gün dowam edipdir, oýunlaryň ady hem olimpiýa meýdançasyndan gelip çykypdyr. Kolesnisalarda çapyşmak örän howply ýaryş bolupdyr. Olar aýlaw meýdanynyň daşyna 12 gezek aýlanyp çykmaly eken. Atçaparlar kolesnisanyň üstünde dik durup, atlary çapdyrýan ekenler. Ýaryşyň eminleri oýunlarda üstün çykanlary zeýtun agajynyň şahalaryndan taýýarlanylan wenoklar (ýeňijiniň boýnuna atylypdyr) bilen sylaglapdyrlar. Olimpiýa oýunlarynda grekleriň iň güýçli atletleri: ylgamak, bökmek, göreşmek, disk we naýza zyňmak boýunça ýaryşypdyrlar. Ýaş ýigitleriň ýaryşy üçin ýörite bir gün bellenipdir. Ýaryşda üstün çykana öz şäherine gaýdyp gelende, ony şäheriň bütin ilaty garşylaýan eken. Öz şäherini şöhratlandyran adamlaryň şanyna şäherinde onuň heýkelini olurdýan ekenler. Ýeňijiler salgytlardan boşadylyp, ömrüniň ahyryna çenli döwlet olary ekleýän eken. Oýunlarda ýaryşmaga ähli erkin ellinleriň hukugy bolupdyr. Ýöne oýunlara birnäçe ýyllap taýýarlanmaly bolýan eken, daýhanlaryň we senetçileriň sport bilen köp aýlap meşgullanmaga wagty bolmandyr. Soňuň üçin hem oýunlara, esasan, gurply adamlar gatnaşypdyrlar.

Aýallara Olimpiýa oýunlaryna gatnaşmak beýlede dursun, hatda olara tomaşaçy bolup stadiona barmak hem gadagan edilipdir. Zenan adamlar Olimpiýa oýunlaryna barsa oňa ölüm jezasy berlipdir.

Grekler üçin Olimpiýa mukaddes ýer hasaplanypdyr. Onuň ortarasynda äpet ybadathana bolup, onuň içinde Zewsiň ägirt uly heýkeli goýlupdyr, ony heýkeltaraş Fidiý ýasapdyr. Zewsiň ybadathanasynyň töwerekdaşynda bolsa hudaýlaryň, gahrymanlaryň hem-de oýunlarda üstün çykanlaryň heýkelleri ýerleşdirilipdir. Olimpiýa oýunlary mahalynda Gresiýada özara uruşlar togtadylýan eken. On müňlerçe adamlar arabaly, atly, pyýada Olimpiýa barýar ekenler. Oýunlara bolsa diňe bir Gresiýanyň özünden däl, eýsem koloniýalardan hem tomaşaçylar ýygnanýan eken. Olimpiýa oýunlaryna gelen müňlerçe diňleýjileriň öňünde öz eserlerini okamak üçin ýazyjylar, şahyrlar gelýän ekenler. Gerodot bu ýerde ilkinji gezek öz ýazan «Taryh» işini sesli okap beripmiş.

Grekler ýyl hasabyny ilkinji Olimpiýa oýunlarynyň bolan wagtyndan başlap ýöredip başlapdyrlar. Rowaýata görä, ilkinji Olimpiýa oýunlary b.e. öňki 776-njy ýylda bolupdyr. Ýaryşyň ilkinji gününde ýaryşa gatnaşýanlar hudaýlara sadaka berip, ýaryşlarda dogruçyl bäsleşjekdikleri barada, eminler bolsa bäsleşikler boýunça dogruçyl netije çykarjakdyklary barada kasam içipdirler. Galan üç günüň dowamynda bolsa ýaryşlar geçirilipdir. Ýaryşyň iň soňky güni ýeňijilere baýraklar gowşurylypdyr. Ýaryşlaryň köpüsi stadionda geçirilipdir.

Gresiýada olimpiýa oýunlarynda ýeňiji bolanlar üçin grek şäherlerinde oturdylan heýkeller grek ýaşlaryny terbiýelemekde uly ähmiýeti bolupdyr. Ýaş ýigitler olimpiýa oýunlaryna erjellik bilen taýýarlanypdyrlar, öz saglyklaryny berkidipdirler.

## 10. Makedoniýanyň ýokary göterilmegi. Aleksandr Makedonskiniň monarhiýasy.

**Makedoniýa patyşalygynyň ýokary göterilmegi.** Grek şäherleriniň gülläp ösüşi uzaga çekmändir. Heniz Perikliň ýaşap ýören döwründe Elladanyň üstünden agalyk etmek ugrunda grek şäherleriniň arasynda özara uruşlar başlanypdyr. Balkan ýarymadasynda kiçiräk dagly ýurt bolan Makedoniýa Gresiýanyň demirgazykgündogarynda, Egeý deňziniň demirgazykgünbatar sebitlerinde ýerleşipdir. Bu ýurt grek polislerinden has yza galyp, syýasatdan daşda durypdyr. Etniki gurluşy boýunça olar greklere ýakyn halk bolupdyr. B.e. öňki V asyra çenli Makedoniýada ýönekeý jemgyýetçilik gatnaşyklary saklanypdyr. Bularda V asyryň ahyrlarynda IV asyrda Gomer döwrüniň alamatlary saklanypdyr. Makedoniýanyň Argeadlar nesilşalygynyň patyşalary bir wagtyň özünde ýokary ruhany, kazylar hem serkerdeler bolupdyrlar. Makedoniýada urug begleriniň täsiri uly bolup, olara patyşanyň ýoldaşlarygeýtarlar diýipdirler. Urug begleriniň ellerinde uly ýerlermülkler jemlenipdir. Feopompanyň berýän maglumatlaryna görä, patyşanyň 800 geýtarlarynyň ýerleri 10 müň baý ellinleriň eýelik edýän ýerlerinden köp bolupdyr. Zerur meseleleriň hemmesini patyşa beglerden ybarat geňeş bilen çözüpdir.

B.e. öň V asyrdan başlap Makedoniýada urug gatnaşyklary dargap başlaýar, aýratyn hem grekler bilen söwda gatnaşyklarda bolan Hakdikanyň şäherlerinde bu ýagdaý bolup geçipdir. B.e. öňki V asyrda Aşaky Makedoniýanyň patyşalarynyň golastynda käbir welaýatlar birleşip başlapdyr. Makedoniýany birleşdirmek hereketi patyşasy Aleksandr I (b.e. öňki 495-450 ý.) döwründe başlanýar. Grekpars urşy ýyllarynda Makedoniýa köp sanly harby wakalaryň merkezinde bolýar. Mardoniniň we Kserksiň Gresiýa ýörişi döwründe Aleksandr parslara garşy durmaga mümkinçiligi bolmansoň parslara goşun hem azyk bermäge we olaryň agalygyny ykrar etmäge mejbur bolýar. Parslar

ýykylandan soň bolsa, Aleksandr grekler bilen ýakynlaşmak syýasatyny ýöredýär. Grek medeniýetini Makedoniýa ýaýradýar. Grek ýazyjylary bolsa Aleksandr I grek medeniýetini ýaýradyjy hökmünde ellinleriň dosty hasaplapdyrlar. Makedoniýanyň ýokary göterilmegi patyşa Perdikkiniň gyrnak aýalyndan bolan Arheleýiň (b.e. öňki 413-399 ý.) dolandyran ýyllarynda başlanýar. Fukididiň ýazmagyna görä, Arheleý özünden öňki geçen patyşalaryň 8-sinden hem köp iş bitiripdir. Ol deňze ýakyn ýerde ýurduň täze paýtagty Pellu şäherini esaslandyrýar. Ol galalary berkidip, täzelerini gurýar, harby özgertmeler geçirýär. Umuman, merkezleşdirilen döwleti gurmagyň başyny başlaýar. Soňra harby özgertme Filipp II tarapyndan tamamlanýar. Arheleý öz köşgüne grek emeldarlaryny çekipdir. Emma b.e. öň 399-njy ýylda dildüwşijiler tarapyndan öldürilen Arheleýden soň ýurtda uzaga çeken syýasy göreş başlanyp, patyşalar tagtdan agdarylypdyr.

**Filipp IIniň häkimiýet başyna gelmegi we özgerişleriň geçirilip başlanmagy.** B.e. öň IV asyryň ortalaryndan başlap ýagdaýlar üýtgäp başlapdyr. Makedoniýa patyşalygynyň tagtyna edenli hem paýhasly Filipp II (b.e. öňki 359-336 ý.) çykýar. Filipp II heniz çaga wagtynda Gresiýa düşýär. Fiwy bilen bolan uruşda Makedoniýa ýeňlişe sezewar bolup, Makedoniýanyň iň baý maşgalalarynyň çagalaryny zamunlyga bermeli edilýär, Filipp hem şolar bilen Gresiýa gitmeli bolýar. Şeýlelikde, Filipp grek medeniýeti, grek durmuşy bilen, şol sanda grek goşunynyň gurluşy bilen içgin tanyşýar.

Ýurduna dolanyp gelenden soň Filipp tagt ugrundaky syýasy göreşe gatnaşýar. Ol ilki başlarda öz ýegeni ýaşajyk Amintanyň ýanynda bolup, döwleti dolandyrýar. Soňra goşuna daýanyp, döwlet agdarylyşygyny geçirýär we patyşa diýlip yglan edilýär. Filipp II döwründe Makedoniýanyň ýerleri bir bütewi döwlete birleşdirilýär. Ol döwleti merkezleşdirmek ugrunda köp sanly özgerişleri geçirýär. Netijede Makedoniýa döwleti diňe bir grek dünýäsinde däl, eýsem uly pars döwleti bilen bäsleşip biljek iň kuwwatly döwletiň birine öwrülýär.

Filipp ilki bilen döwletiň ykdysadyýetini ösdürmäge gönükdirilen çäreleri geçirýär. Şäherleriň ykdysadyýetdäki ähmiýetiniň ýokarydygyny göz öňünde tutup, täze şäherleri esaslandyrýar we oba ilatyny şäherlere göçürýär. Täze şäherler diňe bir ykdysady ähmiýetli bolman, eýsem olar harbystrategiki ähmiýetli ýerlerde gurulýar. Filipp aýratyn hem metal känleriniň işine uly üns berýär, öz goşunyny ýaraglandyrmak üçin demir känleriniň işini ýola goýýar. Makedoniýada altyn çykýan baý ýerleriň bolmagy Filipp II-ä tylla teňňeleri zikgelemäge mümkinçilik beripdir. Netijede Filipp II her ýylda 1 müň talant altyn almagy başarýar. Bu bolsa oňa uly möçberde altyn teňňeleri zikgelemäge mümkinçilik berýär. Täze zikgelenen altyn pullar pars dariklerini bazarlardan gysyp başlapdyr we makedoniýalylara uly girdeji getiripdir. Altyn, kümüş teňňeleriň uly gaznasyny edinen Filipp II Egeý deňzindäki, Gara deňiz we bütin Ortaýer deňzinde bolýan söwda galnaşyklaryna erjel gatnaşyp başlaýar. Filipp II uly gämi gurluşygyny hem alyp barýar.

**Filipp II harby özgertmeleri.** Filipp II aýratyn hem harby işlerde uly özgerişleri geçirýär. Oňki wagtal-wagtal zerurlyk ýüze çykan wagtynda ilat ýygymyndan düzülýän goplitleriň we hakynatutma goşunyň ýerine indi hemişelik goşun döretmäge girişilýär. Makedoniýanyň hemme welaýatlaryndan erkin makedon ekerançylaryndan birnäçe ýyllyk goşuna alnypdyr, olar bilen ýörite türgenleşik işleri geçirilipdir. Her bir esgere kellä geýilýän tuwulgaşlem, tegelek galkan, gysgajyk gylyç we naýza berlipdir. Makedoniýanyň agyr ýaraglanan pyýada goşunynyň düzümi, onuň hatara düzülişi üýtgedilýär. Eger-de öňler makedon goşunyň front tarapy 1000 esgere çenli uzalyp, 12 hatardan bir bütewi falanga düzülen bolsa, Filipp II bu goşuny biri-birine ýakyn birnäçe falangalara 16 hatardan (falanga) bölüşdiripdir, bu bolsa goşunyň hereket ediş ýagdaýyny, falangalaryň söweş wagtynda täzeden düzülmegini ýeňilleşdiripdir. Falangalarda duran söweşijileriň naýzalary alty metre ýetirilip, grek goplitlerininkä garanda epesli uzaldylypdyr, bu bolsa pyýada goşunyň zarba uruş güýjüni artdyrypdyr.

Eger-de duşman hataryň ýeňsesine aýlansa, onda yzky halardaky söweşijiler yzyna öwrülip duşman bilen ýüzbeýüz uruşmaly bolupdyr. Söweş wagtynda ilkinji aýry hataryň esgerleri naýzalaryny öňündäki hatarda duranlaryň egnine goýupdyrlar. Ilkinji hatarda duran her bir söweşiji duşmana gönükdirilen alty sany naýzalar bilen gorag astyna alnypdyr. Iň oňat ýaraglanan goşun makedon begleriniňaristokratlarynyň atly goşuny bolupdyr. Goşunyň bellibir möçberi hakynatutma esgerlerden düzülipdir we oňat ýaraglandyrylypdyr. Filipp II agyr ýaraglanan atly goşunynygeýtarlary hem güýçlendiripdir. Atly goşun diňe bir goplitleriň gapdalynda esasy güýç hökmünde hereket etmän, eýsem olara özbaşdak meseläni çözmäge hem ygtyýar berlipdir. Makedon goşunynda her dürli ýarag atýan toparlar hem hereket edipdir, hüjüm edilende daş zyňyp, galalary ýumrujy gurallar bilen ýaraglandyrylypdyr.

Filipp II döwlet dolandyryş ulgamynda hem özgerişleri geçirýär. Ilki bilen ýarym garaşly knýazlyklar ýok edilýär. Makedon aristokratlarynyň köpüsi köşge çagyrylyp, olara döwlet we harby işler berlip, merkezi häkimiýete tabyn bolar ýaly edilýär. Makedon emeldarlarynyň düzümine, aşaky gatlakdan edenli hem ukyply adamlardan çekilip köpeldilýär. Has baý adamlaryň çagalaryndan özüne wepaly we zamun hökmünde ýörite harby topar düzülip. olar patyşanyň janpenakärleri bolup hyzmat edipdirler. Bu geçirilen çäreler döwlet häkimliginiň merkezleşmegini we patyşa häkimliginiň ähmiýetini galdyrypdyr.

**Filipp IIniň öldürilmegi we Aleksandryň tagla çykmagy.** Filipp II Gresiýany özüne boýun egdirip, parslaryň garşysyna ýörişe taýýarlanypdyr. Makedoniýalylar we grekler ol ýerdäki mes toprakly ýerleri we gullary, pars patyşalarynyň edil ertekilerdäki ýaly tükeniksiz baýlygyny basyp almagy ýüreklerine düwüpdirler. Garyp düşen grekler üçin Filipp IIniň goşunynda gulluk etmek özlerini eklemek üçin ýeketäk serişde bolupdyr B.e. öňki 336-njy ýylda ilkinji gezek makedon goşunlary Kiçi Aziýa geçirilýän Emma ýörişe taýýarlyk görülýän wagtynda Filipp

IIniň öz ýakyn adamlarynyň biri bolan Pawsany tarapyndan öldürilýär. Patyşanyň penakärleri ony hem şol wagt öldüripdirler. Şeýlelik bilen Filipp IIniň name üçin öldürilendigi taryhda üsti açylman galýar. Adamlar bu iş parslar tarapyndan gurnalandyr diýip, çak edipdirler. Käbir alymlar Filippiň ölümine onuň aýrylyşan aýaly Olimpiadanyň (Aleksandryň ejesi) eli bar diýip hasaplaýarlar. Ýene birleri dildüwşüklige onuň ogly Aleksandryň gatnaşan bolmagy mümkin diýip çaklaýarlar, emma ol barada hiç hili maglumat taryhy çeşmelerde ýok. Filipp öldürilenden soň makedon begleri tagty Aleksandra bermek islemändirler, emma 20 ýaşly Aleksandry goşunyň esasy bölegi goldap, ony tagta çykarýar. Ol gujurly, batyr, emma örän gaharjaň adam eken. Aleksandr özüniň ajaýyp ukyplylygy bilen tapawutlanypdyr we örän oňat bilim alypdyr. Onuň mugallymy Aristotel Afinydan çagyrylyp getirilipdir. Ol öz döwrüniň iň görnükli alymlarynyň biri bolupdyr. Aleksandryň iň gowy görýän ýazyjysy Gomer, söýgüli gahrymany bolsa Ahill bolupdyr. Aleksandr gürrüňsiz gadymy dünýäniň iň ukyply we iň beýik serkerdeleriniň biri bolýar. Aleksandryň tagta çykan döwri ýurduň in bir biynjalykly döwri bolýar. Köp şäherlerde Makedoniýanyň duşmanlary işeňňirleşip, Makedoniýa goşulan polisler yzlyyzyna bölünip aýrylyp başlaýarlar. Afinyda ýene-de Demosfen Öz täsirini ýetirip başlaýar, Filippiň ölümini şatlyk bilen garşylap, ol hudaýlara şükür edipdir. Emma Gresiýadaky toparlar jebisleşmänkäler Aleksandr Gresiýa gelipdir, Fessaliýa bilen ylalaşyk gazanýar. Korinf kongresiniň kararlaryny täzeden tassykladýar. Soňdan soň ol Makedoniýanyň demirgazyk serhedine howp salýan frakiýalylaryň garşysyna ýöriş edýär. Aleksandryň Gresiýadan gitmegi bilen, bu ýerde ýene-de Makedoniýanyň agalygyna garşy hereket başlanýar. Grekleri hemme tarapdan pars döwleti goldapdyr. Gresiýada Aleksandr ölüpdir diýen habar hem ýaýradylýar, bu bolsa Fiwyda, Peloponnes şäherlerinde gozgalaňlaryň başlanmagyny tizleşdirýär. Afinyda hem gozgalaňa taýynlyk görlüp başlanýar.

**Aleksandryň Gündogara ýörişi.** B.e. öňki 334-nji ýylda Aleksandr Makedoniýada öz goşunynyň bir bölegini yzynda gozgalaň bolanda ulanmak üçin uruşlarda şöhrat gazanan serkerdeleriň biri bolan Antipatra tabşyryp, Aziýa tarap ýörişe başlaýar. Aleksandr 30 müň pyýada we 4, 5 müň atly grekmakedon goşuny bilen Gellespontdan 60 sany harby gämiler bilen, hiç hili päsgelçiliksiz geçýär. Diodoryň ýazmagyna görä, Aleksandr Kiçi Aziýanyň kenaryndaky Troýada gäminiň üstünden ilkinji bolup öz naýzasyny ýere sa-njyp, ýere böküp düşüp, Hudaýlar maňa basylyp alnan Aziýany gowşurdy diýip, öz goşunyna ýüzlenipdir.
Kiçi Aziýada şol wagt diňe Lidiýa, Kappadokiýa we Frigiýa satraplyklarynyň goşunlary bolupdyr. Kiçi Aziýada grek hakynatutma goşunlary bilen Aleksandryň öňüni almak üçin 40 müňden köp bolmadyk goşun bilen çykýarlar. Makedon goşunlarynyň Aziýa geçmeklerine päsgel berip bilmedik pars goşunlary Propontida guýýan Granik derýasynyň kenaryny eýeläpdirler.

**Aleksandryň Müsüri basyp almagy.** Aleksandr özüne garşylyk görkezenleriň ählisini rehimsizlik bilen gyrypdyr ýada gula öwrüpdir. Uzak wagtlap, ýagny 7 aýlap gabandan soň, b.e. öňki 332-nji ýylda Finikiýadaky Tir şäherini basyp alýar, olaryň 8 müň adamy söweşde wepat bolýar, 30 müň adamy gul edip satmaga buýruk berilýär. Finikiýanyň beýleki ellinleşen şäherleri Aleksandryň häkimiýetini ykrar edipdirler. Soňdan soň Dariý Aleksandr bilen gepleşik geçirmäge synanyşýar. Ol Aleksandra ähli eýelän ýerleri bermegi teklip edýär, emma Aleksandr onuň teklibini kabul etmän. öz ýörişini dowam etdirýär. Aleksandr Müsüri hem söweşsiz eýeläpdir. Aleksandr Müsürdäki Siwa oazisinde ýerleşýän Amon hudaýynyň ybadathanasyna zyýarat edip. onda sadaka berýär. şeýdip ol Müsür ruhanylaryny öz tarapyna çekipdir. Müsür ruhanylary ony Amon hudaýynyň ogly, gadymy faraonlaryň orunlutary diýip. Müsüriň faraony diýip yglan edýärler. Aleksandryň Müsürde geçiren çäreleriniň biride Müsüriň Ortaýer deňziniň kenarynda. Nil derýasynyň deňze guýýan ýerinde Aleksandriýa (b.e. öňki 332 ý.)

şäheriniň düýbüniň tutulmagydyr. Bu şäher soňra iň uly ykdysady we medeni merkezleriň birine öwrülýär.

**Gawgamel söweşi. Wawilonyň, Suzynyň, Ekbatanynyň basylyp alynmagy. Pars patyşalygynyň synmagy.** B.e. öňki 331-nji ýylda Aleksandr Makedonskiý Müsürden Palestinanyň we Siriýanyň üsti bilen Deýa aralygyna we Wawilona tarap ugraýar. B.e. öňki 331-nji ýylyň güýzünde Assiriýanyň ýumrulan paýtagty Ninewiýanyň ýakynynda Gawgamel diýen obanyň ýanynda parslaryň ykbalyny eözen gadymyýetiň iň uly söweşleriniň biri bolup geçýär. Parslaryň patyşasy Dariý III Aleksandryň Müsürde bolan 1, 5 ýylynda öz häkimiýeti astynda bolan ähli halklardan köp sanly urşujylary ýygnapdyr. Aleksandr hem Müsürde öz goşunynyň üstüni dolduryar, emma parslaryň goşun sany makedon goşunlaryndan köp bolupdyr. Söweş atly goşunyň çaknyşygy bilen başlanypdyr. Parslaryň ýiti çalgylar berkidilen onlarça kolesnisalary duýdansyz hüjüme okdurylypdyrlar. Emma makedon atyjylary kolesnisalary sürýänleriň köpüsini gyrypdyrlar. urşujylar dessine iki ýana çekilip, aldygyna okdurylyp gelýän atlary öz hatarlarynyň arasyndan goýberipdirler. Gawgamel söweşinden soň pars goşunlarynyň garşylygy gutarnykly syndyrylýar. Dariniň indi täze goşun ýygnamaga mümkinçiligi bolmansoň ol Midiýa gaçyp gidýär. Üstün çykan makedoniýalylar duşmany yzarlap, Pars patyşalygynyň esasy şäherleri Wawilony we Suzyny eýeleýärler. Soňra bolsa Persepol şäheri hem basylyp alynýar. Bu ýerde makedoniýalylar pars patyşalarynyň ähli hazynasyny ele salýarlar. Basylyp alnan olja juda köp eken. Hazynanyň umumy möçberi 120 müň talanta barypdyr, olja alnan altyny we gymmat bahaly zatlary daşamak üçin düýeleriň birnäçe müňüsi gerek bolupdyr. Plutarh özüniň Aleksandr diýen işinde «Aleksandr ýeňişden soň Aziýanyň patyşasy diýlip yglan edilýär, ol hudaýlara uly sadaka berýär, dostlaryna baýlyk paýlaýar, öýleri berýär, köpüsine bolsa wezipe berýär» diýip ýazýar. Şeýlelik bilen, Aleksandr parslaryň agalygynyň soňuna çykýar.

**Aleksandryň Orta Aziýa ýörişi. Halk gozgalaňlary. Spitamen.** Pars patyşalygy dargan hem bolsa onuň aýryaýry welaýatlary garşylyk görkezmeklerini dowam etdiripdirler. Aleksandr Gündogara ýörişini Girkaniýa (Kaspi deňziniň günortasy) we Merkezi Aziýa dowam etdirýär. Ol Baktriýadan Sogdiana ugraýar, Oksy (Amyderýa) geçip, Marakandanyň (häzirki Samarkandyň ýerinde) üsti bilen demirgazykgündogara Yaksart (Syrderýa) derýasyna tarap ýola düşýär. Ýaksardyň ägirt uly giňişliginde skif taýpalary ýaşap, öňki pars serhetlerine mydama howp salyp durupdyrlar. Bu ýerlerde Aleksandryň goşuny örän agyr ýagdaýa düşüpdir. Bu ýerleriň halky erkin bolup, greklere diýseň gaýduwsyz garşylyk görkezipdirler. Aleksandr ýerli halk bilen aragalnaşyk saklamak üçin ýerli baýlaryň biriniň gyzyna öýlenipdir, olardan ýerli häkimleri belläpdir.

Emma ýerli begzada, hem harby serkerde Spitamen basybalyjylara garşy halk gozgalaňyna baş bolup, göreşe başlaýar. Gozgalaň b.e. öň 329-njy ýylda başlanýar, Spitamen epesli goşun ýygnaýar, oňa parahat oturan ilat hem goşulýar. Marakanda şäherinde galdyrylan grek goşunlary derbidagyn edilýär, galanlary bolsa galanyň berkitmesinde gizlenip, daşyndan kömege garaşmaly bolýarlar. Aleksandr Syrderýadaky gozgalaňy basyp ýatyryp, 3 müň pyýada, 800 adamly atly goşuny Marakanda kömege iberýär. Aleksandryň özi bolsa Eshaty Aleksandriýa şäheriniň gurluşygyna başlap, daşy 9 km bolan giňlikde gala salýar. Galada urşa ýaraman galanlary, ýesirleri hem-de ýerli we makedon goşunlaryndan isleg bildirenleri ýerleşdirýär. Arrianyň berýän maglumatyna görä, bu uly gala 20 günde salnyp tamamlanypdyr. Aleksandr başlanan gozgalaňyň möçberine göz ýetirmändir. Spitamen grekmakedon goşunynyň gelmegi bilen Marakanda şäherinden çekilipdir, grekler bolsa gozgalaňçylaryň yzyndan kowupdyrlar, emma amatly wagt gelende Spitamen garşylyklaýyn hüjüme geçipdir, grekler Arrianyň aýtmagyna görä, Zerewşan derýasynyň bir adasyna gaçyp atypdyrlar, emma bu ýerdäki skifler we Spitameniň atly goşuny olary gabap, atyp ýok

edipdirler. Spitamen ýerli halkyň goldamagy bilen ýene-de Marakanda şäherini gabaýar. Haçanda Aleksandr esasy güýçleri bilen gelende Spitamen ýene-de şäheri taşlap gidýär. Aleksandr öň skifler bilen bolan sähra uruşlaryndan netije çykaryp Spitameni yzarlamandyr, emma şäher halkynyň erkek göbeklisini uçdantutma gyrmaga buýruk berýär. Şäheriň ölüme buýrulan emeldar begleriniň 30-sy ölümden çekinmän aýdym aýdyp, ölüme barýşlaryny gören makedonlylar olaryň batyrlygyna haýran galypdyrlar diýip, Kwint Kursiý ýazypdyr. Bu gozgalaň döwründe grekmakedonlylar uly ýitgilere sezewar bolýar. Spitameniň ýörite düzülen çozujy toparlary grekmakedon goşunynyň uly ýitgilere sezewar bolmagyna getiripdir. Spitamen basybalyjylara bir gün hem ynjalyk bermändir. Aleksandr gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin bar bolan 20 müň goşunyny 5 topara bölüpdir hem-de Sogdyň içinden geçip, gabat gelen adamyny gyrypdyrlar. Grek taryhçysy Diodor Sisiliýskiniň ýazmagyna görä, «Aleksandyr gozgalaň eden sogdylary yzarlap, 120 müň adamy gyrypdyr». Netijede bu gyrgynçylykdan soň Aleksandr öz grekmakedon goşunyny saklamak üçin abat şäherler galmansoň, şäherleri dikeltmek we täzeden gurmak üçin öz serkerdeleriniň birine şäherleri dikelmäge buýruk beripdir. Bu döwürde Spitamen özüniň 600 atlysy bilen Aleksandryň arka tarapyna Baktriýa geçip, grekler bilen gahrymanlarça uruş alyp barypdyr. B.e. öň 328-nji ýylda Spitamen 3 müň goşun bilen ýene-de Sogda ýöriş edýär, söweşde iki tarapdan hem uly ýitgiler çekilýär. Soňdan soň Spitamen çöle çekilmekçi bolýar, emma sähra taýpalarynyň serdarlary dönüklik edip, onuň kellesini alypdyrlar hem-de ony Aleksandra iberipdirler. Olar şeýdip özlerine gelýän howpy sowmak isläpdirler. Spitameniň haýynlyk bilen öldürilmegi gozgalaňyň gowşamagyna alyp barýar. Aleksandr uly kynçylyk bilen gozgalaňy basyp ýatyrýar. Aleksandr b.e. öňki 328-327-nji ýylyň gyşyny Sogdyda geçirmeli bolýar. Aleksandr ýerli baýlary we zoroastrizmiň ruhanylaryny öz tarapyna çekmek üçin alyp barýan syýasatyny düýpgöter üýtgetmeli bolupdyr. Mysal üçin, b.e. öňki 327-nji ýylyň güýzünde daglarda ýerleşýän käbir

galalar alnanda, olary goraýan ýerli beglerden bolan Oksiart, Sisimitr we Horien jezalandyrylman, eýsem olaryň hemme baýlyklary gaýtarylyp berlipdir. Aleksandr ýerli baý gatlagyň wekillerini, hanlaryny, beglerini pul hem-de derbidagyn edilen gozgalaňçylaryň emlägini we ýerlerini paýlamak bilen öz tarapyna çekipdir. Aleksandr ýerli begler bilen garyndaşlyk gatnaşygyny hem açýar, ol Oksiartyň gyzy Roksana öýlenýär. Şeýlelik bilen, üç ýylyň (b.e. öňki 330-327 ýý.) dowamynda alnyp barlan uruşlaryň netijesinde Pars patyşalygynyň gündogar serhetleri Aleksandryň döwletiniň düzümine goşulýar hem-de parslaryň agalygy grekmakedonlylaryň agalygy bilen çalşylýar. Amyderýanyň sag kenary tutuşlygyna makedonlylar tarapyndan basylyp alynýar. Rowaýata görä, Aleksandr Zerewşan derýasynyň ýokary sebitlerine çenli baryp ýetipdir, onuň şeýledigini şol ýerdäki kölüň adynyň Isgender köli diýilmegi hem güwä geçýär. Diňe Horezm özüniň garaşsyzlygyny saklap bilipdir. B.e. Öň 228-227-nji ýyllarda Aleksandr Baktriýada gyşlanda. onuň ýanyna Horezm şasy Farasman 1500 atlysy bilen gelip, kolhlara we amazonkalara garşy bile ýöriş etmegi teklip edipdir diýip, grek taryhçysy Arrian ýazýar.

**Aleksandryň Hindistana ýörişi we Wawilona dolanyp gelmegi.** Pars patyşalygynyň iň gündogar serhedi Hind derýasy hasaplanypdyr. şol ýerden hem Hindistanyň ýerleri, hindi patyşalarynyň rajalaryň mülkleri başlanypdyr. Bu patyşalyklaryň özara uruşlary seýrek bolmandyr. Aleksandr hindileriň şol ýagdaýyndan hem peýdalanypdyr.

B.e. öňki 327-nji ýylyň ýazynda ýerli halklardan üsti doldurylan goşun bilen Aleksandr Hind derýasynyň bir şahasy bolan Gidasp derýasyna baryp ýetipdir. Bu ýerde Por patyşanyň mülki ýerleşipdir. Aleksandryň ilçileri Por patyşanyň ýanyna baryp. Aleksandra meýletin tabyn bolmagy duýdurypdyrlar. Por patyşa Aleksandra tabyn bolmakdan boýun gaçyrýar. Soňdan soň Aleksandr ähli güýjüni Pora garşy sürüpdir. Gandöküşikli söweşde Poruň goşuny ýeňilýär, ol köp adamsyny, pillerini we harby ýaraglaryny ýitirýär. Gürrüňlere görä makedonlar bu söweşde

70 müňe çenli ýesir alypdyrlar. Grekmakedon goşunlary ýörişi dowam etdirip. Gifasis derýasyna baryp ýetýärler. Emma Hindistanyň içki ýerlerine mundan beýläk ýöriş etmäge mümkinçilik bolmandyr. Bu ýerlerde tropik ýagynlary başlanyp, derýalar joşupdyr, ýerleri suw basypdyr. goşunyň barýan ýerlerindäki suwlar bolsa zäherli ýylanlardan dolup, esgerler heläk bolupdyr. Goşunyň sany bolsa epesli azalypdyr, ýokanç keseller ýaýrap başlapdyr, galybersede «älemi basybalyjylar» harby ýörişden halys ýadapdyrlar. Antiki taryhçylar (Arrian. Kursiý Ruf. Diodor) Aleksandryň Hindistana bolan ýörişini örän aýdyň beýan edipdirler. Mysal üçin, Diodoryň ýazan beýanlarynda «Makedonlaryň diňe az bölegi ölmän galypdyr, urşuň bolsa soňy görnenok, haçan tamamlanjagam belli däl. Uzak ýollary geçen atlaryň bolsa toýnaklary gyrlyp gutardy, sansyzsajaksyz bolan söweşlerde urşujylaryň ýaraglary küteldi. Esgerleriň hiç birinde grek eşiklerinden zat galmady, diňe hindileriň biri-birine çala çatylan hopulsopul eşikleri, basybalyjylaryň tenlerindäki ýara düşen ýerini ýapýardy. Asmandan apytupan gatyşykly dyngysyz ýagýan ýagyn 70 günläp dowam etdi» diýip ýazypdyr. Aleksandr ýörişi dowam etdirmäge öz esgerlerini ynandyrmaga çalyşýardy, dünýäni basyp alandan soň olary Makedoniýa alyp barjakdygyna wada berýär. Emma goşun ähli berilýän wadalara garamazdan, ýörişi bes etmegi talap edýär. Aleksandr Wawilona barmagy olara wada berýär. Goşun täze ýoldan, Pars patyşalygynyň günorta welaýatlarynyň üsti bilen Wawilona gitmeli edilýär. Netijede goşun gämilere mündürilip, Hind derýasynyň aşaky akymyna ugradylýar.

## 11. Ellenistik döwletleriniň döremegi.

**Aleksandryň monarhiýasynyň dargamagy.** Grekmakedon basyp alyşlary netijesinde Balkan ýarymadasyndan Hind derýasyna çenli aralykda ägirt uly döwlet emele gelipdir. Gündogaryň patyşalaryna öýkünip, Aleksandr öz daştöweregini geň galdyryjy zynat bilen gurşapdyr: onuň egineşigi gymmatbaha daşjagazlar bilen bezelipdir, kellesine bolsa täç geýipdir. Aleksandr özüni hudaý diýip hasaplamagy we aýagyna ýykylyp tagzym etmegi diňe bir ýerli halklardan däl, eýsem öz ýakyn adamlaryndan hem talap edipdir. Aleksandr öz öňünde täze uly maksatnamalary meýilleşdirýär. Ol Arabystanyň kenarlaryny barlamak. Ýewfrat derýasynda irrigasiýa gurluşyklaryny giňeltmek, çölleri suwarmak, Wawilonda, Delosda, Delude we beýleki ýerlerde äpet ybadathanalary gurmaklygy maksat edinýär. Şol şäherlerde ybadathanalaryň düýbi tutulýar. B.e. öňki 323-nji ýylda täze ýörişlere taýynlyk görlüp ýörlen wagty, heniz Nearhyň gämileri Makedoniýa ugramanka patyşanyň ölümi baradaky habar ýaýraýar. Aleksandr garaguş agyryly bolansoň tutgaýy tutup, soňdan hem ölýär. Käbir maglumatlara görä, oňa awy berlipdir hem diýilýär.

Aleksandryň şahsyýeti barada köp sanly powestler, romanlar we rowaýatlar jemlenipdir we ýazylypdyr. Ol işler Aleksandr hakynda onuň serkerdeleri Ptolemeý, Aristobul, Ruf hem-de Arrian tarapyndan ýazylan eserleriň esasynda beýan edilipdir. Aleksandr ölenden soň ýeketäk gurnalan güýç bolup, onuň goşuny galypdyr. Has demokratik pyýada goşun köp ýeňilliklere eýe bolan makedon goşunyndaky patyşanyň janpenakärlerini we pars beglerinden düzülen atly goşuny it ýigrenen ýaly ýigrenipdir. Goşun birnäçe özbaşdak bölümlerden ybarat bolup, olarda biri-biri bilen duşmançylyky bolan serkerdeler ýolbaşçylyk edipdirler. Aleksandryň egindeşleriniň içinde diri galanlardan Perdikka, Antipatr, Ptolemeý, onuň ogly Laga, Ewmen, Antigon we beýlekiler has uly abraýdan peýdalanypdyrlar, olaryň täsiri hem uly bolupdyr. Olar güýçli,

garadan gaýtmaz we şöhratparaz adamlar bolup, döwletde birinjiligi hiç kime eglişik etmegi islemändirler. Olaryň her biri özüni iň «güýçli» hasap edip, hamala Aleksandr ölüm ýassygyndaka özüniň ýüzügini we patyşalygyny oňa wesýet edenmiş, diýen gürrüňi hem ýaýradypdyrlar. Ahyrsoňunda jedelli çykyşlardan soň Aleksandryň garry egindeşi bolan Perdikka döwletiň regenti, ýagny Aleksandryň ogly ýetişýänçä onuň döwletini dolandyryjysy diýlip yglan edilýär. Patyşa diýlip, Filipp II dirikä doglan kemakyl Filipp diýlip atlandyrylýan Arridiý yglan edilýär. Patyşa derejesi Roksanadan boljak çaga hem yglan edilýär, eger-de ol oglan bolsa. Soňra Aleksandryň mirasy onuň serkerdeleriniň arasynda. onuň «mirasdarlary» grekçe diadohlaryň arasynda paýlaşylýar. Soňdan soň Aleksandryň meýidini Ptolemeý alyp, ony müsür Aleksandriýasyna äkidip, ony sarkofagda tabytda jaýlapdyr. Tiz wagtda kemakyl Filipp we Roksananyň ýaşajyk ogly Aleksandr ejesi bilen bile heläk edilýär öldürilýär. Diadohlaryň döwleti hiç bir özara baglanyşyklary bolmadyk, ýarag güýji bilen birleşdirilen ýurtlar we taýpalar bolupdyr. Soňuň üçin, olaryň arasyndaky parahat gatnaşyklar tiz bozulyp, ýene-de özara uruşlar başlapdyr.

**Selewkileriň ellinçilik döwleti.** Emele gelen ellinçilik döwletleriň içinde Özüniň ýeriniň ululygy we içki gurluşy boýunça iň çylşyrymly döwlet Selewk I (Ýeňiji) (b.e. öňki 308-280-nji ý.) tarapyndan esaslandyrylan Selewkiler döwleti bolupdyr. Selewk Aleksandryň edenli we şöhrat gazanan serkerdeleriniň biri bolupdyr. Selewk Aleksandrdan soň Hindistana garşy ýöriş edýär. Bu döwürde Hindistanda Çandragupta (grekçe Sandrakotta) ähli radjalaryň ýerlerini birleşdirip, uly Hindi patyşalygyny döredýär. Selewk Çandragupta garşy radjalaryň närazylygyny peýdalanyp, Hindistana ýöriş edip, birnäçe ýeňiş gazanýar, şol ýeňişler üçin hem hormatly ýeňiji derejäni alýar. Emma Günbatarda ýagdaýlaryň çylşyrymlaşmagy hindi patyşasy bilen ýaraşyk baglaşmaga Selewki mejbur edýär. Ylalaşyga görä Çandragupta Penjapda öz mülküni saklaýar, ondan daşary hem Gedrozini, Arahozyny we Parapamsidanyň

gündogar welaýatlaryny goşmaça alýar. Soňuň üçin, Çandragupta minnetdarlyk edip, Selewke 500 sany urşujy pilleri sylag berýär. Selewk bolsa Çandraguptanyň gyzyna öýlenip, hindiler bilen garyndaş bolýar.

**Ellinçilik Ptolemeýleriň döwleti.** Ähli ellinçilik döwletleriň içinde iň berki we kuwwatlysy Müsür patyşalygy bolup, onda b.e. öň III asyryň ahyryna çenli Ptolemeý Laganyň nesilleri Ptolemeýler ornaşypdyrlar. Müsürde Ptolemeýler nesilşalygyny Ptolemeý I Soler (b.e. öňki 305-282 ý.) esaslandyrýar. Onuň oruntutarlary döwründe Ptolemeý Fladelfiň (b.e. öňki 282-246 ý.) we Ptolemeý III Ewergetiň (b.e. öňki 246-222 ý.) dolandyran ýyllarynda Müsür öz ösüşiniň iň kuwwatly döwrüni başdan geçirýär. Müsüre Nil derýasynyň jülgesinden başgada Efiopiýa, Finikiýa, Palestina, Kipr adasy, Kiçi Aziýanyň günorta kenary we Gellespontyň käbir şäherleri giripdir. B.e. öň III asyryň ortalarynda Müsür Ortaýer deňiz sebitinde gürrüňsiz dünýä agalygyna basdeşlik edip biljek ýeketäk döwlete öwrülýär. Ellinçilik Müsür syýasy gurluşy boýunça gadymy despotiki düzgüne ýakyn bolupdyr. Ptolemeýler müsür faraonlarynyň döwlet dolandyryş guramalaryndan özlerine gereklisini alyp, täze ýagdaýlara kybapdaşlaşdyrypdyrlar. Mysal üçin. Müsür şäherleriniň dolandyryş guramalary, grekleriň şäher dolandyryş guramalary şekilinde döredilipdir. Şeýlelik bilen, Ptolemeýlere 250 ýyllap saklanmaga mümkinçilik beren güýçli harbybýurokratik dolandyryş ulgamyny döretmek başardýar. Döwleliň gaznasy Aleksandriýada ýerleşipdir. Maliýe ulgamynyň başynda baş gaznaçydioýket oturypdyr. Müsür Ptolemeýleriniň emeldarlary derejelere bölünipdir. Birinji, iň ýokary derejede «patyşanyň garyndaşlary», olaryň yzynda «patyşanyň dostlary», olardan soň ýöne «dostlary» diýilýän derejeler bolupdyr.

**Müsüriň ykdysadyýetiniň ösmegi.** Ellinçilik döwründe hem Müsüriň ykdysadyýetiniň esasyny suwarymly ekerançylyk düzüpdir. Suwaryş ulgamlary giňeldilipdir. Ýurduň girdejisini artdyrmak maksady bilen Ptolemeýleriň hemme patyşalary suw utgamyna uly üns beripdirler.

Kanal çekipdirler, batgalyklar guradylyp, Faýum oazisi özgerdilipdir. Müsüriň ähli ýerleri patyşanyňky hasap edilipdir. Emma patyşa öz ýerleriniň bir bölegini öz ýakyn adamlaryna, garyndaşlaryna bölüp beripdir. Bulardan başgada ybadathana ýerleri bolupdyr hem-de kleruhlaryň harby esgerleriň ýerleri bolup, ol ýerler patyşa tarapyndan eglişige gidilip, hyzmatlary üçin berlipdir.

## 12. Ellenizm döwrüniň medeniýeti.

**Ellinizm barada düşünje.** Täze dörän döwletlere I. G. Droýzeniň «Ellinizmiň taryhy» (1833-1843-nji ý.) atly işi çap edilenden soň, ellinçilik döwletler diýip atlandyrmak kabul edilýär. Ellinçilik döwletlere Müsürden GrekBaktriýa patyşalygyna çenli, Nubiýadan tä Bosfora çenli ägirt uly ýerler goşulýar. Ellinizm döwrüni alymlar dürlidürli kesgitleýärler. Barlagçylaryň esasy bölegi ellinizmiň başlangyjyny Aleksandryň ölümi (b.e. öňki 323-nji ý.) bilen baglanyşdyrýarlar. Beýlekileri Heroneý söweşinden (338-nji ý.) başlanýar diýip kesgitleýärler, üçünji birleri 301-nji ýylda bolan Ipse söweşinden başlanýandygyny tekrarlaýarlar. Ellinçilik döwletleriň taryhy b.e. öňki III asyrlarda rimlileriň Ortaýer deňziniň Gündogar bölegini basyp almaklary bilen tamamlanýar. Ellinçilik Selewkiler döwletiniň hökümdarlary Makedoniýadan we Gresiýadan göçüp baran adamlardan welaýatlary dolandyrýan strategleri, kazylary we häkimleri belläpdirler. Urşujylara gulluk edenleri üçin ýer beripdirler, beglere bolsa uly mülkleri bölüp beripdirler. Daýhanlar öz öndürýän önümlerinden: galladan, zygyr ýagyndan ybarat agyr salgytlary patyşa üçin tölemäge we patyşanyň, begleriň hem-de urşujylaryň ýerlerini işläp bejermäge borçly edilipdir. Ýerli ruhanylar hem patyşanyň esasy daýa-njyna öwrülipdirler. Patyşalar ybadathanalaryň ýerine we gullaryna degmändirler, şeýle bolansoň ruhanylar olary hudaýlar diýip yglan edipdirler.

Makedon we grek urşujylary Gündogarda mes toprakly ýerleri basyp alypdyrlar. Alynky Aziýa hem-de Müsüre tiz wagtdan grek we makedon söwdagärleri, senetçileri barypdyrlar. Olar söwdany öz ellerine alypdyrlar, uly ussahanalary, werfleri we täze şäherleri gurupdyrlar. Ylaýtada kerwen ýollarynyň çatrygyndaky, kenar ýakasyndaky şäherler ykdysady taýdan baýlaşypdyr we ösüpdir. Bu şäherleriň hemmesinde gul bazarlary bolupdyr, şäherlerde gullaryň sany barha köpelipdir. Ýerli ilatdan bolan gul eýeleri grekleriň dilini, däpdessurlaryny, adatlaryny kabul edipdirler. Soňuň ýaly hem grekler ýerli halklaryň medeniýetini, däpdessurlaryny kabul edip başlapdyrlar. Bu döwletlerde döwlet dolandyryş ulgamyda biri-birine täsir ýetiripdir. Grekleriň-ellinleriň medeniýetiniň binagärçilige, heýkeltaraşlyga, şekillendiriş sungatynada täsiri ýetipdir. Şonuň üçin X-IX asyr Ýewropa alymlary bu döränl täze medeniýete ellinizm medeniýeti diýip at beripdirler.

Ellinçilik döwründe grekleriň Gündogar ýurtlaryna koloniýaçylyk hereketi giň gerim alýar. Bu döwürde Gündogarda 170den gowrak grek polisleriniň şäherleri ýaly şäherler esaslandyrylýar. Emma polis gurluşly şäherler hem öz häsiýetini üýtgetlmeli bolýar. Gullary we beýleki garaşly edilen ilaty özlerine tabyn ýagdaýda saklamak üçin olara güýçli merkezleşdirilen häkimlik gerekdi. Soňuň üçin, polisler özleriniň käbir awtonomiýa ýagdaýyny saklan hem bolsalar, olar öz garaşsyzlygyny ýitirip, patyşa häkimligine tabyn bolýarlar. Köp sanly şeýle gurluşly polisler b.e. öňki III-I asyrlarda Kiçi Aziýada we Siriýada ýerleşipdir. Olar heniz Aleksandryň basybalyşlaryndan öň haryt gatnaşyklarynyň ösüşi boýunça has ýokary derejä ýetipdiler. Ellinçilik Gündogar ýurtlarynda ilatyň has gurply gatlagy polis gurluşynyň saklanmagynyň tarapdarlarydy, sebäbi polisleriň raýatlarynyň oba ilatyndan tapawutlylykda hususy ýer edinmäge hukuklary bardy. Ellinçilik döwletleriň ýerleri oba etraplaryna hora degişlidi. Horlaryňetraplaryň halky, esasan, ýerli ilatdan bolup, olar polis ilatyndan tapawutlylykda agyr töleg tölemeli edilip, agyr ýagdaýda ýaşaýardylar.

Uly döwletleriň döredilmegi, köp möçberde gullaryň getirilip durulmagy. haryt gatnaşyklarynyň mundan beýläk hem ösmegi, ýerleri gezekleşdirip ekmekligiň girizilmegi, magdan senagatynyň ösmegi, zähmet bölünişiginiň mundan beýläk ösmegi, täze şäherleriň ýüze çykmagy, tehnikanyň we ylmyň ösmegi ellinçilik döwrüniň esasy aýratynlyklary bolup, bu döwre ellinizm gündogarynyň, şeýle hem grek dünýäsiniň ösüşiniň aýratyn basgançagy diýmäge mümkinçilik berýär. Emma şunuň bilen garaşly ilatyň mundan beýläk ezilmeginiň güýçlenmegi, süýthorçylygyň güýjemegi, gutarnyksyz dowam edýän ellinçilik döwletleriň arasyndaky özara uruşlar ellinçilik döwletleriň ykdysady taýdan mundan beýläk ösüşini bökdäpdir.

Ortaýer deňziniň ellinçilik döwletleriniň taryhy jemgyýetçilik gurluşynyň bellibir döwrüni şöhlelendirýär. Bu döwletlerde hojalygyň gul eýeçilik esaslary saklanyp galýar, emma oba hojalygynda we hünärmentçilikde doly däl erkin adamlaryň, ýagny ýarym garaşly ilatyň zähmeti agdyklyk edipdir Ellinçilik jemgyýetiň syýasy gurluşy üçin bolsa, nusgawy polis gurluş bilen gadymy gündogar monarhiýa dolandyryşyň iki görnüşiniň aýratynlyklary göz öňünde tutulypdyr. Döwletiň harby ulgamynda we raýatlykdaky ýokary wezipelerde, harby ekerançylyk aristokratiýasy. patyşanyň «garyndaşlary» we «dostlary» agalyk ediji synp hökmünde öňe saýlanypdyr.

Droýzenden başlap taryhçylaryň köpüsi ellinizmi häsiýetlendirenlerinde, esasan, medeniýetiň ösüşine ähmiýet beripdirler. Elbetde. ellinçilik döwründe medeniýetiň goşulyşmagynyň ähmiýeti uly bolupdyr. Ellinçilik döwründe umumy grek dilikoýne emele gelipdir, ylym we tehnika epesli derejede öňe gidipdir. Emma diňe medeni ösüşi bu döwrüň esasy aýratynlygydyr diýen pikiri öňe sürýän taryhçylar bu meselä birtaraplaýyn çemeleşip. onuň syýasy tarapyny ýatdan çykarypdyrlar. Sebäbi ellinçilik döwür antiki döwrüň sosialykdysady we syýasy ösüşiniň täze kanunalaýyk basgançagy bolup. gadymy jemgyýetiň täze taryhy döwürdäki ösüşini aňladýar. Şol bir wagtda ellinizmde diňe

bir grek medeniýetiniň gündogar halklarynyň içinde ýaýramagyny görmeli däl-de, eýsem gündogar halklarynyň medeniýetiniň hem greklere ýetiren täsirini ýatdan çykarmaly däl. Ellinizm medeniýeti iki medeniýetiň, grek hem gündogar medeniýetleriniň sintezi bolup durýar. Bu medeniýetiň ýüze çykmagy, krizise düşen grek polisleriniň özara uruşlarynyň netijesinde syýasy we medeni taýdan mundan beýläk öňe gitmäge mümkinçiliklerden kesilmegi, bütewi grek döwletiniň bolmazlygy, beýleki tarapdan Gündogaryň yzagalak jemgyýetçilik gurluşynyň dargap başlamagy netijesinde emele gelýär. Ellinizm halklaryň dini garaýyşlarynada täsir etmän durmandyr. Mysal üçin, Müsürde ellinleşdirilen Serapis hudaýy ýüze çykýar ýada GrekBaktriýa patyşalygynda asly grek Menandr (b.e. öňki 165-130-njy ý.) buddizmi kabul edip, onuň wagyzçylarynyň biri bolupdyr. Grek medeniýeti Gündogar halklarynyň arasynda ilki bilen agalyk ediji ýokarky gatlagyň arasynda ýaýrapdyr, emma ilatyň esasy köpçüligi bolan aşaky gatlak hemişekileri ýaly öňki medeniýetine we öňden gelýän dinineynançlaryna wepaly bolup galypdyr. Ellinleşen patyşalar gadymy gündogar despotiýasyna mahsus häsiýetleri kabul edipdirler. Olar iň iri ýer eýeleri bolup, olaryň ýerlerinde köp sanly gullar işledilipdir. Patyşalaryň daşyny grekmakedon we pars gullukçy begler gurşap alypdyr. Indi haýsy halka degişliligine garamazdan grek dilinde sözleýän bilimli her bir adam ellin hasaplanypdyr. Gullukçy ellinlerden bolan adamlaryň hemmesi öz ellerinde uly ýerleri we köp sanly gullary saklapdyrlar.

**Aleksandriýa şäheri. Faros maýagy.** Müsür patyşalygynyň paýtagty Aleksandriýa Ortaýer deňziniň kenar ýakasyndaky şäherleriň iň ululарynyň biri bolupdyr. Ony Aleksandr Nil derýasynyň deltasynda esaslandyrypdyr. Bu ýere Nil derýasy bilen Müsürden galla we papirus, Nubiýadan altyn we pil süňküni getiripdirler. Söwdagärler Nil derýasy bilen Gyzyl deňzi birleşdirýän kanal arkaly uzakdaky Hindistan bilen söwda gatnaşyklaryny alyp barypdyrlar.

Şäheriň alkymyndaky Faros adasynda beýikligi 140 metre ýetýän maýak gurlupdyr. Ol Heopsyň (146.6 m.) piramidasynyň beýikliginden sähelçe pes bolupdyr. Aleksandriýa maýagynyň ähmiýeti uly bolupdyr. Deňziň kenarlary ýalpak, suwuň aşagynda bolsa uly dag gerişleri bolupdyr. Maýak şol päsgelçiliklerden geçmek üçin. deňizden gelýän gämilere duralga nireden girmelidigini görkezýän eken. Gijelerine uly ot ýakylyp, onuň şöhlesi ýagty demre düşüp, deňzi ýagtyldýan eken. Bu maýak harby gala hökmünde ulanylypdyr, onuň beýiliginden deňiz uzaklyklaryna seredilipdir. Grekler ony dünýäniň ýedi täsinlikleriniň biri hasaplapdyrlar. Müsüre basga ýerlerden gurluşyk agaçlaryny, kümüş, her hili reňkleri, gymmat bahaly çakyr getiripdirler. Müsürden bolsa däne, papirus, pil süňklerini, inçeden edilen nepis matalary, çüýşeden edilen her hili gapgaçlary äkidipdirler. Şäheriň bazarlarynda dürli ýurtlardan getirilýän harytlar satylypdyr. Aleksandriýa şäheriniň daş düşelen göni köçeleri, teatry, kaşaň salnan patyşa köşkleri, gimnaziýalary bolupdyr.

**Ellinçilik. Müsüriň alymlary.** B.e. öňki III-I asyrlarda ellinçilik döwletlerde ylym ösüpdir. Aleksandriýanyň kitaphanasynda Gresiýadan we Gündogar ýurtlaryndan getirilen ylmy eserleriň, papirusyň we pergamentiň ýüzüne ýazylan golýazmalaryň 700 müňe golaýy saklanýar. Pergament göläniň ýada guzynyň iki tarapy hem şyrtakyr edilip oňat eýlenen derisidir. Kiçi Aziýadaky ellinçilik Pergam şäheri pergament önümçiliginiň merkezi bolupdyr, soňuň üçin hem oňa pergament diýip at beripdirler. Pergament gaty berk, emma örän gymmat eken. Bir uly kitap çykarmak üçin bir süri göleleriň derisini harçlamaly bolupdyr. B.e. öňki III asyrda Aleksandriýada uly muzeý açylypdyr. Ol bütin Ortaýer deňiz sebitinde iň uly ylmy merkezleriň biri hasaplanypdyr. Muzeý sözi «hudaýlaryň (muzalaryň) ýaşaýan ýeri» diýmekligi aňladypdyr. Muzalar kimlerkä? Grek rowaýatlarynda olar dokuz sany aýal doganlarhudaýlar eken. Olar sungatyň, ylmyň we edebiýatyň penakäri hasaplanypdyr. Muzeýde meşhur alymlaryň, şahyrlaryň bir topary işläpdirler. Geometriýaçy Ewklid, görnükli grek alymy Arhimed we beýleki alymlar

Müsür patyşasynyň çagyrmagy bilen özlerini we Aleksandriýa şäherini şöhratlandyrmak üçin gelipdirler. Olara mugt jaý, nahar, ylmy iş etmek üçin ýörite otag beripdirler. Alymlar we şahyrlar özara duşuşyp, ylmy açyşlary bilen biri-birini tanyşdyrypdyrlar. Mysal üçin, Aristarh Samosskiý taryhda ilkinji bolup Ýeriň Günüň daşyndan aýlanýandygy baradaky çaklamasyny aýdypdyr. Geograf Eratosfen bolsa ýer şarynyň daşyna aýlanyp boljagyny öňünden aýdyp bilipdir. Ewklid matemtika ylmynyň ösmegi üçin uly işleri edipdir. Onuň ady belli «Başlangyç» atly kitaby müň ýyllap diýen ýaly geometriýadan okuw kitaby bolupdyr. Şöhrat gazanan alym hemme zatdan beter bilime uly ähmiýet beripdir. Ylym almak üçin ýeňil ýoluň ýoklugyny belläpdir. Bir gezek patyşa Ewklidi ýanyna çagyryp, «Size geometriýadan hemmelerden oňat baş çykarýarsyňyz diýýärler. Men Müsüriň patyşasy, şu ylmy öwrenesim gelýär, emma meniň wagtym ýok, meniň egnimde döwlet aladalary ýalyr. Çaltrak maňa şu ylmy öwrediň!» diýipdir. Ewklid oňa «Wah, hökümdarym! Geometriýa ylmyna patyşalaryň ýoly ýokda»! diýip, jogap beripdir. Aleksandriýada asman ýyldyzlaryna gözegçilik edilýän obserwatoriýa merkezi we uly kitaphana bolupdyr. Bu ýerde astronomlar we geograflar ýer şarynyň töwereginiň möçberini hasaplap çykarypdyrlar. Olar gadymy müsürlileriň we wawilonlylaryň ylmy gazananlaryndan peýdalanyp, ýylyň dowamlylygynyň diňe bir sagadyny däl, eýsem minutyna çenli hasaplapdyrlar.

Şeýlelik bilen, ellinçilik diýlip atlandyrylýan döwletleriň ýaşan döwründe (b.e. öňki IV asyryň ahyrlary b.e. öňki 30-njy ýyllary), Günbataryň we Gündogaryň ylmybilimleriniň birleşmegi bolup geçýär. Bu döwürde deňizde ýüzmegiň we gurluşygyň ösmegi matematikanyň, tebigat bilimleriniň, geografiýanyň hem-de astronomiýanyň ösmegine uly ýol açylypdyr.

Gadymy kitaphanalaryň taryhyndan Bir gezek Müsür patyşasy Ptolemeý ady belli ýazyjylaryň golýazmalarynyň nusgasyny göçürmegi afinylylardan haýyş edipdir. Afinylylar Eshilyň we Sofoklyň

golýazmalarynyň ykbalyndan gorkup. şol işler üçin ummasyz köp (500 kg kümüş) girew goýmaklygy talap edipdirler. Ptolemeý bermeli puly berip, golýazmalary alypdyr we olary hat göçürijilere bermän, eýsem ömürlik saklamak üçin Aleksandriýa kitaphanasyna tabşyrypdyr. Patyşa golýazmalary yzyna bereninden aldawçy bolanyny we öz kümüşlerini ýitirenini kem görmändir.

Aleksandriýa şäheriniň kitaphanasy bilen birlikde Kiçi Aziýadaky Pergam şäheriniň kitaphanasy hem dünýä belli kitaphanalara öwrülipdir. Müsür patysasy bu kitaphananyň barha artýan şöhratyny görüp. Pergama papirus kagyzyny çykarmagy gadagan edipdir. Soňdan soň b.e. öňki II asyrda Pergamda ýaşajyk mallaryň dersinden hat ýazar ýaly gön işlemegi ýola goýupdyrlar. Hat ýazar ýaly bu önüme soňra pergament ady dakylypdyr. Pergamenliň köp ýurtlara ýaýramagy bilen. ol papirusyň ýerini tutupdyr.

Ýygy-ýygydan bolup duran uruşlar we halk gozgalaňlary olary gowşadypdyr. Ortaýer deňziniň gündogaryndaky grekmakedonellinçilik döwletlerini gowşadypdyr. Göräýmäge kuwwatly döwletler hasap edilsede, bu döwletler gowşak döwlet bolupdyrlar. Soňuň üçin olar özlerine Günbatardan howp salýan täze basybalyjylara  rimlilere garşy durup bilmändirler.

## 13. Gadymy Italiýanyň tebigaty we ilaty. Iň gadymy Rim.

**Gadymy Italiýanyň tebigaty we ilaty.** Ortaýer deňzinde Balkan ýarymadasyndan günbatarda Apennin ýarymadasy ýerleşýär. Bu ýarymadanyň demirgazygyndan günortasyna çenli Apennin diýlip atlandyrylýan daglar uzalyp gidýär. Gresiýanyň gaýaly daglaryna garanyňda Apennin daglary has ýapgyt we geçilmesi has aňsatdyr. Daglar bilen deňziň arasynda düz kenar ýakalary ýaýlyp ýatyr. Ýarymadanyň orta böleginden Tibr derýasy akyp geçýär. Bu derýa öz gözbaşyny daglardan alyp gaýdýar we pes düzlüklerden akyp, deňze guýýar. Apennin ýarymadasynda demriň. mis magdanynyň, gurluşyk daşynyň. ýokary hilli toýnuň känleri köpdür. Grekler Italiýa gelip görenlerinde bu ýerleriň ösümliklere baýlygyna we dowarlaryň köplügine haýran galypdyrlar. Olar ýarymadanyň günorta bölegini Witulus «göleleriň ýurdy» diýip atlandyrypdyrlar. Soňdan hem Witaltýa ýada Italiýa ady gelip çykypdyr. Soň soňlar wagtyň geçmegi bilen bu at tutuş ýarymada degişli bolup galypdyr. Italiýanyň demirgazygyndaky belent Alp daglary ýarymadany sowuk demirgazyk şemalyndan gorapdyr. soňuň üçin bu ýeriň maýyl howasy bar.

Italiýa 3 bölekden ybarat:

- Günorta Italiýa we Sisiliýa adasy;
- Orta Italiýa;
- Demirgazyk Italiýa.

Italiýanyň Günbatarynda Liguriý we Tirren deňizleri, gündogarynda Adriatik deňzi, günortasynda Ion deňzi bar. Ýarymadanyň günorta çetinde uly Sisiliýa adasy ýerleşýär. Sisiliýanyň howasy ýarymadanyňka garanyňda has maýyl bolup, ösümlik dünýäsi has baýdyr. Klimaty ýumşak, ýyly, günorta bölegi yssy. Ygal ýeterlik derejede düşýär. Ösümlik we haýwanat dünýäsi baý. Emma ekerançylyk bilen meşgullanmaga amatly däl. Ilkinji adamlar bu ýerde neolit döwründe

peýda bolupdyrlar. Apennin ýarymadasynyň iň gadymy ilaty: likurlar Italiýada, Sisiliýadasekanlar. Korsikada korslar. Sardiniýada sardlar ýasapdyrlar. Soňra bu ýerlere gündogardan täze halklaryň gelmegi bilen wenetler, ýapigler, messanlar döreýär. Mundan başgada osklar, umbrlar, italikler, etrusklar we latinler ýaşapdyr. B.e. öňki X asyrda Italiýada demir asyrynyň başlanmagy bilen ösen medeni ojaklar peýda bolup, Willanowa, Etrusk medeniýetleri ýüze çykypdyr. Bular ekerançylyk bilen meşgul bolup, bürünç, demir zähmet gurallary we hojalyk serişdeleri ýasapdyrlar. Grek hatynyň esasynda öz hatlaryny döredipdirler.

**Rim şäheriniň döremegi.** Rimiň haçan we nähili dörändigi barada italýan grekleri dürli rowaýatlary döredipdirler. Şol rowaýatlar esasynda grek taryhçylary Rimiň döreýşini ýazypdyrlar. Gadymy zamanlarda Tibr derýasynyň çep kenar ýakalarynda lalyn taýpalary ýasapdyrlar. Rowaýata görä, olaryň şäherini Numitor patyşa dolandyrypdyr. Emma onuň kiçi dogany Numitordan häkimligi basyp alypdyr, onuň gyzy Reýa Silwiýany bolsa zorluk bilen westalka, ýagny ot hudaýyna we öý ojagynyň hudaýy Westanyň gullukçysyna öwrüpdir. Soňdan beýläk ýaş gyz Westa buthanasynda ýaşapdyr. Beýleki Westal gyzlary ýaly oňa durmuşa çykmak we çaga edinmek gadagan edilipdir. Emma birnäçe wagtdan soň Reýanyň iki sany ogly bolupdyr. Reýa çagalaryň atasynyň hut ot hudaýy Marsdygyny aýdypdyr. Bu habary eşiden patyşa Amuliý ekizleri Tibr derýasynda gark etmegi, olaryň ejesini bolsa zyndana atmagy buýrupdyr. Hyzmatkärler çagalary bir sebede salyp, derýanyň pes ýerine taşlap gaýdypdyrlar. Emma sebet bir agajyň şahasyna ilteşip suwa batmandyr. Ekiz çagalaryň aglaşýan seslerine bir ene möjek gelipdir. Ol çagalary ýalaşdyryp öz süýdi bilen olary naharlapdyr. Tiz wagtdan soň çopanlaryň biri çagaly sebedi görüp, öýüne getiri. Çopan we onuň aýaly çagalara Romul we Rem atlaryny dakypdyr we olary gaýduwsyz we batyr adamlar edip terbiýeläpdirler. Ekizler köp ýyllaryň dowamynda çopanlaryň we awçylaryň arasynda ýasapdyrlar. Haçanda olar özleri baradaky syry bilenlerinden soň patyşadan arlaryny

almagy niýet edipdirler. Bir gün bolsa olar öz dostlaryny ýaraglandyryp, patyşanyň köşgüne giripdirler we Amuliý patyşany öldüripdirler. Patyşalyk häkimligini öz atalaryna gaýtaryp berenlerinden soň ekizler özlerini möjegiň naharlan ýerinde täze şäheriň düýbüni tutmagy meýilleşdiripdirler. Emma doganlar bir gün tersleşipdirler. Rem derýanyň kenaryndaky depäni şäher salmak üçin saýlap alypdyr. Romul bolsa başga ýerde şäheriň düýbüni tutupdyr we şäheriň daşyna goranyş diwaryny gurup başlapdyr. Rem Romulyň üstünden gülmek üçin galanyň üstünden böküp geçipdir. Gahary gelen Romul Remi urupdyr we ol ölüpdir. Romul şäheri gurupdyr we oňa öz adyny dakypdyr. Rim  latynça Roma diýmekligi aňladýar.

Romul Rimiň birinji patyşasy bolupdyr. Patyşa köpçülige çykanda oňat keşdelenen eşikde, elinde bürgüdiň şekili bilen bezelen tokmakly çykypdyr. Patyşanyň ýanynda mydama 12 adamdan ybarat penakärler bolupdyr. Olara liklorlar diýipdirler. Liklorlaryň egninde daňlan çybyklar bolup. oňa palta oturdypdyrlar. Patyşa günälenen rimlini jezalandyryp, agyr günä edenleriň bolsa kellesini çapmagy buýrup bilipdir. Rim şäheri Tibr derýasynyň aşaky akymyndan, takmynan, 25 kilometr uzaklykda, baýryň üstünde döräpdir. Rowaýatlara görä, şäheriň düýbi b.e. öň VIII asyryň ortalarynda tutulypdyr. Rimliler ekizler hakyndaky rowaýata ynanypdyrlar we şäheri esaslandyryjylaryň Mars hudaýynyň ogullarydygyna buýsanypdyrlar. Emma Rimde geçirilen arheologik gazuwagtaryş işleri netijesinde şäheriň birbada emele gelmändigi alymlar tarapyndan subut edildi. Şäheriň emele gelen ýyly hasaplanýan b.e. öňki 753-nji ýyldan has öň Tibr derýasynyň çep kenarynda birnäçe obajyklar bolupdyr. Wagtyň geçmegi bilen bu obalar birleşipdirler. Olaryň ýaşaýjylary bilelikde depeleriň arasyndaky batgalyklary guradyp, umumy berkitmeleri gurupdyrlar we bilelikde hökiimdarlary saýlapdyrlar. Netijede Palatin, Kapitoliý, Seliý, Kwirinal, Wiminal, Ekswinil we Awentin depeleriniň obalary birleşip Rim şäheri emele gelipdir. Gadymy Rimiň ýaşaýjylary şäheriň eteginde ekin meýdanlarynda arpa, bugdaý,

üzüm ösdürip ýetişdiripdirler. Olar iri şahly mallary, doňuzlary, atlary we eşekleri idedipdirler. Gadymy rimliler demir ussaçylygy, dokmaçylyk we küýze önümlerini taýýarlamak bilen hem meşgullanypdyrlar. Belent Kapitoliý baýrynyň üstünde gala salypdyrlar. Ilat duşmanlar çozanlarynda onuň içinde gizlenipdir. Rimliler baýyrlaryň arasyndaky batgalyk ýerleri çalykdyryp, ol ýerlerde bazar meýdançasyny gurupdyrlar we oňa latynça forum diýlipdir. Forumyň özünde we oňa barýan köçelerde zähmet gurallaryny ýasaýan, ýarag ýasaýan demirçi ussalar, aýakgap tikýän ussalar we beýleki senetçiler işläpdirler. Wagtyň geçmegi bilen Rim şäheriniň çäkleri ösüpdir we ulalypdyr. B.e. öňki VI asyrda Rim ýedi depäniň üstünde ýerleşip, köp adamly şahere öwrülipdir.

**Hudaýlar we mifler.** Rimliler samnitleriň öküze çokunyşlary ýaly Kapitoliýdäki Romuly we Remi emdiren möjege seždе edipdirler. Rimliler hem beýleki halklar ýaly irki döwürde tebigatyň dürli güýçlerine, ýere, suwa, oda uýupdyrlar. Ilkbaşlarda rimlileriň hudaýlarynyň jynsy hem. sypaty hem, sany hem gaty bir takyk bolmandyr. Pales ady ilkibaşlarda hudaý hasaplanypdyr (çopanlaryň hudaýy). Onuň hormatyna ýörite baýramçylyk geçirilipdir. Rimlilerde tokaýy we mal bakylýan öri meýdanlary şöhlelendirýän Fawn we Fawna (Faunali) baýramçylygy ýüze çykypdyr. Şeýlede üzümdarçylygyň we şerabyň hudaýlary bolan Liber we Libera baýramçylygy bellenipdir. Rimlilerde taýpa hudaýlary hem bolupdyr. Mysal üçin, latynlaryň hudaýlaryÝupiter we Mars hudaýlary, sabinleriň hudaýy Kliwirin bolupdyr. Rimde raýatlyk jemgyýetiniň kem-kemden ösmegi bilen Ýupiter, Mars we Kliwirin hudaýlary umumy Rim hudaýlary derejesine göterilipdir. Olar uruş hudaýlary hem hasaplanylypdyr. Söwdanyň ösmegi bilen Merkuriý hudaýy hem ýüze çykypdyr. Rimiň şäher gönüşine geçmegi bilen bu ýerde buthanalar salnypdyr. Latyn şäherleriniň ählisinde Westa aýal hudaýyna uly normal goýupdyrlar. Bu hudaýa gulluk etmek üçin on ýaşlyja gyzlary saýlapdyrlar. Olara westa gyzlary diýip at beripdirler. Olar Westa aýal hudaýynyň ýerdäki gullukçylary hem-de öý ojagynyň

goragçylary hasaplanypdyrlar. Il arasynda westa gullukçy gyzlary uly abraýdan peýdalanypdyrlar. Emma olar üçin berk tertipdüzgün girizilip, otuz ýylyň dowamynda olara durmuşa çykmak we maşgala gurmak gadagan edilipdir. Tertipdüzgünler berjaý edilmedik ýagdaýynda olara jeza berlipdir. Diňe Westa aýal hudaýyna otuz ýyl gulluk edeninden soň durmuşa çykmak we maşgala gurmak rugsat berlipdir. Uruş hudaýy Mars Rimiň hemaýatkäri hasaplanypdyr. Bu hudaýyň keramatly haýwany möjek bolupdyr. Gyşyň aýazynyň sowulmagy bilen latynlar ýazyň ilkinji aýyny Mars hudaýynyň hormatyna atlandyryp, uly baýramçylyk gurapdyrlar. Şäheriň etegindäki Mars meýdançasynda baýramçylyk mynasybetli dürli oýunlary geçiripdirler. Bu hudaýlaryň ýüze çykmagyna garamazdan, rimlilerde aýdyň rowaýatlar ýada Gomeriňki ýaly epiki poemalar döremändir.

**Rim patyşalary.** Rimiň iňňän gadymy ýaşaýjylarynyň nesillerine patrisiler diýipdirler. Olar uly maşgalalar bolup ýasapdyrlar. Olarda atanyň hökümi juda uly bolupdyr. Kakasy halda gulak asmaýan uly ýaşly ogullaryny jezalandyryp ýada gul edip salyp bilýän eken. Patrisileriň öz ekerançylyk ýerleri we mal bakar ýaly öri meýdanlary bolupdyr. Şäherde patrisilerden başga rimlileriň basyp alan beýleki latyn şäherleriniň wekilleri ýada Italiýanyň beýleki ýerlerinden göçürilip gelirilen ilat hem ýaşapdyr. Olara plebeýler diýipdirler. Olar patrisiler bilen eginegne berip goşunda gulluk edipdirler, emma ekin meýdanlaryndan olara paý berilmändir. Olaryň arasynda garyplary köp bolupdyr, emma baý plebeýlere hem duşmak bolýan eken. Bergisini töläp bilmedik garyplary gula öwrüpdirler, ilkibada gullar maşgala agzalary ýaly görlensoň, olara «familiýa» diýlipdir. Gadymy Rimi dolandyrmaga diňe patrisiler gatnaşypdyrlar. Maşgalalaryň ýaşulularynyň gatnaşmagynda ýygnaklar geçirilipdir. Ol ýygnaga latynça senat diýipdirler. Senatyň agzalaryna hem senatorlar diýip at beripdirler. Senat ýumuşlary yglan edip, parahatçylyk şertnamalaryny baglaşypdyr we ömürlik patyşalary saýlapdyr. Gazna hem senat ygtyýar edipdir.

Rowaýatlara görä, Rimi b.e. öň VIII-VI asyrlarda yzlyyzyna ýedi patyşa dolandyrypdyr. Olaryň soňkusyna Tarkwiniý diýipdirler we ol örän rehimsiz we gedem bolupdyr. Bu patyşa halk tarapyndan saýlanman, häkimiýeti zor bilen basyp alypdyr. Ol patrisileriň bir bölegini jezalandyrypdyr, bir bölegini hem Rimden kowupdyr. Muňa gahary gelen rimliler gozgalaň edipdirler we zalym patyşany b.e. öň 509-njy ýylda tagtdan agdaryp, ony ýurtdan kowupdyrlar. Bu wakadan soňra rimliler patyşa saýlamakdan ýüz dönderipdirler.

## 14. Rimde aristokratik respublikasynyň berkarar bolmagy.

Plebeýler bilen patrisileriň göreşi. B.e. öňki 509-njy ýylda Rimde patyşalyk ýatyrylyp, häkimiýet halk ýygnagynyň eline geçipdir. Patrisileriň bu saýlawly döwlet dolandyryşyna «umumy halk işi», ýagny latynça respublika diýlipdir. Malk ýygnagy her ýyl patrisilerden iki sany hökümdary  Konsullary we olara kömek edýän beýleki wezipedäki adamlary bir ýyllyk möhlet bilen saýlapdyrlar. Konsul hem häkim, hem ýokary kazy, hem ýokary serkerde wezipesini ýerine ýetiripdir. Ýokary wezipäni eýeleýän patrisiler soňra senatyň agzalarysenatorlar bolupdyrlar. Senatyň ägirt uly häkimiýeti bolup, parahatçylyk döwründe konsullar ähli meseleleri senat bilen maslahatlaşmaly bolupdyrlar. Şeýlelik bilen, b.e. öňki 509-njy ýylda Rim respublikan gurluşa geçipdir.

Plebeýler raýatlyk hukuklaryny gazanmak ugrunda uzak wagtlap patrisiler bilen göreş alyp barypdyrlar. Patrisiler olara obşina ýerlerinden peýdalanmaga we Rim respublikasyny dolandyrmaga gatnaşmaga ýol bermändirler. Ýogsam plebeýlerem goşunda gulluk edip, patrisiler bilen egin-egne berip, bile söweşipdirler. Şeýle ýagdaýda plebeýler goşunda gulluk etmekden boýun gaçyrypdyrlar. Rimden bütinleý çykyp gitjekdiklerini we özlerine täze şäher gurjakdyklaryny aýdyp, haýbat

atypdyrlar. Patrisiler goşunyň gowşamagyndan gorkup, pleýbeýlere eglişik etmäge mejbur bolupdyrlar. Şeýleklik bilen b.e. öň V asyryň başynda plebeýler her ýyl öz aklawjylary bolan halk tribuny wezipesine adam saýlamak hukugyny gazanypdyrlar. Tribun konsullaryň we senatyň plebeýler hakynda çykaran kararlaryny ýatyryp bilýän eken. Munuň üçin oňa weto goýmak ýeterlik eken («weto» latynça «gadagan edýärin» diýmegi aňladýar). Halk tribunyna şäherden bir gijegündizden artyk wagllyk gitmek gadagan edilipdir. Onuň öýüniň gapysy mydama açyk durupdyr. Tribunyň öldürilmegi iň agyr jenaýat hasap edilipdir. Halk tribunlary plebeýleriň serdarlary bolupdyrlar. Plebeýleriň goldawyna daýanyp, tribunlar olaryň peýdasyna hyzmat etjek kanunlary öňe sürüpdirler. Plebeýler konsullyk wezipäni we beýleki wezipeleri eýelemek, obşinanyň ekin meýdanlaryndan ýer almak hukugyny gazanypdyrlar. Bergisi üçin olary gula öwürmegi gadagan edýän kanun kabul edipdirler. Plebeýleriň palrisilere garşy 200 ýyldan gowrak wagl dowam eden göreşi olaryň ýeňmegi bilen gutarypdyr. B.e. öň III asyryň başyna çenli plebeýler Rimiň doly hukukly raýatlary bolupdyrlar.

Rimiň raýatlary. B, e. öňki III asyrda Rimiň her bir raýaty döwletdäki islendik wezipä saýlanyp bilýär diýlip hasaplanypdyr. Emma wezipeleri ýerine ýetirmeklige hiç hili hak tölenmändir. Şonuň üçin hem garyp adamlar özüni we maşgalasyny eklemek üçin uzyn gün zähmet çekmäge mejbur bolupdyrlar we şeýle wezipelerde işläp bilmändirler. Baý rimliler öz mülklerinde işlemändirler. Olaryň ýerlerini günlükçiler ýada Rime getirilen köp sanly gullar işläp bejeripdirler. Rimde döwleti patrisiler we baý plebeýler dolandyrypdyrlar, olary ýylyň ýylyna wezipelere saýlapdyrlar. Senat hem şolardan düzülipdir. Şeýlelik bilen, ýeri we gullary bolan has baý patrisileriň we plebeýleriň ýüzlerçesi rimlileriň arasyndan saýlanyp çykypdyr. Olar döwletde ilatyň iň ýokary gatlagynyrim beglerini emele getiripdirler.

Rimdäki respublika gul eýeçilik respublikasy we aristokratik respublika bolupdyr. Rim taryhçylarynyň gürrüň bermeklerine görä, b.e.

öňki IV asyryň başlarynda Demirgazyk Italiýada mekan tutunan gallaryň uruşparaz taýpalary Rimiň üstüne çozupdyrlar. Uzyn boýly, hüžžük saçly gallary eýmenç edip görkezipdirler. Olar okgunly hüjüm edip, Rim goşunyny derbidagyn edipdirler. Gallar Rimi basyp alyp, şäheri talapdyrlar we otlapdyrlar. Rimlileriň bir bölegi berk Kapitoliý galasynyň içinde gizlenipdirde, gallaryň hüjümini yzyna serpikdiripdirler. Gallar gijäniň tüm garaňkylygynda asudalyk bilen Kapitoliý baýryna dyrmaşyp çykypdyrlar. Olary sakçylarda, goragçy itlerde aňmandyrlar. Diňe Kapitoliý galasyndaky gazlar olaryň sesini eşidip. gagyldaşyp, zenzele turzup, rim urşujylaryny ukudan oýarypdyr. Ine şundan hem: «Gazlar Rimi halas etdiler» diýen nakyl gelip çykypdyr. Gallar rimlilere 300 kilogramdan gowrak altyn berilse, şäherden çykyp gitmäge razydyklaryny aýdypdyrlar. Altyn çekilip durka gallaryň serdary öz agyr gylyjyny terezi daşynyň üstüne goýupdyr. Rimliler nägilelik bildiren mahaly ol «Ýeňleniň dat gününe « diýip, jogap beripdir, «Pirriň ýeňşi» (Taryhçy Plutarhyň gürrüňme görä) Rim Italiýanyň günortasyndaky grek şäherleriniň garşysyna uruş alyp baranda, Balkan ýarymadasyndaky kiçeňräk bir döwletiň patyşasy Pirr greklere kömege gelipdir. Onuň 22 müň pyýada, 3 müň atly goşuny we 20 pili bar eken. Söweşde piller rimlileriň hataryny böwsüp giripdirler. Rimliler pilleriň üstüne peýkamdyr drotikleri ýetişibildiginden ýagdyrypdyrlar. Pirriň goşuny birnäçe ýeňiş gazanypdyr, ýöne gaty uly ýitgilere sezewar bolupdyrlar welin, Pirr: «Ýene-de bir şeýle ýeňiş gazansam, men bütinleý goşunsyz galaryn» diýip, gygyranyny duýman galypdyr. «Pirriň ýeňşi» diýlip aýdylýan sözler ýeňlişe barabar ýeňşi aňladypdyr. Rimliler goşunyň hataryna täze urşujylary çagyrmagy yglan etmek bilen, diňe bir goşuny dikeltmäge beýlede dursun, eýsem onuň sanyny hem artdyrypdyrlar. Rimliler aýgytly söweşde pilleriň aýak astyna çüýli tagtalary oklap, taýak hem otly peýkamlar bilen gorkuzyp, bu äpet haýwanlary gaçmaga mejbur edipdirler. Gaçan piller öz urşujylarynyň hatarlaryny basgylapdyrlar. Pirriň goşuny derbidagyn edilipdir. Rimiň Italiýany basyp almagy. B.e.

öň III asyrda Italiýada dürli halklaryň azyndan 12-si ýaşaýan eken. Bu halklary birikdirmek üçin Rime azyndan 200 ýyldan gowrak wagt gerek bolupdyr. Rim legionerleriniň ýaragy, tälim berlişi we düzgünnyzamy beýleki halklaryňkydan has oňat bolupdyr. Rimiň dolandyryjy toparlarynyň dyngysyz alyp baran uruşlary netijesinde Italiýanyň ähli halklary yzlyyzyna boýun egdirilipdir. B.e. öň III asyryň başynda bolsa rimliler Günorta Italiýadaky grek şäherlerini hem basyp alypdyrlar. Rim hökümeti Apennin ýarymadasyny Rime birikdirenden soň, eýelenen ýerleriň ähli sürümli we Öri meýdanlarynyň 2/3 bölegine çenlisini tabyn edilen halklaryň elinden alypdyrlar. Şol ýerleriň köp bölegini Rim aristokratlary özlerine alypdyrlar. Beýleki ýerleri, ýagny Apennin ýarymadasyndan daşarky eýelenen ýerleri bolsa koloniýa öwrüpdirler. Rim şol ýurtlara ýeri az bolan daýhanlary göçüripdir. Italiýanyň sözleýiş dili latyn dili bolupdyr. Olar grek elipbiýi esasynda tä/e düzülen latyn elipbiýi girizipdirler we bütin ýurda ýaýradypdyrlar. Rim senaty tabyn edilen halklaryň Rime garşy birleşmeklerine ýol bermezlik üçin olary birbiri bilen tersleşdirmäge çalşypdyr. «Agzyny alartda, höküm sür!» diýen düzgün senatyň kadasy bolupdyr.

B.e. öň III asyryň birinji ýarymyna çenli Rim Italiýany doly özüne tabyn edip gutarýar. Rimiň mülkleri Italiýanyň çäklerinden çykyp, Sisiliýa adasyna çenli baryp ýetýär. Emma bu ýerde Karfagenliler hem öz agalygyny berkitmek ugrunda göreş alyp barypdyrlar. Rimiň alyp baran basypalyjylykly hereketi ahyrsoňunda kuwwatly Karfagen döwleti bilen çaknyşyga alyp barypdyr.

## 15. Ortaýer deňziniň sebitinde Rim agalygynyň berkarar edilmegi.

**Rim bilen Karfageniň arasyndaky göreş.** Karfagen şäheri Demirgazyk Afrikanyň Ortaýer deňziň içine süsňäp girýän daşly burnuň üstünde ýerleşipdir. Karfagen iň güýçli söwda şäheri bolupdyr. Ol, esasan, deňiz üsti bilen söwda alyp barypdyr. Karfageniň çuň we amatly gämi duralgalarynda gämilere ýük ýüklenipdir we düşürilipdir, kenar ýakasynda harytlar saklanýan uly ammarlar bolupdyr. Bu ýerde gämi kürekleýjiler we ýük ýükleýän gullar işläpdirler. Şäheriň töweregindäki mes toprakly ýerler karfegenli baý gul eýelerine degişli bolupdyr. Gullar olaryň ekin meýdanlaryny we üzüm baglaryny işläp bejeripdirler. Karfagen ykdysady taýdan iň baý döwletiň birine öwrülipdir. Olar güýçli harby gämileri we hakynatutma uly goşuny edinipdirler. Şäheriň daşyny daşdan örülen gala diwarlary gorapdyr. Karfagen hökümdarlary öz harby güýjüne daýanyp, Ortaýer deňziniň kenar ýakalaryny we adalary basyp alyp, özlerine tabyn edipdirler. Rim hem, Karfagen hem baý Sisiliýa adasyny basyp almaga çalşypdyr. Bu bolsa b.e. öň III asyryň ortasynda olaryň arasynda urşuň turmagyna getiripdir. Rimliler karfagenlilere punlar diýýän ekenler, soňuň üçin hem bularyň arasynda başlan urşa Pun urşy diýip, at beripdirler. Bu uruş b.e. öňki 264241-nji ýyllarda bolup geçýär. Uruş hereketleri gury ýerde we deňizde alnyp barlypdyr. Urşuň barşynda rimliler güýçli harby gämileri gurupdyrlar, şol gämiler bilen karfagenlileriň gämileri çym  pytrak edilipdir. Birinji Pun urşunda Karfagen goşunlaryna Gamilkar serkerdelik edýär, ikinji Pun urşunda onuň ogly Gannibal serkerde bolýar.

Rim taryhçysy karfagenlileriň uruş alyp baryşlary we serdary Gannibalyň ömür beýany barada şeýle ýazýar: «Gannibal her hili howplara töwekgelçilik etsede, ol şol howply ýagdaýda seresaplylygy elden bermeýärdi. Hiç hili zähmet ony ýadadyp bilmeýärdi we ruhdan düşürmeýärdi. Ol sowuga, yssa örän çydamly adamdy, ýöriş wagtynda

ýumşak düşegiň üstünde ýatmaýardy. Mydama harby çäkmene dolanyp, urşujylaryň arasynda ýatýardy. Gannibal söweş başlanda ilkinji bolup duşmana okdurylyp, söweş meýdanyndan bolsa iň soňundan çykýardy». Birinji Pun urşy 23 ýyl dowam edip, Rimiň ýeňmegi bilen tamamlanypdyr we Rim Sisiliýany eýeläpdir. Karfagenliler Ispaniýanyň Günortagünbatarynda täze Karfagen şäheriniň düýbüni tutupdyrlar we ony berk gala öwrüpdirler. Şu döwürde Rim Ortaýer deňzindäki Sardiniýa we Korsika adalaryny eýeläp ýetişipdir. Karfagen Sisiliýany elinden gideren hem bolsa, entek onuň uruş alyp barmak üçin ýeterlik güýji bardy. Üstesinede Karfagen hem Ispaniýada uly ýerleri basyp alypdyr we onuň kümüş känlerini eýeläp, köp baýlyk edinipdir. Soňuň hasabynada ol öz harby güýjüni artdyrypdyr. Basybalyjylaryň ikisi hem täze urşa taýýarlanyp başlapdyrlar. Karfageniň Ispaniýadaky goşunlaryna talantly serkerde Gannibal serkerdelik edipdir. Gannibal Rimi ýaşlygyndan ýigrenipdir we olara garşy söweşde öz ukybyny, gaýratyny görkezip söweşipdir diýip, gadymy taryhçylar ýazypdyrlar.

**Gannibalyň Italiýa ýörişi.** Rim senaty Gannibalyň Ispaniýadaky alyp baran işlerinden heder edipdir. Karfagen goşunyny ýok etmek üçin Rim senaty ýörite meýilnama işläp düzüpdir. Şol meýilnama görä Rim konsullarynyň biriniň goşuny Ispaniýadaky karfagenlileriň üstüne çozmalydy, ikinjisi bolsa karfagenlileriň Afrikadaky ýerlerine hüjüm etmelidi. B.e. öňki 218-nji ýylda rimliler karfagenlilere uruş yglan edipdirler. Emma ýaş serkerde Gannibal rimlileriň ähli meýilnamalaryny bozupdyr. Gannibal rimlileriň hüjümine garaşman özi aýgytly hüjüme geçmegi ýüregine düwüpdir. Şeýlelik bilen. Ikinji Pun urşy başlapdyr. Ol b.e. öň 201-nji ýylda tamamlanypdyr. Rimliler uruş hereketlerini Ispaniýada we Afrikada bolar diýip çak edipdirler, emma Gannibal rimlilere duýdurman öz urşujylaryny we söweş pillerini Ispaniýadan Italiýa sürüp, 5 aýdan soň Alp daglaryna baryp ýetipdir. Alp dagynyň üstünden geçmek Gannibalyň esgerlerini hopukdyrypdyr. Geçer ýaly oňat ýol bolmandyr, hemme geçelgeleri gar basypdyr, sürçek buzluklar

tutupdyr. Gannibalyň goşuny dag gerişlerine çykyp, soň hem ondan aşaklygyna düşüpdirler. Bu ýörişde köp adamlar, mallar we piller goşlary bilen dagdan gaçypdyrlar. Alpdan geçilende karfagenlileriň goşunynyň ýarysy we pilleriň ählisi diýen ýaly heläk bolupdyr. Gannibal öz aman galan urşujylary bilen Demirgazyk Italiýadaky Po derýasynyň jülgesine zordan çykypdyr. Gannibalyň goşuny batgalyk ýerlerden geçmeli bolupdyr. Gannibal bu batgalykda bir gözüni hem aldyrypdyr. Bu ýerlerde ýaşaýan köp sanly gall taýpalary rimlileriň agalygyndan sypmak üçin Gannibala goşulypdyrlar, oňa azyk kömegini beripdirler. Şeýlelik bilen Gannibalyň goşunynyň üsti ýene-de doldurylypdyr. Karfagenliler gandöküşikli birnäçe söweşde rim legionlaryny çympytrak edipdirler we netijede Rime ýol açylypdyr. Emma Gannibal Rimi almagyň kyn boljagyny bilip. öz goşuny bilen günorta ýöräp, bütin Italiýanyň içinden geçipdir. Ol ýerli adamlary öz tarapyna çekmek üçin Rim tarapyndan boýun egdirilen halklara degmezligi buýrupdyr. Gannibalyň mertligini, gaýduwsyz serkerde hökmünde ukybynyň bardygyny hatda onuň duşmanlary hem ykrar edipdirler.

**Kanny söweşi.** B.e. öňki 216-njy ýylda Günorta Italiýada Rim konsullary Kanny obasynyň golaýyndaky meýdany söweş üçin saýlap alypdyrlar. Iki goşun hem şu meýdanda duşuşypdyr. Rimlileriň 80 müň adamly pyýada goşuny we 6 müň atly goşuny bolupdyr. Gannibalyň bolsa 40 müň adamly pyýada goşuny we 10 müňe golaý atly goşuny bolupdyr. Gannibal rimlileriň pirimini aňypdyr we rim goşunyny gabamagyň batyrgaý meýilnamasyny düzüpdir. Ol öz 40 müňlük goşunyny ýarymaý şekilinde düzüp. onuň daşky güberçek tarapyny duşmana tarap öwrüp durzupdyr. Ikinjiden bolsa, ol iň oňat pyýada we atly goşunlaryny ýarymaý goşunyň gapdal taraplarynda ýerleşdiripdir. Gannibal «Rim goşunlaryny şu düzlüge getireni üçin hudaýlara şükür ediň» diýip, öz egindeşlerine aýdypdyr. Rimlileriň pyýada goşuny haýbat bilen hüjüme geçipdir we karfagenlileriň merkezini gysyp başlapdyrlar, «Ýeňiş» diýip, rimliler gygyryşypdyrlar. Emma ýeňiş gazanmakdan entek daşrakdy.

Gannibalyň ispanlardan, gallardan we afrikalylardan düzülen atly goşunlary haýal etmän rimlileriň üstüne tüweleý kimin okdurylypdyr. Karfageniň atly goşuny Rimiň atly goşunyny yza serpikdiripdir. Şondan soň olar duşmanyň pyýada goşunynyň arkasyna aýlanypdyrlar. Rimlileriň ykjam nyzamly goşuny gabawa alnyp, gysylyp başlapdyr we başlybarat märekä öwrülipdir. Daşy gabalan rimlileri rehimsizlik bilen gyrypdyrlar. Kanny söweşinde rim konsuly we onuň 70 müň adamly goşuny heläk bolupdyr. Gannibal az sanly goşun bilen rimlilerden üstün çykypdyr hem-de gadymyýetiň iň beýik serkerdesi hökmünde taryha giripdir.

**Rim goşuny.** Rim aristokratlary ýerleri, gullary we ele salnan oljany özleri aljak bolup dyrjaşypdyrlar. Şoňa görä-de respublikanyň harby güýçlerini pugtalandyrmaga çalşypdyrlar. Goşun harby gulluga alynýan daýhanlardan ybarat bolupdyr. Rimiň her legionynda 40004500 urşujy bolupdyr. Söweşi ilki bilen ýeňil ýarag bilen ýaraglanan urşujylar başlapdyr. Olar goşunlar çaknyşmanka duşmanyň hatarlaryny bozmak üçin ýaýlaryndan ok ýagdyrýan ekenler, daş we gysgajyk naýza zyňýan ekenler. Soňra çaltlyk bilen yza çekilip, legionyň esasy güýji bolan agyr ýaragly pyýada urşujylara orun berýän ekenler. Legionerler duşmana naýza zyňyp, elleri gylyçly duşmany yza serpikdirenlerinden soň, olaryň yzyndan kowýan ekenler. Legion diňe bir açyk meýdanda däl, eýsem tokaýda, daglarda söweşmäge hem ukyply kiçeňräk toparlara bölünipdir. Rim goşunynda gazaply düzgünnyzam bolupdyr. Esger ýaragyny ýitirenligi we gözegçilik edilýän ýerde uklanlygy üçin jezalandyrylyp öldürilipdir.

## 16. B.e. öňki II asyrda Rimiň basybalyşlary.

Karfagenlileriň Kannynyň ýanyndaky ýeňşinden soň rimlileriň ýagdaýy örän agyr bolupdyr. Emma senat ýaraşyk baglaşmak üçin gepleşiklere başlamagy teklip eden karfagenli ilçini diňlemek hem islemändir. Karfagenliler Rimiň alkymyna gelipdirler, rimliler goranyşa taýýarlanypdyrlar. Emma oňat berkidilen uly şäheri gabamaga we ony zabt etmäge Gannibalyň ýeterlik güýji bolmandyr we ýene-de Ilaliýanyň günortasyna tarap çekilipdir. Rimliler harby gulluga ýarawly erkek adamlaryň hemmesini goşuna çagyrypdyrlar we köpsanly urşujylary ýygnapdyrlar. Öz obalaryny we maşgalalaryny goran daýhanlar karfagenlilere garşy mertlerçe söweşipdirler. Rim serkerdeleri uly söweşleri gurmakdan çekinipdirler we duşmanyň ownuk goşun bölümleriniň üstüne birsyhly çozup durupdyrlar. Karfagenleriň tarapyna geçen şäherleriň daşyny gabapdyrlar, olary goldamak üçin gelýän güýçleri ýok edipdirler. Şeýle uruş Gannibal üçin heläkçilikli bolupdyr. Onuň goşuny ysgyndan gaçypdyr, Rimiň güýçleri bolsa barha artypdyr. Rimliler harby işi epesli kämilleşdiripdirler we şol döwürde iň gowy goşun döredipdirler.

**Ikinji Pun urşunyň tamamlanmagy.** B.e. öňki 204-nji ýylda serkerde Ssipionyň baştutanlygynda rim goşuny Afrika düşürilipdir. 15 ýyl lap Italiýada alyp baran uruşlarynda bir gezek hem ýeňilmedik Gannibal Karfageni goramak üçin Italiýany taşlap gitmeli bolupdyr. B.e. öňki 202-nji ýylda Zama şäheriniň golaýynda aýgytly söweş bolupdyr. Bu gezek rimlileriň atly goşuny has agdyklyk edipdir. Rimiň pyýada goşuny bilen Karfageniň pyýada goşunynyň arasynda erjel göreş barýarka rimlileriň atly goşuny karfagenlileriň üstüne arka tarapdan çozupdyr we Gannibalyň goşuny derbidagyn edilipdir.

B.e. öňki 201-nji ýylda ikinji Pun urşy gutarypdyr. Karfagen Rime öz harby gämilerini, köp mukdarda pul tölegini bermeli bolupdyr. Olar şeýlede özüniň eýelik edýän ähli ýerlerinden el çekmeli bolupdyrlar.

Gannibalyň özi Alynky Aziýa Siriýa gaçyp gitmäge mejbur bolupdyr. Senat onuň tutulyp berilmegini talap edipdir. Gannibal öz öýüniň daşyny gaban duşmanlaryň eline düşmejek bolup awy içip ölüpdir. Şeýlelik bilen, Rim üçin iň güýçli we howply duşman ýok edilipdir. Ikinji Pun urşunda Rimiň ýeňmegi ony Ortaýer deňziniň Günbatar sebitinde agalyk etmäge, täze basybalyşlary geçirmäge ýol açypdyr.

**Gannibalyň ölümi (Plutarhyň beýanyndan).**

*Rimliler Gannibal ölinçä arkaýyn ýatyp bilmändirler. Olar Gannibaly oduň bir bölegi hasaplapdyrlar. Uruşda ýeňlenden soň Gannibal Karfageni taşlap gitmeli bolupdyr. Ol Siriýa patyşasy Antiohyň ýanyna gaçyp barypdyr we onuň harby maslahatçysy bolupdyr. Gannibal Antioha Makedoniýa bilen ylalaşyk baglaşmagy we Rime garşy bilelikde uruş alyp barmagy maslaht beripdir, emma patyşa onuň maslahatyny almandyr we söweşde onuň goşuny derbidagyn edilipdir. Gannibal soňdan soň Siriýany hem taşlapdyr. Birnäçe ýyl başga ýerlerde bolandan soň, ol Kiçi Aziýada uly bolmadyk döwletde patyşanyň harby maslahatçysy bolup hyzmat edipdir. Rimliler bu patyşadan Gannibalyň berilmegini talap edipdirler. Rimlilerden gorkan patyşa ony bermäge razylyk beripdir çagalarynyň daşyny gaban rimlileri gören Gannibal awy içip ölüpdir. Soňda Gannibal «rimlileriň egninden agyr ýüki düşüreliň, ýogsam olar ýigre-nji görünýän ganynyň ölümine garaşyp bilmezler» diýenmiş.*

**Karfageniň weýran edilmegi.** Harby gämilerinden we goşunyndan mahrum bolansoň Karfagen Rim üçin howply bolmandyr. Şeýlede bolsa rim aristokratlary we täjirleri bu şäheri ýok etmäge, onuň baýlygyny eýelemäge çalşypdyrlar. B.e. öňki 149-njy ýylda rim goşuny ýene-de Afrika düşürilipdir we Karfageniň daşyny gabapdyr. Üçünji Pun urşy başlanypdyr. Rimlilere garanda öz güýçleriniň has azdygyna garamazdan, karfagenliler 3 ýyllap öz şäherini gahrymanlarça gorapdyrlar, ýarag ýasapdyrlar, zyýan ýetirilen gala diwarlaryny dikeldipdirler. Aýallar uzyn saçlaryny gyrkyp, ot zyňyjy maşynlar üçin

ýüp işipdirler. Karfagenliler açlyk we kesel zerarly güýeden gaçanlaryndan soň rimlilere Karfagene girmek başardypdyr. Ýaş urşujy Tiberiý Grakh ilkinji bolup şäher diwaryndan geçenligi üçin altyn wenok sylag alypdyr. Otlanan Karfagen gyzyl ot bolup ýanypdyr. Şäheri goraýjylar ýangyna garamazdan öýlerde we köçelerde söweşmeklerini dowam etdiripdirler. Söweşiň hatda gijelerinede arasy kesilmändir. Senatyň karary boýunça Karfagen şäheri ýer bilen ýegsan edilipdir. rimliler şäherde abat galan jaýlary weýran edipdirler we karfagenlileriň 50 müňüsini gul edip salypdyrlar.

**Siriýa patyşalygynyň derbidagyn edilmegi.** Rim gul eýeleri Ortaýer deňziniň Günbatarynda özleriniň agalyk etmegi bilen kanagatlanmandyrlar Rim legionlary Balkan ýarymadasyna hem çozup giripdirler. Rimlileriň Gündogara tarap süýüşmegi Siriýa bilen çaknyşyga getiripdir. Şu döwürde Siriýa patyşalygynyň goşuny hem Balkan ýarymadasyna çozup giripdir. Rimliler bu ýerde hem başga halklar barada özleriniň «agzyny alartda, höküm sür diýen kadasyny başarjaňlyk bilen ulanypdyrlar. Olar grekleriň we makedoniýalylaryň kömegi bilen Siriýa patyşasynyň goşunyny Kiçi Aziýa gysyp çykarypdyrlar, soňra bolsa uruş hereketlerini şol ýere geçiripdirler. Siriýa patyşanyň köp sanly goşuny, söweş pilleri, aňňally kolesnisalary, düýeli urşujylary bolupdyr. Bu leşger boýun egdirilen halklaryň arasyndan ýygnalan eken. Ol rim goşunyna garşy söweşde çympytrak edilipdir. Patyşa Rime ägirt köp mukdarda pul tölemeli, gämilerini bermeli bolupdyr. Patyşa özüniň Kiçi Aziýadaky eýelik eden ýerlerinden mahrum bolupdyr, tiz wagtdan soň bolsa Siriýa patyşalygy ownuk döwletlere bölünipdir. Rimlileriň ýeňiş gazanmagy Balkan ýarymadasyny basyp almaga ýol açypdyr.

**Makedoniýanyň we Gresiýanyň basylyp alynmagy.** Rimliler güýçli Makedon palyşalygyna garşy göreşde greklere garaşsyzlygy wada berip, olary öz tarapyna çekipdirler. Aýgytlaýjy söweşde makedon goşuny bilen Rim legionerleri duşuşypdyrlar. Müňlerçe urşujysy bolan makedonlylar hüjüme geçipdirler. Makedoniýanyň falanga nyzamly

goşuny duşmany gysyp başlapdyr. Hatda tejribeli rim serkerdeleri hem özleriniň şeýle elhenç zady ozal görmändiklerini boýun alypdyrlar. Emma tekiz däl ýerlerde hereket edende falanganyň nyzamy bozulypdyr; rim goşunlary olaryň hatarlaryna giripdirler. Makedoniýalylaryň uzyn naýzalarynyň peýdasy degmändir we falanga derbidagyn edilipdir. Rimliler Makedoniýany hem basyp alypdyrlar. Makedon patyşalygy ýykylandan soň, grekler özleriniň garaşsyzlygyny gorap saklamaga synanyşypdyrlar. Rimliler olaryň garşylygyny çaltlyk bilen basyp ýatyrypdyrlar we b.e. öň 146-njy ýylda Gresiýanyň üstünden öz häkimligini ýöredipdirler. Rimliler özlerine görkezilen garşylyk üçin jeza hökmünde grek medeniýetiniň merkezleriniň biri bolan Korinf şäherini weýran edip, ilatyny gula öwrüpdirler.

Rimliler basyp alan halklaryny rehimsizlik bilen talapdyrlar, ýesirleri gul edip salypdyrlar. Rimliler diňe bir ýörişde 150 müň adamy gulçulyga salypdyrlar. Adatça, şäheri eýelänsoň, serkerde ony öz urşujylaryna talamaga rugsat berýän eken. Ele salnan oljanyň bir bölegi Rimiň gaznasyna giripdir. Oljanyň galan bölegini serkerdeler we urşujylar özaralarynda paýlaşypdyrlar. Senat ýeňiş gazanan serkerdäniň hormatyna ýeňiş baýramyny, triumf geçiripdir, Triumf geçiriji dört sany at goşulan kolesnisa münüp, öz goşunyna baş bolup, Rime dabaraly ýagdaýda girýän eken. Uruşda talanyp alnan oljany we zynjyr salnan ýesirleri triumf geçirijiniň öňüne salyp getiripdirler.

**Dabaranyň beýan edilişi.** (Gadymy taryhçynyň beren gürrüňine görä), Dabaraly ýörişe syn edip bolaýjak ähli köçeler märekeden doludy. Ele salnan heýkelleri we suratlary ilkinji gün 250 kolesnisa ýükläp, ertirden agşama çenli daşadylar. Ertesi gün iň nepis we gymmatbaha makedon ýaraglary ýüklenen köp sanly arabalar şäheriň köçesinden geçdi. Arabalaryň yzy bilen kümüş teňňeli 750 sany gaplary göterip geçdiler. Her gaby dört adam göterip barýardy. Olardan soň agyr kümüş jamlary we susaklary göterip geçdiler. Üçünji gün altyn teňňeli edil öňküsi güni göterilip geçilen gaplar ýaly gaplaryň 77 sanysyny göterip

geçdiler. Soňra birnäçe adam altyndan ýasalan we gymmatbaha daşlar bilen bezelen ägirt uly susagy hem-de gaby kelleleriniň üstünde göterip geçdiler. Serkerdäniň özi bolsa altyn zerli gyzyl eşikde ajaýyp bezelen kolesnisa münüp gelýärdi. Ellerine lawr agajynyň çybyklaryny alyp, aýdyma gygyryp, kolesnisanyň yzyndan goşun barýardy.

**Rim welaýatlarynyň ýagdaýy.** Rimiň basyp alan ýurtlaryny Rimiň welaýatlaryna öwrüpdirler. Olary çäksiz häkimiýeti bolan rim häkimleri dolandyrypdyrlar. Ýurtlary talamaklyk uruş gutarandan soň hem dowam edipdir. Rimliler welaýatlardaky magdan känlerini, iň gowy sürümli ýerleri we öri meýdanlaryny basyp alypdyrlar. Sisiliýadan we Demirgazyk Afrikadan Rime arzan galla daşapdyrlar. Welaýatlaryň ilatyna ägirt uly salgyt salypdyrlar. Salgydyny töläp bilmedikleri maşgalasy bilen bile gulçulyga satypdyrlar. Kiçi Aziýanyň welaýatlarynyň birinde gulçulyga satylandyklary üçin uly ýaşly erkek adamlaryň ýekejesiniň hem galmandygyny habar beripdirler. Mundan başgada ýerli hökümdarlar ilatyň emlägini zorluk bilen öz peýdasyna alýan ekenler. Olar welaýatlarda 34 ýyllap hojaýynçylyk eden wagtynyň dowamynda ummasyz baýlyklary loplapdyrlar. Welaýata gelen bir hökümdar barada şeýle diýipdirler: «Ol baý welaýata garyp bolup geldi we garyp welaýatdan baý bolup gitdi». B.e. öňki III-II asyrlarda Rimiň talaňçylykly uruşlary netijesinde Ortaýer deňziniň birentek halklary Rim häkimiýetiniň golastyna düşüpdirler.

## 17. Rimde raýatlyk uruşlary.

**Daýhanlaryň tozmagy.** Rimliler Ortaýer deňzinde öz häkimligini berkarar edenlerinden soň, Rim döwletiniň halkynyň dürli toparlarynyň arasynda duşmançylykly göreş tutaşypdyr. Bu göreş ýaragly çaknyşyklara getiripdir we ýurtda raýatlyk urşy başlanypdyr. Onuň ilkinji pidasy Italiýanyň daýhanlaryň bähbidini gorap, çykyş eden halk tribuny Tiberiý Grakh bolupdyr. Rimliler heniz Italiýany basyp alyp ýörkäler ekerançylar olardan razy bolýardylar, sebäbi ýer bölünişiginde olar hem özlerine düşýän paýlaryny alýardylar. Emma Rimiň başga ýerleri basyp alan döwründe Rimiň gul eýeleri baýlaşypdyrlar, Italiýanyň daýhanlary bolsa tozdurylypdyr. Ýaş daýhanlar köp ýyllap Ispaniýada we Gresiýada, Aziýada hem-de Afrikada söweşipdirler, olaryň birentegi uruşda wepat bolupdyr. Uruşdan sagaman gaýdyp gelen daýhanlaryň hojalyklary bütinleý pese gaçypdyr.

Basybalyjylykly uruşlardan soň Italiýa gullaryň dyngysyz köp getirilmegi daýhanlary öňküdende beter tozdurypdyr. Gullaryň güýji bilen ýerleri işläp bejermek we mal bakmak baýlara arzan düşüpdir. Daýhanlar öz zähmet çekip öndüren önümini hem ýerleşdirip bilmändirler. Soňuň üçin olar öz ýerlerini gul eýelerine arzan bahasyna satmaga mejbur bolupdyrlar. Tozdurylan daýhanlar çykgynsyz ýagdaýa düşüp. Rime we beýleki şäherlere gidipdirler. Olar şol ýerlerde gazanç edip bilmändirler, çünki bu ýerlerde hem işleriň hemmesini diýen ýaly gullar ýerine ýetiripdir. Şäherlerde öýsüzöwzarsyz on müňlerçe adam işsiz, horhomsy bolup gezipdir.

**Doganlar Grakhlaryň ýer özgertmeleri.** Daýhanlaryň ýerleriniň elden gidirilmegi netijesinde harby gulluga çagyrylýan adamlaryň sany hem azalypdyr. Sebäbi emläksiz adamlary harby gulluga almandyrlar. Munuň özi rim goşunynyň gowşamagyna getiripdir. Agyr sütemden azat bolmak üçin göreşýän welaýatlardaky gozgalaňlary rim goşunyny zordan basyp ýatyryp bilipdir. Daýhanlaryň tozdurylmagy, köpsanly gullaryň

magdan känlerinde we mülklerde has köp jemlenmegi Rim üçin howpludygyna käbir gul eýeleri düşünipdirler. Asly beg pleýbeýler maşgalasyndan bolan doganlar Grakhlar muňa oňat düşünipdirler. Mertligi we ak ýürekliligi üçin Rimde olara uly hormat goýlupdyr. B.e. öň 133-nji ýylda halk ýygnagy doganlaryň ulusyny Tiberiýni halk tribuny edip saýlapdyr. Tiberiý täze kanun kabul etmegi teklip edipdir. Şol kanun boýunça rim maşgalalarynyň hiç biri döwlet ýerleriniň 1000 ýugerden artyk ýeri peýdalanyp bilmändir (ýuger 1/4 gektar), ýagny 250 gektar. Soňdan artyk ýerler gaýtarylyp alnyp, garyplara ýeri satmazlyk şerti bilen paýlanyp berlipdir. Kanun boýunça ýerler daýhanyň elinde hemişelik galdyrylypdyr.

Döwlet ýerlerini bikanun eýelän iň baý gul eýelerinden ybarat bolan senat muny gahargazap bilen garşylapdyr we bu teklibi ret edipdir. Olar Tiberiniň kanunyny geçirtmejek bolup, halk tribuny Oktawiýi öz taraplaryna çekipdirler. Oktawiý Tiberiniň kanunyna weto berip, halk ýygnagynda kanuny kabul etdirtmändir. Tiberiý ondan wetony aýyrmagyny haýyş edipdir, emma ol etmändir. Soňdan soň Tiberiý Halk ýygnagyna ýüz tutup, «Halk tribuny halka garşy hereket edip, öz wezipesinde durup bilermi?» diýen soragy goýupdyr. Netijede raýatlar Oktawiýa garşy ses beripdirler we ony tribunlykdan boşadypdyrlar. Şondan soň ýygnak ýer baradaky kanuna seredipdir. Ýer hakyndaky kanun ugrunda göreş has ýitileşipdir. Tiberiý halka ýüzlenip Italiýanyň ähli ýerlerinden Rime gelen köp sanly garyplaryň ýygnanyşygynyň öňünde söz sözläpdir. Tiberiý halka ýüzlenip: «Ýyrtyjy haýwanlaryň hem ýaşamaga hini we süreni bar, emma Rim üçin söweşen we janyny gurban eden adamlaryň bolsa howadan başga zatlary ýok. Olar çagalary we aýallary bilen öýsüzöwzarsyz ygyşyp ýörler!. . Urşujylary älemiň höküm-darlary diýip atlandyrýarlar, emma muňa garamazdan, olar bir bölejik ýere hem meniňki diýip bilenoklar!» diýip aýdypdyr. Ýygnanyşykda gyzgalaňly çekişmeler bolupdyr, adamlar Tiberini aýgytly hereket etmäge çagyrypdyrlar. Halk öz tribunyny goldapdyr. Tiberiý tarapyndan

çagyrylan köp adamly ýygnak ýer hakyndaky kanuny kabul edipdir. Ýerleri bölmäge Tiberiý ýolbaşçylyk edipdir, onuň ähli işlerine bolsa onuň kiçi dogany Gaý Grakh kömekleşipdir. Baýlar doganlara garşy elinden gelenlerini edipdirler. Senat halkyň gahargazabyndan gorkup, ýygnagyň kararyna açaçan garşy çykmaga milt edip bilmändir. Tiberiniň başlutanlygyndaky iş topary artyk ýerleri alyp. olary garyplara paýlap başlapdyr. Halk ony halk tribunlygyna ikinji möhlete saýlamakçy bolýar, emma bu düzgüne garşy gelýärdi. Tiberiniň duşmanlary ol patyşa bolmak isleýär diýip, oňa töhmet alypdyrlar. Rimde çagyrylan halk ýygnagynda olar Tiberiýe söz sözlemäge maý bermän, uly galmagal turzupdyrlar. Senatorlar öz ýigrenýän tribunyndan öç almak üçin şol töhmetden peýdalanypdyrlar. Senatorlaryň baştutany «respublikany halas etmäge» çagyrypdyr. Olar ýygnak bolýan ýere barypdyrlar. Senatorlar serdessedir taýak bilen ýaragsyz Tiberini we onuň 300 sany tarapdaryny urup öldüripdirler we olaryň jesetlerini Tibr derýasyna taşlapdyrlar. Öldürilen Tiberiý Grakhyň dogany Gaý Grakh 9 ýyldan soň, b.e. öňki 123-nji ýylda halk tribunlygyna saýlanypdyr. Ol ýer paýlamagy dowam eidiripdir. Doganlar Grakhlaryň işlän wagtynda garyplaryň müňlerçesi ýer alypdyrlar. Gaý şäher garyplary üçin döwlet ambaryndan arzan nyrhdan däne bermegi kanunlaşdyrypdyr. Gaý senatyň häkimiýetini çäklendirmäge we döwleti dolandyrmaga garyplary çekmäge çalşypdyr. Emma Grakhy goldaýan ilatyň bir bölegini ýalan wada berip, öz tarapyna çekmek senata başardypdyr. Gaýyň Tribunlyga saýlanan wagty tamamlanandan soň senat bilen konsul Grakhyň we oňa wepaly adamlaryň garşysyna goşun iberipdir. Gaýyň kellesini alyp getirene onuň agramyna barabar altyn bermegi senat wada beripdir. Rimiň köçelerinde hakyky söweş bolupdyr. Gaý Grakh we onuň 3 müň tarapdary öldürilipdir. Ýer paýlamak bes edilipdir. Tiz wagtdan soň daýhanlaryň döwletden alan ýerlerini satmaga rugsat berilýändigi hakynda kanun çykarylypdyr Daýhanlaryň tozmagy we gul eýeleriniň olardan ýerleri satyn almagy dowam edipdir. Rimiň garyplary öz tribunlaryny hoşallyk

bilen ýatlamagy unutmandyrlar. Grakhlaryn öldürilmegine günäkärlere şeýle bir ýigrenç döräpdir welin, olar Rimi taşlap gitmäge mejbur bolupdyrlar. Grakhlaryň kanunlary Italiýada daýhanlaryň tozdurylmagyny sähelçe wagtlyk togtadypdyr, emma bütinleý ony togtadyp bilmändir. Gul eýeçilik gurluşynyň ösmegi daýhanlaryň gutulgysyz tozmagyna getiripdir.

## 18. Rimde gulçulyk.

**Rimde gullaryň ýagdaýy.** B e. öňki III asyrlarda Rimiň hojalygy ösüp başlapdyr. Ol, esasan, gullaryň zähmetiniň hasabyna ösüpdir. Welaýatlardan talanyp alnan baýlyklaryň köp bölegi rim gul eýeleriniň eline düşüpdir. Olar şol serişdeleriň hasabyna öz mülklerinde dowar sürülerini edinipdirler, üzüm agaçlaryny, baglary ösdürip ýetişdiripdirler, şäherlerde ussahanalary we uly gämileri gurupdyrlar. Köp adamlaryň gula öwrülmegi hojalygy artykmaç işçi güýji bilen üpjün edipdir. Ortaýer deňziniň sebitinde ähli ýerlerde gul satylýan bazarlar bolupdyr. Bir gezekde Rim bazarynda 10 müňe çenli gul satylypdyr.

Ispaniýadaky kümüş känlerinde gullaryň 50 müňe golaýy işläpdir. Uly gämilerde kürekleýji gullaryň 150-200si bolupdyr. Gurluşyk işleri bilen hem gullar meşgullanypdyrlar. Italiýanyň oba hojalygynda gullar ylaýtada köp bolupdyr. Rim aristokratlary jemagat ýerlerini basyp alypdyrlar, daýhanlaryň ýerlerini satyn alypdyrlar. Olaryň mülklerinde esasy işleri gullar ýerine ýetiripdirler. Olar ýer sürüpdirler, ekin ekipdirler, hasyl ýygnapdyrlar, döwek döwüpdirler, üzümiň suwuny we zeýtunyň ýagyny sykyp alypdyrlar, mal sürülerini bakypdyrlar. Rimde gullara «lal» zähmet gurallary, «gepleýän» zähmet gurallary hökmünde garapdyrlar. Gul öz adyny ýitiripdir. Oňa Pars, siriýaly, galliýaly diýip, getirilen ýurdunyň ýada halkynyň ady bilen baglanyşdyryp, lakam dakypdyrlar. Hasyl ýygymy wagtynda gullary 1718 sagatlap işlemäge

mejbur edipdirler. Aç gul bir gysym dänäni agzyna ataýmasyn diýip, onuň boýnuna agaçdan ýasalan tigir geýdiripdirler. Hojaýyn gula ýylda bir köýnek beripdir, ol hem ýylyň ahyryna ýyrtylyp, salsal bolýan eken. Emma guluň şol köne esgä eýelik etmägede hukugy bolmandyr. Ysgyndan gaçan, işden galan gullary salypdyrlar ýada Tibr derýasyndaky çola ada äkidip taşlapdyrlar, ol ýerde gullar açlygyndan ölüpdirler. Gul eýeleri olara derek täze gullary satyn alypdyrlar.

**Gladiatorlar.** Has çakgan we güýçli gullara ýörite mekdeplerdezyndanlarda ýarag ulanmagy öwredipdirler we olary birbirleri bilen uruşmaga mejbur edipdirler. Olara gladiatorlar diýip at beripdirler. Gladiatorlaryň uruşlaryna tomaşa etmek üçin üsti açyk amfiteatrlar gurupdyrlar. Onuň ortarasynda çäge düşelen meýdança arena bolupdyr. Tomaşaçylaryň oturýan orunlary basgançakbasgançak bolup, ýokarlygyna gurulypdyr. Baýramçylyk günleri arenalarda gladiatorlaryň arasynda başabaş we toparlaýyn söweşler geçirilipdir. Ýeterlik derejede mertlik bilen göreşmeýän gladiatorlary gamçylap, gorkuzyp uruşdyrypdyrlar. Ýeňlen, emma entek diri gladiatoryň ykbalyny tomaşaçylar çözýän eken. Eger tomaşaçylar ellerini galdyrsalar, ýeňlen öldürilmän galdyrylypdyr, eger olar elleriniň başam barmaklaryny aşak goýberseler, onda ýeňiji ýeňleni naýza bilen sa-njyp öldüripdir. Ýeňiji bolsa indiki söweşe çenli ýene-de türmä äkidilipdir.

Gladiatorlaryň ýolbarslar, gaplaňlar we beýleki wagşy haýwanlar bilen başabaş söweşleri hem guralypdyr. Gul eýeleri gullary hemme zada boýun bolmaga mejbur edipdirler. Gözegçiler gullara berk gözegçilik edipdirler. Gullar özara dilleşerler öýdüp gul eýeleri gorkup, olara öz aralarynda gepleşmegi gadagan edipdirler. Hojaýynlar dürli ýurtlardan getirilip, birbirleriniň diline düşünmeýän gullary satyn almaga çalşypdyrlar. Gullar gaçyp gitmez ýaly gijesine olaryň bolýan jaýyny gulplapdyrlar. Guluň ýüzüne, köplenç, gul eýesiniň tagmasyny basypdyrlar. Ýazgarylan gullary gynapdyrlar, gamçy bilen saýgylapdyrlar. Gul eýeleriniň pikiriçe gullary gorkuzman döwleti

dolandyrmak mümkin däldi. Gul eýesi guly öldürip hem bilýär eken. Rimdäki ýaly gullaryň sanynyň köplügi we rehimsiz ezilmegi gadymy dünýä ýurtlarynyň hiç birindede bolmandyr. Bu ýerde gullaryň öz ezijilerine garşy göreşi gazaply hem-de köpçülikleýin bolupdyr. Baryp b.e. öňki II asyrda Rimiň welaýatlarynda gullaryň gozgalaňlary turup başlapdyr. Sisiliýa adasynda turan gozgalaň hasda dartgynly bolupdyr we uzaga çekipdir. Bu gozgalaň alty ýyl dowam edipdir we rimliler ony uly kynçylyk bilen basyp ýatyrypdyrlar.

**Spartagyň gozgalaňy.** B.e. öňki I asyrda Italiýada gullaryň sanynyň artmagy dowam edip, olaryň ýagdaýy öňküsi ýaly çydamsyz agyr bolupdyr. Munuň özi gullaryň gul eýelerine garşy göreşiniň mundan beýläkde güýçlenmegine we gozgalaňyň turmagyna getiripdir. Gadymyýetde iň uly gullaryň gozgalaňy b.e. öňki 74-71-nji ýyllarda Italiýada bolup geçipdir. Kapuýa şäherinde gladiatorlaryň uly mekdebi bolup, ol ýerde gladiatorlary taýýarlapdyrlar. Gladiatorlar diýip Rim döwletinde ýörite uly märekäniň öňünde öz aralarynda ýada ýyrtyjy haýwanlar bilen uruşdyrylýan gullara aýdylypdyr. B.e. öňki 74-nji ýylda gladiatorlaryň dildüwşügi bolup, olar bu ýerden gizlinlik bilen gaçmaga taýýarlanypdyrlar. «Amfiteatrda janyňy howp astyna salyp ýörenden erkinlik ugrunda göreşip öleniň gowudyr» diýip, Spartak öz ýoldaşlaryna gladiatorlara düşündirýän eken. Zyndanyň sakçylary muny aňypdyrlar. Her niçigem bolsa gladiatorlaryň 200-den 78 sanysyna zyndandan gaçmak başardypdyr. Olar gaçyp Wezuwiý dagynda gizlenipdirler. Gozgalaňçylaryň serdary gul, Balkan ýarymadasynyň demirgazygyndaky Frakiýa welaýatyndan bolan Spartak bolupdyr. Ol özüniň örän güýçlüligi, akyllylygy hem-de batyrlygy bilen tapawutlanypdyr. Ony rimliler ýesir alyp, gladiatorlyga beripdirler. Gozgalaňçylar ilki diňe ujy ýiteldilen taýak, pyçak bilen ýaraglanypdyrlar. Üzüm çybygyndan özlerine galkan örüpdirler. Gladiatorlar baý mülkleriň we geçip barýan ýükli arabalaryň üstüne çozup, duşmandan basyp alnan ýaraglar bilen ýaraglanypdyrlar. Töwerekdäki mülkleriň gullary hem Spartaga birigip başlapdyrlar.

Rim urşujylarynyň 3 müňüsi gullaryň gaçybatalgasynyň daşyny gabapdyr. Rimliler gaýadan aşak inýän ýeketäk ýodany eýeläpdirler. Olar açlyk gozgalaňçylary boýun etmäge mejbur eder öýdüpdirler. Emma gullar ýabany üzüm çybyklaryny örüp, uzyn merduwan ýasapdyrlar we gije gaýanyň kert ýerinden aşak düşüpdirler. Rimliler şeýle gaýadan aşak düşmek mümkin däldir öýdüpdirler we ol ýere gorag goýmandyrlar. Gozgalaňçylar rim goşunynyň üstüne duýdansyzlyk bilen çozup, ony ýok edipdirler. Gozgalaňçylaryň ýeňşi baradaky habarlar ýurduň ähli ýerine ýaýrapdyr. Gullar Italiýanyň hemme ýerinden Spartagyň ýanyna gaçyp barypdyrlar. Dürli dillerde gepleýän we köplenç, biribirleriniň diline düşünmeýän onlarça müň gul ýygnanypdyr. Spartak olardan rim goşunynyň düzümine çalymdaş pyýada, atly goşun we öňde hereket edýän gözegçi goşun bölümlerini düzüpdir. Gozgalaňçylaryň lagerinde demirçi ussalar gijegündiz diýmän ýarag ýasapdyrlar. Spartagyň gozgalaňy bütin günorta Italiýany öz içine alypdyr. Gozgalaňçylar baýlaryň mülklerini, şäherleri talapdyrlar we basyp alypdyrlar. Spartagyň elinde onlarça müň galliýalylardan, germanlardan, frakiýalylardan, greklerden ybarat goşun bolupdyr. Dürli dillerde gürleýän 70 müň adama ýeten goşun döredipdir. Senat gozgalaňçylaryň garşysyna konsullaryň ikisini uly goşun bilen iberipdir. Ilki bilen Spartak goşunda berk düzgünnyzamy ýola goýupdyr we öz goşunlaryny Italiýanyň demirgazygyna äkidipdir. Gozgalaňçylaryň bir bölegi Spartak bilen oňuşman bölünip gidipdir, emma olar tiz wagtdan rim goşuny tarapyndan derbidagyn edilipdir. Rim konsullary gozgalaňçylaryň esasy güýçlerini gabap, olary ýok etmek isläpdirler. Spartak konsullaryň meýlini aňypdyr we iki goşunyň birleşmegine ýol bermändir. Spartak rim goşunlary bilen aýryaýrylykda söweşip, olary derbidagyn edipdir. Spartak öz ýurtlaryna gaýdyp barar ýaly, gullary Italiýadan çykarmagy göz öňünde tutan bolmaga çemeli. Ol gozgalaňçylary söweşler bilen Po derýasynyň jülgesine çykarypdyr. Azatlyga tarap ýol açylypdyr. Emma Spartak

birdenkä sebäpsiz yzyna dolanypdyr. Ähtimal, gullaryň köpüsiniň Italiýadan çykyp gitmek islemedik bolmaklary mümkin.

**Gozgalaňçylaryň duzaga düşmegi.** Spartagyň gaýdyp gelendigi baradaky habar rimlileriň arasynda howsala döredipdir. Olar gozgalaňçylardan şeýle bir gorkupdyrlar, hatda Spartak ýakynlaşanda şöhrat gazanan rim goşunynyň tutuş bir bölümleri gaçypdyrlar. Ahyrsoňy rimliler döwletiň ähli güýçlerini gozgalaňçylaryň garşysyna aýaga galdyrypdyrlar. Rim gul eýeleri gyssanmaçlyk bilen täzeden uly goşun ýygnapdyrlar. Mark Krass rim goşunynyň serkerdebaşy bolupdyr. Senat oňa kömek etmek üçin Ispaniýadan we Balkan ýarymadasyndan goşun çagyrypdyr, Krass goşunda düzgünnyzamy dikeltmek üçin gozgalaňçylardan gaçan bölümleriň esgerleriniň onusyndan birini jezalandyryp öldüripdir. Spartak öz goşunyny Italiýanyň günortasyndaky burna äkidipdir. Ol Sisiliýadaky gullary hem gozgalaňa galdyrmak üçin şol ýere geçmek isläpdir. Gullar sal ýasapdyrlar, emma duýdansyz turan gaý olaryň sallaryny dyrpytrak edipdir. Krass Spartagyň goşunynyň üstüne çozmaga ýürek edip bilmändir. Krass burna tarap barýan ýeketäk ýoluň çatrygyny eýeläpdir. Deňiz çatrygynyň birkenaryndan beýleki kenaryna çenli rimliler çuň garym gazypdyrlar, onuň öňüne belent seňňer galdyrypdyrlar Gozgalaňçylar duzaga düşüpdirler. Olaryň arasynda açlyk başlanypdyr. **“Açlykdan ölenden ýaragdan ölen ýagşydyr”.** Spartak gozgalaňçylara ýüzlenip söz sözläp, «Açlykdan ölenden ýaragdan ölen ýagsydyr» diýipdir. Gyşyň gaýly gijesi Spartak öz goşunlaryny berkitmeleri zabt etmäge sürüpdir. Gozgalaňçylar bu ýerde öz öňlerindäki garymy gömüpdirler. seňňeri eýeläpdirler, duzakdan sypypdyrlar. Emma gullaryň bir bölegi ýene-de Spartagyň goşunyndan bölünip aýrylypdyr. Krass olaryň üstüne duýdansyz çozupdyr we olary derbidagyn edipdir. Edil şol wagt Balkan ýarymadasyndan getirilen legionlar. Ispaniýadan Pompeýiň goşunlary Italiýa düşüp başlapdyrlar. Rim goşunlarynyň birleşmegine ýol bermejek bolup. Spartak Krassyň garşysyna ugrapdyr.

B.e. Öňki 71-nji ýylda Spartagyň rim goşuny bilen iň soňky söweşi bolupdyr. Spartak rimlileri baştutansyz goýmak üçin rim goşunynyň hatarlaryny böwsüp. Krassy öldürmäge synanyşypdyr. Spartagyň kuwwatly zarbalaryndan duşmanyň serkerdeleriniň ikisi ölüpdir. Emma onuň özi hem aýagyndan ýaralanypdyr. Ýaraly Spartak ýeke dyzynyň üstünde söweşmegini dowam etdiripdir Rimliler ony diri tutup bilmändiler. Garpyşykly söweşde ony kerçäpdirler, hatda soňra söweş meýdanyndan onuň jesedi hem tapylmandyr. Spartagyň goşuny iň soňky söweşde hem uly mertlik görkezip söweşipdir. Gozgalaňçylaryň goşuny çympytrak edilipdir. Rimliler ýesir düşenleriň ellerini we aýaklaryny gerip, haja çüýläpdirler. Kapuýadan Rime gelýän ýoluň ugrunda çalajan gullaryň 6 müňüsi sütünlere çüýlenip dikilip goýlupdyr. Rim gul eýeleri bar güýçlerini tijäp, köp ýitgiler bilen gadymyýetiň iň uly gozgalaňy bolan Spartagyň gozgalaňyny basyp ýatyrypdyrlar. Bütin gadym dünýäde gullar bilen gul eýeleriniň arasynda barlyşyksyz göreş alnyp barlypdyr. Gul eýeçilik gurluşynyň has ýokary derejede ösen ýeri bolan Rimde gullaryň göreşi aýratyn gazaply we tutanýerli bolupdyr.

## 19. Rimde respublikanyň synmagy.

**Rimde b.e. öňki 60-njy ýyllardaky syýasy göreş. Katililanyň dildüwşügi.** B.e. öňki 60-njy ýyllaryň ortalarynda Rimde syýasy göreş ýitileşipdir. Şol wagtlar syýasy göreşde 35 ýaşly Gaý Ýuliý Sezar öňe çykypdyr. Emma häkimiýet başyna geçen Sulla ony yzarlansoň, Sezar Rimden gitmeli bolýar. Sezar b.e. öňki 100-nji ýylda doglan. Ol rim gul eýeleriniň artykmaç hukuklaryna garşy we garyp raýatlaryň hukuklary ugrunda göreşýän populýarlar partiýasynyň wekili bolansoň diktator Sullanyň yzarlamalaryna sezewar bolýar.

Sulla bolsa optimatlar partiýasyna degişlidi. Sulla ölenden soň Sezar Rime dolanyp gelýär we syýasy göreşe goşulýar. Şol döwürde häkimiýete ymtylan ýaş serkerde Pompeý populýarlaryň tarapyna geçýär. Pompeýiň kömegi bilen Sullanyň ýatyran halk tribunlary wezipesi dikeldilýär. Birbada Pompeý we Mark Krass konsul saýlanýar. Konsullykdan soň Pompeýe senat deňiz garakçylaryna garşy göreşde serkerdebaşylygy tabşyrýar we çäksiz häkimlik berýär. Garakeýlar kenarýaka şäherelere. hatda Gresiýa we Ilaliýa talaňçylykly ýörişleri edýärdiler. Olar sebäpli deňiz söwdasy hem pese düşüp. Rime tarap deňiz ýollar beklenipdi, açlyk başlanypdy. Pompeý 3 ýylyň dowamynda 500 gämi we 120 müň adamlyk goşun bilen Ortaýer deňzindäki ähli garakçylary ýok edýär. 20 müň garakçy ýesir alynýar. Rim açlykdan halas edilýär. Bu wakalaryň yzýany Pompeýe Pont döwletiniň şasy Mirtidat VI Ýewpator bilen baryp Sulla döwründe başlanan urşy tamamlamak tabşyrylýar. Pompeý Mitridaty yzarlap, Ermenistana barýar, onuň şasy Tigran (Mitridatyň giýewsi) 6 müň talant pul berip, öz patyşalygyny saklapdyr we Rimiň wassalyna öwrülipdir. Soňra Pompeý Albaniýa we Iberiýa (häzirki Azerbaýjan we Gruziýa) aralaşýar, emma bu daglyk ýurtlar oňa ýöriş üçin kynçylyk döredýär. Soňuň üçin, Pompeý Zakawkazýe halklarynyň formal tabyn edilmegi bilen kanagatlanyp, bu ýörişini tamamlaýar. Mitridat skilleriň we frakiýalylaryň kömegi bilen

Rime ýöriş edýär, emma şowsuzlyga uçrap, özüni heläkleýär. Pompeý Pont patyşalygyny doly eýeläp, ony Rimiň bir welaýatyna öwürýär. Pompeý günbatar Mesopolamiýanyň üsti bilen Siriýa we Iudeýa baryp ony Rime boýun edýär. B.e. öň 62-nji ýylda Pompeý Rime triumf bilen girýär.

B.e. öňki 63-nji ýylda demokratlaryň çep ganalynyň iň abraýly we güýçli wagty bolup, şol ýyl Sezar ýokary ruhanylyga saýlanypdyr. Emma Siseronyň we onuň tarapdarlarynyň garşylygy netijesinde 80-nji ýyllaryň diktatory K. Sullanyň egindeşi Kalilina konsulluk wezipesini alyp, soňra welaýatlara gidip baý bolmaga çalyşýar, emma Kalilina konsullyga saýlanmandyr. Konsullyga saýlawda ýeňilenden soň Kalilina Rimden gaçyp, ilatyň köpçülikleýin tolgunyşygynyň baslanan ýeri bolan Etrura barýar. Sullanyň weteranlaryndan we bergä batan ownuk ýer eýelerinden bolan adamlary jemläpdir. Katilina konsullygy güýç bilen almak üçin dildüwşük gurnaýar. Krassyň öýünde Sezardan, Pizondan we Katilinadan ybarat dildüwşijiler döwlet agdarlyşygyny geçirmegi, senatyň goýan adamlaryny we senaiorlary öldürmekligi meýilleşdirýärler. Dildüwşüjilere garşy göreşe b.e. öňki 63-nji ýylda konsullyga saýlananMark Tulliý Siseron baş bolupdyr. Katilinanyň garşysyna iberilen goşunlar b.e. öňki 62-nji ýylda Pistoriýanyň eteginde duşuşýarlar, söweşde topalaňçy goşun derbidagyn edilýär, Katilinanyň özi bolsa şol söweşde heläk bolýar. Bu dildüwşügi Krass gurnan hem bolsa, Katilinanyň dildüwşügi diýlip atlandyrylypdyr.

**Pompeýiň, Sezaryň we Krassyň bileleşigi (birinji triumwirat).** Katilinanyň dildüwşügi derbidagyn edilenden soň Rimde we Italiýada populýarlaram, şol sanda senatyň agzalary hem Pompeýiň goşunynyň Gündogardan gelerine biynjalyk bilen garaşypdyrlar. Olar Pompeý güýç bilen häkimligi basyp alar diýip, howsala düşüpdirler, emma Pompeý b.e. öňki 62-nji ýylda Rime gelip, öz goşunlaryny konstitusiýada bellenilişi ýaly, öýliöýüne goýberipdir. Pompeýiň legionlaryndan çekinýän senat emeldarlary goşun dagadylan badyna onuň abraýyny gaçyrmak üçin

ellerinden gelenini edipdirler. Pompeýe indiki ýylda konsullyk bermeklige garşy çykyş edipdirler. Pompeýiň weteranlaryna ýer bermek baradaky kanun taslamasyny hem ret edipdirler. Şeýlelik bilen Pompeý agyr ýagdaýa düşürilýär.

Bu bileleşigiň ilkinji üstünligi b.e. öňki 59-njy ýylda Sezaryň konsullyga saýlanmagy bilen başlanýar. Sezar özüniň konsullyk döwründe birnäçe kanun taslamalaryny tassyklatmagy Pompeýiň we Krassyň tarapdarlaryny kanagatlandyrypdyr. Ol Pompeýiň weteranlaryny hem ýer bilen üpjün edýär. Sezar şäher ilatynyň arasynda iň abraýly adam hasaplanypdyr. Onuň kanunlary b.e öňki 59-njy ýylda giň halk köpçüliginiň bähbidini goraýardy.

**Respublikanyň synmagy.** B.e. öňki I asyrda üstünlikli alnyp barlan basybalyjylykly uruşlar Rimde hakynatutma goşunyň döredilmegine getiripdir. Hakynatulma goşun Rimde serkerdeleriň häkimiýetini diýseň güýçlendiripdir, Senatyň tabşyrmagy boýunça konsullaryň özleri goşun ýygnapdyrlar. Hakynatutma goşunlar, esasan, garyp adamlardan düzülipdir. Olara hak tölenipdir, uruşda ele salnan oljanyň bir bölegi berlipdir.

Ele salnan oljanyň hasabyna Sezar öz urşujylaryna tölenýän haky iki esse artdyrypdyr. Ol urşujylara ýer bermegi hem wada beripdir. Rimde Sezaryň adyndan şagalaňlar geçirilip, garyplara galla paýlanypdyr. Rimde häkimiýeti basyp almak ugrunda uruşlar başlanypdyr. Galliýany basyp alandan soň Sezaryň güýçli, özüne wepaly goşuny bolupdyr. Onuň görnükli serkerde hökmünde şöhratly arlypdyr. Ol ägirt uly baýlyk toplapdyr. Sezar goşuna daýanyp. ýokary häkimiýeti basyp almagy, senaty özüne boýun egdirmegi ýüregine düwüpdir. Sezaryň üstünlikleri onuň duşmanlarynyň göripligini döredipdir, Krass hem Sezaryň şöhraty ýaly şöhrat gazanmak üçin güýçli Parfiýa patyşalygyna garşy ýörişe başlapdyr. Emma b.e. öňki 53-nji ýylda Kiçi Aziýada Karry şäheriniň eteginde bolan söweşde Krassyň goşuny derbidagyn edilip, özi bolsa ýesir alnyp öldürilipdir.

**Rimde imperiýanyň berkarar edilmegi.** Sezar öldürilenden iki gün geçenden soň 17-nji martda senat ýygnanypdyr. Senatda Sezaryň dosty konsul Antoniý çykyş edip, «Eger-de Sezar Rimde azatlygy ýok etdi diýip, karara gelsek, onda biz onuň jesedini jaýlaman goýmaly we onuň ähli buýruklaryny ýatyrmaly» diýip aýdypdyr. Ol Sezaryň senatorlary, welaýatlaryň häkimlerini, beýleki harby serkerdeleri belleýşi baradaky kararlaryny senatda ýatladypdyr. «Şolaryň hemmesinden meýletin el çekjekmi? diýen meseläni goýupdyr, şeýlede «Sezaryň esgerleriniň elinden paýlanan ýerlerini alsaňyz olaryň özlerini nähili alyp barjakdyklary barada pikirlendiňizmi?» diýip, ol sorapdyr. Senatorlar ýerlerinden turup, hemme zady öňküsi ýaly galdyrmaly. Sezary bolsa hormatlap ýerlemeli we onuň hemme buýruklaryny saklamaly diýipdirler.

Dildüwşüjiler Rimden gaçyp, Balkan ýarymadasyna gidipdirler. Respublikaçylar gündogar welaýatlarda goşun ýygnap Öz güýçlerini Makedoniýada jemläpdirler. Öldürilen imperatoryň kömekçisi Antoniý we Sezaryň ýaş garyndaşy hem-de mirasdary Oktawian respublikaçylara garşy göreşmek üçin goşunlaryny Rime girizipdirler, duşmanlarynyň müňlerçesini gyrypdyrlar we olaryň emlägini eýeläpdirler. Soňra Antoniý we Oktawian öz goşunlary bilen Makedoniýa geçipdir. Filippi şäheriniň golaýynda bolan söweşde olaryň goşunlary respublikaçylary ýeňipdirler. Brut özüni gylyjyň üstüne oklap öldüripdir. Rimdäki aristokratik respublikanyň ykbaly gutarnykly çözülipdir. Ýeňijiler Rim döwletini dolandyrmagy öz aralarynda paýlaşypdyrlar. Antoniý gündogar welaýatlary dolandyrypdyr. Ol Müsür patyşasynyň gyzy Kleopatra öýlenipdir we Müsüriň paýtagty Aleksandriýada ýaşapdyr. Oktawian döwletiň günbatar bölegini dolandyrypdyr. Birnäçe ýyldan soň olaryň arasynda uruş başlanypdyr. B.e. öňki 31-nji ýylda deňizde Aksiý burnunyň ýanynda aýgytly söweş bolupdyr. Antoniý ýeňlipdir we Aleksandriýa gaçyp gidipdir, onuň harby gämileri we goşuny doly boýun egipdirler. B.e. öňki 30-njy ýylda Oktawianyň goşunlary Aleksandriýany eýeläpdirler. Antoniý bilen Kleopatra özlerini öldüripdirler. Oktawian

Kleopatrany Rime gireninde triumf hökmünde alyp girjekmiş diýen gürrüňi eşiden Kleopatra, masgara bolmazlyk üçin özüni awuly ýylana çakdyryp öldüripdir. Şeýlelik bilen, Müsür hem Rimiň bir welaýatyna öwrülipdir.

**Imperator Oktawian Awgust we beýlekiler.** Oktawian b.e. öňki b.e. öňki 29-njy ýylda Rime gelip, ýeňiş toýuny tutup, öz esgerlerine we garyplara sylag baýlyk paýlapdyr. Senat Oktawiana ömürlik tribunlyk hukugy bilen birlikde imperator adyny berýär we oňa Awgust («mukaddes») diýen hormatly ady dakýar. B.e. öňki 28-nji ýylyň ahyrynda Oktawian keselleýär we 27-nji ýylyň 13-nji ýanwarynda Senatyň maslahatyny çagyryp, ýurtda raýatlyk urşunyň doly tamamlanandygyny yglan edýär we öz saglyk ýagdaýyna salgylanyp, özüniň hökümdarlykdan boşadylmagyny soraýar. Senat oňa Rim respublikasyny dolandyrmak üçin döwletiň başynda galmaklygy buýurýar, Oktawian galmaly bolýar. Şeýdip b.e. öňki 27-nji ýyldan tä ömrüniň ahyryna, ýagny b.e. 14-nji ýylynyň awgust aýyna çenli Senatyň karary bilen Gaý Sezar Oktawian ady bilen Rim imperiýasyny dolandyrypdyr. Ol 76 ýaşynda aradan çykypdyr.

B.e. I asyrynda Rim imperiýasynyň iň ýigre-nji imperatorlarynyň biri Neron bolupdyr. Neron özüni beýik şahyr, bagşy we aktýor hasaplapdyr. Ol teatrda öz goşgularyny okapdyr, grekleriň tragediýa oýunlaryndaky baş gahrymanlarynyň rolunda çykyş edipdir. Rimliler şol teatr oýunlaryna hökman gatnaşmaly ekenler.

Rimi dikeltmek üçin örän köp maliýe serişdeleri gerek bolupdyr. Neron şol sebäpli welaýatlardan ýygnalýan ýygymlary galdyrypdyr. Şol bir waglyň özünde ol senat tarapyndan bellenen welaýat häkimleriniň edenetdikleri üçin birnäçe häkimleriň emläklerini ellerinden almagy buýrupdyr. Bu bolsa imperatoryň senat bilen arasyny üzüpdir. Emma Iudeýada 66-njy ýylda gozgalaň turupdyr. Britaniýa Rimden aýrylypdyr. Neronyň özi Gresiýa gidip, ol ýerde şahyrlar we bagşylar bilen aýdyşyp ýaryşypdyr, olimpiýa oýnunda at çapyşyga galnaşypdyr. Rimde bolsa

onuň tizräk gelerine garaşypdyrlar. 68-nji ýyl başynda Rimiň gündogar welaýatlarynda Rim häkimleri imperatory agdarmaga beýleki häkimleri gozgalaňa çagyryp çykypdyrlar. Imperatory hemmeler, hatda onuň iň ýakyn adamlary hem taşlapdyrlar. Duşmanyň eline düşmezlik üçin ol öz hyzmatkärine özüni hanjar bilen urmagy buýrupdyr. Şonda onuň iň soňky aýdan sözi: «Nähili beýik artist ölüp barýar!» diýipdir.

## 20. Rim imperiýasynyň ýerleriniň giňeldilmegi.

Awgust tarapyndan döredilen imperiýa birnäçe asyrlap ýaşapdyr. Imperiýanyň çäkleri günbatarda Atlantik okeandan başlap gündogarda Derýa aralygyna çenli, günortada Niliň bosagalaryndan demirgazykda Britaniýa adalaryna çenli giňäpdir. Ortaýer deňzi rimliler üçin içki deňiz bolup galypdyr. Rimlileriň ýurduň çäklerini mundan beýläk hem giňeltmek üçin alyp baran uruşlary goňşy patyşalyklaryň we taýpalaryň garşylygyna duçar bolupdyr. Imperiýanyň hemme ýerlerinde, Ispaniýada, Iudeýada Ierusalimde, Galliýada rimlilere garşy gozgalaňlar turup durypdyr. Rim legionlary bu gozgalaňlary basyp ýatyrypdyrlar.

Awgustyň buýrugy boýunça rim goşunlary Reýn derýasyndan geçipdir. Olar ol ýerdäki taýpalary özlerine tabyn edipdirler. Rimliler olara umumy at bilen germanlar diýipdirler. Emma rimlileriň ol ýerde agalygy uzak bolmandyr. German taýpalary rimlilere garşy gozgalaň turzupdyrlar. Gozgalaňyň ýolbaşçysy asly beglerden bolan ýaş we edenli Arminiý bolupdyr. Ol rimlileri ýeňip boljakdygy barada adamlaryny ynandyrypdyr. Rim legionlarynyň serkerdesi War duşmanyň çozuşyna garaşman özi hereket edip başlapdyr. B.e. öň 9-njy ýylda Waryň goşuny geçmesi kyn bolan tokaýda galypdyr. Duýdansyz hemme ýerden rimlileriň üstüne germanlar çozupdyrlar. Söweş birnäçe güne çekipdir, rimlileriň üç legiony doly ýok edilipdir. War bolsa ýesir düşmezlik üçin özüni heläk edip ölüpdir. Awgust bu heläkçilikli ýagdaýy eşidip, gadymy

taryhçylaryň aýlmaklaryna görä. birnäçe aýlap sakgal saçyny syrman ýas tutupdyr. Aramaram bolsa kellesini gapa urup «Bar meniň legionlarymy getir» diýip gygyrýan eken. Soňdan soň her ýyl Rimde legionlaryň gyrlan güni ýas güni diýlip bellenilipdir. Germanlaryň esasy kärleri ekerançylyk bolupdyr, mallary köpeldipdirler. Olar arpa, bugdaý, kenep ekipdirler. Emma üzümdarçylyk we bagçylyk bilen meşgullanmandyrlar. Olar tokaýda ýaşap. aw awlapdyrlar. Olaryň iň esasy kärleri goňşy taýpalaryň üstüne çozup, talaňçylyk etmek bolupdyr. Esasan hem olar rimlileriň üstüne çozupdyrlar.

Germanlarda serdarlary ähli taýpalardan ýygnalan ally hojalyklaryň iň batyr hem edenli adamlaryndan saýlapdyrlar. Islemedik adamlaryny olar gykylyk bilen garşylapdyrlar. Kimi serdarlyga saýlaslary gelse, ony ýaragyň jaňy bilen garşylapdyrlar. Söweş meýdanyndan gorkup gaçanlary dardan asypdyrlar, dönükleri bolsa batgalyklarda gark edipdirler.

**Rimiň Parfiýa bilen gatnaşyklary.** Imperiýanyň gündogar goňşusy Beýik Parfiýa patyşalygy bolupdyr. Rimliler birnäçe gezek Parfiýanyň gülläp ösüp oturan ýerlerini basyp almaga synanyşypdyrlar. Emma parfiýalylar örän edenli urşujylar bolupdyrlar, olaryň atly we peýkam atyjy goşunlary özleriniň edermenlikleri bilen tapawutlanypdyrlar. Ozal bellenilişi ýaly, rim serkerdesi Krass Parfiýa bilen bolan uruşda heläk bolupdy. Onuň bilen 20 müň urşujy hem heläk bolupdy. Köp wagt geçmänkä parfiýalylar rimlileri ýene-de täze ýeňlişe sezewar edipdirler. Müňlerçe rimliler Parfiýa patyşalygynda ýesirlikde galypdyrlar.

Täze imperator Adrian (117-138-nji ý.) Rimiň gündogardaky ýagdaýyny oňat bilensoň Parfiýa bilen gepleşikler geçirip, Traýanyň ähli basyp alan ýerlerinden el çekipdir. Ýesir düşen patyşanyň gyzyny we beýleki baý adamlary ýesirlikden boşadypdyr. Emma Rim Parfiýa gatnaşyklary soňky ýyllarda hem dawasyz bolmandyr. 162-nji ýylda Ermenistanyň üstünde ýene-de RimParfiýa urşy başlapdyr. Emma 4 ýyla

çeken uruş Rime uly bir peýda getirmändir. 166-njy ýylda baglaşylan şertnama görä, Derýa aralygynyň diňe demirgazyk ýerleri Rime birikdirilipdir. Ermenistan bolsa Rime ýarym garaşly bolup galypdyr. Awgustdan soňky döwleti dolandyran imperatorlar özleriniň çäksiz häkimligini berkitmäge çalşypdyrlar. Olar halk ýygnaklaryny çagyrylmagy bes edipdirler. Rim imperiýasy monarhiýa dolanyşygyna geçipdir. Imperiýanyň gurulmagy hut Rimiň özünde we welaýatlarda gul eýeleriniň agalygyny berkidipdir.

Gullary gorkuzmak üçin rehimsiz kanun çykarylypdyr. Eger gul öz hojaýynyny öldürse, onda şol kanun boýunça öldürileniň öýünde ýaşaýan gullaryň hemmesine ölüm jezasy berlipdir. Şeýle ýagdaýda bir gezek her hili günäsi bolmadyk gullar jezalandyrylyp öldürilipdir. Gul eýelerinden gaçan gullaryň 30 müňüsini ele saldym we jezalandyrmak üçin gul eýelerine gaýtaryp berdim diýip, Oktawian öwünmek bilen ýazypdyr. Welaýatlarda Rimiň häkimiýetini pugtalandyrmak üçin imperatorlar öz gulluk möhletini tamamlan urşujylara şol ýerlerden bölüp ýer beripdirler, şäherleri. galalary gurupdyrlar, ýol çekipdirler.

**Mitridat VI Ýewpator.** Gündogarda başlanan uruşlar netijesinde Rim hökümetiniň ýagdaýy has hem kynlaşypdyr. Sebäbi bu uruş Rimiň gündogar we I aýallarynyň hemmesinde Rime garşy gozgalaňlaryň turmagyna getiripdir. Şol döwürde Gara deňziň kenarynda täze kuwwatly ellinçilik Pont döwleti emele gelipdir Bu döwlet heniz III asyrda Kappadokiýada emele gelipdir. Emma onuň gülläp ösen döwri patyşa Mitridat VI Ýewpatoryň ( b.e. öňki 114-63-nji ý.) döwründe bolupdyr. Bu döwürde olar Gara deňziň kenarlarynyň hemme ýerlerini eýeläpdirler.

Döwletiň düzümine Ermenistan, Kolhida, Bospor patyşalygy giripdir. B.e. Öňki 107-nji ýylda turan Sawmagyň gozgalaňy basylyp ýatyrylandan soň Hersones, Olwiýa şäherleri hem oňa birikdirilipdir. Mitridat Bospor döwletiniň hem patyşasy bolýar. Mitridatyň 300 müň adamly goşuny, 400 sany harby gämisi bolupdyr. Italiýada gozgalaňlaryň başlamagyndan peýdalanyp, Mitridat b.e. öňki 89-njy ýylda Rime garşy

açyk urşa başlaýar. Mitridatyň goşuny Rimiň Aziýadaky welaýatlaryny, Egeý deňzindäki adalaryny we bogazlary, Frakiýany, Makedoniýany basyp alyp, Gresiýa çozup girýär.

Rimlilerden bizar bolan Afiny olara garşy gozgalaň turzupdyr. Hemme ýerlerde Mitridaty azat ediji hökmünde garşylapdyrlar. Mitridat halky öz tarapyna çekmek üçin halkyň bergilerini geçipdir, ýerleri bölmegi, gullary azal etmegi wada beripdir. Halk rimlilerden öç alyp, rim emeldarlarynyň 80 müňüsini gyryp, emläklerini paýlaşypdyrlar, olaryň gullaryny bolsa azat edipdirler. Emma Rim serkerdesi Sullanyň Gresiýadaky hereketi rimlilere uly üstünlikler getiripdir. Sulla Gresiýadaky gozgalaňlary basyp ýatyrypdyr, soňra Mitridata garşy urşa başlapdyr. Ol Pont goşunynyň ikisini derbidagyn edenden soň, Gresiýany Mitridatyň goşunyndan azal edipdir.

Emma Sullany Mitridat gyzyklandyrmandyr. Onuň bar aladasy Rimi azat etmekdi. Soňuň üçin ol b.e. öňki 85-nji ýylda Mitridat bilen ýaraşyk baglaşýar. Mitridat Sulla 2 müň talant kontribusiýa (uruşda ýetirilen zyýan üçin ýeňlen tarapyň bermeli tölegi) tölemäge razy bolýar. Ýaraşyk esasynda Ponl patyşalygy Mitridatyň elinde galdyrylýar. Sulla Aziýada öz işlerini tamamlandan soň uly goşun bilen Italiýa dolanyp gelýär. B.e. öňki 83-82-nji ýyllarda Sulla Rimi basyp alýar we öz diktaturasyny gurýar. Şeýlelik bilen Rimde raýatlyk urşy hem tamamlanýar.

## 21. Rim imperiýasynyň paýtagty. Rimiň medeniýeti.

**Medeniýet. Binagärçilik.** Rimiň ägirt uly imperiýa öwrülmegi bilen Rim Ortaýer deňziniň sebitinde iňňän uly şähere öwrülipdir. Biziň eýýamymyzyň başynda onuň bir milliondan gowrak ilaty bolupdyr. Rim Tibr derýasynyň iki kenarynda ýerleşipdir. Kenarlaryň ikisini birnäçe köpri birleşdiripdir. Suw geçirijileriň 11si boýunça dag çeşmeleriniň suwy öz akymyna şähere getirilipdir. Özüni we paýtagtyny şöhratlandyrmak üçin Sezardan başlap imperatorlar Rim forumynda we onuň ýanynda ýadygärlikleri bina edipdirler, belent ybadathanalary we beýleki jaýlary gurupdyrlar we medeniýetini esaslandyryp, beýleki halklara öz täsirlerini ýetiripdirler.

Rimliler ellin binagärçilik tärlerini giňden peýdalanypdyrlar. Mundan başgada rim arhitektorlary jaýyň üstüniň küňresini basyrmaklygy *arkalary, gupbalary, gümmezleri* gurmagy hem öwrenipdirler, olary gyrdap, biri-birine laýyk getirilen daşlardan gurupdyrlar. Rimliler daş ýaly berk bolýan we uzak wagtlap saklanýan betony oýlap tapypdyrlar. Bularyň hemmesi rimlilere ajaýyp hem örän berk desgalary gurmaga mümkinçilik beripdir. Küňreleri (bu latynça «arkus», ýagny «ýaý» diýen sözden gelip çykypdyr), köpri guranlarynda, (şeýle köprüler häzire çenli saklanyp ulanylyp gelýär), onlarça kilometre ýetýän suw geçirijileri we jaýlary guranlarynda hem ulanypdyrlar. Şol jaýlaryň ýarymaý şekilli potology bolupdyr.

**Heýkeltaraşlyk.** Rimliler Gresiýadan we Gündogar ýurtlaryndan ençeme heýkelleri diňe bir äkitmek bilen çäklenmän, eýsem olaryň mermer we bürünç nusgalaryny hem döredipdirler. Heýkeltaraşlar imperatorlary, köplenç, hudaýlar we rowaýatlardaky gahrymanlar görnüşinde şekillendiripdirler. Rimliler hem Olimpiýa hudaýlaryna sežde edipdirler. Emma olaryň atlaryny üýtgedipdirler. Meselem, Zewsi *Ýupiter*, deňiz hudaýy Poseýdony – *Neptun*, Gefesti *Wulkan* diýip atlandyrypdyrlar. Rim heýkeltaraşlary portret döretmekde öz grek

halypalaryndan hem ozupdyrlar. Gadym wagtlar Rimde merhumlar üçin mumdan maska ýasar ekenler. Soňdan hem heýkel portretlerini döretmek sungaty ösüp başlapdyr. Rim portreti adamyň daş keşbini takyk görkezmek bilen çäklenmän, eýsem onuň gylykhäsiýetlerini, akylyny, erkislegini, rehimsizligini, gysgançlygyny we ş. m. häsiýetlerini açyp görkezipdir. Rim imperatory Traýanyň Dunaý derýasynyň sebitinde gazanan ýeňişleriniň şanyna Rimdebelentligi 40 metre golaý sütün gurlupdyr. Ol sütü eteginden tä ýokarsyna çenli mermer daşlary bilen bezelipdir. Daşlara relýefler çekilip, olarda goşunlaryň Dunaýdan geçişi, bolan söweşler, adamlaryň ýesir alnyşy we urşuň beýleki pursatlary şekillendirilipdir. Sütüniň ýokarsynda bolsa imperatoryň öz heýkeli oturdylypdyr.

Forum iň gadymy Rimiň ýönekeýje bazary bolmagyndan paýtagtyň ajaýyp bezelen merkezine öwrülipdir. Ol imperatoryň baýlygy hem-de ýeňilmezligi baradaky pikiri adamlaryň kalbyna guýmaly eken. Forumyň golaýynda *Palatin baýry* beýgelip durupdyr. Ol ýerde imperatoryň altyndan we mermer daşlar bilen bezelen köşkleri ýerleşipdir.

**Şygryýet.** Rim edebiýaty hem grek edebiýaty bilen baglanyşykly bolupdyr. Grek ýazyjylarynyň eserleri latyn diline geçirilipdir. Rim şahyrlarynyň özleri hem ençeme ajaýyp poemalary we goşgulary döredipdirler. B.e. öň I asyryň aýagyny we b.e. I asyryň başyny rim poeziýasynyň «altyn asyry» diýip atlandyrýarlar. Şu döwürde Rimiň has görnükli şahyrlary öz eserlerini döredipdirler.

Meşhur şahyr *Wergiliý «Eneida»* poemasyny ýazypdyr. Ol grek we rim rowaýatlaryny öwrenipdir. Poemada Wergiliý Troýany goraýjylaryň biri, aýal hudaýyň ogly Eneý hakynda gürrüň beripdir; ol ýanyp duran şäheriň içinden öz gojalan atasyny gerdenine göterip çykanmyş we Italiýada mekan tutanmyş. Eneý ölen atasy bilen duşuşmak üçin merhumlaryň ýerasty patyşalygyna baranmyş. Ol ýerde parasatly gojanyň ruhy öz nesilleriniň Rimiň düýbüni tutjakdyklaryny we halklaryň

kuwwatly hökümdarlary boljakdyklaryny oňa aýdanmyş: «Ahow, rimli. indi sen halklary dolandyr!» diýenmiş. Wulkan hudaýy Eneýe galkan ýasap berenmiş, soňda Awgustyň dabaralanjakdygyny şekillendirenmiş, Eneý öz geljekki nesillerini görenmiş we olaryň arasynda «hudaý tarapyn» Awgust hem barmyş. Ol Rimde parahatçylygy berkarar etjekmiş. «Eneida» poemasy dabaraly we akgyn şygyrlar bilen ýazylypdyr.

**Rim taryhçylarynyň işleri.** Gadymy Rimiň we Rim imperiýasynyň geçmiş taryhy barada köp kitaplar ýazylypdyr, olaryň bir bölegi biziň günlerimize çenli saklanyp galypdyr. Imperator Awgustyň döwründe *Tit Liwiý* tarapyndan 142 kitapdan ybarat «Rimiň düýbi tutulandan bäri taryhy» atly işi ýazypdyr. Rimiň görnükli taryhçylarynyň biride *Komeliý Tasit* (b.e. 56-117ý.) «Taryň» we «Annaly» diýen işlerinde Rimiň respublikan gurluşyny wasp edipdir hem-de imperator Awgustdan tä Neronyň ölümine çenli (b.e. 68 ý.) döwrüň Rim taryhyny beýan edipdir.

Edebiýat bilen meşgullanan Plutarhyň (b.e. 46-126 ý.) işleri hem şu döwürlere degişlidir. Ol Gresiýanyň we Rimiň beýik taryhy şahsyýetleriniň ömür beýanlaryny ýazyp galdyrypdyr. Ol beýanlar häzirki wagtda hem okyjylarda uly täsir galdyrýarlar. I asyrda rimli *Plininiň* 37 kitapdan ybarat ýazan «Tebigat taryhy» saklanyp galypdyr. Şol kitaplarda Gündogaryň, grek we rim astronomlarynyň, lukmanlarynyň, agronomlarynyň we beýleki alymlarynyň ýazan eserleriniň mazmuny beýan edilipdir. Şeýlelikde, Plininiň kitaplarynda bütin Ortaýer deňziniň sebitindäki ýurtlarda I asyrda döredilen ylmy işler toplanypdyr. Pliniý Wezuwiý wulkanynyň atylyşyny öwrenmek maksady bilen oňa has ýakyn baranda heläk bolupdyr. Imperatoryň goşunlarynyň welaýatlarda ýerleşdirilmegi latyn diliniň giňden ýaýramagyna ýardam edipdir. Dünýäniň birentek halklary, şol sanda Ýewropanyň köp halklary häzir hem latyn elipbiýini peýdalanýarlar. Latyn dili italýan, fransuz, rumyn we käbir beýleki halklaryň häzirki zaman dilleriniň esasy bolup hyzmat

edýär. Rus diliniň birentek sözleri. meselem, «klas», «direktor» diýen sözler latyn sözlerinden gelip çykypdyr. Latyn dili uzak ýyllaryň dowamynda ylym dili bolup hyzmat edip gelýär. Günbatar Ýewropanyň ähli bilimli adamlary latyn dilinde gepläpdirler we ýazypdyrlar. Häzir hem ylymda minerallara. ösümliklere we haýwanlara latyn dilinde at berilýär. Keselleriň we dermanlaryň hem latyn atlary bar.

Ýuliý Sezaryň tabşyrmagy boýunça Aleksandriýaly astronomlar ýyl kalendaryny düzüpdirler. Aýlaryň latyn atlary hem saklanyp galypdyr. Rimde iýul aýy Ýuliý Sezaryň hormatyna «Iýul» diýlip, ondan soňky aý bolsa imperator Awgustyň hormatyna «Awgust» aýy diýlip atlandyrylypdyr.

**Rim hukugy.** Rimiň imperiýa döwrüniň soňky on ýyllyklarynda, Siseronyň we beýleki hukukçy alymlaryň işlemekleri netijesinde ýurtda kazyýet işlerini alyp barmaklygyň berk tertipdüzgünleri işlenilip düzülipdir. Her bir kanuny hödürlemek we tassyklamak imperatora we senata degişli bolupdyr. Awgustyň teklibi bilen nika we maşgala. gullar baradaky kanunlar kabul edilipdir.

B.e. II asyryna çenli Rimde kazyýet we hukuk derňew işleriniň iki görnüşi saklanyp gelipdir. Olar: *«rim raýatlarynyň hukuklary» we «taýpalaryň hukugy»ýaly meseleler bolupdyr*. Birinjiden, ýurtda rim raýaty bolmadyk imperiýanyň ilatynyň hukuklary işläpdir, ikinjiden, imperiýanyň käbir welaýat I arynyň (Sisiliýa, Müsür) ýerli hukuklaram öz işlemegini dowam etdiripdir.

Umumy imperiýa möçberindäki ilkinji hukuk we kazyýet işleriniň düzgünleri imperator Adrian tarapyndan «Hemişelik düzgün» ady bilen neşir edilipdir. B.e. 130-njy ýylynda Adrian hukukçy Ýuliana öňki çykan kanunlary ýygnap, bir bütewi kanun çykarmagy tabşyrypdyr we ilkinji kanunlar ýygyndysy toplanypdyr.

B.e. II asyrda Rimde ýörite hukuk mekdepleri açylypdyr. Bu mekdepler üçin gysgaça okuw kitaby taýýarlanypdyr. V asyryň başlarynda imperator Feodosiý II aýryaýry kanunlar ýygyndysyny bir

bütewi «Kodeksler toplumyna» birleşdirmek üçin buýruk beripdir. 100 ýyl geçenden soň imperator Ýustinian 533-nji ýylda 50 kitapdan ybarat iki sany ýygyndy çykardypdyr. Bir ýyldan soň, 534-nji ýylda «Raýat hukuklarynyň toplumy» diýen at bilen täze kanunlar ýygyndysy çykarylypdyr. Şeýlelik bilen, birnäçe asyrlaryň dowamynda islendik jemgyýetde ulanyp boljak Rim hukuk kadalary işlenilip düzülipdir.

Aç garyp adamlaryň gozgalaň turuzmaklaryndan gorkan imperator olara çörek we azkem pul paýlapdyr. Rimde azyndan 200 müň adama mugt çörek berlipdir. Olar üçin uly sirk gurlupdyr, şol ýerde bolsa at çapyşyklary geçirilipdir. Rimde imperatorlaryň buýrugy bilen ägirt uly *termler hammamlar* gurlupdyr. Diňe Rimde 1000e golaý hammamlar salnypdyr. Olaryň gapysy erkin adamlaryň hemmesi üçin açyk eken. Termleriň ýanynda dynç alynýan otaglar we kitaphanalar. sport meýdançalary bar eken. Baýramçylyk günleri amfiteatrlarda we sirklerde tomaşalar guralypdyr. Rimiň raýatlaryna sadaka ýygnalmagy berilmegi zerarly sandan çykan garyplar zähmet çekmegi ýatdan çykarypdyrlar. olar işlemek islemändirler. Rimiň tomaşa ýerleri. Rimiň teatrlarynda grek we rim awtorlarynyň tragediýalaryny hem-de komediýalaryny görkezipdirler. Pompeý grekleriň teatrlary bilen tanşandan soň. olaryň nusgasynda Rimde daşdan ilkinji teatr gurdurypdyr. Emma baýlaryň hem, garyplaryň hem iň gowy görýän tomaşalary gladiatorlaryň söweşi we kolesnisalaryň çapyşygy bolupdyr. Şeýle tomaşalar imperiýa döwründe respublika döwründen has hem uly geçirilipdir.

Traýanyň geçirýän baýramçylyklary 123 günläp dowam edipdir. Amfiteatrlaryň sahnasyna ýyrtyjy haýwanlaryň 11 müňüsi çykarylypdyr. Rimlilere tomaşa görkezmek üçin gladiatorlaryň 10 müňüsi birbirleri we wagşy haýwanlar bilen söweşipdirler. Imperatorlaryň döwründe Rimde Palatin baýrynyň günortasyndaky giň meýdanda ägirt uly sirk gurlupdyr. Onuň on müňlerçe tomaşaçylar üçin niýetlenen tribunalary hem-de imperator we baý adamlar üçin edilen kaşaň ložalary bolupdyr. Sirkiň aýlaw ýodalarynda dört at goşulan kolesnisalaryň ýaryşy geçirilýän eken.

Grekleriň we rimlileriň medeniýetine antik medeniýet diýip at berýärler (antikwus «gadymy» diýen latyn sözünden gelip çykypdyr). Ol Ortaýer deňziniň sebitindäki ýurtlarda giňden ýaýrapdyr, Gündogara, has uzaklara aralaşypdyr. Antik medeniýet diňe bir Ýewropanyň däl, eýsem dünýäniň beýleki ýurtlarynyň hem medeni taýdan mundan beýläkde ösmegine esas bolup hyzmat edipdir.

## 22. Hristiançylygyň döremegi.

**Täze diniň döremeginiň sebäpleri.** B.e. 6869-njy ýyllarynda Rim imperiýasynyň iň bir agyr syýasy krizise düşen wagtlary ýurduň gündogar welaýatlary, esasan hem iudeýlar horluk çekipdir. Rimlilere garşy gozgalaňa turan halk Ýahwe hudaýynyň olar üçin bir «serdary» iberjekdigine we ýerde «hudaýlaryň müňýyllyk patyşalygyny» gurjakdygyna ynanypdyrlar. Emma iudeýleriň garaşýan zady başa barmandyr. Rimliler halk gozgalaňlaryny rehimsizlik bilen basyp ýatyrypdyrlar. Müňlerçe iudeýler gyrlypdyr. Olaryň bir bölegi gul edilip salylypdyr, bir bölegi bolsa başga ýurtlara. şol sanda Italiýa gaçyp barypdyrlar. Rimiň "demin" legionlary ýeňilmez, imperiýa bolsa ýanbermez bolup görnüpdir. Ezilenler ezijilere garşy göreşde azatlygy gazanmak umydyny ýitiripdirler. Guly agyr zähmetden, kemsidilmelerden we ýe-njilmelerden diňe ölüm dyndyrypdyr. Ezijilere garsy göreşde garyplaryň we gullaryň kalbynda diňe özlerini sütemden azat etjek we görgi berýänleri jezalandyryp biljek adalatly we kuwwatly hudaýa bolan ynam saklanypdyr. Olar şeýle «rehimdar hudaýyň» tizräk gelmegine sabyrsyzlyk bilen garaşypdyrlar.

**Isa pygamber hakyndaky rowaýat.** Iki müň ýyldan gowrak wagt mundan ozal Palestinanyň, Siriýanyň, Kiçi Aziýanyň şäherlerinde we obalarynda özlerini Hudaýyň ogly Iisusyň okuwçylary diýip atlandyrýan adamlar ýüze çykypdyrlar. Olaryň aýtmaklaryna görä, onuň ejesi

Palestinanyň Nazaret şäherçesiniň ýaşaýjysy Mariýa bolupdyr (türkmenler oňa Merýem diýýärler). Isanyň kakasy bolsa ýewreýleriň Ýahwe hudaýy bolupdyr. Ol dünýä inende asmanda ýyldyz dogupdyr. Şol ýyldyz boýunça ýönekeý adamlar uzak ýurtlardan bu ogla-njyga seždе etmek üçin geler ekenler. Şeýlelik bilen, hamala Palestinada adam keşbinde hudaýyň Ýerde ýaşandygy hakynda rowaýatlar peýda bolup başlapdyr. Oňa *Iisus Hristos* (musulmançylykda öňa Isa pygamber diýipdirler) diýip at beripdirler. Ol bir obadan beýleki obalara baryp, ýakyn wagtlarda hudaý ýerde adalatlylygy berkarar eder diýip öwredenmiş. Isa pygamber kör adamlaryň gözüni açanmyş, ölenleri direldenmiş, başga geň zatlaram edenmiş. Isa pygamberiň 12 sany okuwçysy bolupdyr. Ýahwe buthanasynyň ruhanylary bir agaç ussasynyň özüni Hudaýyň Ogly diýip yglan edip ýörmegine gahar edipdirler. Emma rimliler üçin Isa halky bulap ýören adam hasaplanypdyr. Onuň wagyzlaryny Palestinada imperatoryň häkimligini ýumrujy hasaplanypdyr. Onuň 12 okuwçysynyň biri bolan Iuda ony 30 kümüş teňňä satmaga razy bolupdyr. Gije ol gözlegçileri Isanyň öz okuwçylary bilen bolýan ýerine, Palestinanyň etegine getiripdir. Şol ýerde bolsa ony tutupdyrlar. Rim häkimleri Isany günäkärläp, ony haja çüýlemegi karar edipdirler. Isanyň ýoldaşlary onuň jesedini gije äkidip jaýlapdyrlar. Emma üç günden soň onuň jesedi tabytda ýok eken. Isa täzeden direlip, asmana uçupdyr. Birnäçe günden soň Isa ýoldaşlarynyň ýanyna gelip, olara ýene-de dolanyp geljekdigini we Hudaýyň buýruklaryny ýerine ýetirip, dirilere we ölülere sud etjekdigini wada beripmiş. Isa pygamber ähli adamlaryň imperatorlaryň, baýlaryň, garyplaryň, gullaryň ruhy öz öňünde «elhenç sudda» bolar diýip aýdanmyş. Her bir adamyň etmişi we hatda oý pikirleri terezä salnyp çekiljekmiş. Isany hudaý diýip ykrar edip, oňa ynanan we şu dünýäde ähli jebirjepalary başdan geçiren adamlary ýalkap, o dünýäde olaryň jennete düşmegini, haýsy halkdan gelip çykandygyna garamazdan, ol ýerde olara müdimilik eşreti sahylyk bilen

bermegi wada edenmiş. Umuman Isa pygamber hakyndaky rowaýatlar gadymy rowaýatlar esasynda döräpdir.

I asyryň aýagynda II asyrda Isa pygamber hakyndaky şol rowaýatlar ýazuwa geçirilipdir. Rowaýatlaryň bu ýazgysyna «Ýewangeliýe» («injil») diýip at beripdirler. «Ýewangeliýe» grekçe «hoş habar» diýmegi aňladýar. Dürli Ýewangeliýelerde Isanyň ýaşaýşy hakynda dürlidürli gürrüň berilýär. Olarda gapmagarşylykly we ynanyp bolmajak zatlar gaty köp. Bular ezilenleriň şol sabyrsyzlyk bilen garaşýan habarlary bolupdyr.

**Hristiançylygyň ýaýrap başlamagy.** Ilki-ilkiler garyplar we gullar hristian dinini kabul edipdirler. Olar öz çeken jebirjepalary üçin ýalkanjakdyklaryny, olara görgi görkezenleriň bolsa temmi aljakdyklaryny wada berýän gürrüňlere ynanypdyrlar. Isa hakyndaky rowaýatlara ynanan adamlar özlerini hristianlar, dinlerini bolsa hristiançylyk diýip atlandyrypdyrlar. Hristiançylygy wagyz edijiler şäherdenşähere, ýurtdanýurda aýlanypdyrlar, özleriniň hristiançylyk baradaky ýazgylaryny iberipdirler. Hristiançylyk Rim imperiýasynyň ähli ýerine ýaýrapdyr. Hristianlaryň arasynda dürli halklaryň wekilleri: ýewreýler, grekler, rimliler, müsürliler, gallar we ençeme beýleki halklar bar eken. Irki hristianlar bir hudaýy ykrar edipdirler, imperatorlara sežde etmekden boýun gaçyrypdyrlar we gizlinlikde ýerzeminlerde, taşlanan jaýlarda ýygnanýan ekenler. Rim häkimiýetleri olaryň ýygnanyşyklaryny gadagan edip, olary yzarlapdyrlar. Hristianlar obşinalarajemgyýetlere birleşipdirler, obşina agzalary bilelikde çokunypdyrlar, Ýewangeliýaniň okalyşyny diňläpdirler, öz baýramçylyklaryny belläpdirler. Bu baýramçylyklar baryp gadymy dinlerde hem bolupdyr, ýöne olar täze dine uýgunlaşdyrylypdyr. Meselem, Isanyň doglan gününi misli täze günüň dogandygyny aňladýan ýaly, günüň uzalyp başlaýan wagty bolan dekabr aýynyň 25ini baýram edipdirler. Onuň direlen gününi bolsa baharda baýram edipdirler. Tebigatyň baharda janlanýandygyny aňladýan bu baýramçylyk ekerançylyk bilen meşgullanýan halklaryň ählisinde diýen

ýaly bolupdyr. Hristianlar hudaýyň dünýäni alty günüň içinde döredenligi, ilkinji adamy palçykdan ýasandygy we oňa dem salyp ruh berendigi hakyndaky gadymy rowaýaty hem ykrar edipdirler.

**Baý adamlaryň hristianlaryň hataryna girmegi.** Kim imperiýasynyň baý we bilimli adamlary ilkiilkiler gullaryň we garyplaryň dinine ýigrenç bilen garapdyrlar. Hatda Rim ýazyjylary hristiançylygy «ädikçilerdir mazutçylaryň dini» diýip, ýigrenç bilen atlandyrypdyrlar. B.e. III asyrynda Rim imperiýasynda ýaşaýyş örän gowgaly we howply bolupdyr. Imperiýanyň hemme ýerlerinde gozgalaňlar, pitneler turupdyr, ýurduň içine warwarlar çozup giripdirler, adamlaryň emläkleri talanypdyr, özleri heläk bolupdyrlar. Şeýle ýagdaýda hiç kim ertirki gününe ynam edip bilmändir. Soňuň üçin garyp adamlar ýaly, baý adamlar hem ölenlerinden soň «baky eşretde» bolmak umydy bilen göwünlerine teselli berip ýaşapdyrlar. Üstesinede, imperiýanyň pese düşmegi zerarly ylymbilim hem pese düşüpdir. Bu bolsa dini ynançlaryň ýaýramagyna ýardam edipdir. Iň esasy zat baý adamlar hristiançylygyň özleri üçin geljekde peýdaly boljakdygyna gözleri ýetipdir. Hristiançylyk çydamlylygy we boýun egmekligi wagyz etmek bilen gullaryň we garyplaryň ünsüni ezijilere garşy göreşden sowupdyr. Hristiançylygy wagyz edijiler «Gullar, hudaýdan heder edip, hemme ýagdaýlarda öz hojaýynlaryňyza boýun boluň!». “Ýaramaz guly hristiançylyk gowy adama öwürýän” diýip düşündiripdirler. Imperiýanyň ähli ilatynyň özüne doly boýun bolmagyny talap eden imperator Diokletian hristianlary aňtapdyr, zyndana salypdyr, sürgün edipdir, jezalandyryp Öldüripdir. Emma gazaply çäreler hem kömek etmändir. Hristianlaryň sany garyplaryň hem baýlaryň arasynda artmagyny dowam etdiripdir.

**Hristian buthanasy. Hristançylygyň agalyk ediji dine öwrülmegi.** «Öz ruhuny halas etmek üçin» obşinanyň hajatyna pul sadaka edýän baý hristianlary ruhanylyga, obşinalaryň ýolbaşçylygyna we ýepiskoplyga saýlan wagtlary seýrek bolmandyr. *Ýepiskop* diýen söz grekçe «gözegçi» diýmekligi aňladýar. Ýepiskoplar tutuş welaýatyň

obşinalaryna gözegçilik edipdirler, ýagny olara baş bolupdyrlar. Ýepiskoplar birbirleri bilen aragatnaşyk saklapdyrlar. Şeýlelik bilen, müňlerçe obşinalary birleşdirýän we ýepiskoplar tarapyndan dolandyrylýan hristian guramasy emele gelipdir. Oňa hristian buthanasy diýip at berýärler. Imperiýanyň ilatynyň arasynda buthanalaryň täsiri gitdigiçe uly bolupdyr.

Imperator Konstantin örän gazaply çäreleri ulansada, adamlary jezalandyrmak ýada öldürmek arkaly boýun egmäge mejbur edip bolmajakdygyna düşünipdir. Beýleki dinlere garanda ezilýänleri tabynlykda saklamaga hristiançylygyň oňat hemaýat edýändigini ol görüpdir. Hristian buthanasynyň garyplara we gullara örän uly täsiri bolupdyr, olara diýleni etmekligi we gulak asmaklygy öwredipdir.

## 23. Rim imperiýasynyň gowşamagy.

Hojalygyň ösmegi üçin gulçulyk bökdençdir. I-II asyrlarda Rim gul eýeçilik imperiýasy öz kuwwatynyň iň ýokary derejesine ýetipdir. Emma II asyryň ahyrlarynda III asyrda Rim imperiýasynda gul eýeçilik hojalygy pese düşüp başlaýar. Onuň esasy sebäbi hem gullaryň zähmete parhsyz garamaklary bolupdyr. Olar nähili işlänlerindede şol bir ujypsyz iýmit we ýönekeý egineşikden artyk zat gazanmandyrlar. Öz hojaýynlaryny ýigrenýän gullar mümkin boldugyça ýaramaz işlemäge çalşypdyrlar. Gullary işlemäge mejbur etmek we olaryň gaçyp gitmegine ýol bermezlik üçin gul eýeleri köp sanly gözegçileri, garawullary saklamaly bolupdyrlar.

Ýaramaz işlänligi üçin temmi hökmünde gula agyr bukaw geýdiripdirler. gul şeýle ýagdaýda öňküden hem ýaramaz işläpdir. Üzüm agaçlaryna we iriýmişli baglara seretmek üçin pähimli we galjaň gullar gerek bolupdyr. gul eýeleri bolsa şeýle gullardan gorkupdyrlar. «Näçe guluň bolsa soňçada duşmanyň bar» diýip, gul eýeleri aýdar ekenler.

Rimde ylmybilimleriň ösmegi suw degirmenlerini gurmaga mümkinçilik beripdir. Emma mehanizmlere hem-de gurlan suw bentlerine ak ýürekli gözegçilik etmek zerur bolupdyr. Muňa garamazdan gullar ozalkysy ýaly dänäni el degirmenlerinde üwäpdirler. Öküziň güýji bilen topragy agdarýan çylşyrymly azal, orak orýan gural oýlanyp tapylypdyr. Emma gymmat bahaly zähmet gurallaryny gullara ynanmandyrlar. Gullara işlemek üçin diňe gödek ýasalan oraklary we köne agyr azallary beripdirler. Şeýlelikde. daýhanlaryň gowy hasyl alan ýerleri kem-kemden gurpsuz ýerlere öwrülipdir. Ylaýtada. gullaryň köp işleýän ýeri bolan uly mülklerde işiň ýagdaýy has hem ýaramaz bolupdyr. Magdan känlerinde. hünärmentçilik ussahanalarda işleýän gullara hem diňe iň ýönekeý we gödek zähmet gurallaryny beripdirler. Gulçulyk tehnikanyň ösmegini bökdäpdir. oba hojalygynyň pese gaçmagyna sebäp bolupdyr. Bu bolsa söwdanyň pese gaçmagyna getiripdir. Ylaýtada Italiýada gullar gaty köp eken. Bu ýerde hojalyk has hem pese gaçypdyr. Gullaryň zähmeti gul eýeleri üçin peýdasyz bolup başlapdyr. Soňuň üçin käbir paýhasly gul eýeleri gullara kiçeňräk ýerleri we zähmet gurallaryny bölüp berip başlapdyrlar. olara külbe gurunmaga rugsat edipdirler. Olara «külbeli gullar» diýipdirler. Şeýle gullar Öz hojaýynyna bellibir töleg tölemeli bolupdyrlar we öz zähmet önüminiň hem bir bölegini bermeli bolupdyrlar. Öndürilen önümiň galany bolsa guluň özüniňki bolupdyr. Şäherlerde käbir gullara ownuk ussahanalary we dükanlary edinmäge rugsat beripdirler. olaram öz gaza-njynyň bir bölegini hojaýyna bermeli bolupdyrlar. Muňa garamazdan, ýer alan ýada dükan edinen gullar öz hojaýynynyň doly ygtyýarynda bolupdyrlar.

Kolonlar we imperiýada bolan gozgalaňlar. Uly mülk eýeleri erkin garyplary ýer işläp bejermeklige çekipdirler, öz mülklerini ownuk ýerlere bölüp. olary kärendesine almaga rugsat edipdirler. Rimde ownuk kärendeçilere kolonlar diýip at beripdirler. Kolonlar ýer eýesine *kärende tölegini* töläpdirler (l/3ini). ondan artyk gazanan önümleri olaryň özlerine degişli bolupdyr. Şoňa görä-de kolonlar hasyl almaga çalşypdyrlar;

gullara garanda olar gowy işläpdirler, mallary we zähmet gurallaryny aýawly saklapdyrlar. Adatça, garyplaryň hojalyk edinmek üçin serişdesi bolmandyr, soňuň üçin hem olar ýer eýelerinden zähmet gurallaryny, mallary we tohumy karz almaga mejbur bolupdyrlar. Bergidar kolonlar mülki laşlap, başga ýere gidip bilmändirler we öz hojaýynyna doly elgarama bolup galypdyrlar. II-III asyrlarda kolonlaryň sany artypdyr. Gullaryň we kolonlaryň ýagdaýy örän agyr bolmagynda galypdyr. Welaýatlaryň ilatyna ägirt uly salgyl salnypdyr. Soňuň üçin hem imperiýanyň dürli böleklerinde gozgalaňlar turupdyr. Gozgalaňlara gullaryň hem, kolonlaryň hem, şäher garyplarynyň hem gatnaşan wagtlary seýrek bolmandyr.

Gozgalaňçylaryň pyýada we atly goşuny çopanlardan düzülipdir. Bagaudlar häzirki Parižiň golaýynda berk gala gurupdyrlar. Olar Galliýanyň ähli ýerlerinde gul eýeleriniň mülklerini otlapdyrlar. Rimiň özünde senetçiler we gullar gozgalaň turzupdyrlar. Gozgalaňçylaryň guran berkitmelerini zabt edipdirler, emma agyr ýitgilere sezewar bolupdyrlar. Rim imperiýasynda hojalygyň pese düşmegi we gozgalaňlaryň turmagy bilen bir wagtda onuň duşmanlarynyň ýurduň serhetlerine zor salmagy hem güýçlenipdir.

Imperiýanyň serhetlerine wagşylaryň (warwarlaryň) zor salmagy. II-III asyrlarda Ýewropadaky Reýn derýasy bilen Elba derýalarynyň arasynda ýaşan germanlar ýygy-ýygydan Rim imperiýasynyň serhetlerine çozuş edipdirler. Bu ýerde gür tokaýlyklaryň we uly batgalyklaryň arasynda germanlaryň urug şäherçeleri ýerleşipdir. Beýleki wagşylar ýaly, germanlar hem imperiýanyň mes toprakly düzlüklerine we baý şäherlerine göz gyzdyrypdyrlar Germanlar imperiýanyň mülklerine tutuş taýpataýpa bolup çozupdyrlar. Öň hatarda ýaraglanan erkek adamlar pyýada ýoräpdirler, taýpa serdarlary we olaryň esgerleri at münüp barypdyrlar. Çopanlar öz mal sürülerini sürüp barypdyrlar.

III asyrda Rim imperatorlarynyň häkimiýeti gaty gowşak bolupdyr. Legionerler imperatoryň tagtyna ygtyýar edipdirler. Olara kim

köp hak tölese, imperatorlary tagtdan düşüripdirler we wada berenleri tagta çykarypdyrlar. Şol döwürde legionerleriň tagta çykaran imperatorlaryna «esger imperatorlary» diýýän ekenler. imperatorlaryň her 23 ýyldan, käte bolsa 12 aýdan soň hem çalşylan wagtlary bolupdyr. Imperiýada käte bir wagtyň özünde birnäçe imperatorlar bolupdyr. Goşundaky pitneler we imperatorlaryň arasyndaky uruşlar imperiýany has hem gowşadypdyr. III asyryň ortasynda Galliýa, Ispaniýa, Müsür, Aziýadaky hem-de Dunaýyň aşaky akymyndaky ähli welaýatlar diýen ýaly Rimden bölünip aýrylypdyr. Gowşan imperiýa öz serhetlerini gorap bilmändir. Wagşylaryň leşgerleri imperiýanyň serhedini bozup duş gelen zatlary talapdyrlar. Netijede obalar tozdurylyp, welaýatlar boşap, şäherler harabaçylyga öwrülipdir. Gozgalaňlaryň basylyp ýatyrylmagy we imperiýanyň bitewileşdirilmegi. Goşundaky pitneleri, ilatyň gozgalaňlaryny basyp ýatyrmak üçin imperatoryň häkimiýetini pugtalandyrmak zerur bolupdyr. Diňe Italiýanyň gul eýeleri däl, eýsem welaýatlaryň hem gul eýeleri gullaryň we kolonlaryň üstünden, olaryň agalygyny goldaýan imperiýanyň saklanyp galmagyny isläpdirler. Soňuň üçin hem olar öz häkimiýetini pugtalandyrmaga çalyşýan imperatorlara goldaw beripdirler. 284-nji ýylda legionerler Diokletiany imperator diýip jar edipdirler. Onuň asly garyp maşgaladan bolupdyr, emma ukyply legioner goşunbaşy hökmünde çalt öňe çykypdyr.

Diokletian aýgytly hem gazaply hereket edipdir. Ol pitne turzan urşujylary jezalandyrmak arkaly goşunda tertipdüzgüni pugtalandyrypdyr. Imperator goşuny köpeldip, uly goşun bilen Galliýa çozup giripdir, ol ýerdäki obalary otlapdyr we ilaty gyrypdyr. Gallar mertlik bilen söweşipdirler. Legionerler olaryň galasyny zabt edip alyp bilmändirler, galadaky gozgalaňçylar uzak wagtlap gabalypdyr we açlyga sezewar bolup, boýun egmäge mejbur bolupdyrlar. Imperatoryň goşunlary beýleki welaýatlarda turan gozgalaňlary hem ýerli baýlaryň kömegi bilen basyp ýatyrypdyrlar. Rimliler uzaga çeken we tutanýerli uruşlardan soň imperiýanyň ýerlerine çozup giren wagşylary gysyp

çykarypdyrlar. Rimliler imperiýanyň serhetlerindäki galalary dikeldipdirler, täze galalary gurupdyrlar. Bir galadan beýleki gala çenli garym gazypdyrlar, seňňer galdyrypdyrlar, seňňerleriň daşyna agaç haýat salypdyrlar. Seňňerleriň bütin boýuna biri-birine ýakyn aralykda diň salyp, şolaryň üstünden daştöwerege gözegçilik edipdirler. Rim legionlary we harby gulluga alnan warwarlar imperiýanyň serhetlerini beýleki wagşylaryň çozuşlaryndan gorapdyrlar.

Diokletian imperiýany 21 ýyllap dolandyrypdyr. Ol galagoply hem köp adamly Rimde ýaşamak islemändir. Ol özi üçin imperiýanyň gündogar böleginde ajaýyp köşkleri, galalary gurdurypdyr. Kaşaň köşkleri, ägirt uly goşuny, köp sanly emeldarlary we aňtaýjylary saklamak üçin ol salgytlary öňküdende artdyrypdyr, bu bolsa Italiýanyň we welaýatlaryň ilatynyň gerdenine agyr külpet bolup düşüpdir.

## 24. Gotlaryň imperiýanyň içine ornaşmagy. Gündogar Rim imperiýasynyň döremegi.

Wagşylaryň zor salmagynyň güýçlenmegi. Imperiýa ysgyndan gaçdygyça onuň serhetleriniň üstüne wagşy taýpalaryň çozuşlary güýçlenipdir. Wagşy taýpalar soýuzlara birleşipdirler we begleriň arasyndan özlerine serdar saýlapdyrlar. Olar başlybarat, emma uly leşgerleri bilen imperiýanyň serhetlerini zabt edipdirler. Imperatorlar wagşy taýpalaryň çozuşyndan altyn berip, başlaryny gutarmaga mejbur bolupdyrlar ýada olardan goranmak üçin olaryň beýleki taýpalaryny hakyna tutmaly bolupdyrlar. Gara deňziň demirgazygyna göçüp baran german taýpalary gottlar imperiýanyň has howply goňşusy bolupdyrlar. Olar IV asyryň ikinji ýarymynda Kaspi deňziniň kenar ýakasyndaky sähralardan Ýewropa tarap eňen çarwalaryň çozuşyna garşy durup bilmän, Dunaýyň kenar ýakalaryna tarap süýşüpdirler.

**Gottlar imperiýanyň içinde.** Gottlar imperiýanyň serhetlerini goramagy borç edinip, onuň çolaryp galan welaýatlarynda mekan tutmaga rugsat alypdyrlar. Gottlaryň 10 müňlerçesi öz aýallary, çagalary bilen sallara münüp, Dunaý derýasynyň sag kenaryna geçipdirler. Imperatoryň emeldarlary olary azyk bilen üpjün etmegi wada beripdirler emma sözlerinde tapylman, olary aldapdyrlar. Açlyk çekýän gottlar gozgalaň turzupdyrlar we Konstantinopola tarap ugrapdyrlar. Köpsanly gullar gozgalaňa goşulypdyrlar; 378-nji ýylda gozgalaň Balkan ýarymadasynyň bütin demirgazykgündogaryny öz içine alypdyr. Imperator öz goşunlary bilen gottlaryň garşysyna çykypdyr. Söweşde gottlar imperatoryň goşunlarynyň daşyndan aýlanyp, olaryň arkasyndan çozupdyrlar, söweşde imperator hem wepat bolupdyr. Täze imperator gottlaryň serdarlaryna diňe berimpeşgeş berip, zordan uruş hereketleriniň bes edilmegini gazanypdyr. Gottlara Balkan ýarymadasynyň demirgazykgünbatarynda ymgyr giň ýerler berlipdir. Köp sanly wagşylaryň imperiýanyň merkezinde mekan tutmaklary döwlet üçin örän howply bolupdyr. Imperiýanyň bölünmegi. Ägirt uly imperiýany Konstantinopoldan dolandyrmak örän kyn bolupdyr. Wagşy taýpalar Reýn we Dunaý derýalaryndan geçipdirler we ol ýerdäki welaýatlary basyp alypdyrlar. 395-nji ýylda Rim imperiýasy ikä bölünýär. Paýtagty Konstantinopol şäheri bolan Gündogar Rim imperiýasy Wizantiýa we paýtagty Rim şäheri bolan Günbatar Rim imperiýasy emele gelipdir. Italiýa, Ýewropadaky hem-de Afrikadaky günbatar welaýatlar Günbatar imperiýanyň häkimiýeti astynda galypdyr. Gündogar imperiýa bolsa Balkan ýarymadasy, Müsür hem-de Rimiň Aziýadaky mülkleri giripdir. Imperiýanyň bölünmegi bu iki döwletiň güýçlerini öňküdende beter gowşadypdyr. Şäherleri çolaryp galan, obalary tozdurylan, ýygy-ýygydan gozgalaňlar turýan Günbatar imperiýanyň ýagdaýy ylaýtada agyr bolupdyr. Gottlaryň Rimi basyp almagy. Imperiýa ikä bölünenden soň Italiýanyň üstüne ýene-de uly howp abanypdyr. Gottlar imperiýanyň gowşaklygyndan peýdalanypdyrlar. Olar tejribeli urşujy Alarihi özlerine

serdar saýlapdyrlar we onuň baştutanlygynda Gresiýany hem-de Makedoniýany tozdurypdyrlar. Italiýany goramak üçin Galliýadan, Britaniýadan we Ispaniýadan legionlar çagyrylypdyr, goşuna hatda gullary hem alypdyrlar. Emma şeýle çärelerden soň hem Apennin ýarymadasyny wagşylardan wagtlaýynça goramak mümkin bolupdyr.

Gottlar Italiýa çozup giripdirler, Italiýany gorara adam tapylmandyr. Gorkak imperator Gonoriý berk galada gizlenipdir. Wagşy taýpalaryň goşunlary hem Alarihiň tarapyna geçipdirler. Imperatory ýigrenen gullar gul eýeleriniň mülklerini weýran edipdirler hem-de müňlerçe adam bolup gottlara goşulypdyrlar. 410-njy ýylda Alarih kuwwatly gala diwarlary bilen goralan Rimi zabt edip almagy ýüregine düwüpdir. Oňa gullar kömek edipdirler, gullar gije galanyň derwezesini açypdyrlar we gottlar Rime giripdirler. Ýewropanyň, Aziýanyň we Afrikanyň halklaryny ýüzlerçe ýyllaryň dowamynda eýmendirip gelen iň gadymy Rim şäheri wagşy taýpalar tarapyndan basylyp alynýar. Üç günläp gottlar Rimi talapdyrlar. Soňdan soň olar tozdurylan şäheri taşlap gidipdirler.

**Germanlaryň Günbatar imperiýa çozup girmegi. Günbatar Rim imperiýasynyň heläk bolmagy.** Gottlar bilen bir hatarda beýleki german taýpalary hem Günbatar Rim imperiýasyna çozup giripdirler. Olar kem-kemden Galliýany, Italiýany, Ispaniýany basyp alypdyrlar we Demirgazyk Afrika aralaşypdyrlar. Wagşy taýpalar ýykypýumrup barýan sil ýaly imperiýanyň içinden geçipdirler. German obşinalary mes toprakly ýerlerde mekan tutyp, süle we arpa ekmek üçin üzüm agaçlaryny goparypdyrlar, zeýtun agaçlarynyň tokaýlaryny Öri meýdanlaryna öwrüpdirler. Germanlar gala salmak üçin köşkleriň we ybadathanalaryň diwarlaryny söküp, olaryň daşlaryny alypdyrlar. Birentek şäherler bütinleý weýran edilipdir we harabaçylyga öwrülipdir.

V asyryň ortasynda 455-nji ýylda wandallaryň taýpalary hem Afrikadan Italiýa geçipdirler we Rimi aňsatlyk bilen eýeläpdirler. Bu gezek şäher iki hepdäniň dowamynda has hem rehimsizlik bilen

talanypdyr we weýran edilipdir. Wandallar heýkelleri döwüpdirler, kitaplary ýok edipdirler, jaýlary otlapdyrlar. Olaryň çozuşyndan soň Rimde baryýogy 7 müň adam aman galypdyr. Rim imperatorlary wagşylara garşylyk görkezip bilmändirler. V asyryň ortalarynda Rim ikinji gezek wandallar tarapyndan basylyp alnypdyr we şäher doly tozdurylypdyr. Wagşylaryň hökümdarlary indi diňe bir günbatar welaýatlary dolandyrman, eýsem olar bütin Italiýany hem ellerine alypdyrlar. 476-njy ýylda bolsa german serdarlarynyň biri iň soňky Rim imperatoryny tagtdan düşüripdir we Günbatar Rim imperiýasynyň ýok edilendigini yglan edipdir. Günbatar Rim imperiýasyna garanda az derejede tozdurylan Wizantiýa kynlyk bilen hem bolsa, wagşylaryň zor salmagyny yzyna serpikdiripdir. Gul eýeçilik gurluşynyň ösmeginiň özi imperiýanyň güýçlerini opurypdyr we onuň gutulgysyz ýykylmagyna getiripdir. Imperiýany halk gozgalaňlary we wagşy taýpalaryň onlarça ýyllaryň dowamyndaky çozuşlary tozdurypdyr, weýran edipdir.

Imperiýanyň ýykylmagy bilen Günbatar Ýewropada gul eýeçilik gurluşy hem ýykylypdyr. 476-njy ýyl taryhda Günbatar Rim imperiýasynyň ýykylan we gadymy dünýä taryhynyň tamamlanan ýyly hasap edilýär.

**Imperator Ýustinian we Feodora.** Gündogar imperiýa gadymy ady boýunça Wizantiýa diýlip atlandyrylýar. Bu döwlet Günbatar imperiýa garanda uzak saklanyp, müň ýyldan hem artyk ýaşapdyr. Gündogar Rim imperiýasynyň iň görnükli hökümdary Ýustinian (527-565-nji ý.) bolupdyr. Ýustinian garyp ekerançynyň maşgalasyndan bolupdyr. Rimde harby gullukda bolup, esgerlikden köşk serkerdeligine çenli ýetipdir. Imperator aradan çykanyndan soň, garran Ýustiniany imperator diýip yglan edipdirler. Ýustinian çagalyk döwründe mekdepde okamandyr, ol hatda öz adyny hem ýazyp bilmeýärdi diýip, gürrüň edýär ekenler. Ýustinian garyp maşgaladan bolan örän görnükli Feodora diýen gyza öýlenipdir. Feodora imperatoryň aýaly bolandan soň döwlet işlerine ýürekden ýapyşypdyr. Ýustinianyň dolandyran döwründe

Konstantinopolda gozgalaň turupdyr. Halk döwletiň agyr salgydyndan bizar bolupdyr. Gozgalaňçylar baýlaryň jaýlaryny ýumrupdyrlar. Gozgalaňdan gorkan Ýustinian paýtagty taşlap gaçmakçy bolupdyr. Emma Feodora köşgi taşlap gitmek islemändir. Ol gaçyp ýörenden patyşa aýaly bolup ölen ýagşydyr diýip aýdypdyr, şondan soň Ýustinian hem galypdyr. Olar gozgalaňçylaryň sirkiň tomaşa jaýyna ýygnanyşandyklaryny bilip, ol ýere ýaragly goşun iberipdir. Duýdansyzlykda gelen goşun ýaragsyz adamlary gyryp, sirkiň içini on müňlerçe öldürilen adamlaryň gany dolduryр dyr.

Gozgalaň basylyp ýatyrylandan soň ýanan we ýumrulan şäherler täzeden dikeldilipdir. Imperator Ýustinianyň buýrugy bilen Mukaddes Sofiýa buthanasy täzeden dikeldilipdir. Bu ýer Konstantinopolyň iň gözel ýeri hasaplanypdyr. Buthana her dürli mermer daşlary bilen bezelipdir. Üstünde bolsa Rimdäki Panteonyň gümmezinden hem uly gümmez salnypdyr. Buthananyň içleri bolsa her dürli bezeg daşlary bilen şekillendirilip bezelipdir.

## 25. Orta asyrlar taryhy. Aziýa halklarynyň orta asyrlar eýýamyna gadam basmaklary.

Aziýanyň irki orta asyrlar döwri ýere eýeçilik etmegiň gowşak ösen görnüşleriniň agdyklyk etmegi bilen häsiýetlendirýär. Bu döwürde daýhanlaryň ählisi entek erkindirler we ýer eýeleriniň tabynlygyna doly geçmändiler. Mundan başgada, hojalygy ýöretmegiň gul eýeçilik we jemagatçylyk gurluşlary hem saklanyp galýardy.

Ösen orta asyrlar döwri şertli iri ýer eýeçiliginiň(ol harbymülkdarçylyk ulgamy diýilip atlandyrylýar) ösüşi, agalygyň we ýapjalygyň güýçlenmegi, şeýle hem ähli daýhanlaryň ýer eýelerine doly tabyn edilmegi bilen häsiýetlendirilýär. Orta asyr şäherleriniň kemala gelmegi hem hut şu döwürde tamamlanýar.

Giçki orta asyrlar döwri harbymülkdarçylyk ulgamynyň we hojalygy ýöretmegiň orta asyr düzgünleriniň pese düşmegi, güýçli we merkezleşdirilen döwletleriň döremegi bilen tapawutlanýar. Bu döwürde Aziýanyň käbir ýurtlarynda pulharyt gatnaşyklarynyň ähmiýeti artýar, manufakturalar döräp başlaýar. Aziýa ýurtlarynda jemgyýetiň ykdysady binýady bolan ekerançylyk pudagy emeli suwarymlylyga esaslanýardy.

Bu yklymda ekin ekmek we ýaşamak üçin amatsyz ägirt uly gurak çöllükler, ulgamulgam daglar köpdi. Gündogarda ýerden hasyl aljak bolsaň, önüm öndürjek bolsaň, ýeri hökman köp zähmedi talap edýän emeli usulda suwlandyrmaly bolýar. Dogry, düme ekerançylygy Gündogardada bardy, emma onuň bilen jemgyýeti azyk önümleri bilen üpjün edip, haryt bolçulygyny döredip bolmaýardy, ony diňe önüm öndürmegiň goşmaça usuly hökmünde ulanýardylar. Gurak hem-de yssy guşaklykda ýerleşýän Gündogar ýurtlarynyň köpüsinde gurakçylyk ýyllary düme ekerançylygy asla bolmaýar.

Gündogar ýurtlarynda ekin ekmek, önüm öndürmek üçin derýalaryň, çeşmeleriň ugrunda suw desgalaryny gurmaly, ýaplary, noburlary çekmeli, her ýyl suw desgalaryny abatlap, gazyhaşar işlerini geçirip durmaly bolýardy. Şonuň üçin hem ekerançylygy ýöretmegiň şeýle kyn şertleriniň bolandygy üçin Gündogar ýurtlarynda sürüm ýerlerine, esasan döwlet eýeçilik etdi. Ilatyň köp bolmagy, suw ýetmezçiligi zerarly suwarymly ýerleriň hem azlyk etmegi, döwleti ekerançylyk ýerlerini öz eýeçiligine almagyna sebäp boldy.

Gadymy döwürlerde dünýäde döwletler köp bolmandy. Emma orta asyrlar döwründe Orta Aziýada, Hytaýda, Hindistanda, Eýranda, Arabystanda we beýleki sebitlerde merkezleşdiren döwletler kemala geldi. Giçki döwürlerde dünýäniň dürli sebitlerindäki döwletleriň sany has hem köpeldi.

Orta asyrlarda köp sanly türkmen döwletleri hem döredi. Olardan Göktürkmenleriň, Garahanly, Beýik Seljuk, Köneürgenç döwletlerini, Osman imperiýasyny hem-de köp sanly türkmen begliklerini görkezmek

bolar. Hytaýda, Ýaponiýada, Koreýada, Hindistanda, GünortaGündogar Aziýada, Eýranda, Kiçi Aziýada we Arabystan ýarym adasyndaky orta asyr döwletleriniň ösen oba hojalygy we kämil şäher önümçiligi bardy. Bu ýurtlarda döwlet dolandyryş, harby we salgyt ulgamlary kämilleşýärdi.

Aziýa ýurtlarynda orta asyr gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy bilen ekerançylyk ýerleri, esasan döwletiň eýeçiligine geçdi. Elbetde, sebitiň ýurtlarynda ýere hususy eýeçilik hem bardy, ýöne ol hiç haçan hem durnukly ýagdaýda bolmandyr. Aziýada ýere hususy eýeçilik wagtlaýyn, durnuksyz häsiýete eýedi.

Aziýa ýurtlarynda hökümdar döwletiň ähli ekerançylyk ýerleriniň eýesidi. Soňuň üçin hem ol döwletiň peýdasyna raýatlardan salgyt ýygnaýardy. Ýere döwlet eýeçiligi, aýratyn hem Hytaýda, Sasanylaryň döwletinde we Ýaponiýada has ir ýüze çykdy.

Döwlet eýeçiliginiň ýüze çykmagy we ösmegi Aziýa ýurtlarynda kämil salgyt ulgamynyň kemala gelmegini çaltlandyrdy. Harbymülkdarçylyk ulgamy döwlet we harby gulluklarynyň esasynda kemala gelip, onda döwlete gulluk etmek şerti bilen harby serkerdelere we ýokary wezipeli döwlet işgärlerine patyşa tarapyndan uly ýerler berilýärdi.

Öndüriji güýçleriň ösmegi jemgyýetçilik zähmet bölünşigini çaltlandyrdy. Şäherlerde jemlenen senetçilik önümçiligi ýokary derejelere ýetdi. Şäherler öňi bilen senetçiligiň hem-de söwdanyň merkezleri höküminde tanalýardy, ýöne şunuň bilen bir hatarda, olar dolandyryş merkezleri bolup galmaklaryny hem dowam etdirýärdiler. Gadymy şäherler oz meşhurlyklaryny bu döwürdede saklap galdylar.

Başda dolandyryş merkezleri ýada goşun bölümleriniň ýerleşýän ýerleri hökmünde saýlanyp alnan täze şäherler, tiz wagtdan senetçiligiň hem-de söwdanyň möhüm merkezlerine öwrüldiler. Netijede, orta asyr gatnaşyklarynyň ösýän döwründe Aziýa ýurtlarynda baý şäherler döreýärdi, öň bar bolan şäherler bolsa hasda ulalýardy.

Orta asyrlarda dünýäniň halklary, şol sanda Aziýanyň halklary hem gyradeň ösmediler. XVI-XVII asyrlaryň sepgidinde Günbatar Ýewropanyň öňdebaryjy ýurtlarynda kapitalistik gatnaşyklar kemala gelýän döwründe, Aziýanyň bir böleginde ilat ozalkysy ýaly orta asyr gatnaşyklarynyň höküm sürýän şertlerinde ýaşaýardylar. Ekerançylyk ýerleri we maldarçylyk ykdysadyýetiň binýady bolmak bilen, bu ýagdaý XVIXVII asyrlardada dowam etdi. Ekerançylyk ýerleri we suwaryş ulgamlary giňeýärdi, ýöne bu işleri amala aşyrmaklyk tehnikanyň gazananlaryna esaslanmaýardy. Önümçiligi ýöretmegiň esasy usuly gol zähmetidi we daýhanyň kämil zähmet endikleridi. Mysal üçin, hytaý daýhanlarynyň baý tejribesine we kämil zähmet endiklerine garamazdan, bu ýurtda iş malynyň ornuny, köplenç, adamyň özi tutmaly bolýardy. Munuň özi Aziýa jemgyýetinde öndüriji güýçleriň gowşak ösendigine şaýatlyk edýärdi.

Öndüriji güýçleriň haýal ösmeginiň esasy sebäpleriniň biride, asyrlaryň dowamynda öndüriji güýçleriň dolandyryjylara tabynlygynyň kem-kemden güýçlenmegi boldy. Girdeji almagyň esasy görnişi önüm salgydy bolup, ol pul salgydy we zähmet borçlary bilen utgaşdyrylýardy.

Emirleriň we döwlet gullukçylarynyň oba jemagatlarynyň durmuşyna gödek gatyşmaklary we daýhanlar babatynda dürli borçlaryň girizilmegi, daýhan hojalyklarynyň ýagdaýyna ýaramaz täsir edýärdi. Önümçilikde natural hojalyk agalyk edip, ol ýurtda bazar gatnaşyklarynyň kemala gelmegine düýpli päsgel berýärdi.

Salgytlaryň we borçlaryň artmagy, öndürijileriň dolandyryjylara bolan tabynlygynyň güýçlenmegi, ekerançylyk ýerleriniň obanyň we şäherleriň ýokary gatlaklarynyň eline geçmegine, olaryň mülkleriniň mukdarynyň artmagyna getirýärdi. Netijede, Aziýada asyrlar boýy dowam edip gelen ýere döwlet we jemagat eýeçiligi öz ähmiýetini ýitirip başlaýar.

Gündogar ýurtlarynyň senetçileri, hünärmenleri dürli bezeg esbaplaryny, şaýsepleri ýasamakda, nepis matalary, halylary dokamakda,

sowuk ýaraglaryň dürli görnüşlerini, farfor gapgaçlaryny öndürmekde, deri eýlemekde şöhratlanmaklaryny dowam etdirýärdiler. XVI asyrda Hytaý, Ýaponiýa, Eýran, Hindistan, Osman imperiýasy daşary bazardan gelýän ot açyş ýaraglaryny ulanyp başladylar, ýöne därini hytaýlylar oýlap tapypdylar, toplary ýasamagy bolsa, ýewropalylar araplardan öwrenipdiler.

Aziýa ýurtlarynda senetçilikde gazanylan üstünlikler, bol we arzan işçi güýji bilen gazanyldy. Bu bolsa örän ýokary derejede artykmaç önüm öndürmäge mümkinçilik berýärdi, emma işçi güýjüniň bol we arzan bolmagy, önümçilikde tehniki enjamlara bolan islegi peseldýärdi. Deňiz we gury ýer söwdasy bilen baglanşykly bolan iri şäherlerde uly ussahanalar we manufakturalar döreýärdi. Manufakturalaryň döremegi zähmet öndürijiligini artdyrýardy, olarda hakyna tutma işçi güýji giňden ulanylýardy. Emma ownuk senetçiler önümçilikde zähmet bölünşigi hem ýüze çykyp ugrady.

Senetçilik we manufaktura önümçiliginde söwda hem-de maliýe goýumlary giňden ulanylyp başlandy. Önümçilik söwdanyň bähbidine tabyn edilýärdi, ýöne maýa goýumlary içerki we daşarky söwda geleşiklerinde özbaşdak hereket edip bilmeýärdiler, sebäbi bu pudaklarda agalyk iri begzadalaryň ygtyýaryndady. Ýagdaý şeýle bolansoň, söwdagärleriň, işewür adamlaryň, senetçilik guramalarynyň işleri begzadalaryň we döwlet edarasynyň gönüdengöni gözegçiliginde saklanylýardy.

Üstesinede, içki gümrükler, dürli çäklendirmeler, agyr salygytlar, zähmet borçlary, käbir ýurtlarda daşarky söwdanyň gadagan edilmegi we beýlekiler şäher önümçiliginiň ösmegine, bazarlaryň giňemegine, oba hojalygyndan boşaýan artykmaç işçi güýjüniň peýdalanylmagyna päsgel berýärdi. Söwda işindäki çäklendirmeler we päsgelçilikler söwdanyň we işewürligiň ösmegine, maýalaryň toplanmagyna päsgel berýärdi, has beteride, gazanylýan girdejiniň epesli bölegi begzadalaryň hem-de döwlet emeldarlarynyň jübüsine gidýärdi.

Aziýa ýurtlarynda söwdagärleriň we işewür adamlaryň jany, emlägi we hukuklary orta asyr kanunçylygy tarapyndan goralmaýardy we olar dolandyryjy toparlaryň doly tabynlygyndadylar. Şol sebäpden hem şäherleriň söwda we önümçilik bilen baglanyşykly gatlaklary iri begzadalar, köşk adamlary, tasirli emeldarlar bilen gatnaşyklary agtarýardylar, olardan özlerine dürli ýeňillikleri satyn alýardylar. Olar öz maýalaryny köplenç, söwda ýada beýleki işlere sarp etmän, esasan ýer satyn almaga harçlaýardylar.

## 26. Göktürkmenleriň döwleti.

Gadymy türki taýpalary türkmen halkynyň kemala gelmeginde epesli yz galdyrypdyrlar. Altaý we Mongoliýa sebitlerindäki tapylan OrhonÝeniseý ýazgylarynyň türkmen dilindeligi oňa şaýatlyk edýär. VI asyryň ortalarynda Merkezi Aziýanyň, Gazagystanyň we Altaýyň dürli taýpalary uly hanlygy  Göktürkmen döwletini (Türk Kaganlygyny) döredýärler.

Göktürkmenler VI asyry ortalaryna çenli Orhon, Ýeniseý derýalarynyň jülgelerinde ýaşapdyrlar. Olaryň hökümdary Bumyn han bolupdyr. Emma ol zamanda göktürkmenler güýçli žužanlar döwletine garaşly bolup, agyr salgytlary töläpdirler. 545-nji ýylda göktürkmenler žužanlara garşy uruş yglan edipdirler. Uzaga çeken uruşda Bumyn han üstün çykýar we Žužan döwletini basyp alýar. Netijede, 552-nji ýylda oguzlardan bolan Bumyn han Göktürkmen döwletini esaslandyrýar. Özbaşdak döwleti döretmekde Bumyn hana onuň inisi Istemi han ýakyndan kömek beripdir. Bumyn han 552-nji ýylda aradan çykýar. Sol ýyldan başlap, tä 572-nji ýyla çenli Bumyn hanyň . kiçi ogly Küşu han "Muhan han" lakamy bilen Göktürkmenler döwletini dolandyrýar.

Muhan han edermen hem batyr, syýasy, diplomatik tarapdan sowatly adam bolupdyr. Muhan hanyň 553-560-njy ýyllarda geçiren

ýörişleriniň netijesinde Sary deňiz bilen Wolga derýasynyň aralygynda ýaşan ähli çarwa taýpalar göktürkmenleriň döwletine birikdirilipdir. Şeýlelikde, Merkezi Aziýany hem öz içine alan Hytaýdan Wolga çenli aralykda uly Göktürkmenler hanlygy döreýär. Olaryň döwleti Sasanylar, Rumystan hem-de ÇynMaçyn bilen araçäkleşipdir.

**Ilatyň kärleri we dini düşünjeleri**. Göktürkmen hanlygyna giren halklaryň bir bölegi ekerançylyk, başgalary maldarçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Demir magdanyny gözläp, ony işläp bejermek boýunça uly tejribeli adamlar bolupdyr. Olaryň arasynda Ökde demirçi, kümüşçi ussalar bolupdur. Altaý sebitindäki ussalar dine bir demri däl, eýsem altyn, kümüş, gurşun, mis magdanlaryny hem işläpdirler. Olardan şaýsep, ýarag, gapgaç we öý harajatlary üçin zerur zatlary ýasapdyrlar. Demirden pyçak, palta, üzeňňi, gama, gylyç, naýza we peýkam çişleri, asma we aýakly gazanlary ýasapdyrlar. Göktürkmenlerde AsmanaTaňra sežde etmek we yzygiderli sadaka bermek däp bolupdyr. Soňra at çapdyrylyp, altyngabak atdyrmak, düýe ýaryşdyrmak ýaly dabaralar guralypdyr. Şolýerde diňe sa daka sowulman, onda ýerýurt, uruşýaraşyk, wezipä bellemek, jeza çäresini bermek ýaly meseleler maslahatlaşylýar eken.

Odünýä we hudaýyň gudraty baradaky düzgünleri güýçli bolupdyr. Kimdir biri ölse, hyzmatkärini, gowy görýän aýalyny, münýän atyny bile jaýlaýarlar ekeni. Adam jaýlanan ýere Kurgan (gör) diýipdirler.

**Jemgyýetçilik gurluşy**. Göktürkmenleriň jemagatynda ýokary häkimiýet ýaşulular maslahaty tarapynda saýlanan Kaganyň(hanyňpatyşanyň) elinde bolupdyr. Taýpalary, tireleri, boýlary başarnykly adamlardan saýlanan begler dolandyrypdyrlar (onbegi, ýüzbegi, müňbegi we ş. m.). Iň ýokary häkimiýet Kagana patyşa degişli bolupdyr. Kaganyň aýratyn goşuny, maly, at sürüleri, hyzmatkärleri bolupdyr. Kaganyň öýi altyndan bosagaly, ýüpek, mahmal matalar, owadan halylar bilen düşelipdir. Bumyn han 20 adamdan ybarat döwlet edarasyny döredipdir. Göktürkmenler döwletiniň baýdagynda möjegiň

kellesiniň altyndan edilen şekili ýerleşdirilipdir. Bumyn hanyň girizen kanunlaryna görä, jenaýatyň iň ýamany dönüklik etmek, adam öldürmek, kesekiniň atyny ogurlamak, topalaň etmek bolup, şol jenaýatkärlere ölüm jezasy berlipdir. Göktürkmen döwletiniň Kültegin, Bilge han, Tonýukuk ýaly sowatly, akyllybaşly hanlary, edermen serkerdeleri bolupdyr. Olar döwleti güýçlendirip, agzalalygy ýeňip, goňşy döwletleriň köpüsini boýun egdirip, kuwwatly döwlete öwrüpdirler. Bilge han daşa ýazdyran ýazgysynda "Türkmen oguz begleri, halk eşidiň! Üstüňden asman basmasa, aşakda ýer dilinmese, türkmen halky, iliňiýurduňy, töräni (kanuny) kim bozup biler?" diýip, ol kuwwatly döwletiň döränini belläpdir.

**Göktürkmenleriň goňşy ýurtlar bilen gatnaşyklary**. Muhanhanyň (553-572 ý.) hanlyk eden döwründe Gök türkmen döwleti özüniň gülläp ösen derejesine ýetýär. Ol güýçli döwletleriň hatarynda bolup, olar bilen hemme taraplaýyn güýç synanyşyp we bäsleşip biljek döwlete öwrülýär. Göktürkmen döwletiniň hanlary atababalarynyň döreden döwletini, onuň ýerlerini gorap saklamaga, içki agzalalyklary, oňşuksyzlyklary, döwlete garşy gurnalýan gozgalaňlary basyp ýatyrmaga, ýurtda berk düzgünnyzamy ýola goýmaga, ilaty parahat, asuda ýaşatmaga aýratyn ähmiýet beripdirler. Göktürkmenleriň hökümdarlary Wizantiýa, Hytaý, Eýran we ençeme döwletler bilen diplomatik gatnaşyklary alyp barypdyrlar. Göktürkmenleriň hökümdarlary özleriniň oguz türkmen ilinden bolandyklaryny mazar daşlaryndaky ýazgylarda, gadymy oguz dilinde ýazdyrypdyrlar. Bilge han, onuň inisi Kültegin han "Oguz ili meniň öz ilimdir" diýipdirler. Ýazgylarda dokuz oguz, sekiz oguz, üç oguz ýaly türkmen taýpalarynyň atlary agzalýar. 01 ýazgylaryň dilleride oguz dilidir, ýagny gadymy türkmen dilidir. Göktürkmenleriň bitewülik zamany Bumyn Kagandan başlanyp (582 ý), Muhan Kagan aradan çykandan soň tamamlanýardy

581-nji ýylda Tobo han ölenden soňra, Göktürkmenleriň döwleti agzalalyk, duşmançylyk we gozgalaňlar sebäpli pese düşýär we iki

bölege: Gündogar Göktürkmen hanlygyna hem-de Günbatar Göktürkmen hanlygyna bölünýär. Dagynyk ýurdy Hytaýdaky Tan döwleti basyp alýar we 50 ýyllap baknalykda saklap, köp halkyny gyryp ýok edýär.

682-nji ýylda Hytaý agalygyna garşy göktürkmenleriň kuwwatly gozgalaňy bolup, hytaýlylary çympytrak edýärler. Göktürkmenleriň öňki ady we öňki çawy gaýtadan dikeldilip başlanýar. Bu göreşe Ilteriş han serkerdelik edýär. Ilteriş han aradan çykandan soň, yzynda 2 sany ýaşajyk ogly galýar (Mogilýan we Kültegin). Olaryň ornuna daýysy Gapagan han bolupdyr. 716-njy ýylda 32 ýaşynda Mogilýan kaganlyga saýlanýar, Mogilýan Bilge kagan adyny alypdyr. Bilge we Kültegin gündogarda Hytaýa, günbatarda Eýranyň we Wizantiýanyň agalygyna garşy köp söweşleri başdan geçiripdirler.

734-nji ýylda Bilge han aradan çykandan soñ, ýurt dargamaga başlaýar. Göktürkmen hanlarynyň soñkusy Ozmuş han uýgurlaryň baştutany Moýun Çör tarapyndan öldürilýär. Moýun Çör özüne göktürkmenleriň malynymülküni alypdyr. Türkşynas alymlar Moýun Çörüň hem aslynyň dokuz oguz ilindendigini belleýärler. Moýun Çör 756-njy ýylda Hytaýa goşun çekip, hytaý goşunlaryny ýeňýär we imperatoryň 1 ogluny, 8 gyzyny ýesir alypdyr. Türkmen halkynyň VI VII asyrlardaky taryhynda bu oguztürkmen hanlygynyň uly, orny bardyr. Şol döwürde Türkmenistanyň häzirki çäklerinde oguztürkmenleriniň ýaşan baý şäherleri, obalary bolupdyr. Eýran, Wizantiýa, ' Hytaý, Kiýew Rusy ýaly döwletler bilen ýakyn söwda we medeni gatnaşyklar dowam etdirilipdir.

## 27. Hytaý.

**Hytaý IIIVII asyrda.** Adamzat taryhynda orta asyrlar döwrüniň başlanan ýeri Hytaý hasaplanylýar. Alymlar bu döwrüň biziň eýýamymyzyň III-II asyrlarynyň sepgidinde başlaýandygyny belleýärler. Emma hytaýly taryhçylar orta asyrlar döwrüniň ýüze çykan wagtyny b.e. öňki XI-IV asyrlara çenli aňryk süýşürýärler. Orta asyrlar baradaky şeýle garaýyşlaryň bardygyna garamazdan, Hytaý hakykatdan hem orta asyr gatnaşyklarynyň ilki ýüze çykan ýurdudyr.

Hytaýda orta asyrlar döwri Han imperiýasy dargandan soň başlaýar. Han imperiýasy Huanhe we Ýanszy derýalarynyň jülgesinde, şeýle hem häzirki Syçuan we Şandun welaýatlarynyň çäginde ýerleşip, şol wagtlar ýurtda 50 million ilat ýaşapdyr. Ýurduň gür ilatly ýerleri gadymy paýtagtlar Çananyň we Loýanyň töwereginde ýerleşipdir. Emma 184-nji ýylda basylyp ýatyrlan “Sary daňylylaryň” gozgalaňy ýurdyň ösüşine iňňän agyr täsir edipdir. Uly imperiýa ýykylypdyr we Hytaýda uzaga çeken çuňňur durmuşykdysady we syýasy çökgünlik başlaýar. ‘Sary daňylylaryň’’ gozgalaňyny basyp ýatyrmaga gatnaşan hökümet goşunlarynyň serkerdeleri indi özara uruşlara başlaýarlar. 189-njy ýylda paýtagt şäher Loýan eýelenilýär. Özara uruşlar netijesinde öňki uly imperiýanyň ýerleri üç sany serkerde tarapyndan paýlaşylýar. Netijede, Hytaýyň taryhynda üç patyşalyk döwri başlaýar. Hytaýyň demirgazygynda hereket edýän serkerdeleriň biri Sao Sao Weý patyşalygyny, beýleki bir serkerde günortagündogarda U döwletini, ýene biri bolsa günbatarda Şu döwletini esaslandyrýar. Sao Sao Hytaýy birleşdirmäge girişýär we III asyryň ahyryna çenli U we Şu döwletleriniň ýerleri hem basylyp alynýar we Sao Saonyň esaslandyran Szin imperiýasynyň düzümine girizilýär. 265-nji ýylda weýli serkerde Syma Ýan Sao Saonyň neslinden bolan patyşany agdarýar we Szin döwletiniň (265-419ý.) düýbüni tutýar.

**Tan imperiýasy.** Taryhy maglumatlaryň şaýatlyk etmegine görä, tanlar gadymy hunlaryň nesilleri bolup, olar Demirgazyk Hytaýda uly abraýdan we täsirden peýdalanan hytaýlaşan Li neberesinden gelip çykypdyrlar. Olar asyrlaryň dowamynda Hytaýyň demirgazygyndaky döwletleriň taryhynda görnükli orun eýeläpdirler. 400-nji ýylda şu nesilden bolan Li Hao Hytaýyň demirgazykgünbataryndaky Ansi we Dunhuan welaýatlarynyň häkimi bolupdyr. Beý Liýan döwletiniň gowşamagynda peýdalanyp, Li Hao Liýançžou şäherini özüne paýtagt edinip, Si Liýan döwletini esaslandyrypdyr. 422-nji ýylda Li Haonyň döwleti günortaly hunlar tarapyndan eýelenipdir we Li neslinden bolan gullykçylar, Hytaýyň V-VI asyrlardaky döwletleri bolan TobaWeý we BeýÇžou döwletleriniň döwründede abraýly derejeleri we orunlary eýeläpdirler. Li neberesinden bolan serkerdeler we döwlet gullukçylary hökümdaryna wepaly gulluk edipdirler we şonuň üçin hem uly wezipeleriderejeleri eýeläpdirler. Ahyrsoňy, bu nebere Hytayyň 28 basgançakdan durýan döwlet gulluk derejeleriniň üçünjisi bolan “Tan gun” derejesine mynasyp bolupdyrlar. 618-nji ýylda Li neberesiniň esaslandyran Tan döwletiniň ady hem şol gulluk derejesiniň adyndan gelip çykypdyr. Şeýlelikde, 200 ýyldanda gowrak wagtyň içinde tan neberesi, bu sebitde ýaşaýan göktürkmenler we ýerli hytaýlylar bilen garyşyp, aýratyn bir halkyýeti emele getiripdirler. Göktürkmenler olary “tabgaç” diýip atlandyrýardylar. Tanlar hytaýlaşsalarda, olarda türki däpdessurlaryna uly hormat goýlupdyr. Tan imperatory Li Ýuan halkyň ähli gatlaklary barada örän seresaply syýasat ýöredýär. Daýhanlary köşeşdirmek üçin ol geçen ýyllaryň bergilerini ýatyrýar we zähmet borçlarynyň möhletini azaldýar. Onuň permanlary gulçulyga satylan daýhanlary öldürmegi gadagan edipdir. Häkimiýetler açlyk çekýänlere, täze öýlenýänlere azkem ýardam edipdir. Tanlar gozgalaňçylaryň günäsiniň geçirilýändigini yglan edipdir. Şeýlelikde, 628-nji ýyla çenli Tanlar ýurtdaky häkimiýeti öz ellerine doly alypdyrlar.

**Beýik ýüpek ýoly.** Ýüpek ýoly Hytaýy Alynky Aziýa we Ýewropa bilen baglanyşdyrýan söwda kerwen ýolunyň adydyr. Bu söwda ýolunyň başlanmagy Hytaý täjiri, syýahatçysy we köşk goraýjy serkerdesi Çžan Szýanyň ady bilen baglanşyklydyr. Ýüpek ýoly Hytaýyň Han imperiýasynyň paýtagty Loýan şäherinden başlanypdyr. Hytaý täjirleriniň esasy harytlary ýüpek bolupdyr. Hytaýyň harytlary diňe ýüpek matadan durman, eýsem çaý, farfor, lak, kagyz önümleri hem getirilipdir. Ýüpek ýolundan diňe söwdagär täjirler däl, eýsem syýahatçylar, ilçiler, zyýaratçylar dürli ýurtlara ugur alypdyrlar. Öz gezeginde Merkezi Aziýa söwdagärleri hem Hytaýa dürli reňkli çüýşe gaplaryny, gymmatbahaly daşlary, bezeg şaýseplerini, halypalas, ýyndam atlary, ýorunja tohumyny, pagta çigidini, kişmiş we beýleki önümleri ugradypdyrlar. Kerwenler Loýandan ugrap Dunhuana gelenlerinde, ýol ikä aýrylýar. Günortdaky ýol Hotan, Ýarkent, Balh şäherleriniň üsti bilen Kaşgara, soňra Samarkanda, Merwe gelipdir. Beýik Ýüpek ýolunyň köp şahalary bolupdyr. Şolaryň üsti bilen Hytaýyň, Hindistanyň we Merkezi Aziýanyň harytlary Kiýew, Nowgorod, Moskwa ýaly gadymy rus şäherlerine hem ýetipdir.

**Huan Çaonyň baştutanlygyndaky daýhanlar gozgalaňy**. IX asyryň ahyrlarynda ýurtda hälişindi gozgalaňlar turýardy. 874-nji ýylda Gansu, Şensi, Henan, Şandun welaýatlarynda daýhan gozgalaňlary başlaýar. Gozgalaňa Wan Sýançži baştutanlyk edýär. 875-nji ýylda gozgalaňçylara Huan Çao hem goşylýar we Wan Sýançžiniň iň ýakyn egindeşine öwrülýär.

Huan Çao harby işden gowy baş çykarýardy. Ol öň gaçakçy duz söwdasyny edýär ekeni. Gysga wagtyň içinde gozgalaňçylaryň sany 100 müňe ýetýär. Gozgalaňçylaryň köşeşdirmek üçin gozgalaňyň baştutanlaryna, hususanda, Wan Sýançžiniň özüne uly wezipeleri hödürleýärler. Emma Wan Sýançži hökümat bilen gepleşiklerden boýun gaçyrýar. Ýöne, tiz wagtdan onuň Huan Çao bilen arasy bozulýar. Netijede, gozgalaňçylar ikä bölünip, hersi özbaşdak hereket edip

başlaýarlar. 878-nji ýylda Wan Sýançži günbatarahökümet goşunlaryna garşy ýörişe ugraýar. Tan hökümetine demirgazykly çarwa taýpalary ýardam berýärdiler, şonuň üçin hem uruş Wan Sýançžiniň topary üçin şowsuz gutarýar. Ol ýeňilär we ýesir alnyp öldürilýär.

Gozgalaňçy goşunlaryň aman galan bölegini Huan Çao birleşdirýär we 878-nji ýylyň ahyrynda Ýanszy derýasynyň günorta kenaryna geçip, günorta tarap süýşip ugraýar we 879-njy ýylda Guançžou şäherini zabt edip alýar. Guançžouda biraz egleneninden soň, Huan Çaonyň goşunlary ýene-de demirgazyga tarap süýşüp ugraýar. Ýörişler döwründe garyp düşen oba ilaty gozgalaňçylara ýakyndan kömek beripdir we Huan Çaony azyk önümleri bilen üpjün edip, oňa adam güýçlerini beripdir. 880-nji ýylda Huan Çao ýene-de demirgazyga ugraýar. Şol ýylyň dekabrynda gozgalaňçylar Loýan şäherini söweşsiz eýeleýärler. Aşaky gatlaklar, şäherliler, harbylaryň bir bölegi onuň tarapyna geçýär. 881-nji ýylyň 10-njy ýanwarynda Tan imperiýasynyň paýtagty Çanan uly söweşden soň gozgalaňçylaryň eline geçýär. Imperator maşgalasy bilen günorta gaçýar. Örän köp emeldarlar, patyşa maşgalasynyň agzalary öldürilýär. Gozgalaňçylar şäher garyplary bilen oljalaryny paýlaşypdyrlar. Huan Çao imperator diýlip yglan edilýär. Imperator çarwalary hakyna tutupdyr. Çarwalar Huan Çaonyň şäherde ýoklugyndan peýdalanyp şähere girýärler we paýtagty talap başlaýarlar. Huan Çaonyň esgerlerine olary kynlyk bilen şäherden gysyp çykarmak başardýar. Çananda açlyk höküm sürýärdi, üstesinede, käbir serkerdeleriň dönükligi gozgalaňçylaryň ýagdaýyny kynlaşdyrýar. Şol sebäpden hem 883-nji ýylyň 20-nji maýynda Huan Çao şäherden çykmaga mejbur bolýar we Henan welaýatyna tarap ugraýar. Henanda bolup geçen birnäçe söweşlerde gozgalaňçylar ýeňilýärler. Olaryň sany üzülkesil azalýar. Gozgalaňçy serkerdeleriň arasynda dönüklik edenler hem tapylýar. Huan Çaonyň ýakyn egindeşlerinden Çžu Wen, Şan Žan hökümet goşunlarynyň tarapyna geçýärler. 884-nji ýylda Şandun welaýatynda Huan Çao az sanly nökerleri bilen gabawa düşip, özüni öldürýär. Şeýlelikde, Huan Çaonyň

baştutanlygyndaky gozgalaň ýeňilýär, ýöne, onuň goşunyndan galan aýryaýry toparlar köp wagtlap tanlara garşylyk görkezýärler.

**Sun imperiýasy.** X asyryň başlarynda Hytaýyň goňşusy bolan kidan taýpasy güýçlenip ugraýar. Kidanlar imperiýa döredýärler we olaryň serdary Ambigan Ýelýuý hökümdar bolýar. Kidanlaryň esaslandyran döwleti Lýao (916-1125) diýlýp atlandyrylyp, olar Demirgazyk Hytaýyň içerki işlerine hem gatyşyp ugraýarlar. X asyryň 40-njy ýyllarynda olar Kaýfyn şäherini eýeleýärler, ýöne halk köpçüligi gozgalaň turuzup, kidanlary şäherden kowup çykarýar. Sebäbi kidanlar Hytaýda häkimiýeti öz ellerine alyp, ýurdyň hökümdary bolmaga çalyşýardylar. Kaýfynyň häkimi Çaý Şun ýurdy birleşdirip ugraýar. 960-njy ýylda Çaý Şun tarpataýyn aradan çykýar we onuň goşunlary beýleki bir serkerde Çžao Kuanini imperator diýip yglan edýärler. Şeýlelikde, Çžao Kuanin Sun nesilşalygyny (9601276) esaslandyrýar. Çžao Kuanin 960980-nji ýyllaryň dowamynda Hytaýy birleşdirýär, ýöne kidanlaryň basyp alan ýerlerini yzyna gaýtaryp alyp bilmeýär. Sunlaryň döwründede ýere hususy eýeçilik agdyklyk edýärdi. Bu döwürde ekerançylyk ýerleri hytaýly iri ýer eýeleri tarapyndan eýelenilipdi, täzetäze ýerler özleşdirilipdi. Hytaý hökümeti iri ýer eýeleriniň täze ýerleri özleşdirmekleriniň öňüni almaga dyrjaşýardy. 994-nji ýylda Syçuan welaýatynda halk gozgalaňy başlaýar. Gozgalaňçylar Çendu welaýatyny eýeläp, Beýik Şu döwletini esaslandyrýarlar. Ýöne 995-nji ýylda hökümet goşunlaryna gozgalaňçylary derbidagyn etmek başardýar. Şeýle gozgalaňlar 1043-nji ýylda Şandun welaýatynda, 1047-njy ýylda bolsa Hebeý welaýatyndada bolup geçýär. XII asyryň 2030-nji ýyllarynda daýhanlar gozgalaňlary günorta we merkezi welaýatlardada turýar. Emma gozgalaňlaryň ählisi netijesiz tamamlanýar. Sun imperiýasy gowşak daşary syýasat ýöredýärdi. Sebäbi hökümet goşunlary ýurduň araçägini kynlyk bilen saklaýardy. Kidanlardan başgada, sunlaryň ýene-de bir garşydaşlary bolup, ol Hytaýyň demirgazykgünbatarynda ýerleşýän Tangut döwletidi. Tangutlar hem Sun imperiýasynyň epesli ýerlerini

eýeleýärdiler. 1040-1044-nji, 1069-1072-nji we 1096-1099-njy ýyllarda sunlar bilen tangutlaryň arasynda agyr söweşler bolup geçdi. Tangutlar Sun imperiýasynyň Hindistan we Orta Aziýa bilen arasyny kesýärler, has beteride, sunlar tangutlara paç tölemägede mejbur edilipdi.

**Mongollaryň çozuşy. Halk gozgalaňy**. XIII asyryň başlarynda Hytaýyň üstüne ýene-de howp abanýar. Bu howpy söweşjeň mongol taýpalary döredýärdi. Ondan öň Hytaýyň üstüne tangutlar, çžurçženler çozup heläk edipdirler. 1206-njy ýylda mongol döwletiniň döremegi bilen mongollaryň Hytaýa salýan howpy has hem güýjeýär. 1209-njy ýylda mongollar tangut döwletiniň üstine çozup, ony boýun egdirýärler. 1210-njy ýylda mongollar tangutlar bilen bileleşip, çžurçženleriň Szin döwletiniň üstüne çozýarlar we olary derbidagyn edýärdiler. 1215-nji ýylda mongollar eýýäm Pekini eýeläpdirler. 1217-nji ýylda Çingiz han goşunlary bilen tangutlaryň üstüne gaýtadan çozýar we 10 ýyldan soň olaryň ýurdyny doly eýeleýär. Şundan soň mongol goşunlary Hytaý diwarlaryndan geçip, ýurdyň demirgazyk welaýatlaryna we etraplaryna talaňçylykly çozuşlary gurap ugraýarlar. Hýtaýyň demirgazygyndaky uruşlar tä 1234-nji ýyla çenli dowam edipdir, sebäbi mongollar çžurçženler bilen entegem yzygider uruşlary alyp barypdyrlar. Emma şol ýyl mongollara çžurçženleri hem doly derbidagyn etmek başardýar. Çžurçženler bilen alynyp barlan uruşlardan soň mongollar 1235-nji ýylda Günorta Sun döwletine garşy söweş hereketlerine başlaýarlar. Günorta Sun döwletine garşy uruşlaryň alnyp barylýan döwründe 1251-nji ýylda Hytaýa Çingiz hanyň agtygy Hubilaýyň baştutanlygynda uly goşun iberilýär. Şol ýörişe beýik hökümdar Müňke han (1251-1259) hem gatnaşýar we söweşleriň birinde öldürilýär. Müňke ölenden soň Hubilaý han (1260-1294)basylyp alnan hytaý ýerleriniň hökümdary bolýar.

XIV asyryň ortalaryndan başlap, Ýuan döwleti hem gowşap ugraýar. Üstesinede, tebigy betbagtçylyklar hem hälişindi gaýtalanyp durupdyr. Ýurtda ekerançylyk ýerleri azalypdyr, senetçilik, söwda pese düşüpdir, döwletiň hazynasyna gelýän girdejiler üzülkesil azalypdyr.

Hytaýyň dürli sebitlerini halk gozgalaňlary gurşap alypdyr. Ýurduň dürli ýerlerinde kesekileriň hökümdarlygynyň soňunyň golaýlap gelýändigi hakyndaky myşmyşlar hem köpçülikleýin ýaýrapdyr. Şol döwürler ýurduň dürli künjeklerinde gizlin dini jemgyýetler döräpdir. Olar “Geljegiň Buddasynyň”Maýtreýiniň geljekdigi hakandaky gürrüňleri ýaýradypdyrlar we eşretli zamananyň golaýlaşýandygyny halk arasynda wagyz edipdirler. Gizlin iş alyp barýan buddaçylyk jemgyýetleriniň biri bolan “Akgül jemgyýeti” kesekilere garşy halk köpçüligini söweşe çagyrypdyr we jemgiýetiň yzyna eýerijiler halk alyjylary bolan “Gyzyl goşuny”döredipdirler. Hytaýyň merkezinde ýerleşen Anhueý welaýatyndaky toparlanyşyga Go Szýasin, 1355-nji ýylda ol ölensoň bolsa, Çžu Ýuançžan baştutanlyk edipdir. Çžu Ýuançžan Hankinde ýerleşipdir we mongollara berk gaýtawul beripdir. 1368-nji ýylda gozgalaňçy goşunlar gan döküşikli söweşden soň Ýuan döwletiniň paýtagty Pekini eýeleýärler. Iň soňky mongol hany tagtyny taşlap mongol sähralaryna gaçyp gidýär. Şeýdip, Hytaýda mongol agalygy syndyrylýar we gozgalaňçy goşunyň serdary, daýhanyň ogly Çžu Ýuançžan Hytaýyň imperatory diýlip yglan edilýär. Şeýlelikde, Hytaýyň taryhynda Min nesilşalygy esaslandyrylýar.

**Deňizde ýüzüş. Syýahatçylar**. Aýratyn hem Hytaýyň ajaýyp deňizde ýüzüjisi we diplomaty Çžen Heniň baştutanlygyndaky deňiz goşunlarynyň syýahaty uly meşhurlyga eýe bolupdyr. Onuň baştutanlygyndaky deňiz goşunynyň düzüminde 5060 sany uly gämiler we olaryň ýanynda kömekçi wezipäni ýerine ýetiren onlarça ownuk gämiler bolupdyr. Bu deňiz goşunynda 2730 müň töweregi esgerler, deňizçiler, täjirler, senetçiler, kätipler bar eken. Deňiz goşunlary okýarag, dürli esbaplar bilen enjamlaşdyrylypdyr, gämileri köp mukdarda Hytaýyň harytlary, baý sowgatlar hem ýüklenilipdir. Çžen He bilen bilelikde hytaýly ilçiler hem ugrapdyrlar. 1405-1433-nji ýyllar aralygynda amala aşyran ýedi ýüzüşiň netijesinde Çžen Heniň deňiz goşunlary Hindihytaý ýarym adasyndaky, Zond bogazynyň boýundaky ýurtlarda bolupdyr,

ŞriLanka sowlupdyr we Hindistanyň Malbar deňiz kenaryndaky şäherlerine barypdyr. Onuň gämileri Pars aýlagyndaky Ormuz şäherine we Gündogar Afrikanyň kenarlaryna baryp ýetipdir.

**Hytaýda ylmyň we medeniýetiň ösüşi**. IV-VIII asyrlarda dürli filosoflar, matematikler, ýazyjyşahyrlar ýaşap geçipdirler we olar ajaýyp eserleri döredipdirler. Şol döwürlerde taryhçylar döwrüň möhüm wakalaryny ýazgy edipdirler we taryhy eserleri döredipdirler. Günorta Hytaýa goňşy ýurtlardan syýahatçylar, din ýaýradyjylar(missionerler), söwdegärler gelipdirler.

**Şäherleriň döremegi.** Hytaýdan bolsa Hindistanyň keramatly ýerlerine zyýarata gidilipdir. Hytaýly monahlar Fa Sýan (399415), Sýuan Szan (629-648), I Szin (673-695), Sun Ýun (518-522), Weý Szo (605-616), Hoý Çao (723-729), U Kun (751-790) Orta Aziýanyň we Hindistanyň halklary barada gymmatly maglumatlary galdyrypdyrlar.

Daşarky gatnaşyklaryň ösmegi Hytaý flotynyň kemala gelmegine getiripdir. V asyrda metallaryň dürli görnüşlerini eretmeklik ýüze çykýar. Tebipler derman otlarynyň kesel bejerijilik täsirini öwrenipdirler, dermanlaryň täze görnüşlerini döredipdirler. Bu bolsa ýurtda medisinanyň ösüşine uly täsir edipdir. Orta asyr binagärleri dürli gurluşyk tilsimlerini we dürli maksatly desgalar gurlanda täsin hem-de netijeli tehniki çözgütleri oýlap tapypdyrlar.

## 28. Hindistan.

**Hindistanyň ilaty. Ekerançylyk we maldarçylyk.** Hindistan ýarym adada ýerleşýän ýurtdyr. Onuň demirgazygynda Gimalaý daglary ýerleşýär we ondan Hindistanyň iki sany uly derýasy Hind we Gang derýalary gözbaş alyp gaýdýar. Hindistanyň gündogar we günbatar kenarlaryny deňiz suwlary ýuwýar. Hindistan ýerleşişi boýunça Demirgazyga hem-de Günorta bölýärler. Gadymy döwürlerde Hindistanyň demirgazygynda ariler göçüp gelipdirler, günortasynda bolsa drawid dilli halklar ýaşapdyr. Hindistanda ekerançylygy ösdürmek üçin amatly howa şertleri bardyr. Hindi daýhanlary bugdaý, arpa, şaly, nohut, gowaça, şekerçiňňirigini we başgada köp sanly ekinleri ekipdirler. Hindiler ezber maldarlar hem bolupdyrlar. Olar sygyrlary, gäwmişleri, düýeleri, geçileri we atlary ösdürip ýetişdiripdirler. Hindilere hatda iň uly haýwan bolan pilleri eldekileşdirmek hem başardypdyr. Hindi demirçileri, guýujylary, zergärleri we ýarag ýasaýan ussalary şöhratlanypdyr. Hindiler pagtadan örän nepis matalary dokap bilipdirler. Hindi dokmaçylarynyň dokan ýukajyk toý lybaslaryny çogdamlap ýüzügiň halkasyndan hem arkaýyn geçirip bolýar eken.

**VI asyrda Magadha welaýatynda Guptalaryň döwletiniň döremegi**. IV asyryň başlarynda Magadhide (Ganga derýasynyň orta akymlary) Guptlaryň döwletiniň döremegi bilen Hindistanyň taryhynda täze döwür başlaýar. Guptlaryň döwleti Gang derýasynyň bütin töwereklerini gurşap alypdyr. Magadhi begi Ghatotkoçiniň ogly Çandragupta I (320-340) özüni maharaja diýip yglan edýär we giň ýerleri öz döwletine birikdirýär. Onuň ogly Samuddragupta (340380) Hindistanda iň uly patyşalaryň birine öwrülýär. Ol bütin Demirgazyk we Merkezi Hindistany diýen ýaly öz döwletiniň düzümine birikdirýär. Çandragupta II (380-414) öz döwletiniň araçägini Arap deňiziniň kenarlaryna çenli uzaldyp, Günbatar Hindistany hem eýeleýär. Emma Kumaraguptanyň (414-455) döwründe guptlar eýýäm goranyş

söweşlerini alyp barmaly bolupdyr. Sebäbi onuň döwründe goňşy döwletler bilen uruşlar bolup geçýär. Skandagupta (455-467) guptlaryň Günbatar Hindistandaky ýerlerine hüjüm edýän puşýamitrleri derbidagyn edipdir.

Skandaguptanyň hökümdarlyk eden ýyllarynda guptlar Orta Aziýa taraplardan hüjüm edýän eftalylara garşy hem söweşmeli bolupdyrlar. Sasanylar we göktürkmenler tarapyndan ýeňlişe sezewar edilen eftalylar Hindistana çozup giripdirler we Gandharany (Demirgazyk Hindistan) basyp alyp, Ganga jülgesine tarap öňe süýşüpdirler. Şonuň netijesinde V asyryň ahyrlarynda Guptlaryň döwleti gowşap ugraýar. Dürli welaýatlar döwletiň düzüminden bölünip aýrylyp, özbaşdak patyşalyklar ýüze çykyp ugraýar. VI asyrda bolsa guptlaryň döwleti bütinleý diýen ýaly dargaýar. Guptlaryň döwleti Magadhide kiçijik beglige öwrülip, VII asyra çenli dowam edipdir. Guptlaryň soňky maharajalarynyň biri Budhagupta (467-500) eftalylaryň serdary Töremenden (490-515) birnäçe gezek ýeňilýär. Töremen guptlaryň Ganga derýasynyň boýlaryndaky epesli ýerlerini eýelemegi başarypdyr. Ýöne, 510-njy ýylda Töremen hem iň soňky gupt imperatory Bhanuguptadan ýeňilýär.

**VII asyryň başlarynda Harşi döwletiniň döremegi**. **Ýurt dagynlyklygy**. VI asyryň ortalaryndan başlap Demirgazyk Hindistan öz syýasy bütewiligini ýitirýär. Sebitde birnäçe özbaşdak döwletler peýda bolupdyr. Edil şol döwürler Gauda (Bengaliýa) döwletiniň hökümdary Şaşanka (takm. 635-nji ýylda aradan çykan) hem Ganga derýasynyň merkezi bölegindäki ýerleri basyp alyp başlaýar. Oňa garşy Sthaneşwaranyň we Kanaujyň hökümdarlary bileleşip hereket edýärler. Emma 606-njy ýylda Sthaneşwaranyň hökümdary duýdansyz aradan çykýar. Şaşanka gepleşikler geçirilýän pursaty onuň mirasdüşerini we Kanaujyň hökümdaryny haýynlyk bilen öldürýär. Kanaujyň hökümdarynyň mirasdüşeri bolmandyr, Sthaneşwarynyň hökümdarynyň ornuna bolsa onuň kiçi ogly, ýetginjek Harşi (606-647) tagta çykarylýar.

Şaşankanyň maksady puja çykýar, sebäbi Harşi Şaşankanyň garşysyna durmagy we ony eýelän ýerlerinden kowup çykarmagy başarýar. Netijede, Harşiniň döwletiniň düzümine Kanauj, Ganga derýasynyň boýundaky ýerler we Malwa girýär, Güjeratyň begi bolsa onuň ýapjasyna öwrülýär. Şeýlelikde, hökümdarynyň ady bilen baglanşykly Harşi imperiýasy ýüze çykýar. Emma Harşi ölenden soň onuň döreden imperiýasy uzak wagtlap ýaşamandyr. Onuň döwleti köp sanly ownuk begliklere bölünipdir.

**Erkin daýhanlaryň döwlet häkimiýetiniň gol astyna düşmegi**. Merkezleşen döwletiň kemala gelmegi bilen öňki erkin oba jemagatlary döwlet häkimýetiniň tabynlygyna düşüp ugraýarlar. Oba jemagatlarynyň erkin agzalary indi döwletiň öňünde salgyt tölemäge ýada ýörişlere gitmäge borçly edilýärdi. Salgyt tölemeklik soň has hem giň gerime eýe bolupdyr. Başda oba jemagatynyň her bir agzasy öz serdaryna ýardam edipdir, onuň dolandyryş edarasyny saklamak üçin kömek beripdir. Salgydyň agyrlaşmagy kanunçybrahmanlary howsala düşüripdir. Şonuň üçin nem olar dürli kanunçylyk kadalaryny girizipdirler, şol düzgünleri kagyz ýüzüne geçirip, patyşany hetdenaşa açgöz bolmazlyga çagyrypdyrlar.

Orta asyr gatnaşyklary döreýän we ösýän döwürlerinde Hindistanda ýygnalýan salgytlaryň möçberi dürlidürli bolupdyr. Salgyt ýygnalanda ol ýada beýleki ýerleriň baýlygy, garyplygy, ýerleriň mesligi, tokaýlaryň bolçulygy, şol ýeriň merkezden uzaklygy, onuň boýun egiş derejesi göz öňünde tutulypdyr. Hindistanda iri begzadalara degişli mülk ýerleri hem bolup, olaryň hukuk ýagdaýy dürlidürli bolupdyr. Wagtyň geçmegi bilen oba jemagatynyň baýan agzalary we beýleki ýer eýeleri emele gelen ýagdaýdan peýdalanyp, ýeri işläp bejermekde gul zähmetinden peýdalanmagy bes edýärler we ýeri kärendesine berip başlaýarlar ýada daýhanlary hem özlerine, hem-de döwlete salgyt tölemäge mejbur edýärler. Irki orta asyrlarda Hindistanda patyşalaryň ygtyýýarynda ýörite ýer ätiýaçlyklary bolup, şol ýerler dört topara

bölünipdir. Şol ýerleriň bir bölegi döwlet çykdajylaryny ödemek, ikinjisi abraýly döwlet işgärlerini sylaglamak, üçünjisi aýratyn sylagly alymlary, ýazyjylary saklamak, dördü-njisi bolsa, dini mezhepleri(sekta) döwletiň bähbitleri üçin ulanmaga niýetlenipdir.

**Günorta Hinistanda döwletleriň emele gelmegi**. Hindistanyň çet günortasynda tamilleriň Pandiýa döwleti ýaşamagyny dowam etdirýärdi. Bulardan başgada, Orissada, Andhranyň gündogarynda, Maýsurda, Keralada birnäçe ownuk döwletler bardy. Umuman alnanda, Günorta Hindistandaky döwletleriň ählisi diýen ýaly harbysyýasy taýdan gowşak bolupdyrlar. VIII-X asyrlarda Dekan ýarym adasynyň iň kuwwatly döwleti Raştrakut bolupdyr. Bu döwlet Gowind III (793-814) döwründe has hem kuwwatlanypdyr. Emma Raştrakutyň içki gurluşy berk bolmandyr, soňuň üçin hem özara oňşuksyzlyklar ony gowşadypdyr. Mundan tamilleriň Pal hem-de Pandiýa döwletleri peýdalanypdyr. Bu döwletler özbaşdaklygyny dikeldip, Seýlon we Pal döwletiniň ýapjasy Çol (Çolla) bilen bileleşip Raştrakuta garşy uzaga çeken uruşlary alyp barypdyrlar. Şeýle şertlerde Çol döwletine hem özbaşdak bolmaga mümkinçilik döreýär. Ol öz üstünden hökümdarlyk edýän Palyň goşunlaryny ýeňlişe sezewar edýär we olaryň ýerlerini eýeleýär. X asyryň ahyrlarynda Günorta Hinistanda Çol döwleti güýjeýär. Rajendra I (1015-1044) döwründe Seýlon, Maldiw adalary, Pandiýa dýwletiniň ýerleri eýelenýär. Şeýlelikde, XIII asyra çenli Günorta Hindistanda diňe iki sany döwletÇol we Çalukýa döwletleri saklanyp galýar. Ýöne XIII asyryň başlarynda bu döwletleriň ikisi hem çöküp başlaýar.

**Hindistanda kastalar ulgamy. Hindi jemgiýetiniň kastalara bölünmegi. Oba jemagaty we onuň dürli görnüşleri.** Hindistanyň ýerinde oba jemagatynyň dürli görnüşleri bolupdyr. Şeýle oba jemagatynda ilatyň durmuş aýratynlygy emläk esasynda däl-de, kastalar, ýagny durmuş derejeleri esasynda ýüze çykypdyr. Kasta ulgamy hindi jemgyýetine gadymyýetden miras galypdyr. Gadymy Hindistanda kasta gatnaşyklarynyň ilkinji görnüşi durmuş ranglary – derejeleri bolup, soňra

ol kasta ulgamyna öwrülýär. Şol kasta ulgamy boýunça ilat nesilden – nesle geçip gelýän hünäri ýada käri, etniki gelip çykyşy, dini yna-njynyň aýratynlyklary, durmuş gelip çykyşy we ýapyk endogamiýa boýunça toparlara bölünipdir. Şeýlelikde, Hindistanda dört sany kasta – brahmanlar, kşatriler, waýşiler we şudralar kastalary ýüze çykypdyr. Wagtyň geçmegi bilen kasta ulgamyna yzagalak taýpalar hem goşulypdyr. Ýöne, olar kasta ulgamynyň daşynda galýan we eýýäm kemala gelen kastalara goşulmaýan kastany düzüpdirler. Soňuň üçin hem olary “ýanaşdyrylmaýanlar” diýip atlandyrypdyrlar. Sebäbi beýleki ýokary kastalaryň wekilleri ýanaşdyrylmaýanlara iň pes jynsly adamlar hökmünde garapdyrlar we olary iň pes işlerde ulanypdyrlar. Ýöne, oba jemagatyna hyzmat etmegiň ýada senetçiligiň mümkinçilikleriniň çäkliligine görä, olary başga işlerdede, mysal üçin, oba hojalygyndada işledipdirler. Jemgyýetçilik durmuşynda başgarak ýagdaýlar hem ýüze çykypdyr. Käbir yzagalak taýpalarda harbydemokratiýa ösüp, olar siwilizasiýa ýoluna düşen has ösen goňşy jemagatlary özlerine boýun egdirip, tabyn edilen jemagatyň kasta gurluşyna girmegi başarypdyrlar. Adatça, olar hindi harbylary bolan kşatriler kastasyna goşulypdyrlar. Orta asyrlarda söwda we süýthorçylyk bilen meşgullanýan kastalar hem örän möhüm hasaplanypdyrlar. Umuman, Hindistan kastanyň iň köp ýaýran ýeri bolup, onda üç müňe golaý kastalar bolupdyr.

Kasta ulgamy örän çylşyrymly jemgyýetçilik bölünişigi bolup, ony hiç kim, hiç bir gurama dolandyrmandyr; onuň özi ýaşapdyr we islendik häkimiýetden özbaşdak ýagdaýda hereket edipdir. Kastalar ýapyk *endogamiýa* (endogamiýa maşgala nika gatnaşyklary bolup, oňa görä nika diňe bir kastanyň içinde baglaşylypdyr) guramalarydy. Oba jemagatynyň ýokary gatlagyny şol ýeriň agalyk ediji kastasynyň doly hukukly agzalary düzüpdirler. Oba jemagatynyň içinde jemagatyň hyzmatyny edýän pes kastalar bolup, olar jemagatyň hasabyna ýaşapdyrlar. Wagtyň geçmegi bilen jemagatyň agzalarynyň hojalygyny ýöretmek, kabul edilen durmuş ýörelgelerini alyp barmak üçin senetçilik

önümleri we hyzmatlary, şeýle hem hyzmatkärleri oba hojalyk önümleri bilen üpjün etmek üçin ýörite dessurlar girizilipdir.

## 29. Ýaponiýa.

**Ýaponiýanyň tebigaty we ýerleşişi**. Ýaponiýa müňden hem gowrak ululykiçili adalarda ýerleşýän ýurtdyr. Ýaponiýanyň howasy oba hojalygyny ýöretmek üçin amatlydyr. Emma ekerançylyk üçin ýaramly ýerler köp däldir, sebäbi ýurdyň köp bölegini daglar tutýar. Ýaponiýa hälişindi tebigy betbagçylyklaraýer titremelerine, wulkanlaryň oýanmagyna suw joşmalaryna, sil gelmelerine hem döz gelmeli bolýar. Häzirki ýaponlaryň atababalary Aziýanyň materik böleginden göçip gelipdirler. Olar ýaponlaryň esasy iýmiti bolan şaly ýetişdirmegi we mallary köpeltmegi başarypdyrlar. Goňşy taýpalar bilen söweşleri alyp baryp, ýaponlar ýurdyň esasy bölegini düzýän uly dört sany adany Hakkaýdo, Honsýu, Kýusýu we Sikoku adalaryny eýeläpdirler. Ýapon adalarynyň iň gadymy ilaty häzirki aýunlaryň atababalary bolan gadymy ebisu taýpasy hasap edilýär. Alymlaryň çaklamalaryna görä, ebisu taýpasy Hindihytaý ýarym adasyndan we Indoneziýa adalaryndan göçip gelipdir diýlip çaklanýar. Dürli döwürlerde ýapon adalaryna koreýler, hytaýlylar, mançžurtungus taýpalary hem göçüp barypdyrlar we ebisu taýpasyny ýurdyň çet demirgazygyna gysyp çykarypdyrlar.

Häzirki ýaponlaryň atababalary ekerançylyk üçin has amatly ýerlerde ornaşypdyrlar. Olar ýaponlaryň esasy iýmiti bolan şaly ýetişdirmegi we mallary köpeltmegi başarypdyrlar. Eýýäm III-VI asyrlarda olaryň esasy oba hojalyk ekini şalyçylyk bolupdur. Munuň üçin olar ýaplary çekipdirler, howuzlary gurupdyrlar. Şalyçylyk bilen bir hatarda Ýaponiýada ýüpekçilik hem giňden ýaýrap başlapdyr. Senetçileriň arasynda dokmaçylar, külallar we neçjarlar köp bolupdyr. Koreýalar, hytaýlylar ussat senetçiler hasap edilip, III asyrdan olaryň

Ýaponiýa göçüp gelmekleri has hem giň gerime eýe bolupdyr. Sebäbi Hytaýyň, Koreýanyň demirgazygyna çarwalaryň çozuşlary bu ýerleriň ilatynyň Ýaponiýa göçmeklerine sebäp bolupdyr. Ýönekeý haryt önümçiliginiň ösmegi bilen V asyrda Ýaponiýada bazarlar ýüze çykypdyr. Olaryň irkisi Honsýu adasynyň merkezindäki häzirki Osaka şäheriniň töwereginde ýerleşen "hytaý bazary" bolupdyr. Bazarlarda däne, balyk, ýarag, atlar, mallar, giçkiräk döwürde bolsa dürli görnüşli zynat harytlary hem satylypdyr.

**Ýaponiýada orta asyr döwleti**. VII asyryň başlarynda ýurtda patyşa häkimiýetini berkitmäge gönükdirlen birnäçe çäreler amala aşyrylypdyr. Patyşa neslinden bolan Sýotokutaýsi içeri syýasatda hytaý medeniýetiniň muşdaklary bolan köşk begzadalaryna daýanypdyr. 604-nji ýylda Sýotokutaýsi" 17 maddalyk kanuny"kabul edýär. Bu kanunda dolandyryşda Hytaý düzgünlerini kabul etmäge ymtylyşlar duýlupdyr. Emma bu kanuny iş ýüzünde durmuşa geçirmäge mümkinçilik bolmandyr. Sebäbi ýurtdaky ähli häkimiýet Sogalaryň elindedi. Sýotokutaýsi daşary ýurtlar, birinji nobatda Hytaý bilen gatnaşyklary giňeltmäge çalşypdyr. 607-nji ýylda Hytaýa ilçiler topary ugradylýar. Hytaýda ýaponiýaly begzada ýaşlary bilim hem alypdyrlar. Şeýtmek bilen Sýotokutaýsi Ýaponiýada patyşa häkimýetini berkitmek isläpdir. Emma patyşa häkimýetiniň güýçlenmegine Sogalar päsgel berýärdiler. Soňuň üçin hem 645-nji ýylda Ýaponiýada döwlet agdarylyşygy bolup geçýär. Koreýaly ilçileriň kabul edilýän wagty sogalaryň ýaşulusy Uruk we beýleki tanymal sogalaryň ählisi öldürilýär, olaryň köşgi bolsa otlanylýar. Tagta sumeragiler patyşa nesliniň ýaşulusy Kotoku (645-654)çykarylýar. Ol "Taýka"(Uly öwrülişikler) tagt ady bilen ýurdy dolandyryp başlaýar. Şeýlelikde, Ýaponiýada Hytaý däpleri esasynda gurlan merkezleşdirilen orta asyr döwleti döreýär.

**Ýurdyň ähli ekerançylyk ýerlerini döwletiňki diýlip yglan edilmegi**. 646-njy ýylda patyşanyň permany bilen iri ýer eýeçiligi we daýhanlaryň olara bolan garaşlylygy ýatyrylýar. Ýurduň ähli ekerançylyk

ýerlerine döwlet eýeçiligi girizilýär. Perman boýunça daýhan hojalyklaryna döwlet tarapyndan ýer paýlary bölünip berilýär. Ýer paýyny alan daýhan hojalygy döwlete önüm(şaly), ýüpek (mata ýada pamyk görnüşinde) salgydyny tölemäge we zähmet borçlaryny ýerine ýetirmäge borçlandyrylýar. Bu döwürde öňki garyndaşlyk gatnaşyklaryna esaslanýan syýasy dolandyryş ulgamy ýatyrylýar. Öňler hakykatdan hem ýurdy täsirli begzada maşgalalary, olaryň kowumdaşlary dolandyrylýardy, emma indi ýurdy merkezleşdiren döwlet edarasy dolandyryp başlady.

**Patyşanyň "bölek ýer ulgamyny" girizmegi**. Ýer özgertmesini geçirmeklik täze häkimýetleriň ilkinji nobatda dyrýan wezipesidi. Şonuň üçin hem 652-nji ýylda salgyt töleýän daýhan hojalyklary kemkäsleýin hasaba alynýar. Munuň özi Hytaýdaky ýaly "bölek ýer ulgamyny"girizmäge taýýarlyk işleriniň başlangyjy boldy. Şol ýyl "bäş hojalyklaryň" borçlary hakynda perman kabul edilýär. Permanda görkezilişine görä, edil Hytaýdaky "baoszýa" (birekbirek üçin jogapkärçilik) düzgini ýaly, baş hojalyklaryň agzalary öz ýerleriniň töweregindäki adamlaryň hereketini gözegçilige almaga we ol barada ýerli häkimýetlere habar bermäge, baş hojalygyň ähli agzalary üçin doly jogapkärçilik çekmäge, bäş ýylyň dowamynda bäş hojalygyň gaçgak agzalaryny gözläp tapmaga, erkek adamsy ýok hojalygyň emläk işlerini ýöretmäge, ölüm jezasyna höküm edilen jenaýatkäriň çagalaryny terbiýelemäge, kynçylyk çekýänlere kömek bermäge, ýollary gowy saklamaga, tut agajyny ekmäge we başgalara borçlanypdyrlar. Günortagünbatardan abanýan howp Tentini ýer özgertmesini geçirmäge mejbur edýär. Onuň şahsy işjeňligi bilen ýer eýeleri öz mülklerinden we özlerine tabyn daýhan hojalyklaryna bolan hukuklaryndan el çekip başlaýarlar. Tentiniň hut özi döwletiň peýdasyna hususy mülklerinden el çekýär. 664-nji ýylda Tenti begzadalar babatynda şeýle döwlet derejelerini hem girizýär:1)"neberäniň hudaýy", 2)"neberäniň düýbini tutujy", 3)"uly neberebaşy". Garamaýaklaryň agramly bölegi gurply

hojalyklaryň elinde işläpdir. 670-nji ýylda daýhanlary gaçyrmazlyk we olary ekerançylyk ýerlerine ymykly berkitmek maksady bilen ilat ýazuwy geçirilýär. Bu işiň baş maksady döwlet hazynasyna gelýän girdejileriň mukdaryny artdyrmak bolupdyr. Täze oba dolandyryş ulgamy döredilip, oňa merkezden bellenilýän emeldarlar ýolbaşçylyk edipdirler.

**Samuraýlaryň harby gatlagy. X asyrda ýapon jemgyýetinde täze gatlagyňsamuraýlaryň ýüze çykmagy.** IX-X asyrlarda ýapon jemgyýetinde uly üýtgeşmeler bolup geçýär. Sebäbi Ýaponiýada merkezi döwlet häkimiýeti gowşap başlaýar. X asyrda ýapon jemgyýetinde täze gatlaksamuraýlar (“samuraý” gulluk etmek) ýüze çykýar. Samuraýlar ilatyň üç gatlagyndan döräpdirler. Samuraýlaryň esasy köpçüligi baý daýhanlardan ýada obanyň ýokary gatlagyndan gelip çykypdyr. Täze dörän gatlagyň ikinji bir bölegi öý hyzmatkärlerinden emele gelipdirler. Öňler hyzmatkärler diňe garny üçin işläpdirler we hojaýynyň mülkini daşky howplardan gorapdyrlar. Ýöne olar bu işe höwesli ýapyşmandyrlar. Soňuň üçin hojaýynlar olara ýer böleklerini beripdirler. Ýer bölünip berlenden soň hyzmatkär hem öz ýerlerini, hemem hojaýynyň mülkini batyrlyk bilen gorapdyr. Samuraýlaryň üçi-nji bölegi welaýat häkimlerinden gelip çykypdyr. Samuraýlar toparlara birigipdirler we has uly birikmeleri emele getiripdirler. Bu birikmeler, esasan, gandüşer garyndaşlar tarapyndan we olaryň ýapjalaryndan düzilip, olar tanymal serdarlar tarapyndan ýada täsirli samuraýlar tarapyndan dolandyrylypdyr. Samuraý toparlanyşyklary häkimiýet we baýlyk ugrunda biri-biri bilen göreşýän toparlanyşyklary goldapdyrlar. Şonuň üçin hem olar atabegleriň we hökümet baştutanlarynyň elindäki esasy harby güýje öwrülipdirler.

**Sýogunlaryň häkimýeti. Sýogunlaryň patyşa boýun egmezligi.** Daýhanlaryň çykyşlary bilen bir hatarda, Ýaponiýada samuraý topalaňlary we özara uruşlar hem dowam edipdir. 1185-nji ýylda Minamoto topary patyşanyň tarapdarlary bolan Taýra toparyny derbidagyn edýär. Minamotalar patyşadan özlerine baş serkerdäniň (*sýogun)* wezipesiniň berilmegini gazanýarlar. Netijede, sýogunyň

wezipesine eýe bolan Minamotalar baş serkerdäniň oturýan ýerini Kamakura şäherine geçirýärler. Şeýdip, Ýaponiýanyň taryhynda Minamotolar sýogunlygynyň (1192-1333) döwri başlaýar. Bu sýogunlygy merkeziniň ýerleşýän ýerine görä, Kamakura sýogunlygy diýip hem atlandyrýarlar. Minamotolar sýogunlygynyň döremegi bilen ýurtda iki häkimýetlilik, ýagny bir tarapdan bolsa sýogunyň harby häkimiýeti peýda bolýar, özi hem patyşanyň häkimiýeti soňabaka Kýotodaky köşgünden känbir uzaga gitmändir.

Sýogunyň häkimiýeti ykdysady taýdan gowşak etraplarda ýola goýlupdyr, ýöne, muňa garamazdan, patyşa onuň häkimiýetini ykrar etmäge mejbur bolýar. Elbetde, patyşa her hili ýollar bilen elden gideren syýasy häkimiýetini gaýtaryp almaga dyrjaşypdyr. Munuň üçin ol köşk begzadalarany, sýogunyň garşydaşlaryny öz tarapyna çekmäge çalşypdyr.

Sýogun ýurtdaky dünýewi häkimiýeti öz elinde çalşypdyr we özüni “dzitonyň we sýugonyň baştutany” diýip yglan edýär. Munuň özi sýogunyň öz elinde dolandyryş (dzito) we gözegçilik (sýugo) ygtyýarlyklaryny jemländigini aňladypdyr. Elbetde, başky döwürlerde sýogunyň häkimiýeti hem durnukly häsiýetde bolmandyr. Haçanda, 1199-njy ýylda sýogun Minamoto Ýoritoma ölenden soň, onuň gaýynatasy Hodzýo Tokimaso onuň ogly Ýorineni monahçylyga ugradyp, atabegligi öz eline alýar.

**Ýaponiýanyň birleşdirilmegi. Tokugawalar**. Elbetde, aýryaýry täsirli samuraýlar ýurdy birleşdirmäge jan edipdirler. Ýöne bu iş uzaga çekipdir. XVI asyryň ikinji ýarymynda Ýaponiýa birikdirilip başlapdyr. Bu işi asly Honsýu adasynyň merkezi böleginden bolan üç sany täsirli samuraýlar Oda Nobunaga, Toýotomi Hideýosi we Tokugawa Iýeasu başlapdyr. Oda Ýapoiýany birleşdirmek ugrundaky söweşlerde wepat bolupdyr. Onuň işini egindeşi Hideýosi dowam etdirýär. Ýöne ýurt birleşdirilip gutarmanka, ol hem ölüpdir. Ýaponiýany birikdirmek işini Tokugawa üstünlikli amala aşyrypdyr. Ol 1603-nji ýylda Tokugawalaryň

sýogunlygyny esaslandyrýar. Eda (Tokio) galasy täze sýogunlygynyň paýtagtyna öwrülýär.

**Ýapon medeniýeti**. Orta asyr gatnaşyklarynyň kemala gelmegi Ýaponiýada ykdysadyýetiň, medeniýetiň ösmegine uly itergi beripdir. Ýurtda şäherler hem döräp başlapdyr. IVVI asyrlarda Naniwa we Asuka şäherleri hem döräp başlapdyr. Şäherler aragatnaşyk ýollarynda (Oska), deňiz kenarlarynda (Sakaýi), gala hököminde (Nagoýa) peýda bolupdyrlar. Galaşäherler XVIasyrlardan has hem köpelýärler. Paýtagt Heýýan şäheri eken, emma ol 1177-nji ýylda bütinleý ýanýar. Heýýanyň ýerinde täze şäher gurlupdyr we oňa "Kiýota" ("Paýtagt şäher") diýlip at goýulýar.

**Ýaponiýanyň sintoizm dini. S**intoizm ýaponlaryň milli ynançlarynyň toplumy bolup, adalga hököminde "sinto" biziň eýýamymyzyň VIVII asyrlarynda peýda bolupdyr. Ýaponlaryň sinto ýada ýewropalylaryň aýdyşy ýaly, sintoizm hudaýlarynyň (kami) hataryna ýapon halkynyň atababalary hasap edilýän hudaýlar;daglaryň, daşlaryň, derýalaryň, agaçlaryň, oduň, ýeliň ruhlary;aýryaýry ýerleriň we senetleriň howandarlary hem-de pirleri;merhumlaryň ruhlary degişlidir. Ýapon ynançlary boýunça, hemme zatlarda göze görünmän ýaşapdyrlar we ähli bolup geçýän hadysalara gatnaşypdyrlar. Bu diniň "sinto"ady iki sany ieroglifden durýar:"sin"we"to". Onuň birinjisi "hudaýlar", ikinjisi bolsa "ýoly" diýmekligi aňladýar. Sinto butparazçylyk ýada butlara çokunylýan dindir. Onuň esasyny atababalarynyň ruhuna we tebigatyň gudratyna çokunmaklyk düzýär. Sintonyň aýratynlygy, ol bütin adamzat üçin niýetlenilen däl-de, diňe ýaponlar üçin döredilen milli dindir. Bu din Ýaponiýanyň dürli ýerlerinde ýaýran ynançlar bilen ýurdyň merkezi welaýaty bolan Ýamatoda imperatorlar nesliniň atababalarynyň hudaýlarynyň birleşmesiniň esasynda döräpdir. Sintoda magiýa, totemizm (aýryaýry jandarlara çokunylmagy), fetişizm (dogalaryň we tumarlaryň gudratyna ynanmaklyk) ýaly gadymy ynançlar saklanyp galypdyr we olar häzirki bu güne çenli ýaşamagyny dowam etdirip gelýär.

Köp dinlerden tapawutlylykda, sinto anyk bir adam ýada hudaý tarapyndan esaslandyrylmandyr. Sinto boýunça adamlar kamileriň özlerinden döräpdirler we olar bilen bir dünýäde ýaşap, ölenlerinden soň kamilere öwrülip bilipdirler. Soňuň üçin hem sintoizm o dünýäde halas bolmaklyga wada etmeýär, onuň esasy talaby adam tebigat bilen bir jan, bir ten bolup, ruhy bütewülikde sazlaşykly ýaşamaly. Sintonyň aýratynlyklarynyň biri, onuň asyrlaryň dowamynda üýtgemän diýen ýaly saklanyp gelýän köp sanly dessurlarynyň bolmaklygydyr. Emma sintoizm taglymatynyň ornuna buddaçylyk, daosçylyk we konfusiançylyk taglymatlarynyň özboluşly birleşmesi (sintezi) emele gelipdir. Şol taglymatlar bolsa häzirki güne çenli däpdessurlar görnüşinde sinto dininden özbaşdak ýaşap gelýärler. Her bir diniň öz keramatly kitaplarynyň bolşy ýaly “*Kodziki”* (“Gadymyýetiň ýazgylary”)we “*Nihongi*” (Ýaponiýanyň ýazgylary) sintoizmiň baş kitabydyr. Beýleki dinleriň keramatly kitaplaryndan tapawutlylykda, bu kitaplar, hakykat ýüzünde, dini kitaplar bolman, rowaýata öwrülen taryhy ýyl ýazgylardyr.

**VI asyrda Ýaponiýa Hytaýda buddizm dininiň gelmegi**. VI asyrda Ýaponiýa Hytaýdan buddizm dini gelipdir. Buddizme ilkinji bolup köşk adamlary uýupdyrlar. Olar täze diniň kömegi bilen öz häkimiýetlerini berkitmek we ýurdy birleşdirmek isläpdirler. Ýurdyň köp ýerlerinde budda ybadathanalary peýda bolupdyr. Buddizmiň Ýaponiýa ýaýramagy ýurtda hatýazuwyň ösmegine oňyn täsir edipdir. Ýaponlar Hytaýdan ieroglif ýazuwyny kabul edip alypdyrlar we ony keramatly ýazgylary, kitaplary döretmekde ulanypdyrlar. Ilkinji mekdepler budda ybadathanalaryň ýanynda peýda bolupdyr. Buddizm ýaponlaryň ynançlaryna, dini garaýyşlaryna, medeniýetine we sungatyna uly täsir edipdir. Buddizm Ýaponiýada özboluşly milli binagärçiligiň ýüze çykmagyna we ösmeginede uly täsir edipdir. Netijede, buddalar we bodhisatwalar sintoizm hudaýlarynyň hataryna goşulypdyrlar we ýaponlaryň aňynda edil kamileriň gudraty ýaly hasiýete eýe bolupdyrlar.

## 30. Eýran III - VII asyrlaryň ortalarynda.

**Eýranda sasanylaryň döwletiniň döremegi. Sasanylar döwletiniň gurluşy.** Parfiýa imperiýasynyň güýçden gaçan wagtlary III asyryň başlarynda Eýranyň Pars welaýatynda özbaşdaklyk ugrunda hereket başlaýar. Bu ýerler parslaryň gadymy ýurdydyr. Parsda ownuk beglikler hem bardy. Şolaryň biriniň hökümdary, Sasany urugyndan bolan Papak 208-nji ýylda Parsyň emiri, Bazratitler nesilşalygynyň iň soňky wekili Goçihri öldürip, ýerli häkimiýeti basyp alýar. 222-nji ýylda Papak ölenden soň, onuň ogly Ardaşir Parsyň goňşulary bolan Kermany we Huzistany eýeleýär. Soňra ol Parsyň käbir beglikleriniň hökümdarlary bilen birleşip, Parfiýanyň patyşasy Artaban V ýeňýär we 226-njy ýylda" Eýranyň şalar şasy"diýen (Şehinşah) tagt ady bilen hökümdar bolýar. Şeýlelikde, häzirki Eýranyň ýerinde Sasanylar döwleti (226-651) ýüze çykýar. KtesifonSelewkiýa (araplar ony Medain diýip atlandyrýardylar) şäherini sasanylar döwletiň täze paýtagty hökmünde saýlap alýarlar, Istahr bolsa, ikinji paýtagt bolup galyberýär. Sasanylar döwleti hem Parfiýa imperiýasynyň ýerleriniň esasynda emele gelip, onuň düzümine Eýranyň häzirki ýerleri, Orta Aziýanyň günorta günbatary, Owganystanyň günbatary, Aşaky we Orta Mesopotamiýa (Suristan) girdi.

Ýewfratyň günbataryna edilen ýörişler Sasanylar döwleti bilen Rim imperiýasynyň arasynda uruş hereketlerini başlanmagyna ge tirýär. Sebäbi Ardaşir (226-241) Rim imperiýasynyň ýerlerini basyp almak maksady bilen Siriýa we Kiçi Aziýa birnäçe gezek ýörişler geçirýär. Gündogarda sasanylar ýykylyp barýan Kuşan döwleti bilen hem ýeňişli uruşlary alyp barýardylar. Şapur I (241-272) döwrün de Kuşan döwletiniň hem-de Kawkaz ülkesiniň ýerleri hem Sasany döwletiniň düzümine goşulýar. Netijede, gysga döwrüň içinde Sasanylar döwleti ägirt uly imperiýa öwrülýär. Soňuň üçin hem Şapur

Iden başlap, sasany şalary özlerini “Eýranyň we Eýran däl ýerleriň şalaryň şasy” diýip atlandyryp ugraýarlar.

**Gulçuluk bilen bir hatarda erkin oba jemagatynyň bolmagy.** Sasanylar döwletiniň durmuşykdysady gurluşy barada taryhy çeşmelerde az maglumatlaryň berilýändigine garamazdan, III-IV asyrlarda ýurtda gulçulygyň galyndylarynyň saklanyp galandygy ylymda subut edilen meseledir. Sebäbi bu barada sasany kanunnamasy bolan *“Matigani hazar dadestanda”* (“Müň çözgüt”) belli bir derejede aýdylýar. Şeýle hem grek taryhçylarynyň işlerindede Siriýadan, Ermenistandan gullaryň äkidilendigi barada habar berilýär. Ýesirler bilen bir hatarda, salgydyny töläp bilmedik halatlarynda, daýhanlar hem gullara öwrülýärdiler. Gullar mülkdarlaryň *“dastkard”* diýlip atlandyrylan mülklerinde, şeýle hem patyşanyň senetçilik ussahanalarynda işledilýärdi. Mülkdarlar oz ýerlerini satanlarynda ýada mülk satyn alanlarynda ýerleri gullary bilen bilelikde satýardylar we satyn alýardylar. Käbir ýer eýeleri öz gullaryna aýratyn ýer bölüp berýärdiler we oňa öz öndüren önüminiň belli bir bölegine eýelik etmäge ygtyýar edýärdiler. Gulçulyk bilen bir hatarda, Eýranda erkin oba jemagaty –*“kede”* (oba) hem bardy. Ir döwürde *“katab”*, “kede” adalgalary uly maşgalalary, hojalyklary, *“katakhwataý”* (öý eýesi) bolsa maşgala başyny ýada jemagatyň başlygyny aňladan bolsa, soňra ol *“kedehuda”* (oba başlygy) ýagny, oba arçynyna öwrülýär. Türkmen dilinde ulanylýan «kethuda» sözi hem gözbaşyny şol döwürlerden alyp gaýdýar.

**Ilatyň gatlaklara bölünmegi. Salgytlar.** Erkin oba jemagatynda emläk deňsizliginiň güýjemegi bilen, IV V asyrlarda jemagatyň içinden ownuk we orta tapdaky ýer eýeleri saýlanyp çykypdyr. Öňler oba jemagatynyň ähli erkin agzalaryny atlandyrmak üçin *“azat”* adalgasy ulanylan bolsa, indi şu at bilen diňe jemagatyň içinden bölünip çykan, özi hem hususy mülke eýe bolmak bilen baýap, atýarag edinmäge we söweşlere gitmäge mümkinçiligi bolan adamlar atlandyrylypdyr. V asyrda azatlaryň hataryna “kethuda” bilen *”dehkanlar”* (daýhan) hem

goşulypdyr. Bu döwürde dehkan diýlip ýeriň hakyky eýesine aýdylan bolsa, azat diýlip öňi bilen harbylara düşünilipdir. Dehkanlar adatça gullary we hyzmatkärleri bilen öz mülklerini işläp bejeripdir. Ilatyň epesli bölegini senetçiler tutupdyr. Şol döwürlerde Eýranda öndürilen senetçilik önümleri ýurtda hünärmençiligiň ýokary derejä ýetendigine güwä geçýär. Çeşmelerde senetçileriň köp bolandygy, hatda olaryň öz guramalarynyň bolandygy barada maglumatlar köp duş gelýär. Emma Sasanylar döwletinde senetçiler iň ezilýän gatlaklaryň biri bolupdyr, senetçiniň hünäri bolsa halanylmaýan, erkin adam üçin häsiýetli bolmadyk pes iş hasap edilipdir. Senetçiniň ähli öndüren önümine köplenç, döwletiň özi eýe bolupdyr. Sasanylar döwletiniň şäherleriniň senetçilik we söwda bilen meşgullanýan ilatynyň agramly bölegi pars däl halklardan ybarat bolupdyr. Ýöne soňra oba jemagatçylarynyň garyplaşmagy bilen IV-V asyrlarda parslardan gelip çykan senetçileriň hem sany artypdyr. Şeýlelikde, sasanylaryň döwründe ilat ilki üç gatlaga, soňra bolsa dört sany gatlaga bölünipdir:

- Ruhanylar (herbat, mobet),
- Harbylar (azat),
- Emeldarlar,
- Salgyt töleýän ilat.

Aşaky gatlakdan ýokarka ýada bir gatlakdan beýlekä geçmeklik adatça mümkin bolmandyr. Başda ady agzalýan üç gatlak aýratyn hukukdan peýdalanmak bilen salgyt tölemändirler, zähmet borçlaryny ýerine ýetirmändirler. Olar diňe öz boýunlaryna ýüklenen borçlaryny ýerine ýetirmek bilen meşgullanypdyrlar.

Meselem, ruhanylar ybadat işlerini amala aşyrmak, harbylar ýurdy goramak, ýörişlere gitmek, emeldarlar döwleti dolandyrmak bilen meşgyllanypdyrlar.

Salgyt töleýän ilatyň hataryna ekerançylar, senetçiler, söwdagärler girip, olar önüm öndüripdirler, zähmet borçlaryny ýerine

ýetiripdirler, öndüren önümlerinden döwletiň hazynasyna, ýer eýelerine salgyt töläpdirler. Görnüşi ýaly, salgyt töleýänler obalaryň we şäherleriň önüm öndürýän, şeýle hem zähmet borçlaryny ýerine ýetirýän ilaty bolupdyr. Olar jan başyna salgydy *(gezit*) we ekerançylyk önümlerine salynýan salgydy *(harag)* töläpdirler. Ýöne, harag salgydyny diňe daýhanlar töläpdirler. Daýhanlar zähmet borçlaryny hem ýerine ýetiripdirler, ýagny olar suwaryş desgalarynyň, ýollaryň, köprüleriň, galalaryň we döwlet jaýlarynyň gurluşygynda işledilipdir. Umuman aýdanyňda, hemişe bolşy ýaly, dördü-nji gatlagyň ýagdaýy örän kyn bolup, olar hiç hili döwlet wezipelerini eýeläp bilmändirler. Dördü-nji gatlagyň üstünden döwlet tarapyndan bellenilen *“wostrioşan salar”* (ekerançylaryň başlygy) gözegçiligi amala aşyrypdyr.

Döwletiň welaýatlaryny dolandyrmaklyk sasanylar nesilşalygyna boýun egen ýerli hanbegler tarapyndan amala aşyrylyp, olar bellibir özbaşdaklykdan peýdalanypdyrlar. Sasanylar döwletiniň esasy ýerinde bolsa, dolandyryş şa tarapyndan bellenilýän parfiýan we tanymal pars begzadalary tarapyndan ýola goýlupdyr. Möhüm welaýatlaryň, aýratyn hem Orta Aziýa bilen serhetdeş gündogar welaýatlaryň dikmeleri dolandyryjy sasany nesilşalygyndan bellenilipdir.

IV asyra çenli sasany goşunlary dolulygyna boýun egdirilen ýerleriň hanbegleriniň, welaýat dikmeleriniň nökerlerinden ybarat bolup, onuň esasyny atly goşun düzüpdir. Pyýada goşun kömekçi wezipäni ýerine ýetiripdir. Goşunlara harby gatlagyň begzada toparlary serkerdelik edipdir. Şular hem atly goşunyň aýratyn agyr ýaraglanan bölegini tutupdyrlar.

**Sasanylaryň goňşy halklar bilen gatnaşyklary.** VI asyryň Sasanylaryň döwleti Wizantiýa bilen hem täze uruşlara başlaýarlar. Patyşa Kawad 502-nji ýylda Wizantiýadan Amidany (häzir Türkiýanyň Diýarbekir şäheri) we Feodasiopoly (häzirki Türkiýanyň Erzerum şäheri) basyp alýar. Hysrow I 540-njy ýylda Siriýa çozup girýär we Antiohiýany eýeleýär. Soňra Günbatar Gruziýa hem eýelenilýär. Ýöne, sasanylar

basyp alan ýerlerini uzak wagtlap saklap bilmeýärler we 562-nji ýylyň şertnamasy boýunça araçäkler öňkiligine galdyrylýar. Sasanylar döwleti bilen Wizantiýanyň arasyndaky uruşlar 571-nji ýylda täzeden başlaýar. Bu gezek hem sasanylara uly üstünlik gazanmak başartmaýar, ýöne Ýemen basylyp alynýar we Eýran halkara söwda ýollaryna gözegçilik etmäge mümkinçilik alýar. Eýran bilen Wizantiýanyň arasynda alnyp barylýan uruşlara olaryň ýapjalary bolan arap patyşalyklary hem işeňňir gatnaşypdyrlar. Lahmiler patyşalygy Eýranyň, Gassaniler bolsa Wizantiýanyň tarapynda durup söweşlere gatnaşypdyrlar. Emma 602-nji ýylda Hysrow I Lahmiler patyşalygyny ýok edip, onuň ýerlerini Eýrana birikdirilýär. Sasany patyşasynyň bu strategiki ýalňyşlygy içki Arabystanda ýaşan arap beduinleriň Eýrana çozuşlaryny ýeňňilleşdirilýär. Araplar 604-nji we 611-nji ýyllarda Eýrana uly zarbalar urýarlar. Bu zarbalar bolsa, araplaryň soňky çozuşlary üçin özbolușly synag bolup hyzmat edýär.

**Sasanylaryň göktürkmenleri bilen çaknyşygy.** Sebitde agalyk ugrundaky göreşlerde sasanylaryň göktürkmenler bilen hem aralary bozulýar. Sebäbi Hysrow I Hytaýyň we Orta Aziýanyň üsti bilen gelýän ýüpek söwdasyny Eýranda gadagan edýär. Göktürkmenler muňa jogap edip Wizantiýa bilen ýaranlyk barada şertnama baglaşýarlar we Eýranyň esasy garşydaşyna öwrülýärler. Emma sasany serkerdesi Bähram Çubine 589-njy ýylda Hyradyň eteginde bolan uly söweşde bolan göktürkmenleriň Orta Aziýanyň edýän ýörişlerini sakalamak başardypdyr. Soňra Bähram Çubin sasany patyşasy Hormizd IVä (579590) garşy gozgalaň turzup, tiz wagtdan paýtagt şäher Ktesifony eýeleýär we özüni Eýranyň şasy diýip yglan edýär. Täzelikde tagta çykan Hysrow II (590-628) Wizantiýa gaçýar we imperatoryň kömegi bilen Bähram Çubini ýeňýär we ýene-de tagty eýelär. Beren kömegi üçin Hysrow II Wizantiýa bilen "müdimilik " şertnama baglaşýar we köp ýerleri gaýtaryp berýär.

**Otparazçylyk(zoroastrizm)dini we onuň döwlet dinine öwrülmegi.** Sasanylar döwletinde din örän uly ähmiýete eýe bolupdyr. Soňuň üçin hem kazyýet işleri diňe ruhanylaryň garamagynda bolupdyr. Şol döwürlerde sasany kanunlary jenaýaty üç görnüşe bölüpdir: dine (ýagny zoroastrizme), şalarşasyna we raýatlara garşy jenaýatlar. Jenaýatyň başky iki görnüşi üçin ölüm jezasy göz öňünde tutulypdyr ýada eger-de, jenaýatyň syýasy äheňi bar bolsa, kähalatlarda ömürlik türme tussaglygy bilen hem çalşyrylyp bilnipdir. Raýatlara garşy edilen jenaýat üçin günäkäriň gözüni oýupdyrlar, maýyp edipdirler ýada jerime salypdyrlar. Maşgala kanunçylygy sasanylaryň jemgyýetinde köp aýallylyga ýol beripdir we nikanyň alty görnüşi bolupdyr. Sasany jemgyýetinde garyndaşlaryň arasynda örän golaý nikalar hem bolupdyr. Mysal üçin, agasy gyz doganyna, atasy gyzyna hatda ogly ejesinede öýlenip bilipdir. Şeýle nikalara sasanylaryň patyşalyk urugynda has hem aýratyn gadyr goýlupdyr

Sasanylar döwründe zoroastrizm döwlet dinine öwrülýär. Zoroastrizm döwlet häkimiýetini berkitmekde, ýurdy bütewileşdirmekde uly ähmiýete eýe bolupdyr. Emma zoroastrizm özüniň pygamber Zaratuştranyň döwründäki taglymatyndan daşlaşypdyr we Eýranda feodal düzgüniň berkidilmegi ugrunda çykyş edipdir. Zoroastrizmiň binýadyny ýagtylygyň we tümlügiň özara göreşine esaslanýan dualistik aňyýet düzüpdir. Ahuramazda, Ahriman, Mihra, Anahez we Zrwana ýaly hudaýlara, şeýle hem Güne, oda we ýyldyzlara sežde etmegiň işlenilip düzülen dessurlary ruhanylar bolan herbatlaryň we mobetleriň ägirt uly köpçüligi tarapyndan ýerine ýetirilipdir. Bu däpdessurlar içinde baky ot ýakylan ýörite ybadathanalarda amala aşyrylypdyr.

**Maniheýçilik hereketi. Maniheýçilik taglymaty.** Bu din Eýranda III asyrda döräpdir. Bu diniň ady, ony esaslandyryjy Maniniň(215-276ý) ady bilen baglanyşykly bolupdyr. Mani Arşakitleriň urugyndan eken. Ol öz döwrüniň bilimli adamlaryndan biri bolupdyr. Maniheýçilik dinine zoroastrizm, hristian, hatda budda dinleriniň

bölejikleri gatnaşypdyr. Maniheýler Maniniň tarapdarlary hem edil zorostrizme uýujylar ýaly, dünýäde bolup geçýän zatlaryň hemmesiniň esasynda iki başlangyjyňgaraňkylygyň, haýryň we şeriň göreşi bardyr diýip düşünipdirler. Maniheýler haýryň güýçleriniň ýeňjeklerini we adamlaryň bagtly boljakdyklaryna ynanypdyrlar. Olar adamlaryň üstündenagalyk etmekde döwleti we şol syýasata duýgydaşlyk edýän dini berk ýazgarypdyrlar. Şeýle garaýyşlary wagyznesihat edendikleri üçin 276-njy ýylda Maniniň özi we onuň ýakyn egindeşleri jeza berlip öldürlipdir. Emma oňa garamazdan maniheýçilik, diňe bir Eýranda däl, eýsem onuň çäklerinden daşarda, şol sanda Orta Aziýada bu diniň tarapdarlary köp bolupdyr.

**Mazdakçylar we olaryň taglymaty.** Bu hereketiň başynda duran adam Mazdagyň özi ruhany gatlakdan bolupdyr. Emma oňa garamazdan, ol agalyk ediji hanbeglere we ruhanylara garşy göreşe köpçüligi çagyrypdyr. Bu herekete gatnaşyjylaryň şygyryndada maniheýleriňki ýaly şeriň ähli görnüşlerine garşy işeňňir göreşe halk köpçüligi çagyrylýar. Mazdaklaryň pikiriçe, ýaşaýyş üçin serişdeleri, şol sanda ýersuw, önümçilik gurallary we ş. m. adamlaryň arasynda deň bölünmeli. Zorluk netijesinde dörän deňsizligi mazdakitler şeriň esasy sebäbi diýip hasap edipdirler. Şoňa görä-de, ilki başky deňligi dikeltmek üçin baýlaryň elindäki emlägi garyplara deň paýlap bermeli diýipdirler. Mazdaklaryň taglymaty boýunça gan dökmekadam öldürmek ýazgarylýan hem bolsa, deňsizlige garşy göreşde kadadan çykma höküminde oňa ýol berlipdir. Mazdagyň wagyznesihaty Sasanylar döwletindäki agyr şertlerde ýaşaýan daýhan jemagatlaryny özüne çekipdir. Ýurdyň hemme ýerinde iri ýer eýelerine garşy daýhan gozgalaňlary tutaşyp başlapdyr. Han –begleriň epesli toparynyň emläkleri ellerinden alynyp, daýhan jemagatlarynyň arasynda peýdalanypdyr. Mazdakitleriň hereketiniň iň ösen wagty Kawad patyşanyň (483-496 we 499-531ý) edara eden döwri bolupdyr. Halk hereketinden heder edip, Kawad döwletiň galla ambarynyň agzyny açypdyr. Mazdaklar hanbegleriň öýlerine giripderde ýarar ýaly

emläklerini alypdyrlar. Bu ösen hereketiň öňüni almaga döwletiň birbada gurby çatmandyr. Bu edenetdilik hanbegleriň, barly gatlaklaryň arasynda patyşa Kawada garşy ýiti ýigrenç döredipdir. Netijede bolsa Kawad 496-njy ýylda tagtdan düşmäge mejbur bolupdyr we ýurtdan çykyp gidipdir. Iki ýyl geçenden soň ýene-de Eýrana gaýdyp gelýär we täzeden tagta geçmek oňa başardýar. Kawadyň patyşalyk eden soňky ýyllarynda (499-531ý) agalyk ediji ýer eýeleri ýurda abanýan uly howp hököminde Mazdaklara garşy aýgytly göreşe girişipdirler. 529-njy ýylda Mazdak we onuň ýakyn egindeşleri öldürilýär, onuň tarapdarlary berk jezalandyrylýar. Ele düşmän galan mazdakçylaryň birnäçe topary yzarlanmakdan gaçyp, demirgazyk Azerbeýjana we Orta Aziýa gidipdirler. Orta Aziýanyň günorta etraplary bolsa Sasanylar döwletiniň düzümine giripdir. Mazdakçylaryň ideýasy bilen soňsoňlar nem Orta Aziýa we Eýranda telim gezek halk gozgalaňlary bolupdyr. Mazdakçylar gozgalaňy ýeňilipdir, emma onuň uly syýasy ähmiýeti bolupdyr. Ýeňilmeginiň sebäbi, gozgalaňçylar möwriti öten, ilkidurmuş jemagat gurluşyndaky deňligi berkarar etmäge çalyşypdyrlar. Gozgalaňyň ähmiýetiol eziji synplara garşy göreşde giň köpçiligi özüne birleşipdir.

## 31. Arabystanda musulman döwletiniň döremegi.

**Arabystanyň tebigaty, ilaty we araplaryň esasy kärleri. Maldarçylyk we söwda. Kerwen söwdasy.** Üç million km$^2$ ýeri eýeläp oturan Arabystan ýarymadasy gurak sähralyklardan, çöllerden we ýarym çöllerden ybaratdyr. Diňe Ýemen, Merkezi Arabystanyň käbir ýerleri, günbatardaky we demirgazykdaky oazisler, günortadaky welaýatlar ekerançylyk üçin amatly bolupdyr. Arabystan ýarym adasynyň günortasynda gadymy döwürlerde birnäçe döwletler bolupdyr. Aslynda Arabystanda siwilizasiýanyň dörän ýeri hem onuň günortasydyr. Günorta Arabystanyň ilaty gadym zamanlarda suwarymly ekerançylyga başlap, bu ýerde baryp b.e. öňki IX-VIII asyrlarda ösen jemgyýetçilik gatnaşyklary ýüze çykýar. Kä ýerlerde düme ekinleri hem ekipdirler. Araplar çölde guýy gazypdyrlar, bu bolsa gurak hem-de jöwzaly çöllüklerde uly ähmiýete eýe bolupdyr.

Maldarçylyk bilen esasan çarwalar we ýarym çarwalar meşgullanypdyrlar. Olary *beduinler* (bedewi çarwa) diýip atlandyrýardylar, Beduinler düýeleri, atlary, eşekdir gatyrlary, iri şahly mallary we dowarlary ösdürip ýetişdiripdirler. Çölüň şertlerinde düýäniň belli bahasy bolmandyr. Düýäniň etinden, süýdünden, ýüňünden başgada, ol esasy ulag serişdesi we iş maly bolupdyr. Atlar hem uly ähmiýete eýe bolupdyr. Arap atlary çöl şertlerine örän çydamlydyr hem-de olar ýüwrükligi bilen aýratyn tapawutlanýarlar. Käbir arap taýpalary balykçylyk bilen hem meşgullanypdyrlar. Araplar magdan gazyp almagy we dürli magdanlary işläp bejermegi başarypdyrlar. Dag känlerinden duz, altyn, kümüş, ýarym gymmatbaha daşlary gazyp alypdyrlar. Özara ysnyşykly ykdysady aragatnaşyklar netijesinde çarwalaryň we oturymly ilatyň arasynda ýeketäk ykdysady gurama emele gelýär. Sebäbi çarwa ilaty oturymlynyň, oturymly bolsa çarwanyň önümlerine mätäç bolupdyr. Işlenip bejerilýän ekerançylyk ýerleriniň çäkliligi, otluk öri meýdanlaryň bolsa azlygy, arap çarwalaryny we çomurlaryny biri-birine bagly edip

goýupdyr. Köp halklardan tapawutlylykda, arap çarwalary hem-de çomurlary bir bütewi halka etnosa degişli bolupdyrlar. Soňuň üçin hem olaryň biri-birine ýakynlaşmagyna edimgylymlary päsgel beräýmese, olarda hojalyk we dil päsgelçiligi bolmandyr, üstesinede, ilatyň epesli böleginiň göçüpgonup ýörmegi bir milletiň, bütewi bir diliň kemala gelmegine oňyn täsir edipdir.

Şäherlerde senetçileriň, hünärmenleriň dürli toparlaryndan hem-de söwdagärlerden başgada, erkin hünärli aýdymçylar, tansçylar, sazandalar, tebipler we başgalar hem köp bolupdyr. Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň güýçli ösen ýerleri esasan oturymly ilat ýaşan Günorta we GünortaGünbatar Arabystandyr. Bu ýerlerde belli bir derejede gulçulyk hem bolupdyr, ýöne ol giň gerime eýe bolup bilmändir. Gadym döwürlerde ýerler oba jemagatynyň eýeçiliginde bolan bolsa, soňra olar hususy eýeleriň eline geçip başlaýar. Käbir zatlar jemagatyň eýeçiliginde hem saklanyp galypdyr. Mysal üçin, suw, öri meýdanlary, odun ýygylýan, magdan gazylyp alynýan ýerler, duz we kümüş känleri jemagatyň umumy eýeçiliginde galypdyr. Ekerançylaryň oba jemagatyň *“şaaba”* (halk), çarwa we ýarym çarwalaryňky bolsa *“kabail”* taýpa diýlip atlandyrylypdyr. Oba jemagatynyň täsirli adamlary jemagatyň nökerlerine serkerdelik edipdirler, gazyhaşar işlerine, gala gurluşygyna ýolbaşçylyk edipdirler. Jemagatyň agzalary erkin bolup, olaryň ýarag götermäge, jemagatda geçirilýän ähli jemgyýetçiliksyýasy, ykdysady we medeni çärelere gatnaşmaga borçly hem-de hukukly bolupdyrlar. Maldarçylygyň we ekerançylygyň ösmegi taýpanyň, urugyň içinden barly adamlaryň, hojalyklaryň döremegine getiripdir. Çarwa hojalygynyň durmuşykdysady binýadyny mallara hususy eýeçilik, öri meýdana bolsa umumy eýeçilik bolupdyr. Ýöne öri meýdany mallaryň sanyna görä bölünipdir. Taýpa baştutany adatça baý urugdan ýada maşgaladan saýlanypdyr. Sebäbi kyn günde ol garyplaşan taýpadaşlaryna kömek berip biljekdi. Taýpanyň ýönekeý agzalary hemişe mätäçlikde

bolandyklary sebäpli, barly urugdaşlaryna garaşly ýagdaýda bolup, olaryň her hili ýumuşlaryny, hyzmatlaryny bitiripdirler.

**Muhammet pygamber. Yslamyň döremegi.** VII asyrda Gyzyl deňziniň kenarynda ýerleşýän Hijaz sebiti Arabystanyň ykdysady taýdan iňösen ýerleriniň biri bolupdyr. Bu ýerlerde ekerançylyk, senetçilik we söwda ösüpdir. Sebitde Mekge, Ýasryp (Medine) we Taif ýaly uly şäherler hem bolupdyr. Hijazyň ykdysady taýdan şeýle uly ähmiýete eýe bolmagy Arabystanyň birleşdirilmegi ugrundaky syýasy hereket, *Yslam* ("Alla boýun synmak") ady bilen ýüze çykan monoteizm dini ynançlaryny wagyz etmek bilen utgaşdyrylypdyr. Araplary bitewi bir döwlete birikdirmek we ýeketäk Hudaýa uýdurmak işine Muhammet Pygamber (570-632) ýolbaşçylyk edýär. Iň soňky pygamber we täze dini esaslandyryjy Muhammet Aleýhyssalam 570-nji ýylda Mekgede asylly maşgalada eneden doglupdyr. Muhammet ýaşlykdan ýetim galypdyr we çagalyk döwründe köp kynçylyklary başdan geçiripdir. Ol ýaşlykdan söwda işleri bilen meşgullanyp, köp ýurtlary görüpdir, goňşy halklaryň däpdessurlary, dini ynançlary bilen tanyş bolupdyr. Muhammet Hatyja atly söwdegär aýala öýlenipdir. Hatyja adamsynyň täze din bilen baglanyşykly wagyzlaryny birinji bolup goldapdyr. Kyrk ýaşyndaka Muhammet pygambere Hira gowagynda Jebraýyl perişde görnüpdir we ol Muhammediň Allanyň pygamberi edilip saýlanandygyny tassyk edýär. Şundan soň Muhammet pygamber ildeşlerini bir Hudaýa – Alla uýmaga çagyrypdyr, köp hudaýlylygy bolsa ýazgarypdyr. Muhammet pygamberiň wagyzlary güýçlendigiçe, onuň hereketlerine garşylyklar hem güýçlenipdir. Onuň janyna howp salyp başlapdyrlar. Soňuň üçin hem ol 622-nji ýylda öz tarapdarlary bilen Mekgeden Ýasribe (Medine) gitmäge mejbur bolýar. Yslam taryhynda bu waka "nijret" (göçmek) ady bilen bellidir. Musulman senenamasynyň ýada ýyl hasabynyň birinji ýyly hem şu waka bilen başlanýar.

**Mekge we Medine şäherleri. Mukaddes Käbe.** Medine bilen Mekge hemişe bäsdeşlik edýän şäherler bolupdyr. Medineliler mekgeliler

bilen özara uruşlary alyp barypdyrlar. Mekgeliler hem öz ýaranlary bilen Medinäni gabapdyrlar. Iki şäheriň arasyndaky göreşler 630-njy ýylda ylalaşyk baglaşylmagy bilen tamamlanypdyr. Muhammet pygamberiň tarapdarlary Mekgäni eýeläpdirler. Ylalaşygyň şertine görä, mekgeliler Muhammet pygamberiň Yslam taglymatyny we onuň häkimiýetini ykrar edipdirler, munuň üçin olar özlerine eglişik edilmegini gazanypdyrlar. Mekge dini merkez höküminde kabul edilipdir, mukaddes Käbe bolsa Yslamyň baş seždegähine öwrülipdir. Haka uýýan her bir adam Mekgä zyýarata gelip, mukaddes Käbä ybadat etmäge borçlanypdyr. Täze dine uýýanlary "musulman"("Alla boýun bolanlar")diýip atlandyrypdyrlar. Pygamber Käbäni butlardan arassalapdyr we ony musulmanlaryň baş mukaddesligi diýip yglan edipdir. Musulmanlaryň gazanan ýeňşiniň netijesinde Arabystanda Muhammet pygamberiň baştutanlygynda bitewi musulman döwleti döräpdir. Täze dörän döwletiň dünýewi hem-de dini häkimiýetleri pygamber garyppukaralaryň tarapyny tutupdyr, barlylaryň edenetdiligini ýazgarypdyr.

**Gurhan.** Yslam dininiň baş taglymaty, onuň keramatly kitaby Kurandyr. "Kuran – okamak" işliginden bolup adatça "okamak, sesli okamak" diýen manyny aňladýar. Takmynan 610-njy ýylda Mekgäniň ýanyndaky Hira dagynda ýeke özi ybadat edip otyrka pygambere Jebraýyl perişde arkaly aýatlar inip başlaýar. Ol bolsa aýatlary ýatdan öwrenip, öz tarapdarlaryna aýdyp beripdir. Olar hem öz gezeginde beýleki musulmanlaryň arasynda Kurany şeýle ýol bilen ýaýradypdyrlar. Ulamalaryň tassyklamagyna görä, bu iş ýigrimi üç ýyl dagy dowam edipdir.

Muhammet pygamberiň aradan çykan wagtyna çenli Kuran gutarnykly ýazga geçirilmändir. Ondaky, aýatlar, süreler heniz dagynyk ýagdaýda bolupdyr. Kuranyň ýazgylaryny tertibe salyp, ýygyndy etmeklikde pygamberiň egindeşleri Abu Bekr bilen Osman köp tagalla edipdirler. 633-nji ýyl töwerekleri Abu Bekr ýaş ýigit Zeýt ibn Saabete aýatlary ýygnamagy tabşyrypdyrlar. Zeýt ibn Saabet ozalky bölekbüçek

ýazgylary ýygnapdyr hem-de pygamberiň egindeşleriniň ýatdan bilýän zatlaryny ýazyp alypdyr.

634-nji ýylda Abu Bekr ölenden soň Kuranyň ilkinji ýazgysy onuň wesýeti boýunça gyzyna – pygamberiň aýallarynyň biri Hesbä atasyndan ýadygärlik berlipdir. Şondan soňra keramatly Kitabyň golýazmalaryny ýygnamak bilen pygamberiň beýleki egindeşleriniň birnäçesi meşgul bolupdyr. Emma şol maglumatlaryň biri-birinden azdakände tapawudy bolupdyr. Şol tapawutlar bolsa, araplaryň arasynda belli bir derejede agzalyk döredipdir. Mysal üçin, ýygyndysynyň birinji nusgasyny damasklylar, ikinjisini kufalylar, üçünjisini basralylar, homslylar ykrar edipdirler. Şeýlelikde, dörän jedeller Yslamyň agzybirligine howp salypdyr. Şoňa görä-de, 650-nji ýyl töwerekleri Kuranyň gutarnykly ýazgy nusgasyny işläp düzmekligi Osman öz üstüne alypdyr. Olardan birini Medinede galdyrypdyrlar we ol esasy nusga hasaplanypdyr. Galanlary bolsa Kufa, Basra we Damask ýaly araplaryň kiçiräk berkitmelerine iberilipdir. Kuranyň häzirki döwürde dünýä musulmanlary tarapyndan ulanylyp gelýän nusgasy X asyrda düzülipdir we şondan soňra keramatly Kitap baradaky nätakyklyklar aradan aýrylypdyr. Gurhan kitaby jemi 114 sürä we 6666 aýada bölünipdir. Süreler öz içinde aýryaýry aýatlara bölünýär. Süreleriň döreýiş wagtyna görä olar ikäirkilere we giçkilere bölünýär. Olaryň 90 süresine Mekge süreleri, 24 süresine bolsa Medine süreleri diýilýär.

**Şerigat.** Gurhanyň esasynda kanunçylar musulmanlar üçin ýörelge düzgünleri – şerigaty (halal ýol) işläp düzüpdirler. Bu bolsa yslamyň musulmanlar üçin diňe bir din bolman, eýsem onuň durmuş ýörelgesi hem-de uly bir gymmatlyk bolup durýandygyny hem görkezýär. Musulman hukugynyň esasynda jenaýat we raýat işini kazy alyp barypdyr. Kazy halyf tarapyndan bellenilipdir. Ilkinji kazy Omaryň halyflyk döwründe(634644 ý.) bellenilipdir. Arap halyfaty dargandan soňra, kazy bellemek hukugy ýurduň soltany ýada hökümdary tarapyndan amala aşyrylypdyr.

**Yslam dininiň esasy parzlary.** Yslam dini musulmançylykda hökmany bäş şert bilen berjaý bolýar diýip hasaplaýar. Olar aşakdakylardan ybarat:

**Keleme öwürmek** – manysy “Alladan başga alla ýokdur, Muhammet bolsa Allanyň resulywekilidir” diýip ykrar etmekdir.

**Namaz okamak** her bir musulman günde bäş wagtyna: ertir, öýle, ikindi, agşam we ýassy namazyny okamaly.

**Oraza tutmak** musulman senenamasynyň dokuzy-njy aýy bolan Remezanyň bütin dowamynda alnyp barylýar. Oraza tutýan dindar, günuzyn hiç zat iýmeýäriçmeýär, çilim çekmeýär, nas atmaýar, agzyna hiç zat almaýar. Gündiz ol adam öz işini edýär, namaz okaýar. Gurhan okaýar, gowy arzuwlar, Hudaýdan ýagşy dilegler edýär. Iýmekiçmeklige Gün ýaşandan, Gün dogmanka (şol aralykda) rugsat edilýär.

**Sadaka**Hudaý ýoluna aýdylan zady bermek, haýyrynsan, hüşürzekat bermek. Sadakanyň düýp manysy zadyňy garypgasarlar, köpçülik bilen paýlaşmak, jemgyýete peýdaly iş etmek.

**Zyýarat etmek.** gurby we mümkinçiligi bolan her bir musulmanyň Mekgä gitmek borjy hasaplanýar. Zyýarata gidip gelen”hajy”diýen hormatly ada eýe bolýar.

**Arap taýpalarynyň birleşdirilmegi.** Muhammet pygamberiň wagyzlary güýçlendigiçe, onuň hereketlerine garşylyklar hem güýçlenipdir. Şonuň üçin hem ol öz tarapdarlary bilen 622-nji ýylda Mekgeden Ýasribe (Medine)gitmäge mejbur bolýar. Yslam taryhynda bu waka “hijret” (“göçmek”) ady bilen bellidir. Musulman senenamasynyň ýada ýyl hasabynyň birinji ýyly şu waka bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Medinede köp adamlar Muhammet pygamberiň yzyna eýeripdirler. Bu ýerde ýerleşmek bilen Muhammet pygamber Mekgäni almak ugrunda göreşipdir. 630-njy ýylda musulmanlar araplaryň mukaddes şäheri Mekgäni eýeläpdirler. Pygamber Käbäni butlardan arassalapdyr we ony musulmanlaryň baş mukaddesligi diýip yglan edipdir. Musulmanlaryň gazanan ýeňşiniň netijesinde Arabystanda Muhammet pygamberiň

baştutanlygynda bütewi musulman döwleti döräpdir. 632-nji ýylda Pygamber aradan çykýar. Soňuň üçin hem onuň ýerine orunbasarynyhalyflary saýlap başlaýar.

**Araplaryň ýörişleri we yslam dininiň dünýä ýaýramagy.** 633-nji ýylda halyf Abu Bekr taýpasyndan bolan Musanna atly serkerdä goşun ýygnamaklygy buýurýar. Sasanylara garşy iberlen goşuna serkerde Halid ibn Welid ýolbaşçylyk edipdir. 634-nji ýylda araplar Yraga golaý ýerlerde ýaşaýan hristian araplaryň ýerlerini eýeläp, tiz wagtdan Ýefratyň çep kenaryna geçipdirler. 637-nji ýylda Kadisi şäheriniň ýanynda araplar sasanylaryň “Beýik Rüstemiň goşuny” diýlip atlandyrylan ägirt uly goşunlary çympytrak edýärler. 636-njy ýylda Hira bilen Ýewfratyň aralygynda Kufa şäheri esaslandyrylypdyr. 638-nji ýylda Mosul welaýaty eýelenýär. Sasanylaryň köp dikmeleri araplaryň tarapyna geçýärler. 642-nji ýylda Nehawendiň eteginde parslar bilen araplaryň arasynda uly söweş bolup geçýär. Söweşiň netijesinde araplar Reý, Kazwin, Kumus şäherini ýeňillik bilen eýeleýär, Azerbeýjanyň ýerlerine aralaşýarlar. 644-nji ýylda Hemedan, Kum, Kaşan, Yspyhan eýelenýär. 651-nji ýyla çenli araplar sasanylaryň Hazar deňziniň günortasyndaky insiz daglyk ýerlerinden galan ähli ýerlerini eýeleýärler we häzirki Owganystanyň ýerlerine çozup girýärler. Wizantiýa bilen araplaryň arasyndaky birinji uruş Iýerusalimiň etegindäki Ajaneýn diýen ýerde bolup geçýär. Söweş araplaryň ýeňşi bilen tamamlanýar we Gaza hem-de Öli deňizleriniň töwereginde ýerleşýän beýleki şäherler söweşsiz eýelenýär. 635-nji ýylda Tiwerdany we Galileýany eýeleýärler. Grekler Iordan derýasynyň jülgesini suwa basdyrýarlar. 635-nji ýylyň martsentýabr aýlarynda araplar Damasky gabawa alyp, ahyrsoňy şäheri eýeleýärler. Şäher ilaty bilen araplaryň arasynda baglaşylan şertnama laýyklykda, ilat paç tölemäge mejbur edilýär. Damaskdan soň araplar Baalbek şäherini eýeleýärler. 637-nji ýylyň ahyrlaryna çenli araplar Siriýanyň kenarýaka şäherlerini, 638-nji ýylda bolsa Iýerusalimi eýeleýär.

Basylyp alnan SiriýaPalestina sebitinde aýratyn dikmelik döredilip, onuň baştutanlygyna Omeýýalar urugyndan bolan Muawiýa bellenilýär. 658-nji ýylda araplar Ermenistany, Gruziýanyň bir bölegini eýeläp, Kawkaz dag gerişleriniň aňyrsyndaky hazarlaryň ýurduna çenli baryp ýetýär. 641-nji ýylda araplar Wawilony eýeleýärler. Şondan soň Wizantiýa araplar bilen parahatçylyk barada şertnama baglaşmaga mejbur bolýar. 642-nji ýylyň sentýabrynda araplar Aleksandriýany hem eýleýärler. Müsüriň dikmeligine bellenen Amr 643-nji ýylda Niliň sag kenarynda Fustat (häzirki köne Kair) şäheriniň düýbüni tutýar we ony Müsür dikmeliginiň merkezine öwürýär. Basybalyşlar Demirgazyk Afrikadada dowam edipdir we 648-nji ýylda araplar Karfagene ýetýärler. Şäher ilaty altynkümüş berip boýun egýär. Soňra arap hökümdarlygyna Liwiýa bilen Tripoly hem tabyn edilýär.

**Arap halyfatynyň döremegi. Halyfatyň dolandyrylşy.** 634-nji ýylda halyf AbuBekr ölmeziniň öň ýany Muhammet pygamberiň iň golaý egindeşlerini ýanyna çagyryp, halyflygy Omara berýändigini aýdýar. Halyf Omaryň (634-644) döwründe iň köp ýerler eýelenilýär. Emma 644-nji ýylda bir gul Omara ölüm howply ýara salýar. Onuň ornuna Osman (644-656) halyf diýlip yglan edilýär. Emma pygamberiň egindeşleriniň bir topary Osmanyň halyf bolmagyna närazylyk bildirýärler we pygamberiň inisi hem-de giýewisi Alynyň töwereginde jemlenýärler. Olar Alynyň halyf bolmalydygy baradaky talaby öňe sürýärler. Alynyň tarapdarlaryny we onuň yzyna eýerijileri “Şyga” (topar, partiýa) diýip atlandyrypdyrlar.

## 32. VIII we IX asyrlarda Merkezi Aziýa we Eýran arap halyflygynyň düzüminde.

**Abbasy nesilşalygy häkimiýet başynda. Abbasy halyflygy Harun ar Reşidiň döwründe.** 750-nji ýylda Omeýýalaryň nesilşalygy agdarylandan soň häkimiýete Abbasylar nesilşalygy gelipdir we olar 1258-nji ýyla çenli hökümdarlyk edipdirler. Abbasylar ägirt uly ýurdy miras alypdyrlar we onuň düzümine Demirgazyk Afrika, Arabystan, Alynky Aziýa, Yrak, Eýran, Kawkazyň we Orta Aziýanyň köp ýerleri giripdir. Emma abbasylar Ispaniýany elden gideripdirler we ol ýerde 756-njy ýylda özbaşdak emirlik esaslandyrylýar. Bu emirlik X asyrda özbaşdak Kordowa halyflygyna öwrülýär. 762-nji ýylda halyf Mansur (754-775) Abbasy halyflygynyň paýtagtyny Bagdada[1] geçirýär. Halyflygyň paýtagty öň Kufa şäherinde ýerleşýärdi. Ägirt uly musulman döwletiniň kemala gelmegi bilen has amatly paýtagtyň zerurlygy ýüze çykýar. Soňuň üçin hem Orta Yrakda, Tigr bilen Ýewfrat derýalarynyň biri-birine has golaý gelýän ýerinde täze paýtagt gurmaklyk karar edilýär. Täze paýtagtyň düýbi 762-nji ýylda halyf alMansur tarapyndan tutulyp, onuň adynyň gelip çykyşyny gadymy Bagdat obajygynyň ady bilen baglanyşdyrýarlar. Şäheri halyf *“Medinat asSalam”* (“Abadançylyk şäheri”) diýip atlandyrypdyr. Emma halk arasynda barybir *«Bagdat»* (“Hudaý beren”) ady ýörgünli bolup galypdyr. Şäheriň Horasan, Kufa, Basra we Damask diýlip atlandyrylan dört sany derwezesi bolupdyr. Bagdat şäheri aýratyn hem alMansuryň agtygy Harun arReşidiň (786809) döwründe gülläp ösüpdir.

**Abu Muslim we onuň omeýatlara garşy çykyşy. Merwiň abbasy halyflygynyň wagtlaýyn paýtagtyna öwrülmegi. Halyf Mamun.** Abu Muslimiň gozgalaňy Merkezi Aziýada turan gozgalaňlaryň

---

iň ulusy bolupdyr. Ol daýhan maşgalasyndan bolupdyr. Käbir maglumatlara görä, ol gul bolupdyr hem diýlipdir. Abu Muslim 747-nji ýylda gara baýdagy galdyryp, omeýýatlara garşy açyk göreş etmäge halky çagyrypdyr. Gozgalaňyň esasy maksady omeýýatlar nesilşalygyny agdaryp, Abbasylaryň häkimýetini berkarar etmekden ybarat bolupdyr. Olar ilaty öz tarapyna çekjek bolup wada baryny beripdirler. Salgytlary we borçlary azaltmagy, ýurdy dolandyrmak işine ýerli hanbegleri çekmegi wada beripdirler. Abu Muslim öz esgerlerine belli bir mukdarda aýlyk hem beripdir. Ol gullary hem goşuna alypdyr, ýöne gullardan düzülen goşuna goşulmandyr we aýratyn hereket edipdir.

Abu Muslim Merwiň günbatar çetinde birnäçe berkitmeleri gurupdyr. Onuň esasy daýanç ýeri Mahuwan obasy eken, bu ýerde ol birnäçe aýlap gozgalaňa taýýarlanypdyr. Mahuwan obasynda Abu Muslim özüniň hemme esgerlerine ýolbaşçylyk etmek üçin merkez döredipdir. Bu gozgalaňa hemme şäherlerden: Merwden, Sarahsdan, Abywertden, Nusaýdan, Hyratdan, Talhatandan, Balhdan we beýleki şäherlerden adamlar gelipdirler. Gozgalaňa jemi 100 müňe çenli adam gatnaşypdyr. Abu Muslim 748-nji ýylda Merwi basyp alýar. Horasanyň hökümdary Nasr ibn Saýýar Merwi taşlap, Nişapura çekilmeli bolýar. Abu Muslim soňra Eýrana, Yraga ýöriş edýär. Yrakda halyf Merwan IIniň goşuny derbidagyn edilýär. Soňra omeýýatlaryň tarapdarlary birnäçe gezek söweşlerde ýeňilýärler. 750-nji ýylda bolsa halyf Merwan tagtdan düşürilip jezalandyrylýar. Abbasylar omeýýatlaryň iň iri merkezi bolan Damask şäherini hem basyp alýarlar. Şeýlelik bilen, Muhammet pygamberiň agasy Apbasyň nebereleri halyflygy eýeleýärler. Abbasylar öz häkimligini berkitmek üçin, halyflygyň merkezini Damask şäherinden gündogara – Tigr derýasynyň kenaryndaky Bagdat şäherine geçirýärler. Bagdat omeýýatlardan goranmak üçiň hem amatly bolupdyr, galybersede, bu ýerde apbasylaryň tarapdarlary köp bolupdyr. Soňda soň, arap halyflygynda Abu Muslim Horasanyň hökümdary wezipesine bellenilýär. Netijede, abbaslar Abu Muslimiň arkasyndan tagty eýeleýärler. Emma

olar Abu Muslimiň abraýyndan juda çekinipdirler, sebäbi Abu Muslim halyflygyň hemme ýerlerinde ykrar edilen beýik serkerde hökmünde görlüpdir. Şonuň äçin halyf Abu Japar alMansur (754-775ý.)ony aldaw ýoly bilen Bagdada, köşge çagyryp, 755-nji ýylda ähtiýalanlyk bilen jezalandyrýar. Abbasylar halyflygy eýelänlerinden soň, käbir hanlarybegleri döwlet işlerine çekipdirler, emma ilatyň halýagdaýyny gowulandyrmak äçin hiç hili eglişik etmändirler. Şonuň üçin halk köpçüligi abbasylara garşy ýene-de ýaragly göreşe başlapdyr.

**Tahyrylar döwleti.** Tahyrylar döwletiniň döremegi. Horasanda we Merkezi Aziýanyň basylyp alnan ýerlerinde araplaryň tabynlygyndan çykmak, özbaşdak döwlet bolmak üçin başlanan hereket güýçlenipdir. IX asyrda Bagdat halyflygynyň kuwwaty pese düşüp başlapdyr. Gozgalaňlar, agzalalyklar ýygy-ýygydan bolup durupdyr. Bagdat halyfy isleseislemesede ýerli hanbeglere eglişik etmäge mejbur bolupdyr. Emma bu hereket halyfatyň agalygynyň synmagyna we ençeme özbaşdak döwletleriň emele gelmegine getiripdir. Halyf Mamun 812-nji ýylda Horasanyň hökümdary edip Hyrat welaýatyndan bolan Tahyr ibn Hüseýini belläpdir, Sebäbi Tahyr halyf Mamuna doganyna garşy göreşde köp kömek beripdir. Soňdan soňra Mamun ony ýokary wezipelere işe çekipdir. Tahyr Horasana gelenden bir ýyl geçipgeçmänkä garaşsyzlygyny yglan edipdir. Döwletiň paýtagty Nişapur şäheri bolupdyr. 822-nji ýylda metjitlerde juma namazynda halyfyň adyny tutmak (hutba) gadagan edilýär. Emma Tahyr tiz wagtdan halyf tarapyndan awy berlip öldürilipdir. Tahyr ibn Hüseýinden soň, onuň ogly Abdylla ibn Tahyr hökümdar bolýar. Onuň hökümdarlyk eden döwründe döwletiň ykdysady ýagdaýy gowulaşypdyr, hökümdar, esasan, söwda üns beripdir, söwda kerwen ýollaryny abadanlaşdyrypdyr. Tahyr ibn Hüseýin öz ogly Abdylla raýatyndaky ilatdan salgyt ýygnanynda adalatly bolgun diýip maslahat berer ekeni: "Daýhanlaryñ göwnüne degmegin, olarsyz döwlet hazynasyna salgytdan zat girmez" diýip öwütnesihat beripdir. Abdylla Tahyrylar döwletiniň häkimligini Mawerannahra, Horezme,

Gürgene hem ýöredipdir. Bu döwürde ekerançylygy giňeltmek, suwaryş desgalaryny gurmak boýunça köp işler başlanypdyr. Suwdan ýerlikli peýdalanmak kadalary barada "Kärizler hakynda kitap" işlenilip düzülipdir. Tahyrylar bilim ulgamynyň ösmegi barada alada edip, şäherlerde metjitler, mekdepler, medreseler saldyrypdyrlar. Tahyr ibn Hüseýin öz ogly Abdylla: "Baýlyk hazynada üýşüp durany bilen girdeji getirmeýär, ony halka paýlap berseň, ajy doýrup, ýalaňajy geýindirseň, soňçada zadyň berekedi artar" diýip öwüt berýän ekeni. Tahyrylaryň edara eden döwründe kerwen ýollary abadanlaşdyrylyp, birnäçe kerwensaraýlar gurlupdyr. Olaryň arasynda Dehistan, Paraw, Kufen, Daýahatyn kerwensaraýlaryny görkezmek bolar. Daýahatyn kerwensaraýy orta asyr ýazuw çeşmelerinde "Tahyryň kerwensaraýy" diýen at bilen ýatlanylýar. Tahyrylar döwleti 873-nji ýylda Saffarylar döwletiniň zarbasy netijesinde synypdyr.

**Saffarylar döwleti, döwletiň alyp baran daşky we içki syýasaty.** Saffarylar döwletiniň döremegi. Saffarylar neberesini esaslandyran Ýakup ibn Leýs (861-878 ý.) bolupdyr. Maglumatlara görä, Ýakup kümüş ussasy bolupdyr. «Kümüş» sözi bolsa arapça "saffar" diýmek ekeni. Şoňa görä bu dinastiýanyň adyna "Saffarylar" diýlipdir. Saffarylar ýurduň çägini giňeltmek maksady bilen, köpsanly ýörişleri gurapdyrlar. Ýakup ibn Leýs Bagdat halyfynyň adyndan hereket edip, Tahyrylar döwletine garşy uruşlary alyp barypdyr. 863-nji ýylda Hyrady eýeläpdir we juma namazynda öz adyna hutba girizipdir. Munuň özi ýurduň hökümdarynyň ykrar edilmegi hasaplanypdyr. 873-nji ýylda Ýakup ibn Leýs Tahyrylar döwletiniň paýtagty bolan Nişapura girip, tahyrylaryň iň soňky hökümdary Muhammet Tahyry tagtdan düşürip, onuň ornuna özi geçýär. Soňdan soň Ýakubyň Horasanda atabraýy has hem ýokary göterilipdir. Bagdat halyfy Horasanda saffarylaryň barha güýçlenýändigini görsede, aýgytly hereket edip bilmändir. 876-njy ýylda Bagdat halyfy Ýakubyň hökümdarlygyny ykrar edipdir. Sebäbi Ýakup ibn Leýsiň "gazylar" diýilýän örän berk tertipdüzgünli atly goşuny

bolupdyr. "Ýakubyň özi elmydama goşunynyň ýanynda bolup, atynyň eşigini düşenipdir, galkanyny ýassyk, baýdagyny bolsa ýorgan edinipdir" diýlip ýatlanylýar. Saffarylaryň sany 15 müň atla ýetipdir. Goşun gullugyna daýhanlar, ýer eýeleri, hatda gullaram alnypdyr.

**Samanylar döwletiniň döremegi**. 818-nji ýyldan başlap Mawerannahryň dürli welaýatlarynda samanylar neberesinden hökümdarlar peýda bolupdyr. Emma olar Tahyrylar döwletine tabyn ekenler. 873-nji ýylda tahyrylaryň synmagy samanylaryň özbaşdak döwlet bolmagyna amatly şert döredipdir. Döwleti Ysmaýyl ibn Ahmet (874-907 ý.) esaslandyrypdyr. Samanylaryň paýtagty Buhara şäheri bolupdyr. Ysmaýyl häkimiýeti ele alandan soň, basybalyjylykly ýörişlere başlapdyr. Mawerannahry Samanylar döwletine birleşdiripdir. Merkezi Aziýada agalyk etmek ugrunda samanylar bilen saffarylaryň arasynda ençeme çaknyşyklar bolupdyr. 900-njy ýylda Ysmaýyl Samany Saffarylara garşy ýöriş edip, Nişapury eýeläpdir. Emir ibn Leýsi ýesir alyp, Bagdada iberipdir we halyf ony jezalandyryp öldüripdir. Samanylar döwletine Mawerannahrdan daşarda Horasan, Horezm hem degişli edilipdir. X asyrda oguz türkmenleri hem yslam dinini kabul edipdir. Samanylar 100 ýyldan gowrak wagt höküm sürüpdirler. Samanylar döwründe seljuk türkmenleri yslamy kabul edip, Buharanyň golaýyndaky Nurbaýyr daglaryna göçüp gelipdirler. Emma X asyryň ahyrlarynda Samany döwleti pese düşüp başlapdyr. Köşkde höküm süren görüplik, şugulçylyk, goşundaky närazylyklar Samany döwletini halys güýçden gaçyrýar. Netijede, Garahanly hany Nasyr ibn Aly Mawerannahryň görnükli adamlaryny öz tarapyna çekip, hiç hili garşylyk görmezden, 999-njy ýylda Buharany eýeleýär. 1006-njy ýylda bolsa Mahmyt Gaznalynyň goşunlary garahanlylary Buharadan kowup çykarýarlar. Öň samanylara degişli ähli şäherler Mahmyt Gaznalynyň eline geçýär.

**Samanylar döwründe suwarymly ekerançylyk. Hünärmentçiligiň we senetçiligiň ösmegi. Medeniýet**. Samanylaryň hökümdarlygy döwründe ýurtda asudalyk aralaşyp, şäherleriň, obalaryň

we söwdanyň ösmegi üçin şertler döredilipdir. Hojalygyň iň möhüm pudagy suwarymly ekerançylyk bolupdyr: Etrek derýasynyň aşak akymyndaky Dehistan, Murgap jülgesi, Horezm ekerançylygyň ösen ýerleri bolupdyr. Uly ýaplar, bentler, gatlalar gurlupdyr. Merwiň suwaryş desgalaryna gözegçilik etmek we desgalary gurmak işleri bilen 10 müň adamyň meşgul bolandygy hakynda ýazylýar. Samanylaryñ paýtagty Buhara yslamyň ruhy daýanç şäherlerinden biri bolupdyr. Bu şähere arap halyfatynyň köp ýerlerinden yslam taglymatçylary jemlenipdir. Dini mekdepmedreseler açylyp, halyflygyň ähli ýurtlary üçin yslamyň dürli sopuçylyk ugrundan işgärler taýýarlanypdyr. Köneürgençde we Buharada medreseler halyflygyň paýtagty Bagdatdakydan bir asyr öň açylypdyr. Musulman dini taglymaty şeýle bir ösüpdir, hatda şol döwürde halyflygyň özündede şeýle ýokary derejä ýetip bilmändirler. Ylym we diniň dili hökmünde arap dili, döwlet dili we edebi dil hökmünde pars dili giňden ulanylypdyr. Merw, Buhara, Samarkant, Köneürgenç ýaly orta asyr şäherleri öz döwrüniň ylmy we medeni merkezleri bolupdyr.

**Yslam medeniýetiniň döremegi.** Kuwwatly Arap döwletiniň döremegi bilen ösen musulman medeniýeti kemala gelipdir. Musulman mekdepleri peýda bolup, olarda 510 ýaşly çagalar okadylypdyr. Munuň üçin başlangyç mekdepleri döredilipdir. Çagalar mollalar tarapyndan metjitleriň ýanynda ýada hususy öýlerde okadylypdyr. Okuwlar Kurany we arifmetikany öwrenmekden ybarat bolupdyr. Munuň üçin halyflar we emirler tarapyndan medreseler gurlup, olarda ýetginjekler we ulular bilimlerini dowam etdiripdirler. Olar atly mollalaryň töwereginde jemlenip, gadymy ýazgylary we alymlaryň ylmy işlerini öwrenipdirler. Medreselerde musulman dinini, matematikany, medisinany, geometriýany we beýleki ylymlary öwrenipdirler.

**Ylym.** Arap halyflygynda ylym hem ösüpdir. Ylmyň ösmegi netijesinde Merkezi Aziýada, Eýranda, Hindistanda we Arap ýurtlarynda dünýä belli alymlar ösüp ýetişipdir. Bagdada, Damaskda, Merwde, Köneürgençde, Kairde Ylymlar akademiýalary döräpdir.

Akademiýalarda gadymy ýazarlaryň işleri arap diline terjime edilipdir. Aýratyn hem Platonyň, Aristoteliň, Arhimediň işlerine uly ähmiýet berlipdir. Şeýle ýazarlaryň işleri bilen musulman alymlary soňra ýewropalylary tanyşdyrypdyrlar. Musulmanlar kitap okamany durmuşyň baş ýörelgelerine, endigine öwrüpdirler. Kitap okamak üçin ajaýyp kitaphanalary döredipdirler. Halyflygyň uly säherlerinde ilkinji hassahanalar açylypdyr. Bagdatda açylan şeýle hassahanalaryň birinde 24 sany lukman keselleri bejerlipdir. Hassahananyň ýanynda baý kitaphana hem bar eken.

**Gündogaryň görnükli alymlary.** Söwda işleri we zyýarat musulmanlaryň geografiýadan gowy başy çykarýan adamlar bolup ýetişmeklerine täsir edipdir. Musulman geograflarynyň işlerinde diňe bir musulman ýurtlary hakynda däl, eýsem, alysdaky ýurtlar hakynda hem maglumatlar berlipdir. Muňa At Taharynyň (838923) "Pygamberleriň we patyşalaryň taryhy", Ibn Haldunyň (XIVa.) "Giriş", Ibn Hordadbehiň (IX a.) "Ýollaryň we ýurtlaryň kitaby", Ibn Batuttanyň (1304-1377) "Syýahat", Bekranyň (XII-XIII) "Jahannama" , Ýakudyň (XII-XIII) "Ýurtlaryň kitaby" işlerini okanyňda göz ýetirmek bolýar. Musulman alymlary hindilerden onluk sany kabul edip alypdyrlar we häzirki döwürde ulanylýan sanlary ylma girizipdirler. Ýewropada Awisenna ady bilen tanalýan Ibn Sinanyň tebipçilik baradaky eserleriniň soňra Ýer ýüzünde medisina ylmynyň ösüşiniň ägirt uly ähmiýeti bolupdyr. Musulman ýurtlarynda ylmyň ösmegine Gündogaryň beýik alym sopusy **Abu Hamit Gazaly (1058-1111)** uly goşant goşupdyr. Ol öz döwrüniň tanymal alymlaryndan sapak alyp, hukuk, logika, pelsepe, tebigat we din ylymlaryndan köp sanly eserleri döredipdir.

**Edebiýat.** Arap halyflygynyň döwründe edebiýat gülläp ösüpdir. Musulman edebiýatçylary we şahyrlary dünýä belli eserlerden döredipdirler. Musulman edebiýatynyň gülläp ösen döwründe Ferdöwsi, Nyzamy, Enweri, Jamy, Hafyz, Jelaleddin Rumy, Emir Hysrow Dehlewi ýaly dünýä belli şahyrlaryň ösüp ýetişipdirler. Musulmanlar rowaýatlary,

hekaýatlary, ertekileri we dessanlary okamagy we ýatdan aýtmagy halapdyrlar. Abbasy halyflygy döwründe halk döredijiliginiň mirasy jemlenip, kitap görnüşindede çap edilipdir. “Müň we bir gije” ýygyndysyny häzir dünýäniň köp dillerinde uly gyzyklanma bilen okaýarlar.

**Binagärçilik. Gurluşykda musulman ülňüsi. Metjitler, medreseler we kümmetler.** Arap halyflygynyň döremegi bilen özboluşly musulman binagärçiligi peýda bolupdyr. Bu binagärçilik sungaty musulman döwletiniň düzümine giren köp halklaryň gadymy binagärçilik däplerini özünde jemläpdir. Ol ýerde arap halyfatynyň köp ýerlerinden musulman alymlary jemlenipdirler. Dini mekdepmedrese açylyp, halyflygyň ähli ülkeleri üçin yslam taglymatyny ýaýradyjy hünärmenleri taýýarlapdyrlar. Horasanda we Mawerannahrda medrese halyflygyň paýtagty Bagdatdakydan bir asyr öň açylýar. Merkezi Aziýada musulman dini taglymaty şeýle bir ösüpdir, hatda şol döwürde halyflygyň özündede şeýle ýokary derejä ýetip bilmändir. Halyflykda ruhanylaryň we dini edaralaryň maddy üpjünçiligi gowulandyrmak üçin, birnäçe çäreler geçirilipdir. Metjitlere we medreselere aýratyn ýerler bölünip berlipdir. Şol ýer bölekleri wakf (“wakf” bagyş edýärin diýmegi aňladýar) diýlip atlandyrylypdyr. Wakf ýerlerine salgyt salynmandyr we şol ýerler hemişelik ulanylmaga berlipdir Arap haty Merkezi Aziýanyň, Eýranyň, Hindistanyň halklaryny arap ýurtlarynyň, şeýle hem arap diline terjime edilen gadymy grek we Wizantiýa ylmy hem medeniýeti bilen tanyşdyrdy. Araplar kitabyň gadryny bilipdirler. Halyf alMamun 832-nji ýylda Bagdatda “Bilimler öýüni”döredipdir. Ol özboluşly akademiýa bolup, dürli ugurlar boýunça ylmy, terjime işleri alnyp barylypdyr. Natda alMamun uruşlarda ýeňlen Wizantiýadan harby töleglere we paja derek kitap berilmegini sorapdyr.

**Abulkasym Ferdöwsi, ”Şanama”eseri.** Araplar gelmezinden ozal Merkezi Aziýada we Eýranda ýaşan halklaryň ertekilerini, rowaýatlaryny, hekaýalaryny we şahyrana folklor eserlerini özünde

jemlän “Şanama”poemasyny ýazypdyr. Ferdöwsiniň “Şanamasynda” Eýran we Merkezi Aziýa halklarynyň gahrymançylykly geçmişi wasp edilipdir. ”Şanamany”ýazmak üçin ol bütin ömrüni sarp edip, diňe bir döwletleriň ýyl ýazgylaryny däl, eýsem halkyň arasynda giňden ýaýran folklor materiallarynyda yhlas bilen öwrenip, şeýle ajaýyp epiki eser döredipdir. ”Şanama”poemasyny Ferdöwsi 37 ýaşynda ýazyp başlapdyr we ýaşy gojalap, 71 ýaşyna baranda gutardym edipdir.

## 33. Gadymy germanlar.

**VI asyryň ahyrlarynda Günbatar Rim imperiýasynyň üstüne gunlaryň we german taýpalarynyň çozuşy. Günbatar Rim imperiýasynyň synmagy.** German taýpalary IV asyryň ahyryndan başlap Günbatar Rim imperiýasynyň üstüne hälişindi çozup durupdyrlar. Gunlar türkmenleriň gadymy atababalary bolan hunlaryň Günbatar ýurtlaryna tarap göçip giden uly bölegi bolupdyrlar. Gunlar aýratyn hem meşhur serkerde Atillanyň hökümdarlyk eden ýyllarynda(434453)Rime güýçli zarbalary urupdyrlar Gullaryň we kolonlaryň gozgalaňlary sebäpli ysgyndan gaçan gul eýeçilik döwleti «warwarlaryň» hüjümini saklap bilmändir. Germanlar V asyryň dowamynda imperiýanyň bütin territoriýasynda: wandallar  Demirgazyk Afrikada, westgotlar (günbatar gotlar)  Ispaniýada, angllar we sakslar  Britaniýada, franklar  Galliýada, ostgotlar (gündogar gotlar)  Italiýada ýaşapdyrlar. Imperiýanyň agyr salgytlardan ýaňa halys tapdan düşen ilatynyň köpüsi germanlary özleriniň azat edijisi hökmünde garşy alypdyrlar. Gullar we kolonlar basybalyjylaryň tarapyna geçipdirler, olaryň goşunlaryna goşulypdyrlar, olara şäherleriň derwezelerini açyp beripdirler.

Gullaryň we kolonlaryň gozgalaňlary hemde germanlaryň çozuşlary Günbatar Ýewropada gul eýeçilik gurluşyny ýumrupdyr. Gul eýeleri özleriniň baýlyklaryndan we häkimiýetinden mahrum edilipdir.

Germanlar Günbatar Rim imperiýasyna çozan mahaly hemme şäherler diýen ýaly weýran edilipdir ýada ýandyrylypdyr. Senetçilik gutarnykly pese düşüpdir. Söwda ýatypdyr, portlar we ýollar çolarypdyr. Şäherler uzak wagtlap haraba bolup ýatyrka, oba hojalygy kemkemden dikeldilip başlapdyr. Germanlaryň esasy käri ekerançylyk bolupdyr. Erkin germanlar ýeri rim gullaryna garanda yhlasly bejeripdirler. Olar ekin ekiljek ýerleri ýeňil azal bilen sürüp, agaç mala bilen malalapdyrlar. Germanlar bu zähmet gurallaryny rimlilerden görüp öwrenipdirler. Olar agaç çarşaklary, dyrmyklary, pilleri hem peýdalanypdyrlar; demir gurallar örän az bolupdyr. Germanlar göçüp gelmänkäler, adatça ekerançylyk ýerlerini tä arryklaýança ekipdirler. Ýer arryklansoň, ony taşlap, ekin ekmek üçin täze ýerleri açypdyrlar. Germanlar basyp alyşlardan soňra rimlilerden ekin ekmegiň iki meýdanly usulyny öwrenipdirler. Olar sürümli ýeri iki bölege bölüp, onuň birine ekin ekipdirler, beýlekisini bolsa şüdügär edip boş goýupdyrlar. Ekin ekilýän we şüdügär edilip goýlan meýdanlary ýylyňýylyna täzeläpdirler. Iki meýdanly usula geçilmegi bilen germanlaryň alýan hasyly ýokarlanypdyr. Germanlar diňe bir däne ekinlerini ösdürip ýetişdirmän, eýsem bagbançylyk, gök we bakjaçylyk, üzümçilik bilende meşgul bolup başlapdyrlar. Öňki wagtlarda bolşy ýaly, olar mallary, guşlary, bal arylaryny idedip köpeldipdirler, wagşy haýwanlary awlapdyrlar we balyk tutupdyrlar. Biziň eýýamymyzyň ilkinji asyrlarynda germanlar urug jemagatlary bolup ýaşaýardylar.

Uzak ýörişlere gidilen mahaly urugdaşlar köplenç öz urugyndan aýra düşüpdirler. Olar täze baran ýerlerinde başga uruglaryň adamlary bilen bile ýurt tutup oturypdyrlar. Obalar şeýle döräpdir. Ol obalarda diňe bir urugdaşlar ýaşaman, başga uruglaryň adamlary hem ýaşapdyrlar. Şeýle obanyň ilaty goňşuçylyk jemagatyny emele getiripdir. Bendilikden azat bolan gullar bilen kolonlar hem şol jemagatlara giripdirler. Goňşuçylyk jemagatynda her bir maşgalanyň ekerançylyk ýerinde öz paý ýeri bolupdyr. Emma welin, maşgala şol paý ýere doly ygtyýar edip

bilmändir: ony satyp, peşgeş berip, çalşyp bilmändir. Hasyl ýygnalyp alnansoň, ekin meýdanyny umumy öri meýdanyna öwrüpdirler. Ol ýerde obanyň ähli ilaty öz mallaryny bakypdyr. Hasyl belli bir wagtda ýetişer ýaly, oba jemagatynyň ilaty meýdan işlerine bilelikde başlapdyrlar we paý ýerlerine birmeňzeş däne ekinlerini ekipdirler. Germanlaryň basyp alyşlaryndan soňra Günbatar Ýewropanyň ilatynyň esasy köpçüligi erkin oba daýhanlaryna öwrülip başlapdyrlar. Baryp basyp alyşlardan hem öň germanlaryň arasyndan begler saýlanyp çykypdyr. Aksakgallaryň, harby serdarlaryň we olaryň nökerleriniň ýerleri hemde mallary taýpadaky garamaýak adamlaryňkydan köp bolupdyr. Rim imperiýasynyň üstüne edilen ýörişler wagtynda germanlaryň arasyndaky deňsizlik önküdende artypdyr. Serdarlar we nökerler köp emläk talap alypdyrlar, rim baýlarynyň mülklerini basyp alypdyrlar. Olar uly mülklere eýe bolup, iri ýer eýelerine öwrülipdirler. Olaryň mülkleri oba adamlarynyň paý ýerlerinden köp esse artyk bolupdyr. German begleriniň hojalygynda rim döwründen saklanyp galan gullar bilen kolonlar işläpdirler. Emma gul zähmeti amatsyz bolany üçin, germanlar olara kiçiräk mellekleri bölüp beripdirler. Gul belli bir wagty hojaýynyna işläp bermäge borçly edilipdir, galan wagtyny bolsa öz hojalygynda işläpdir.

**German taýpalary V-VI asyrlarda.** Rim awtory Dunaý derýasyndan demirgazykda tä Skandinawiýa ýarym adasyna, Reýn derýasyndan gündogarda tä Wisla derýasyna çenli aralykda ýaşan taýpalary germanlar diýip atlandyrypdyrlar. Elba (Laba)derýasyndan gündogarda günbatar slawýanlary ýaşapdyrlar, ýöne soňra olar germanlar tarapyndan bu ýerlerden gysylyp çykarylýar. German taýpalary üç topara bölünýärdiler. Germanlaryň birinjisi günbatarlylar bolup, olar Reýn hem-de Oder derýalarynyň aralygynda ýaşapdyrlar. Bu ýerlerde ýaşaýan germanlaryň arasynda taýpa bileleşikleri döräp, şolaryň iň ulusy Reýniň ýokarky akymyndan tä Elba çenli aralykda ýaşan swew taýpa bileleşigi bolupdyr. Bu ýerlerde diňe şwedler ornaşypdyrlar. Bu taýpa bileleşigine swinonlar, germandarlar, markomanlar, langobardlar giripdirler.

**Frank döwletiniň döremegi. Hlodwig.** German taýpalarynyň iň ulusy hem güýçlüsi franklar bolupdyr. Olar goçhägöçlükden ozal Reýn derýasynyn boýlarynda ýaşapdyrlar. Her taýpanyň başynda harby serdar durupdyr. V asyryň ahyrlarynda serdarlaryň arasynda mekir, seresap hem gazaply Hlodwig tapawutlanypdyr. Frank begleri goňşy Galliýanyň mes toprakly düzlüklerine köpden bäri göz gyzdyryp gelipdirler. Olar ol taýda ýer, mal, gymmat baha ýarag we söweş atlaryny basyp almagy arzuw edipdirler. Hlodwig beýleki taýpalaryň serdarlary bilen bileleşip, franklary Galliýanyň üstüne ýörişe alyp gidipdir. Uzyn boýly we gorkunç urşujylar rimlileri biçak gorkuzypdyrlar. 486-njy ýylda franklar rim goşunyny çympytrak edipdirler we Galliýadaky rim mülklerini basyp alypdyrlar. Franklar basyp alan ýurdunda goňşuçylyk jemagatlary bolup ýerleşipdirler. Olar rim gul eýeleriniň ýerleriniň bir bölegini paýlaşýarlar, şeýle hem boş ýatan ýerleri açyşdyryp sürüpdirler. Ýönekeý urşujylara kiçeňräk ýer bölekleri ýetipdir. Oňa derek Hlodwig ägirt uly mülkleri alypdyr. Ol öz nökerlerine we ýakyn adamlaryna sahylyk bilen ýer beripdir. Rim gul eýeleriniň birentegi haýal etmän, Hlodwigiň häkimiýetini ykrar edipdirler we şonuň üçin-de öz ýerlerini ellerinde saklapdyrlar. Olar basylyp alnan ýurdy dolandyrmaga Hlodwige kömek beripdirler we kemkemden frank begleri bilen garyşyp gidipdirler. Özleriniň baýlyklaryny we ýerlerini goramak uçin frank beglerine döwlet gerek bolupdyr. Olar şol döwletiň kömegi bilen erkin oba adamlaryny, gullary we kolonlary, şeýle hem Galliýanyň boýun egdirilen ilatyny tabynlykda saklap biljekdiler. Şona görä-de begler harby serdarlardan iň güýçlüsi bolan Hlodwigiň häkimiýetini goldapdyrlar we pugtalandyrypdyrlar. Zamandaşlaryň biri Galliýa basylyp alnan wagtda Hlodwigiň häkimiýetiniň nähili güýçlenendigini gürrüň berýär. Bir gezek franklar gazaply söweşden soň, beýleki harby oljalaryň arasy bilen gymmat baha jamy hem ele salypdyrlar. Gadymy adata görä, ele salnan ähli harby olja urşujylaryň arasynda bije atylyp paýlaşylýan eken. Emma Hlodwig özüne düşýän paýdan daşgary şol jamyň hem berilmegini

sorapdyr. «Öz göwnüňe ýaranyny et. Hiç kim seniň erkiňe garşy çykyp bilmez!» diýip, nökerler jogap beripdirler. Emma urşujylardan biri öňe zomap, aýpalta bilen jamy külpagyş edip: «Sen bijäňe düşenden başga zat almarsyn!» diýipdir. Hlodwig oňa bir agyz söz hem aýtmandyr, ýöne welin ol urşujydan ar almagy ýüregine düwüpdir. Bir ýyldan soň harby gözden geçiriş wagtynda Hlodwig şol gedemlik eden urşujynyň ýaragyny ýaramaz saklaýandygyny bahanalap, aýpalta bilen kellesini çapypdyr. Şonda ol: «Sen hem jamy şeýdipdiň!» diýip gygyrypdyr. Gözden geçiriş gutaransoň, urşujylar gorkularyna dargaşypdyrlar. Hlodwig özi bilen bilelikde Galliýany basyp alan beýleki harby serdarlary haýynlyk bilen gyrypdyr we ägirt uly ýurdy täk özi dolandyrmaga başlapdyr. Hlodwig korol, ýagny ähli franklaryň hökümdary bolupdyr.

**Döwlet dolandyryş ulgamy. Franklaryň kanunlary**. Hlodwigiň nökerleri gaty köpelipdir. Oňa baý franklar hem frank begleri giripdirler. Uruşda ölen serdarlaryň nökerleriniň birentegi hem Hlodwige gulluk etmäge geçipdirler. Korol öz nökerleriniň kömegi bilen Galliýanyň ilatyny hemde erkin franklary tabynlykda saklapdyr. Hlodwig Galliýa basylyp alnandan soňra halk ýygnagyny çagyrmaklygy bes edipdir. Ol möhüm kararlary diňe beg adamlar bilen maslahatlaşyp çykarypdyr. Garamaýak franklara bolsa her ýyl ýazdaky harby gözden geçirişlerde korolyň berýän buýruklary habar berlipdir.

Gadym wagtlarda urugdaşlaryň arasyndaky dawalary we franklaryň etmişlerini halk ýygnagy çözer eken. Meseleler nesilden nesle geçip gelýän gadymy adat boýunça çözülipdir. Indi baş kazy korolyň özi bolupdyr, obalarda bolsa jedelleri çözmek we temmi bermek işlerini baý franklar hem frank begleri amala aşyrypdyrlar. Iri ýer eýeleri öz ýerlerine we baýlyklaryna kast eden adamlar üçin berk jezalary girizmek isläpdirler. Hlodwigiň buýrugy boýunça franklaryň gadymky adatlary wekorolyň täze hökümleri ýazylypdyr. Şeýlelik bilen, franklarda ilkinji kanunlar ýygyndysy döräpdir. Kanunlar gul we mal ogurlananlygy üçin, ammarlaryň hemde mal ýataklarynyň otlananlygy üçin köp jerime

almaklygy belläpdir. Galliýany basyp alandan soňra, korol öz nökerleri bilen birlikde hristian dinine geçipdir, soňra bolsa ähli franklar hem şol dini kabul edipdirler. Hlodwig we frank begleri hristian dininiň özleri üçin örän peýdaly boljakdygyna düşünipdirler. Hristian dini franklary jebisleşdiripdir we bitewi döwletiň döremegi üçin gowy şertleri döredipdir. Hristian buthanasy Hlodwigiň häkimiýetini pugtalandyrýardy, soňuň hem Hlodwig buthananyň ähli baýlygyny onuň elinde galdyrypdyr we sahylyk edip, oňa täze ýerleri sylag beripdir.

**Araplar bilen Puatýerdäki söweş.** VI asyryň ikinji ýarymyna çenli Frank döwleti Günbatar Ýewropanyň wagşy döwletleriniň iň güýçlisine öwrülipdir. Emma Hlodwigiň agtyklarynyň we çowluklarynyň arasynda häkimiýet ugrundaky göreşleriň ýitileşmegi Merowingler nesilşalygynyň häkimiýetini gowşadypdyr. Döwlet aýryaýry welaýatlara bölünipdir. Frank patyşalygy döwlet işleri bilen az meşgullanypdyrlar, soňuň üçin hem “ýalta patyşalar” adyny alypdyrlar. Döwletde häkimiýet iş ýüzünde “maýordomyň” – frank patyşasynyň köşk dolandyryjysynyň elinde jemlenipdir. Frank döwletiniň welaýatlarynyň biriniň maýordomy öz garşydaşlaryny ýeňip, dargap barýan döwleti birleşdirmegi başarypdyr. Araplar bilen göreşleri onuň ogly, gysga boýy üçin “Kelte” lakamyny alan Pipin (741-768) dowam etdiripdir. Kakasy ýaly Pipin Keltäniň hem maýordom derejesi bar eken. Ol 751-nji ýylda “ýalta patyşalaryň” iň soňkysyny agdaryp patyşa tagtyna eýe bolupdyr. Pipin Kelte Karolingler nesilşalygyny esaslandyrypdyr.

**Tema: Frank imperiýasynyň döremegi. Beýik Karl. Franklaryň ýörişleri. Karlyň araplar bilen alyp baran urşy.** VIII asyryň ahyrlarynda Frank korollygynyň esasy welaýatlarynda daýhanlaryň köpüsi hukuksyzlaşypdyrlar, ýagny erkinliklerini ýitiripdirler we iri ýer eýeleriniň tabynlygyna geçipdirler. Iri ýer eýelerine tabyn bolmadyk ýerler barha azalypdyr. Emma begler özleriniň mülklerini artdyrmak we täze tabyn daýhanlary edinmek isläpdirler. Beýik lakamyny alan frank koroly Karl begleriň peýdasyna dyngysyz

uruş alyp barypdyr. Ol 768-nji ýyldan 814-nji ýyla çenli ýurdy dolandyrypdyr. Karl öz zamandaşlarynda uly täsir döredipdir. Şol döwrüň ýazyjylary hem şahyrlary onuň juda gujurly hemde çydamly bolandygy barada gürrüň beripdirler, onuň söweş edermenliklerini wasp edipdirler. Karl gujurly hökümdar hemde ökde serkerde bolupdyr. Onuň dolandyran ýyllarynda franklar goňşy ýurtlara 50den hem köpräk ýöriş edipdir. VIII asyryň ahyrlarynda frank korollygy epesli giňelipdir. Karl basylyp alnan ýurtlarda frank beglerine köp ýer paýlap beripdir hemde özleriniň azatlygyny goramaga çalşan daýhanlary rehimsiz jezalandyrypdyr. Karl kop goşuna baş bolup, her ýyl diýen ýaly uzak ýerlere basybalyjylykly ýörişler edipdir. Franklar belent Alp daglaryndan iki sapar geçip, Italiýa çozup giripdirler.

Karl bu ýurduň köp bölegini öz mülklerine birikdiripdir. Karlyň goşuny Ispaniýa hem ýöriş edipdir. Ispaniýa baryp VIII asyryň başlarynda araplar tarapyndan basylyp alnypdy. Araplar bu ýere Demirgazyk Afrikadan gelipdirler. Araplara garşy alnyp barlan uruş Karl üçin şowsuz bolupdyr, soňuň üçinde franklar yza çekilmeli bolupdyrlar. Rolandyň baştutanlygyndaky kiçeňräk topar frank goşunynyň yza çekilmegini goraýardy. Gazaply Pireneý daglarynda topar gabawa düşüpdir we ýerli ilat bilen bolan gazaply söweşde doly gyrlyp gutarypdyr. Soňsoňlar Karl araplara garşy täzeden urşa başlapdyr hem-de Pireneý daglaryndan günorta tarapda ýerleşen kiçeňräk welaýaty basyp alypdyr.

**Daýhanlaryň we begleriň ýagdaýy.** Her bir feodal özüne nöker goşunyny edinmek üçin ýeriniň bir bölegini ondaky oturýan hukuksyz daýhanlary bilen birlikdehas ownuk feodallara paýlap beripdir. Ýer eýesi şol feodallaryň senýory («ulusy») bolupdyr, ýer alan feodallar bolsa onun wassallary, ýagny harby ýapjalary bolupdyrlar. Feod alan wassal senýoryň öňünde dyzyna çöküp, oňa wepaly boljakdygyna kasam eder eken. Senýor wassalyna feod berende, yrym üçin, onuň öňüne bir gysym gum bilen agaç şahajygyny oklar eken. Korol ýurtdaky hemme feodallaryň baştutany hasap edilipdir. Ol gersoglar bilen graflar üçin

senýor hasaplanypdyr. Gersoglaryň we graflaryň ygtyýarynda urşujy nökerleriň uly toparlary bolup, olaryň mülklerinde köplenç ýüzlerçe obalar bolupdyr. Gersoglaryň we graflaryň hem wassallary bolupdur. Olary baronlar diýip atlandyrýardylar. Baronlar köplenç ýigrimiotuz sany oba eýelik edipdirler weolaryň hem öz nökerleri bar eken. Baronlar hem öz gezeginde ownuk feodallaryň rysarlaryň senýorlary bolupdyr. Şeýlelikde, şol bir feodal özünden ownuk feodalyň senýory, özünden iri feodalyň bolsa wassaly bolupdyr. Wassallar diňe öz senýorlaryna boýun egmeli ekenler. Egerde olar korolyň wassallary bolmasa, onda onuň buýruklaryny ýerine ýetirmäge borçly däl ekenler. Şunuň ýaly düzgün «Meniň wassalymyň wassaly meniň wassalym däl» diýen kada bilen berkidilipdir. Feodallaryň arasyndaky gatnaşyklar basgançagy ýadyňa salýar, onuň ýokarky basgançaklarynda iň iri feodallar, aşaky basgançaklarynda bolsa ownuk feodallar durýarlar. Şu gatnaşyklara bolsa feodalçylyk basgançagy diýlip at berlipdir. Munuň özi garyp daýhan tozup, isleseislemese, özüniň ýerini olara berýänçä şeýle edilýärdi». Güýçli adamlaryň korol nökerleriniň we kazylaryň gysmaklaryndan horluk çeken daýhan «pena» sorap, şolaryň haýsyda bolsa birine ýüz tutmaga mejbur bolupdyr: ýöne welin, bu zeýilli «pena» daýhana gymmat düşüpdir ol özüniň paý ýerinden mahrum bolupdyr, onuň ýeri «penakäriň» eýeçiligine geçipdir. Oba jemagatynyň içinden baý adamlar hem çykyp başlapdyr. Jemagatçylaryň köpüsi bolsa garyplaşypdyr. Daýhanlar ýygy-ýygydan bolup durýan hasylsyzlykdan we uruşlardan horluk çekipdirler. Olary ýylyňýylyna diýen ýaly goşunçylyga çagyryp, hojalyk işinden goýupdyrlar. Oba jemagatyndan çykan baýlar daýhanlaryň çekýän kynçylyklaryndan peýdalanypdyrlar. Garyp düşen daýhan baýdan karzyna mal, tohum, önüm alýardy, soňra bolsa onuň ekin meýdanynda işläp, özüniň bergisini üzýärdi. Eger-de garyp bergisini öz möhletinde üzüp bilmese, onda baý onuň paý ýerini elinden alýardy. Şeýlelikde oba baýlary jemagatyň az bölegini tutýan iri ýer eýelerine öwrülipdirler. Ekerançylyk ýerleri daýhanlaryň elinden gidip, iri ýer

eýeleriniň eýeçiligine geçipdir. Emma, daýhan köplenç hojalygy özüniň ozalky paý ýerinde alyp barmagynyy dowam etdiripdir. Ol paý ýerden peýdalanýanlygy üçin öz hojaýyny üçin işlemelidi we alan hasylynyň bir bölegini oňa bermeli bolupdyr. Daýhanlara obadan çykyp gitmek gadagan edilipdir. Olar ýere berkidilipdiler, şoňa görä-de olara "garaşly daýhanlar" (Russiýada şeýle daýhanlary "krepostnoýlar" diýip atlandyrýardylar) diýlip at berlipdir. Daýhanlar erksiz, garaşly adamlara öwrülipdirler. Olaryň çagalary, agtyklary hem iri ýer eýesine garaşlylykda galypdyrlar. Şeýlelikde, daýhanlar ýerlerini ellerinden gidermek bilen, öz erkinliklerinden hem mahrum bolupdyrlar. Ýerden peýdalanýandyklary üçin zähmet borçlaryny, ýagny hökmany etmeli işleri ýerine ýetirmäge feodallar daýhanlary mejbur edipdirler. Garaşly daýhanlar feodalyň hojalygygynda işleri mugtuna işläp berýärdiler: feodala öý, ammar, köpri gurup we olary bejerip berýärdiler, howuzlaryny arassalaýardylar, balyk tutup berýärdiler.

Daýhanlaryň oz hojalyklarynda öndüren önümlerinden we zatlaryndan feodala berýän harytlaryna "obrok" diýlip at berlipdir. Barşina bilen obrok garaşly daýhanlaryň esasy zähmet borçlary we salgydy bolupdyr. Daýhanlar buthananyň peýdasyna hem agyr zähmet borçlaryny ýerine ýetirmeli bolupdyrlar. Olar ýygnan hasyllarynyn we mallarynyň ondan bir bölegini buthana bermeli bolupdyrlar. Garaşly daýhanlar erkin adamlar däldiler, olar feodala şahsy garaşly adamlardy. Feodal garaşly daýhany satypda, satyn alypda, çalşypda bilýärdi. Eger daýhan gaçan bolsa, onda ony gözläp tapýardylar we mülke gaýtaryp getirýärdiler. Obrogy öz wagtynda tölemänligi, barşinada işlemekden boýun towlany üçin daýhany kaza çagyrýardylar. Kazynyň wezipesini adatça feodalyň özi ýerine ýetirýärdi. Ol öz hyzmatkärlerine daýhany taýak ýada gamçy bilen ýençmegi, elini aýagyny zy-njyr bilen baglap, zyndana salmagy buýrup bilýärdi. Garaşly daýhanlar feodalyň öz üstlerinden häkimlik edýändiklerini mydama duýýardylar. Ine, mysal üçin, bir garry daýhan ölýär; ony jaýlap jaýlamankalar, howla

dolandyryjy gelip, onuň sygryny alyp gidýär. Ölen daýhanyň ogly miras aljak bolsa, ol öz hojaýynyna iň oňat malyny bermäge borçludy. Egerde daýhan gyzy başga bir mülkden bolan daýhana durmuşa çykýan bolsa, onda onuň ata-enesi feodala kän töleg bermeli bolupdyr. Daýhanlar oz ekin meýdanlaryny atababa ulanylyp gelinýän gurallar bilen işläp bejeripdirler. Daýhanlaryň köpüsiniň hatda mallalary hem bolmandyr, şonuň üçin sürlen meýdanyň üstünden togalak agaç süýredip, ýeriň kesegini owradypdyrlar. Taýak ýada tokmak bilen döwek döwüpdirler. Topraga düýbünden diýen ýaly dökün dökmändirler. Daýhan hojalygynda ownuk mallar goýun, geçi, doňuz agdyklyk edipdir. Ýabylar bilen sygyrlar az bolupdyr, sebäbi uly mallar üçin otiým ýetmezçilik edipdir. Köplenç feodalyň mülkünde işe gümra bolup ýören daýhanlaryň öz ekin meýdanlaryny işläp bejermäge elleri degmändir. Hasyl örän pes bolupdyr. Sepen tohum dänelerinden baryýogy iki, üç esse artyk hasyl alypdyrlar. Hatda sähelçe aýaz we gurakçylyk hem ekini uçrupdyr. Soňda erbet açlyk bolar eken. Emma daýhanlar öz hojalygyndan has ýokary hasyl aljak bolup, ähli tagallalaryny edipdirler. Olarda demirden edilen çalgylar, çarşaklar, paltalar, piller, dyrmyklar peýda bolupdyr. Eýýäm IX asyrda käbir ýerlerde diňe ýeňil tigirli demir azal däl, eýsem agyr tigirli azaly hem ulanyp başlapdyrlar. Daýhanlar şonuň ýaly azal bilen topragy has çuň sürüpdirler; olar topragy demir dişli agaç malalar bilen ýumşadypdyrlar. Ekin dolanyşygynyň iki meýdanly usuly, uç meýdanly usul bilen çalşyrylyp başlanypdyr. Sürlüp ekilýän ýerleri indi iki meýdana dälde, eýsem üç meýdana bölüpdirler: birine güýzlük däne, beýlekisine ýazlyk däne ekipdirler, üçünji meýdany bolsa şüdügär edip goýupdyrlar. Indi ekin meýdanynyň ýarysy boş galdyrylman, eýsem üçden biri galdyrylypdyr. Ekin dolanyşygynyň üç meýdanly usuly iki meýdanly usula garanda köp ýer ekilip, hasyly hem has köp alypdyrlar. Orta asyrlaryn başlarynda oba hojalyk gurallary juda pes bolupdyr. Emma daýhanlar özleriniň ýadawsyz zähmeti bilen zähmet gurallaryny we ýeri bejermegiň usullaryny kem-kemden kämilleşdiripdirler. Daýhanlaryn we

iri ýer eýeleriniň ýaşamaklary üçin zerur bolan zatlaryň hemmesi mülküň öz içinde öndürilipdir. Daýhan özüniň ýönekeýje gurallary bilen özüne öý gurnupdyr, zähmet gurallaryny edinipdir, gapçanak ýasanypdyr, geýimeşik, aýakgap tikinipdir. Ol öz hojaýynyny, onuň maşgalasyny we hyzmatkärlerini hem her hili önümler bilen üpjün edipdir.

**Sakslaryň boýun egdirilmegi. Sakslara hristian dinini zor bilen kabul etdirmek.** Sakslar erkin oba jemagaty bolup ýaşapdyrlar, emma olardada eýýäm baý begler saýlanyp çykypdyrlar. Karl sakslara garşy sekiz sapar ýöriş edipdir. Franklaryň güýçli atly goşuny we oňat ýaraglary bolupdyr. Sakslar bolsa başlybarat bolup söweşipdirler, olaryň duşmandan goraýan söweş geýimleri bolmandyr. Soňuň üçinde franklar söweşlerde ýeňiş gazanypdyr. Emma franklaryň goşunlary gidip gitmänkä sakslar gozgalaň turzupdyrlar, öz ýurtlarynda salnan galalary otlapdyrlar hemde ýumrupdyrlar. Karl erkin sakslary tabyn etmek üçin hristian buthanasyny peýdalanypdyr. Ýurt ruhanylardan hemde monahlardan dolupdyr. Basybalyjjylar sakslara hristian dinini zor bilen kabul etdiripdirler. Karl halkyň garşylyk görkezmegi doly syndyrmak üçin örän gazaply kanunlary girizipdir: korola sähelçe boýun egmezlik üçin, hatda buthana barylmany üçinde ölüm jezasy bellenilipdir. Bir sapar Karl 4500 ýesiri ölüm jezasyna buýrupdyr. Emma welin, bu gazaply çäreler hem peýda etmändir. Saksdar 30 ýyldanda gowrak özleriniň azatlygyny mertlik bilen gorap saklapdyrlar. Şeýle bolansoň, Karl saks begleriniň birentegine sahylyk bilen ýer we tabyn edilen daýhanlary sylag berip, olary öz tarapyna çekipdir. Begler hut öz halkyna garşy göreşde basybalyjjylary goldap başlapdyrlar. Begleriň dönüklik etmegi Karla erkin sakslary boýun egdirmäge komek edipdir. Frank begleri, ýepiskoplar hemde monastyrlar basylyp alnan ýurtda köp mülkleri alypdyrlar. Olar oba jemagatynyň erkin adamlaryny tabyn edilen daýhanlara owrüp başlapdyrlar.

**Begleriň we episkoplaryň iri mülkdarlara öwrülmegi.** Feodallar öz mülklerinde ussahanalar gurupdyrlar, olarda garaşly ussalar

işläpdirler, olar ýarag, at esbaplaryny ýasapdyrlar, mata dokapdyrlar. Feodalada, daýhanlarada hiç zat satyn almak gerek bolmandyr. Diňe duz, demir almak üçin olaryň çykarylýan ýerlerine gidip, öz önümlerine çalşypdyrlar. Käte baýlaryň mülküne egni gutuly ykmanda söwdagär geler eken, ol gymmat baha zatlary, ýüpek we beýleki zynat zatlary satyn almagy mülküň eýesine teklip eder eken. Şol hili zatlary satyn almaga gerek boljak pul üçin, feodallar önümleriniň bir bölegini satjak bolup çalşypdyrlar. Ýöne welin, önümleri satmak kyn bolupdyr, sebäbi mülkleriň hemmesinde şol birmeňzeş zatlar öndurilipdir. Şol sebäpden pul hatda feodallarda hem seýrek bolupdyr. XI asyrdan oň Ýewropada welaýatlar arasynda söwda aragatnaşyklary gowşak bolupdyr. VIX asyrlarda Günbatar Ýewropada sap natural hojalyk agalyk edipdir, natural hojalyk wagtynda ýaşaýyş uçin ähli zerur bolan zatlar mülküň oz içinde öndürilipdir. Natural hojalyk mahalynda hiç zat satylmaýardy we satyn hem alynmaýardy diýen ýalydy.

Orta asyrlarda adamlaryň köpüsi oba hojalygy bilen däne ekinlerini ekmek, mal idedip köpeltmek bilen meşgul bolupdyr. Soňuň üçin şol wagtlarda esasy baýlyk ýer bolupdyr. Emma IX-X asyrlarda Günbatar Ýewropada ýeriň hemmesi iri ýer eýeleriniň elinde jemlenipdir. Meýdanlar, tokaýlar, ekilmän ýatan ýerler, hatda derýalar hem olaryň eyeçiliginde bolupdyr. Ozalky oba jemagatlary saklanyp galypdyr, ýöne olar öň erkin bolan bolsalar, indi garaşly adamlara öwrülipdirler. Garaşly daýhanlaryň ýaşaýan mülk ýeri “feod” diýlip atlandyrylypdyr, ýeriň we garaşly daýhanlaryň eýesine bolsa “feodal” diýlip at berlipdir. Feodal öz feodyny miras boýunça uly ogluna beripdir. Onlarça we hatda ýüzlerçe obaly tutuş welaýatlar iri feodallara degişli ekeni.

Köp halatlarda iri feodalyň mülki ýurduň dürli ýerlerinde bolupdyr. Ownuk feodala adatça ýekeje oba degişli bolupdyr. Feodal ozalky erkin oba jemagatynyň ýerinde garaşly daýhanlar işleýän uly mülk döredipdir. Mülküň ortarasynda hojaýynyň daşy haýatly uly howlusy bolupdyr. Bu ýerde feodalyň we onuň iş dolandyryjysynyň jaýy, däne

hemde beýleki önümler saklanylýan ammarlar, atýatak, mal hem guş saklanýan jaý bolupdyr. Feodalyň howlusynyň içinde bagynyň, gök we bakja ekinleri ekilýän mellekleri hem bolupdyr. Hojaýynyň howlusynyň töwereginde, ekin meýdanlaryň arasynda daýhanlaryň ýaşaýan obalary ýerleşipdir. Mülkdäki ähli sürüm ýerleri iki bölege: hojaýynyň ekin meýdanyna we daýhanlaryň paý ýerlerine bölünipdir. Hojaýynyň ekin meýdanyndan ýygnalýan hasyl tutuşlygyna feodalyň ammarlaryna daşalypdyr. Garaşly daýhanlar esasan özlerine bölünip berlen paý ýerlerinde işleýärdiler. Tokaýlar, çemenlikler, suw feodal tarapyndan eýelenipdir, ýöne welin garaşly daýhanlarada bulardan peýdalanmaga rugsat edilipdir. Garaşly daýhan guldan tapawutly bolup, oňa paý ýeri bölünip berlipdir, onuň hut öz zähmet gurallary, iş maly, külbesi bolupdyr. Daýhan oz hojalygynda işläp, özüni hem maşgalasyny ekläpdir. Ol öz ýabysy, azaly we malasy bilen hojaýynyň ekin meýdanyny hemde özüniň paý ýerini işläp bejeripdir we tabynlygyna geçipdir. Iri ýer eýeleriniň oz nökerleri bolupdyr, sonuň üçin-de olaryň özleri hem daýhanlary tabynlykda saklap bilipdirler

**Frank imperiýasynyň gowşamagy. Frank imperiýasynyň ýerlerinde Fransiýa, Germaniýa we Italiýa korollyklarynyň döremegi.** Ejiz taýpalary hem-de halkyýetleri boýun egdirmegiň netijesinde döredilen Frank imperiýasy gowşak döwlet bolup çykdy we ol Beýik Karl ölenden soň tiz dargamak bilen boldy. Döwletiň dargamagynyň esasy sebäpleri ykdysady we etniki bütewiligiň bolmanlygyndaky we iri feodallaryň güýçlenmegindedi. Dürli gelip çykyşly we medeniýetli halklaryň bir döwletiň düzüminde zor bilen tabyn ýagdaýda saklanmagy, diňe güýçli merkezi häkimiýetiň ýaşaýan döwründe mümkin bolýardy. Bu ýagdaý Karlyň ogly Lýudowik Hudaýhonyň (814-840) döwründe ýüze çykypdyr. Eýýäm 817-nji ýylda ilkinji bölünişik geçirildi. Onuň ogullary Lotar, Karl Takyr we Lýudowik Nemes dagylar korollyk derejesine eýe boldular. 843-nji ýylda Werdende Beýik Karlyň agtyklarynyň arasynda imperiýany bölmek hakynda

şertnama baglaşylýar. Ylalaşyk boýunça Lotar imperator derejesini saklap galyp, Italiýanyň Wizantiýa degişli bolan günorta böleginden galan ýerlerine we Günbatar Frank hem-de Gündogar Frank ýerleriniň arasyndaky ýerlere eýe bolýar. 870-nji ýylyň Mersen şertnamasy boýunça Günbatar Frank ýerleri bolsa Lýudowik Nemesiň eline geçýär. Täze dörän döwletleriň ýerinde soňra Günbatar Ýewropanyň üç sany halky – fransuz, nemes we italýan halklary kemala gelýär. Etniki düzümi boýunça Lotaryň döwleti köp milletli bolupdyr. Sebäbi Italiýadan başgada, onuň döwletiniň düzümine romanlaryň Burgundiýa bilen Lotaringiýa welaýatlary we germanlaryň Friziýa welaýatlary girizilipdir. Lotaryň mülkleri tiz wagtdan dargaýar. Lotaringiýa we Friziýa Germaniýanyň düzümine goşulýar, Prowans bilen Burgundiýa bolsa aýratyn korollyga öwrülýärler. Lotaryň mirasdüşerleri biraz wagt Italiýanyň käbir ýerlerini elde saklap galýarlar, ýöne olar imperatoryň derejesini ýitirýärler. Imperatorlyk derejesi Karolingler nesilşalygynyň fransuz we german şahalarynyň arasynda eldenele geçip durupdyr. X asyryň başlaryna çenli imperator derejesi öz ähmiýetini ýetirýär.

## 34. Orta asyr jemgyýeti.

**Esasy durmuş toparlary. Jemgyýetiň gatlaklara bölünmegi.** Ýewropada feodal jemgyýetiniň esasy alamaty onuň üç sany durmuş toparyna bölünmegi bolupdyr. Bu döwürde olary “doga okaýanlar”, “söweşýänler” we “işleýänler” diýip atlandyrýarlar. ”Doga okaýanlara”ruhanylar degişli bolupdyrlar. Olaryň wezipesi adamlaryň ruhlaryny günälerden halas etmek üçin doga okamalydyr. ”Söweşýänlere” feodallarrysarlar degişli bolup, olar hristian däpdessurlaryna eýermeýänlere ýada ony kabul etmeýänlere çäre görmelidiler, şeýle hem “doga okaýanlary” we “işleýänleri” duşmanlardan goramalydylar. “Işleýänler” bolsa (olaryň hataryna soňra

şäherliler hem goşulypdyr)” doga okaýanlar” bilen “söweşýänleri” eklemelidiler. Jemgyýeti gatlaklara bölmegiň şeýle düzgünleri Ýewropada orta asyrlaryň bütin dowamynda saklanyp galypdyr. Orta asyrlaryň akyldarlary jemgyýetiň şeýle bölünşigini adam bedeniniň gurluşyna meňzedipdirler. Şunda daýhanlar adamyň aýagy, feodallar rysarleri, ruhanylar ýüregi, korol bolsa, onuň kellesi bolupdyr.

**Senýorlar we wassallar. Feodallaryň arasynda gatnaşyk basgançaklary. Oba jemagaty.** Ýewropada her bir feodal özüne nöker goşunyny edinmek üçin ýeriniň bir bölegini ondaky oturýan hukuksyz daýhanlary bilen birlikde has ownuk feodallara paýlap beripdir. Ýer eýesi şol feodallaryň senýory (“ulusy”) bolupdyr, ýer alan feodallar bolsa onuň wassallary, ýagny harby ýapjalary bolupdyrlar. Feod alan wassal senýoryň öňünde dyzyna çöküp, oňa wepaly boljakdygyna kasam eder eken. Senýor wassalyna feod berende, yrym üçin, onuň öňüne bir gysym gum bilen agaç şahajygyny oklar eken. Korol ýurtdaky hemme feodallaryň baştutany hasap edilipdir. Ol gersoglar bilen graflar üçin senýor hasaplanypdyr. Gersoglaryň we graflaryň ygtyýarynda urşujy nökerleriň uly toparlary bolup, olaryň mülklerinde, köplenç, ýüzlerçe obalar bolupdyr. Gersoglaryň we graflaryň ygtyýarynda urşujy nökerleriň uly toparlary bolup, olaryň mülklerinde, köplenç, ýüzlerçe obalar bolupdyr. Gersoglaryň we graflaryň hem wassallary bolupdyr. Olary baronlar diýip atlandyrypdyrlar. Baronlar , köplenç, ýigrimiotuz sany oba eýelik edipdirler we olaryň hem öz nökerleri bar eken. Baronlar hem öz gezeginde ownuk feodallaryňrysarlary senýorlary bolupdyr. Feodallaryň arasyndaky gatnaşyklar basgançagy ýadyňa salýar, onuň ýokarky basgançaklarynda iň iri feodallar, aşaky basgançaklarynda bolsa ownuk feodallar durýarlar. Şu gatnaşyklara bolsa feodalçylyk basgançagy diýlip at berlipdir. Oba jemagatynyň içinden baý adamlar hem çykyp başlapdyr. Jemagatçylaryň köpüsi bolsa garyplaşypdyr. Daýhanlar ýygy-ýygydan horluk çekipdirler. Olary ýylyňýylyna diýen ýaly goşunçylyga çagyryp, hojalyk işinden goýupdyrlar.

**Garaşly daýhançylyk. Daýhanlaryň ýerden peýdalanýandyklary üçin zähmet borçlary.** Ekerançylyk ýerleri daýhanlaryň elinden gidip, iri ýer eýeleriniň eýeçiligine geçipdir. Emma daýhan, köplenç, hojalygy özüniň ozalky paý ýerinde alyp barmagyny dowam etdiripdir. Ol paý ýerden peýdalanýanlygy üçin öz hojaýynynyň ýerini hem işlemeli we alan hasylynyň bir bölegini oňa bermeli bolupdyr. Daýhanlara obadan çykyp gitmek gadagan edilipdir. Olar ýere berkidilipdiler, şoňa görä-de olara"garaşly daýhanlar" (Russiýada şeýle daýhanlary "krepostnoýlar" diýip atlandyrýarlar) diýlip at berlipdir. Daýhanlar erksiz, garaşly adamlara öwrülipdirler.

Ýerden peýdalanýandyklary üçin zähmet borçlaryny, ýagny hökmany etmeli işleri ýerine ýetirmäge feodallar daýhanlary mejbur edipdirler. Garaşly daýhanlar feodalyň hojalygynda işleri mugtyna işläp berýärdiler: feodala öý, ammar, köpri gurup we olary bejerip berýärdiler, howuzlaryny arassalaýardylar, balyk tutup berýärdiler. Daýhanlaryň aýallary we gyzlary feodal üçin mata dokaýardylar, çagalary bolsa onuň üçin tokaýdan kömelek hem-de miwe ýygýardylar. Feodalyň hojalygynda daýhanlaryň ähli edýän işleri mugt edilýärdi. Russiýada garaşly daýhanlaryň hojaýynyň mülkünde mugtyna edýän işleri "barşina"diýlip atlandyrylypdyr. .

**Natural hojalyk, onuň häsiýetli aýratynlyklary.** Daýhanlaryň we iri ýer eýeleriniň ýaşamaklary üçin zerur bolan zatlaryň hemmesi mülküň öz içinde öndürilipdir. Daýhan özüniň ýönekeýje gurallary bilen özüne öý gurnupdyr, zähmet gurallaryny edinipdir, gapçanak ýasanypdyr, geýimeşik, aýakgap tikinipdir. Ol öz hojaýynyny, onuň maşgalasyny we hyzmatkärlerini hem her hili önümler bilen üpjün edipdir. Feodallar öz mülklerinde ussahanalar gurupdyrlar, olarda garaşly ussalar işläpdirler, olar ýarag, at esbaplaryny ýasapdyrlar, mata dokapdyrlar.

XI asyrdan öň Ýewropada welaýatlar arasynda söwda aragatnaşyklary gowşak bolupdyr. VI-X asyrlarda Günbatar Ýewropada sap natural hojalyk agalyk edipdir, natural hojalyk wagtynda ýaşaýyş üçin

ähli zerur bolan zatlar mülkiň öz içinde öndürilipdir. Natural hojalyk mahalynda hiç zat satylmaýardy we satyn hem alynmaýardy diýen ýalydy.

**Daýhanlaryň durmuşy we zähmeti. Agyr tigirli azallary ulanmak. Ekin dolanşygynyň usullary. G**araşly daýhanlar erkin adamlar däldiler, olar feodala şahsy garaşly adamlardy. Feodal garaşly daýhany satypda, satyn alypda, çalşypda bilýärdi. Eger daýhan gaçan bolsa, onda ony gözläp tapýardylar we mülke gaýtaryp getirýärdiler. Daýhanlar öz ekin meýdanlaryny atababa ulanylyp gelinýän gurallar bilen işläp bejeripdirler. Daýhanlaryň köpüsiniň hatda mallary hem bolmandyr, soňuň üçin sürlen meýdanyň üstünden olaryň özleri togalak agaç süýräp, ýeriň kesegini owradypdyrlar. Taýak ýada tokmak bilen döwek döwüpdirler. Topraga düýbünden diýen ýaly dökün dökmändirler. Daýhan hojalygynda ownuk mallar:goýun, geçi, doňuz agdyklyk edipdir. Ýabylar bilen sygyrlar az bolupdyr, sebäbi uly mallar üçin otiým ýetmezçilik edipdir. Köplenç, feodalyň mülkünde işe gümra bolup ýören daýhanlaryň öz ekin meýdanlaryny işläp bejermäge elleri degmändir. Hasyl örän pes bolupdyr. Sepen tohum dänelerinden baryýogy iki, üç esse artyk hasyl alypdyrlar. Hatda sähelçe aýaz we gurakçylyk hem ekine uly zyýan ýetiripdir. Şoňda erbet açlyk bolar eken.

Emma daýhanlar öz hojalygyndan has ýokary hasyl aljak bolup, ähli tagallalaryny edipdirler. Olarda demirden edilen çalgylar, çarşaklar, paltalar, piller, dyrmyklar peýda bolupdyr. Eýýäm IX asyrda käbir ýerlerde diňe ýeňil tigirli demir azal däl, eýsem, agyr tigirli azaly hem ulanyp başlapdyrlar. Daýhanlar soňuň ýaly azal bilen topragy has çuň sürüpdirler;olar topragy demir dişli agaç malalar bilen ýumşadypdyrlar. Ekin dolanyşygynyň iki meýdanly usuly, üç meýdanly usul bilen çalşyrylyp başlanypdyr. Sürlüp ekilýän ýerleri indi iki meýdana däl-de, eýsem, üç meýdana bölüpdirler:birine güýzlük däne, beýlekisine ýazlyk däne ekipdirler, üçünji meýdany bolsa şüdügär edip goýupdyrlar. Indi

ekin meýdanynyň ýarysy boş galdyrylman, eýsem, üçden biri galdyrylypdyr.

**Feodal gatlaklarynyň döremegi we feodal ýer eýeçiligi. Ýeriň esasy baýlyga öwrülmegi. Feodallaryň iri mülkdarlara öwrülmegi.** Orta asyrlarda rysarlar feodal gatlagyny emele getiripdirler. Olar jemgyýetdäki artykmaç hukuklaryndan peýdalanyp, uly mülkleri edinipdirler. Ol döwürler adamlaryň köpüsi oba hojalygy, ýagny dänelik ekinlerini ekmek, mal idedip köpeltmek bilen meşgul bolupdyr. Soňuň üçin şol wagtlarda esasy baýlyk ýer bolupdyr. Emma IX-X asyrlarda Günbatar Ýewropada ýeriň hemmesi iri ýer eýeleri bolan tanymal rysarlaryň elinde jemlenipdir. Meýdanlar, tokaýlar, ekilmän ýatan ýerler, hatda derýalar hem olaryň eýeçiliginde bolupdyr. Ozalky oba jemagatlary saklanyp galypdyr, ýöne olar öň erkin bolan bolsalar, indi garaşly adamlara öwrülipdirler. Garaşly daýhanlaryň ýaşaýan mülk ýeri "feod" diýlip atlandyrylypdyr, ýeriň we garaşly daýhanlaryň eýesine bolsa "feodal" diýlip at berlipdir. Feodal öz feodyny miras boýunça uly ogluna beripdir. Onlarça we hatda ýüzlerçe obaly tutuş welaýatlar iri feodallara degişli ekeni. Köp halatlarda iri feodalyň mülki ýurduň dürli ýerlerinde bolupdyr. Ownuk feodala, adatça, ýekeje oba degişli bolupdyr. Feodal ozalky erkin oba jemagatynyň ýerinde garaşly daýhanlar işleýän uly mülk döredipdirler. Mülküň ortarasynda hojaýynyň daşy haýatly uly howlusy bolupdyr. Bu ýerde feodalyň we onuň iş dolandyryjysynyň jaýy, däne hem-de beýleki önümler saklanylýan ammarlar, atýatak, mal hem guş saklanýan jaý bolupdyr.

**"Roland hakynda aýdym", "Nibelunglar hakynda aýdym"** Batyr rysarlaryň edermenlikleri barada halk tarapyndan ençeme rowaýatlar we hekaýatlar döredilipdir.

Gezende bagşylar we sazandalar şolaryň esasynda meşhur "Roland hakynda aýdym" eserini döredipdirler. Onda Beýik Karlyň Ispaniýa ýöriş eden mahalynda, araplara garşy söweşde graf Rolandyň gahrymançylykly heläk bolşy barada gürrüň berilýär. XII asyrda Roland

hakyndaky rowaýatlar şahyr rysarlar tarapyndan ýazylyp alnypdyr we gaýtadan işlenipdir. Rysar poemasynyň gahrymany öz senýoryna ömür wepaly bolup galýan wassal hökmünde görkezilipdir. Gadymy germanlaryň **“Nibelungnar hakynda aýdym”** eseri halklaryň göçhä-göçlügininiň döwründe dörän rowaýatlary hem-de hekaýatlary özünde jemleýär. Bu eser 1200-nji ýyllar töweregi ýazga geçirilipdir. Eserde gunlaryň şöhratly serkerdesi Atillanyň baştutanlygynda burgundiýalylaryň döwletini syndyryşlary, franklaryň döwletindäki özara uruşlar beýan edilýär. Eserde rysarlaryň XI-XII asyrlardaky medeniýeti janlandyrylýar, parahatçylyk hem-de uruş döwürlerinde feodallaryň durmuşy görkezilýär. Dabaraly baýramçylyklar, meýlisler we harby bäsleşikler eserde uruşlar we ýörişler bilen utgaşyp gidýär.

**Şäherleriň, senetçiligi we söwdanyň ösmegi.** Ýewropada orta asyrlaryň başlanýan döwründe şäherler köp bolmandyr. Germanlaryň çozuşlary döwründe şäherler çöküpdir. Diňe Rim, Milan, Pariž, Marsel, London ýaly şäherlerde ýaşaýyş dowam edipdir. XI asyrdan başlap köne şäherler dikeldilip we täzeleri gurlup başlapdyr. Hojalygyň ösmegi senetçiligi adamlaryň uly toparynyň ýörite kärine öwrüpdir. Senetçilik kem-kemden oba hojalygyndan bölünip başlapdyr. Senetçileriň ýasan zatlary daýhanlaryň ýasan zatlaryndan berk hem owadan bolupdyr. Adamlar ökde ussalaryň ýasan zatlaryna has köp isleg bildiripdirler. Senetçiler indi özleriniň senedi bilen eklenip bilipdirler. Emma olar feodalyň ygtyýarynda bolany üçin, obrok ýygnalan wagtynda olaryň ýasan zatlarynyň köp bölegini feodal alypdyr. Soňuň üçinde senetçiler erkinliklerini satyn alypdyrlar ýada feodaldan gaçyp gidipdirler. Wagtyň geçmegi bilen senetçileriň obalary döräp başlapdyr. Täze göçüp baranlaryň külbeleri ullakan monastyrlaryň we feodallaryň köşk-galalarynyň ýanynda salnypdyr, gadymy rim galalarynyň harabalarynyň içinde döräpdir. Ýol çatryklarynda, derýa geçelgeleriniň golaýynda hem-de deňizleriň amatly gämi duralgalarynda ýerleşen obalar kem-kemden senetçileriň şäherçelerine öwrülip başlapdyr. Näme üçin senetçiler hut

şonuň ýaly ýerlere göçüp barypdyrlar? Köşk-galalarda we monastyrlarda ýaşaýan adamlar olara ýarag, mebel ýasamagy, geýim tikmegi buýrupdyrlar. Ötegçi täjirler bu ýere ýygy-ýygydan gelipdirler. Olar gymmat baha gündogar harytlaryny, şeýle hem demir, duz, gön, ýüň getirip satypdyrlar. Ýakyn obalardan gelen daýhanlar azyk önümlerini getirip, özlerine gerek bolan zatlary satyn alypdyrlar. Senetçiler bu ýerlerde öz zatlaryny satypdyrlar we işlemek üçin zerur çig mallary satyn alyp bilipdirler.

Senetçiler garakçylyk edip ýören rysarlarynyň çozuşlaryndan goranmak üçin şäherçeleriň daşyna garym gazyp, seňňer aýlapdyrlar, seňňeriň üstünde bolsa agaçdan haýat gurupdyrlar. Birneme soňrak seňňerleriň ýerine daş diwarlar salypdyrlar. Ilatyň köpelmegi netijesinde berkitmeleriň ikinji we üçünji aýlawy emele gelipdir. Senetçileriň hem täjirleriň obalary berkidilen ýerlere öwrülip başlapdyr.

X-XI asyrlarda senetçiligiň oba hojalygyndan bölünip aýrylmagy netijesinde Günbatar Ýewropada şäherler döräpdir. Oba hojalygy bilen meşgullanýan obadan tapawutlanyp, şäher senetçiligiň hemde söwdanyň merkezi bolupdyr. Ussalar özleriniň öndüren önümlerini satmak üçin, her ussahanada näçe haryt öndüriljekdigi barada öz aralarynda razylaşmaly bolupdyrlar. Bir şäherde ýaşaýan kärdeş senetçiler birleşiklere - sehlere birleşipdirler. Dokmaçylaryň, ädikçileriň, kerpiç örüjileriň, agaç ussalarynyň sehleri we başgada ençeme sehler bolupdyr. Ussalar umumy ýygnakda sehiň ähli agzalary üçin hökmany düzgünnamany – "ustawy" kabul edipdirler. Ustaw senetçileriň zatlary belli bir nusgada oňat çig maldan ýasamaklaryny talap edipdir. Her bir ussanyň näçe stanogynyň bolmalydygy, onuň ussahanada näçe şägirt hemde ussa kömekçisini saklamaga haklydygy düzgünnamalarda aýdylypdyr. Senetçileriň bütin durmuşy sehler bilen baglanyşykly bolupdyr. Olar bilelikde baýram edipdirler. Sehiň kassasy bolupdyr, mätäçlik çekýän ussalara hem olaryň maşgalalaryna kassadan pul kömegini berlipdirler. Sehiň agzalary şäher goşunynyň bir bölegini düzüpdirler. Senetçiler birleşikleri şäheriň

duşmanlaryna garşy göreşde agzybir çykyş edipdirler. Sehler senetçiligiň ösmegine uzak wagtlap ýardam edipdir. Şäherlerde dürli hünärli senetçileriň sany artypdyr, senetçiligiň täze görnüşleri döräpdir. XIV asyrda Parižde 300 sany seh we 5500 töweregi senetçi bolupdyr.

**Şäherlerde senetçiligiň ösmegi. Şäherlileriň senýorlar bilen göreşi.** Orta asyrlarda Günbatar Ýewropada şäherleriň nirede dörändigine garamazdan, onuň öz hojaýyny - senýory bardy, şäher ilaty şol hojaýynyň goly astyndady. Şäherliler senýora öz senetçilik önümlerinden obrok töläpdirler. Feodalyň buýrukçylary şäherlilere temmi beripdirler, jerime salypdyrlar we olardan beýleki tölegleri alypdyrlar. Şäherler ösdügiçe we baýlaşdygyça feodallar olardan barha köp girdejileri aljak bolup çalşypdyrlar. Senýor şäherlilere täze pul salgytlaryny salyp, olary çendenaşa horlapdyr. Orta asyr şäheri rysaryň köşkgalasyndan hem has berk harby gala bolupdyr. Şähere barýan ýolagçy şäher berkitmeleriniň diwarlaryny hemde minaralaryny uzakdan görüpdir. Olaryň daşyny çuň hendekler gurşapdyr. Şähere sakçylar tarapyndan mydama berk goralýan ägirt uly derwezeler arkaly girmek mümkin bolupdyr. Diňe köp sanly goşun şäher berkitmelerini alyp biljekdi.

Taryhy çeşmede aýdylyşyna görä, Fransiýanyň demirgazykgündogaryndaky Lan şäherinde gysganç hem tekepbir ýepiskop bu ýeriň senýory eken; onuň eden süteminiň belli çägi bolmandyr. Şäherliler ýepiskopa köp pul töläp, şäheriň üstünden hökümdarlyk etmekden el çekmeklige ony razy edipdirler. Emma üç ýyl geçensoň, senýor alan pullaryny sowupdyr we şäheriň garaşsyzlygyny eline almagyň küýüne düşüpdir. Landa gozgalaň başlanypdyr. Naýzadyr gylyçlar bilen ýada ýöne daş hem-de taýak bilen ýaraglanan gozgalaňçylar sakçylary gyrypdyrlar we ýepiskopyň howlusyna kürsäp giripdirler we gorkusyna çelekde gizlenen senýory öldüripdirler. Şeýdip Lanyň ilaty senýoryň häkimiýetinden azat bolupdyrlar. XII-XIII asyrlarda Günbatar Ýewropanyň hemme ýerinde şäherleriň feodallara garşy goreşi bolup geçipdir. Kop şäherler gandöküşikli uruşlar we gozgalaňlar arkaly

garaşsyzlyklaryny gazanypdyrlar. Şäherliler senýoryň häkimiýetinden azat bolup, özözüni edara ediş guramasyny döredipdirler. Baý şäherliler şäher geňeşlerinde maslahat geçiripdirler. Fransiýada we Angliýada şäher geňeşiniň başlygyna “mer” diýlip at berlipdir. Şäherler feodallaryň häkimiýetinden azat bolanlaryndan soňra çalt ösüp başlapdyrlar. Obalardan barha köp täze gaçgaklar gelipdir. Biziň döwrümizdäkä garanyňda, orta asyrlarda şäher ilaty onçakly köp bolmandyr. Şäherleriň ilaty adatça 5-6 müň adamdan köp bolmandyr. Günbatar Ýewropada diňe Angliýanyň London we Fransiýanyň Pariž ýaly käbir şäherlerinde ilatyň sany onlarça müň adama ýetipdir. Şäher ilatyna dar howlularda ýaşamak kyn bolupdyr. Soňuň üçin-de jaýlary ikiüç gat edip salyp başlapdyrlar, köçeler örän dar bolupdyr. Günbatar Ýewropanyň şäherlerindäki köçelere kop wagtlap daş düşemändirler we yşyksyz bolupdyr. Bazar meýdançasy şäherdäki ýeketäk giňişgenlik ýer bolupdyr. Şäheriň esasy buthanasy - sobor bazar meýdançasynyň ýanynda ýerleşipdir; ol şäheriň iň beýik we owadan jaýy bolupdyr. Şäher meýdançasynda şäher geňeşiniň jaýyny “ratuşany” gurupdyrlar; onuň sagatly beýik minarasy bolupdyr. Şäherdäki jaýlaryň köpüsi agaçdan salnypdyr. Şonuň üçin-de ýygy-ýygydan döreýän ýangyn sebäpli, tutuş mähelleler  kwartallar ýanyp kül bolupdyr.

**Gündogar we Ýewropa ýurtlaryň söwda aragatnaşyklary. Ýarmarkalaryň we söwda bazarlarynyň geçirilmegi, täjir dükanlary.** Senetçiler barha köp harytlary  satlyk zatlary öndüripdirler. Şäherler uzakdaky ýerler we ýurtlar bilen hem söwda edip başlapdyrlar. Orta asyrlarda söwda peýdaly bolupdyr, emma söwda etmeklik kyn we howply bolupdyr. Täjirleri gury ýerde «asylly» galtamanlar -  rysarlar, deňizde bolsa deňiz garakçylary talapdyrlar. Täjirler feodalyň mülkünden geçenligi, köprülerden we geçelgelerden peýdalananlygy üçin köp gümrük pajyny tölemeli bolupdyrlar. Täjirler talaňçylyklardan dynmak üçin toparlara birleşipdirler, goragçylar tutupdyrlar we şol goragçylar bilen birlikde syýahat edipdirler. Edil Aziýanyň çöllerinden barýan kerwenler ýaly, täjirleriň hatarhatar kerwenleri Günbatar Ýewropa

ýurtlaryna gidipdirler. Agyr şertleriň bolmagyna garamazdan söwda ösüpdir. Gämi gatnawly derýalaryň kenarlaryndaky we deňizleriň gämi duralgalarynyň ýanyndaky şäherler söwda bilen has köp meşgullanypdyrlar, Möhüm söwda ýoly Demirgazyk deňiz bilen Baltika deňziniň üstünden geçipdir. Skandinawiýa ýarym adasynyň kenarlaryndan täjirler balyk, agaç, Angliýadan bolsa ýüň getiripdirler. Germaniýanyň Gamburg we Lýubek, Brýugge şäherleri Ýewropanyň demirgazygynda söwdanyň merkezi bolupdyr. Ýewropalylar Gündogar ýurtlary bilen gadym wagtlardan bäri söwda edip gelipdirler. Olar Orta ýer deňzinden geçip, Siriýanyň we Müsüriň portlaryna, şeýle hem Gara deňiz bilen Azow deňziniň kenarlaryna ýüzüp barypdyrlar. Ýewropada Gündogar ýurtlary bilen alnyp barylýan söwda işlerine “Lewanta söwdasy” diýip at beripdirler. Kiçi Aziýada ýaşaýan ermeni, gürji, jöhit (ýewreý) söwdagärleri, arap hem eýranly täjirleri bu ýerlere gymmat baha gündogar harytlaryny getiripdirler. Ýewropanyň täjirleri olardan zynat zatlary satyn alyp, öz ýurtlaryndaky feodallara hemde baý şäherlilere köp esse gymmat satypdyrlar. Burç, dalçyn we ýewropalylaryň nahara atýan beýleki tagamly nygmatlaryny satmak aşa köp peýda beripdir.

Ýewropada söwdanyň iň gyzgalaňly ýerleri ýarmarkalar - her ýylda geçirilen söwda bazary bolupdyr. Ol bazarlara dürli şäherlerden hemde ýurtlardan täjirler gelipdirler. Olar ýarmarkalara ýörgünli harytlary getiripdirler we olary lomaý satypdyrlar. XIII asyrda Fransiýanyň demirgazykgündogarynda Şampan graflygyndaky ýarmarkalar bütin ýyllap diýen ýaly dowam edipdir. Şampandaky ýarmarkalarda Gündogardan getirilen zynatly zatlarda, Demirgazyk Ýewropadan getirilen harytlarda satylypdyr. Ýarmarkalar şowhunly hem märekeli bolupdyr. Täjir dükanlarynyň aralygynda üstüne haly ýazylan stoljagazlar goýlupdyr. Şolaryň aňyrsynda pul çalyşýan serraplar oturypdyrlar. Täjirler serraplaryň kömegine örän mätäç bolupdyrlar, çünki her bir ýurduň pulunyň agramy we zikke kakylyşy üýtgeşik bolupdyr. Ol pullary diňe bir korollar çykarman, iri feodallar we uly

şäherler hem çykarypdyrlar. Diňe Fransiýanyň özünde 80-den köp dürli pul çykarylýardy. Serraplar belli bir hak alyp, puluň hakyky hümmetini kesgitläpdirler we pullary çalşyp beripdirler. Serraplarda kemkemden pul köp toplanypdyr. Olar pullaryny karzyna berip başlapdyrlar. Serraplardan alnan puly göterimi bilen belli möhletde gaýtaryp bermeli bolupdyr. Serraplar puly göterimine berip, süýthorlara öwrülipdirler. Adatça, görülýän juda ýokarydy - alan puluňdan esse ýarym - iki esse köp edip gaýtaryp bermeli bolupdyr. Demirgazyk Italiýanyň Wenesiýa we Genuýa şäherleriniň täjirleri Orta ýer deňziniň gündogar kenarlaryna köp ýüzüp barypdyrlar.

**Wenesiýa we Genuýa şäherleri.** Bu şäherler amatly söwda ýollaryny öz ellerine aljak bolup çalşypdyrlar; olar biri-birlerine bäsdeşlik edipdirler. Wenesiýa bilen Genuýa özbaşdak dowlet bolupdyrlar. Bu şäherlerde häkimiýet baý täjirleriň elinde bolupdyr. Olar gämi flotiliýalaryna eýelik edipdirler, olaryň onlarça jaýlary, ammarlary hem-de dükanlary bolupdyr. Häkimiýet başynda duran baýlar öz şäherlerini bezemek barada aladalanypdyrlar. Olar köp gatly owadan jaýlary, ajaýyp köşkleri we soborlary gurupdyrlar. Uly aýlagyň adalarynda ýerleşen Wenesiýa hasda owadanlygy bilen tapawutlanypdyr. Söwdanyň ösmegi bilen täjirleriň we süýthorlaryň ellerinde ägirt köp baýlyk toplanyp başlapdyr. Araçyl söwdany alyp barýan deňiz respublikalary bolan Wenesiýanyň we Genuýanyň syýasy durmuşynda hem şäherleriň ýokary gatlaklary uly ähmiýete eýe bolupdyrlar. Wenesiýanyň başynda ömürlik saýlanýan dož durup, onuň häkimiýeti Uly geňeş tarapyndan çäklendirilipdir. XIII asyryň ahyrlarynda – XIV asyryň başlarynda Uly geňeşden “Çagyrylanlaryň geňeşi” (senat) bölünip aýrylypdyr we ähli ýerine ýetirji häkimiýeti kemkeden öz eline alypdyr. 1310-njy ýylda Onlaryň geňeşi döredilipdir, oňa dožuň wezipesinden beýleki ähli hökümet edaralaryna gözegçilik etmeklik tabşyrylypdyr. 1339-njy ýylda Genuýada hem ömürlik dožuň wezipesi girizilip, ol hem esasan popolanlara daýanypdyr. Wenesiýa bilen Genuýa biri-biri bilen hemişe

bäsleşipdirler. Dördü-nji haçly ýörişden soň Wenesiýa Genuýany Balkan ýarym adasyndan we Siriýadan gysyp çykarýar, emma 1261-nji ýylda Wizantinýa imperiýasynyň dikeldilmegi Genuýa Konstantinipoldaky hukuklaryny eýelemäge mümkinçilik berýär. Genuýanyň täjirleri Ortaýer deňziniň gündogar kenarlarynda we Gara deňziň boýlaryndaky berkitmeleri basyp alýarlar we Krymda birnäçe faktorileri esaslandyrýarlar.

## Edebiýat

1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. Aşgabat, „Ylym“ neşirýaty. 2007ý.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007ý.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. I bölüm. Aşgabat, 2007ý.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat 2008ý.
5. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. Aşgabat, 2007 ý.
6. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň Beýik Galkynyş eýýamynyň konstitusiýasy hakynda. Aşgabat, 2008 ý.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Döwlet adam üçindir. Aşgabat. 2008ý.
8. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1t.-Aşgabat, 2008 ý.
9. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ahalteke bedewi-biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009.
10. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
11. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I-II tom. A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
12. Gurbanguly Berdimuhamedow. Janly rowaýat. Türkmen halylarynyň baky gözelligi baradaky kitap. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.
13. Gurbanguly Berdimuhamedow. Älem içre at gezer. Roman. A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.
14. Gurbanguly Berdimuhamedow. Döwlet guşy. Roman. – A.: Türkmen döwlet neşiriýat gullugy, 2013.

15. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan. – A.: Türkmen döwlet neşiriýat gullugy, 2014.
16. Gurbanguly Berdimuhamedow. Bilim-bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. – A.: Türkmen döwlet neşiriýat gullugy, 2014.
17. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ynsan kalbynyň öçmejek nury. – A.: Türkmen döwlet neşiriýat gullugy, 2014.
18. Jürdekow T. Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk. A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009..
19. Sarianidi W.I. “Marguş. Murgap derýasynyň köne hanasynyň gadymy gündogar şalygy”. Aşgabat, 2001.
20. Sarianidi W.I. “Goňurdepe–Şalaryň we hudaýlaryň şäheri”. Aşgabat, 2006.
21. Gubaýew A. “Türkmenistanyň arheologiýasy”. Aşgabat, 1989.
22. Atagarryýew Ýe. “Türkmenistanyň territoriýasynda ilkidurmuş obşina gurluşy”. Aşgabat, 1991.
23. Esenow B. Gadymy dünýä taryhy. A.2010.
24. J.Annaorazow. Orta asyrlar taryhy. A. 2012.
25. Faruk Sumer. “Oguzlar-türkmenler”, A., 1999.
26. Fazlalla Reşideddin. “Oguznama”, A., 1990.
27. Gündogdyýew Ö.A., Gurbanow M.B., Öwezow A.R. Türkmen-Osman imperatorlygyyň soltanlary. A., 2003.
28. Hydyrow Ý.M., Ilýasow O. Gadymy türkmen edebiýaty. Ç.,1982.
29. Ibn Esir. “Kämil taryh”, I-II kitap, A., 2005.
30. Mähri hatyn. Diwan.A., 2004.
31. Muhammet Gazaly. “Ylym barada kitap”, A., 2005.
32. Muhammet Utby. Soltan Mahmyt Gaznalynyň taryhy. A.,2005.
33. Reşideddin Watwat. Resmi hatlar, A., 2004.
34. Şamyradow A. Haçly ýörişler. Ç.,1992.
35. Ö.A.Gündogdyýew. Türkmenler we dünýä halklary. –A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.